TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET
«MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

## ABU NASR FARABY

# MAKALALAR

AŞGABAT «MIRAS» 2006

# BIRINJI MAKALA

# IKI PELSEPEÇI ALYMYŇ GARAÝYŞLARYNDAKY UMUMYLYGYŇ BEÝaNY

## Rehimdar we Mähriban Taňrynyň ady bilen!

Ynsana akyl nygmatyny eçilip, ony döredijilik ýoluna gönükdiren we älem-jahana şekil berip, Özüniň oýlap tapyjylyk başarjaňlygynyň çäksizdigini hem artykmaçdygyny aýan eden Taňra taryplar bolsun! Pygamberleriň serweri Muhammet alaýhyssalama alkyşlar bolsun!

Men döwrümiziň adamlarynyň köpüsiniň älem-jahanyň ýaradylandygy we ýaradylmandygy barada jedelleşýändiklerini, şeýle hem gadymyýetiň iki beýik akyldary Eflatun bilen Arastuwyň[1] arasynda ilkinji

---

[1] Faraby Aristoteliň adyny «Arystatalys» görnüşinde hem «Arastu» görnüşinde hem berýär. Biz onuň adyny «Aristotel» görnüşinde däl-de, eýsem Farabynyň metniniň degişli ýerinde berişi ýaly, Arastu görnüşinde berýäris.

Ýaradyjy, Onuň zatlaryň barlygyna sebäpkärdigi, ruh, akyl, ýagşy-ýaman işleriň muzdunyň berlişi, şeýle hem raýat syýasatyna, ahlaga, mantyga degişli köp meseleleriň çözgütleri hakynda çapraz garaýyşlaryň bardygyny tassyklaýandyklarynyň şaýady boldum. Bu sebäpden men makalada ol pelsepeçi alymlaryň aýdan sözleriniň manylaryny düşündirmek bilen garaýyşlarynyň umumylygyny açyp görkezmegi, ynançlarynyň birligini ýüze çykarmagy we olaryň kitaplaryny öwrenijileriň kalplaryndan şek-şübhäni we şübheli garaýşy[1] aýyrmagy maksat edindim. Şeýle hem olaryň eserlerindäki nukdaýnazarlarynyň aýratyn ýerlerini düşündirmek isledim. Çünki olary düşündirmek ähmiýetlidir, peýdalydyr we düşündirmäge mynasypdyr.

Pelsepe ylmynyň wezipesi hem zatlaryň özbaşdak barlygyny düşündirmäge gönükdirilýär. Bu iki akyldar pelsepäniň başlangyjyny goýdular, usulyýetini kesgitlediler we onuň käbir şahalaryny has kämilleşdirdiler. Şonuň üçin bu iki alyma umumy meselelerde hem, hususy meselelerde hem, az zatda hem, köp zatda hem salgylanýarlar. Çünki olardan gözbaş alyp gaýdýan her kesgitleme ylymda we sungatda hatalardan we bulaşyklyklardan azat bolan ygtybarly esasdyr. Muny aňly-düşünjeli adamlaryň köpüsi dilleri

[1] الإرْتِيَاب Al-irtiýab – ynamsyz garaýyş (skeptisizm). Faraby Eflatunyň we Arastuwyň pelsepesindäki hakykata aň ýetirmek mümkinçiligi baradaky taglymatyna şübheli garaýan pelsepe akymynyň wekilleriniň (skeptikleriň) ygtybarsyz sözlerini göz öň öňünde tutýar.

bilen güwä geçip, kalplary bilen tassyklaýarlar. Garaýyşlar we ynançlar başga bir ygtybarly garaýşa we ynanja gabat gelen ýagdaýynda dürs häsiýete eýedir.

Bu iki alymyň garaýyşlarynda pelsepe ylmynyň köp mowzuklary jähtden gapma-garşylyklar bar. Muny üç dürli söz bilen düşündirse bolar: 1. Pelsepe ylmyna ýokarda berlen kesgitnama dürs däl; 2. Hemmeleriň ýa bolmasa köpleriň bu iki alymyň pelsepewi kesgitlemelerine bolan düşünjeleri esaslandyrylan däldir ýa-da dürs däl; 3. «Bu iki alymyň arasynda esasy meselelerde çapraz garaýyşlar bar» diýip aýdýanlaryň aňlarynda ýalňyş düşünje bar. Pelsepe ylmyna dürs düşünjä gelmek we aýry-aýry ýagdaýlardan hususy netije çykarmak mahsusdyr. Ylymlaryň mowzuklary we çeşmeleri ýa-ha Ylahy, ýa-da fiziki, ýa-da mantyky, ýa-da matematiki, ýa-da syýasy bolup biler. Pelsepe ylymlaryň hemmesinden netije çykarýar we netijeleri jemleýär. Şeýlelikde, älem barlyklarynyň arasynda pelsepe ylmynyň bähbitlerine dahylly bolmadyk hiç bir zat ýokdur. Pelsepäniň kesgitlemesinden onuň maksady – adamzat ukybynyň çägine görä aň ýetirmekdir. Bölünme usuly öňde beýan edilen zatlary aýdyňlaşdyrýar. Muny akyldar Eflatun: «Bölýän adam hiç bir bölegi sypdyrmazlyga ymtylýar» diýmek bilen oňlaýar. Eger Eflatun bu usuly saýlap almadyk bolsady, onda Arastu ýaly dana adam onuň yzyna eýermezdi. Eflatunyň bu usuly berkidendigini görüp, Arastu täzeden işläp, ony has düşnükli hala getirdi we bu işiň agramyny öz gerdenine alyp, deňeşdirme

usulyny[1] döretmäge çalyşdy. Ol bölünme usulyny düşündirmäge girişip, deňeşdirmäni we subutnamany bölünmäniň böleklerinde ulandy we ony kämilleşdirdi. Netijede, Arastu Eflatunyň yzyny dowam etdiriji, taglymatyny kämilleşdiriji alyma, şeýle hem onuň kömekçisine, geňeşçisine öwrüldi. Kim mantygy öwrense, ahlak ylmyny özleşdirse, soň fizika, ylahyýete girişse, onda onuň bu iki akyldaryň kitaplaryny öwrendigi bolar, oňa meniň aýdýan zatlarymyň dürslügi aýan bolar. Ol şonda bu iki alymyň älem-jahandaky barlyklar baradaky ylymlary beýan edendigine, toslamasyz, artdyrmasyz, owadanlamazdan,[2] hakykatdan üzülmezden pelsepe ylmyny düşündirmäge ymtylandygyna we olaryň her biriniň mümkinçiligine hem ukybyna görä goşantlaryny goşandygyna göz ýetirer. Bu ýerden pelsepe ylmynyň kesgitlemesi şeýle bolar: Pelsepe zatlaryň barlyklary baradaky ylymdyr. Bu kesgitleme kesgitlenilýän zady düşündirýän we pelsepäniň mazmunyny açyklaýan kesgitlemedir.

Eger: «Hemmeler ýa-da köpler bu iki alym pelsepe ylmynyň beýik nazaryýetçisi we tanymal öňbaşçysy (ymamy) diýen garaýyşda we ynançda» diýilse, onda bu söz galat we ýerliksizdir. Çünki bu garaýyş akyl

---

[1] طَرِيقَةُ القِيَاس Tarikat al-kyýas – deňeşdirme usuly, sillogizm (mantyk).

[2] Bu ýerde okyjyny gyzyklandyrmak üçin metniň çeper söz öwrümleri bilen owadanlamak göz öňünde tutulýar. Çünki pelsepe ylmy özüniň maksatlaryny anyk kesgitlemeleriň üsti bilen beýan edýär.

taýdan kabul edip bolmajak zatdyr. Akyl muňa çapraz gelýän hakykatyň barlygyna daýanyp, garşylyklaýyn çykyş edýär. Bir zat barada dürli maglumatlary bilmek we köp garaýyşlary bir garaýyşa jemlemek ýaly kuwwatly, kanagatlandyryjy, peýdaly subutnamalaryň ýokdugy anyk. Akyl hemmeler üçin subutnamanyň serişdesi hökmünde hyzmat edýär. Akylly adama hem bir zat beýleki zat bilen alamatlarynyň meňzeşdigine garamazdan, biri-birine düýbünden gapma-garşy zat bolup görünýär. Şonuň üçin dürli derejedäki akyllaryň oýlanmadan, derňewden, jedelden we maslahatlaşmakdan soň bir pikire gelmekleri zerurdyr. Çünki bir pikire gelmekden ähmiýetli subutnama we ygtybarly ylym ýokdur.

Muňa garamazdan, köp adamlaryň nädürs garaýyşlara eýerýändigini inkär edip bolmaz. Çünki şol bir garaýyşa eýerýän we şol bir tanymal alymyň sözlerine daýanyp, ony öňe tutýan adamlaryň topary şol bir pikir bilen ylalaşýar. Köp adamlaryň ylalaşýan akyllaryna bir akyl hökmünde garamak mümkin. Bir akyl bolsa haýsydyr bir zatda ýalňyşyp biler.

Beýle ähtimallyk aýratyn hem kabul edýän garaýşyny akylyň köp oýlanmadyk, çuňňur derňemedik we dürs netije çykarmadyk ýagdaýynda ýüze çykýar. Bu işde geldi-geçerlik ýa-da derňewdäki harsallyk öz-özüňi aldamaklyga, köre-körlüge we boş hyýala berilmeklige getirýär. Ýöne dürli akyllaryň oýlanmadan, jedellerden, çekişmelerden, derňemeden

we ara alyp maslahatlaşmadan soň subut eden we biragyzdan ylalaşan netijesi ygtybarsyz bolmaz.

Biz iki pelsepeçiniň ikisiniň hem başdaky orny eýeleýändikleri baradaky söz bilen ylalaşýan adamlara gabat gelýäris. Kitaplarda olaryň ussat pelsepeçi bolandyklary barada maglumatlar berlip, olara uly hormat goýulýar. Çuňňur manyly dana sözleriň, çylşyrymly ylymlaryň, ajaýyp açyşlaryň we her zadyň aýanlygynyň hem hakykatynyň beýany bu iki pelsepeçiniň atlary bilen baglanyşdyrylýar.

Diýmek, «Bu iki pelsepeçiniň usulyýete garaýyşlarynda gapma-garşylyklar bar» diýip tassyklaýanlaryň sözlerinde hata bar. Ýalňyş netijäniň we nädürs baglanyşygyň aňyrsynda delilsiz ýa-da esassyz düşünjäniň ýatandygyny bilmegimiz gerek. Beýle ýagdaý iki pelsepeçiniň usulyýete bolan garaýyşlarynda gapma-garşylyklaryň bardygy hakdaky düşünjäni döredýän käbir sebäpleri düşündirmekligi talap edýär. Biz bu düşündirişiň yzýany bilen olaryň garaýyşlarynyň umumydygyny beýan ederis. Biler bolsaň, hususy ýagdaýlardan umumy netije çykarmaklyga daýanýan bu düşünje barlyklaryň aýratynlyklarynda özüniň berk tassyknamasyny tapýar. Beýle tassyknamany ylymlarda, garaýyşlarda, ynançlarda, dini däp-düzgünlerde, hukukda, raýat syýasatynda, durmuşy gatnaşyklarda, garaz haýsy meselede gabat gelmegine garamazdan, inkär etmek mümkin däl. Tebigat ylymlarynda, meselem «Her bir daş suwuň düýbüne çöker» diýip aýdylmagyna garamazdan, käbir

daşlaryň çökmezligi hem mümkin. Ýa-da «Her bir ösümlik otda ýanýar» diýilmegine garamazdan, käbir ösümlikleriň otda ýanmazlygy mümkin. Ýa-da «Älemiň her bir jisiminiň çäginiň soňy bar» diýilmegine garamazdan, käbir jisimleriň çäginiň soňunyň bolmazlygy mümkin. Şerigatda, meselem ýagşy işleri eden her bir adam adyl hasaplanylýar we ol kazyýetde işlere garalanda şaýat bolmaga mynasyp görülýär. Raýat syýasatynda,[1] meselem rahatlyk we kepillik baradaky kesgitnamanyň kesgitlemesi bize mälim. Ýöne beýle netijeler hemme ýagdaýlary öz içine almaýar. Barlyklaryň häsiýetlerini özleşdirmekde, biziň beýan edişimize görä, soragyň beýan edilşi şeýledir. Ýöne mowzuga içgin garalsa, onda Eflatunyň hem Arastuwyň ömürbeýanlarynda, özlerini alyp baryşlarynda we gelen köp netijelerinde içki gapma-garşylyklaryň bardygyny yzarlasa bolar. Mowzuga çuňňur aralaşylsa, onda çaklama bilen özleriniň garaýyşlarynda ylalaşmandyr diýen pikiri öňe sürmek mümkin. Emma uzak wagtyň ötmegi we şek-şübhäniň aradan aýrylmagy bilen çaklama söze, işe we ynanja öwrülýär.

Diýmek, olaryň döredijiliginde we durmuşda özlerini alyp baryşlarynda tapawutlar bar eken. Eflatun ençeme dünýewi işlerden özüni çetde saklapdyr, olary halamandyr we adamlaryň hem olardan saklanmagyny

---

[1] اَلمـُعـَاشـِرَاتُ المـَدَنِـيَّـةُ Al-mu‘aşirat al-medeniýýa – raýat syýasaty, ýagny raýat gatnaşyklary baradaky syýasat.

ündäpdir. Arastu munuň tersine, Eflatunyň etmeýän işlerini edipdir. Ol uly mülk edinipdir, öýlenipdir, onuň çagalary bolupdyr, Isgender patyşanyň weziri bolupdyr we dünýewi işler bilen meşgullanypdyr. Beýle ýagdaý olaryň işlerini içgin öwrenenler üçin gizlin zat däl. Ýagdaýa ýüzleý garalanda, ol ikisiniň iki dünýä baradaky ynançlarynyň arasynda tapawut ýok ýaly bolup görünýär. Hakykat ýüzünde ýagdaý beýle däl. Eflatun «Syýasat» atly kitabyny ýazdy, ony kämilleşdirdi hem-de dürs ömür sürmek we raýatlaryň jemgyýetçilik durmuşyndaky gatnaşyklar hakyndaky meseläni beýan etdi. Bu gatnaşyklaryň artykmaç taraplaryny düşündirdi, beýle gatnaşyklary terk eden hem birek-birege ýardam bermekden ýüz dönderen kişiniň hereketleriniň ahlaksyzlykdygyny aýan etdi.

Eflatunyň bu mowzukdan ýazan kitaplary rowaçlyk tapdy we olar onuň döwründen bäri biziň günlerimize çenli dürli halklar tarapyndan öwrenilýär. Ol ruh baradaky meseläni birinji orunda goýdy. Onuň tassyklamagyna görä, ynsan ilki bilen ruhuny terbiýelemek işine ähmiýet bermeli we ony kämilleşdirmäge meşgul bolmaly. Ýöne alym başlan bu işini tamamlajak güýji kalbynda tapmady. Eflatun wagtyny ilki wajyp hasaplaýan meseleleriniň beýanyna sarp etmegi, bu işi tamamlandan soň bolsa ikinji derejeli görýän meseleleriniň beýanyna girişmegi ýüregine düwdi. Eflatun bu maksadyny syýasat we ahlak baradaky makalalarynda nygtap geçýär. Arastu birbada netije çykarmakda we syýasy meselelerde Eflatunyň yzyna

eýermedi. Soňra ol Eflatunyň işlerinde ahlak päkliginiň kämil, giňişleýin hem ajaýyp beýan edilendigini we olarda täsin ruhy güýjüň bardygyny duýdy. Ussadynyň işleriniň üsti bilen öz ruhuny kämilleşdirip, adamlar bilen peýdaly hyzmatdaşlyk edip biljekdigine we raýat işlerine meşgul bolmaga uly mümkinçilik tapjakdygyna göz ýetirmegi onuň öz ussadynyň yzyna eýermegine sebäp boldy. Beýle ýagdaýy göz öňünde tutýan adamlar olaryň garaýyşlarynda we ynançlarynda gapma-garşylyklaryň däl-de, eýsem, birinde tebigy güýjüň azlygynda, beýlekisinde bolsa onuň köplüginde tapawut bardygyny bilýärler. Olaryň mysaly islendik iki adamyň arasynda hem ýüze çykyp biler. Adamlaryň köpüsi özleriniň başga birinden artykdygyny, hakdygyny, gowudygyny bilýärler. Ýöne olar muny doly ýüze çykarmagy başarmaýarlar. Çünki olar bir zadyň hötdesinden gelýärler, başga bir zadyň bolsa hötdesinden gelip bilmeýärler.

Sebäplere bu iki alymyň ylymlary beýan ediş we kitaplary düzüş usullaryndaky tapawutlar hem degişlidir.

Eflatun ilkibaşda kalplarynyň päkligi ýeterlik bolmadyk, düşünjeleri pes we kanagatlanarly aňy bolmadyk adamlara ylymlar barada ýazmaklygy we kitaplaryň metinlerini düzmekligi gadagan edýärdi. Soňra beýle hereketden el çekdi. Çünki maglumatlaryň we düşünjeleriň artdygysaýy harsallyk we huşsuzlyk sebäpli derňewleriň netijelerini ýatda saklamagyň kyn düşýändigine göz ýetirdi. Alym ylmyny we hikmetleri-

ni ýörite belgileriň we syrly alamatlaryň üsti bilen ýazmagy makul gördi. Ol pelsepewi pikir öwrümlerine berlen we bu ylma mahsus adamlaryň diňe çuňňur derňewleriň, gözlegleriň we yhlaslylygyň netijesinde ýazgylaryna düşünmegi üçin beýle syrlylyga ýüz urdy.

Arastu barada aýdylanda, onda onuň usuly düşündirmekden, beýan etmekden, pikirlerini tertibe salmakdan, öwüt-ündew bermekden we her bir mümkin zady delillendirmekden ybaratdy.

Bu iki usul ýüzleý garalanda biri-birinden tapawutly bolup görünýär. Ýöne Arastuwyň taglymatyny derňeýän, janypkeşlik bilen işleýän, onuň kitaplaryny öwrenýän adamlar alymyň maksadyny açyk we ýeňil düşündirmäge ymtylandygyna garamazdan, onuň usulynyň hem düşnüksiz, hem bulaşyk ýerleriniň bardygyna göz ýetirýär.

Sebäplere fizika, ylahyýete, ahlaga degişli garaýyşlarda zerur deňeşdirmeleriň getirilmändigi we köp netijeleriň çykarylmandygy hem degişlidir. Beýle ýagdaýyň bardygyny onuň kitaplaryna düşündirişler beren alymlar belläp geçýärler.

Sebäplere her jübüt netijäniň biriniň taşlanmagy[1] hem girýär. Meselem, ol «Isgendere niýetlenen raýat syýasaty» «(Risala ilel-Iskender fi siýasat al-mudun») atly risalasynda şeýle diýýär: «Raýat gatnaşygynda adalaty ileri tutýan kişiniň muzduny bermekde şäher

---

[1] حَذفُ الوَاحِدِ مِنْ كُلِّ زَوْجَيْنِ Hezf al-wahid min külli zewjeýn – her bir jübüt netijäniň biriniň taşlanmagy.

häkimi erklidir». Bu söz doly manyda şeýle bolmaly: «Raýat gatnaşygynda adalaty ileri tutýan kişä çäre görmekde ýa-da ony sylaglamakda şäher häkimi erklidir», ýagny Adyl kişiniň sylaglanmaga mynasyp bolşy ýaly, adalatsyz kişi hem çäre görülmäge mynasypdyr. Käwagt ol haýsydyr bir deňeşdirmäniň iki başlangyjyny alyp, başga bir deňeşdirmäniň netijesini çykarýar. Ýa-da ol haýsydyr bir deňeşdirmäniň iki başlangyç sebäbini alyp, ol ikisinden degişli netije çykarýar. Meselem, ol «Deňeşdirme» («Al-kiýas») atly kitabynda esaslaryň böleklerini esas hökmünde alýar.

Ol anyk zatlaryň aýry-aýry taraplarynyň üstünde özüniň dilewarlygyny we janypkeşligini görkezmek üçin içgin durup geçýär. Beýleki tarapdan bolsa düşnüksiz zatlar barada dilden hem, hat üstünden hem beýan etmän, dymmak bilen çäklenýär.

Sebäplere onuň ylmy kitaplaryndaky düşündirmek, düzmek, tertibe salmak we jemlemek meseleleri hem girýär. Tassyklamalara görä, ol beýle däplere şeýle bir düzgün edipdir weli, olardan daş çykyp bilmändir. Eger onuň rysalalaryna garalyp geçilse, onda tertip-düzgünsiz ýerleşdirilen garaýyşlary-da tapmak mümkin.

Arastuwyň Eflatuna ylymlary toparlara bölüp, kitaplar ýazandygyny we özüniň derňewleriniň netijelerini halka ýaýradandygyny ýazgaryp ýazan jogabyny ýatlamak ýeterlikdir. Arastu Eflatuna ýazan hatynda şeýle diýýär: «Men bu ylymlary we olardaky hikmetleri oňlap, ýazuwa geçirsem hem, olary diňe

ylym ähline we olaryň yzlaryna eýerýän adamlara düşnükli bolar ýaly mazmunda beýan ederin». Bu mysaldan iki pelsepeçiniň arasynda gapma-garşy garaýyşlaryň däl-de, eýsem diňe kitap düzüş usulynda tapawudyň bolandygy ýöne olaryň bir maksat yzarlandyklary mälim bolýar.

Sebäplere esaslar baradaky mesele hem degişlidir. Arastuwyň ilkinji esaslar hökmünde öňe sürýän esaslary Eflatunyň ilkinji esaslar hökmünde öňe sürýän esaslaryndan tapawutlanýar. Iki pelsepeçiniň kitaplaryny öwrenijileriň köpüsi bu jähtden olaryň garaýyşlarynyň dürlüdigini tassyklaýarlar. Öwrenijilerde beýle düşünjäniň döremegine Eflatunyň köp kitaplarynda gabat gelýän esaslar baradaky sözleri sebäpdir. Meselem, «Timawus» («Timeý») we «Kiçi syýasat» («Bolitiý as-sagyr») atly kitaplarynda esaslaryň ýagşysynyň ilkinji esaslardygyny, olaryň akyla we ruha ýakyndygyny, duýgudan we fiziki barlykdan uzakdygyny nygtaýan sözler bar. Öwrenijiler Arastuwyň «Düşünjeler» («Al-makulat») we «Şertli deňeşdirmeler» («Al-kyýasat aş-şertiýýa») atly kitaplarynda ýagşy hem mynasyp esaslaryň ilkinji, ýagny hususy esaslardygy baradaky sözlerini we başga hem köp pikirlerini tapýarlar. Olar ýokarda agzalyp geçilşi ýaly çapraz we delil boljak sözlere gabat gelmek bilen iki pelsepeçiniň arasynda gapma-garşy garaýyşlaryň bardygyna ikirjiňlenmeýärler. Beýle gapma-garşy garaýyş pelsepeçileriň we akyldarlaryň öz taglymatlaryna degişli netijeler çykarmakda biri-

birinden tapawutlanmagyň mahsusdygy sebäpli ýüze çykýar. Meselem, olar ilki bir pudagyň bir meselesi barada şol pudagyň garaýyşlary jähtden, soňra ol mesele barada şol pudaga gapma-garşy bolan başga pudagyň garaýyşlary jähtden söz açýarlar. Munda hiç hili geň galarlyk hem ýazgararlyk zat ýokdur. Çünki, pelsepe ylmy «nirede?», «nähili?» diýen sowallara jogap gözläp, dürli pudaklarda derňewini ýaýbaňlandyrýar. Alymlar «nirede?», «nähili?» diýen sowallar aradan aýrylsa, onda ylymlaryň köpüsiniň we pelsepäniň peýdasyz boljakdygyny tassyklaýarlar. Eýse, sen her bir şahsyň, meselem Sokratyň adam bolandygy sebäpli «mazmun» diýen düşünjä degişli edilýändigini bilmeýärsiňmi? Ynsany bolsa «näçe?» diýen düşünjä degişli etmek häsiýetlidir. Çünki onuň mukdary bar. Ol «nähili?» diýen düşünjä hem degişli edilýär. Çünki ol «mukdar» düşünjesi jähetden mukdarynyň bardygy sebäpli, «hil» düşünjesi jähtden aklygy, mynasyplygy ýa-da başga hili sebäpli, «gatnaşyk» düşünjesi jähtden kaka ýa-da oguldygy sebäpli, «degişlilik» düşünjesi jähtden oturandygy ýa-da ýatandygy sebäpli – adamdyr. Ol «degişlilik» düşünjesi jähtden hem adamdyr. Sebäbi ol kaka, ogul ýa-da başga biridir. Ol «hal» düşünjesi jähtden hem adamdyr. Sebäbi ol oturan haldadyr ýa-da ýatan haldadyr. Hemme zatlar barada hem şol sözi aýtmak mümkin. Akyldar Arastu hususy mazmunlary ýagşy mazmunlar diýip hasaplaýar we olara ähmiýet berýär. Ol şahsy esaslary mantyk we fizik ylymlarda ulanýar. Şunuň bilen bir hatarda

akyldar duýgy bilen aňlanylýan zatlara ýakyn bolan we düşünje alynýan barlyklaryň hallaryny derňemegi hem üns merkezinden düşürmeýär. Akyldar Eflatun bolsa, umumy mazmunlary ýagşy mazmunlar hasaplaýar we olary beýleki esaslardan ileri tutýar. Ol beýle mazmunlary ylahyýýetde[1] we özüniň dini pikirlerinde ulanýar. Şunuň bilen bir hatarda akyldar beýleki üýtgemeýän we ýitip gitmeýän sada barlyklaryň hallaryny derňemegi hem üns merkezinden düşürmeýär.

Iki maksadyň arasynda görnetin tapawudyň bardygyny, arasynda göýä uçut gaýanyň ýatandygyny we bu iki pelsepeçiniň pikirleriniň çapraz gelýändigini olaryň işlerini öwrenijiler nygtaýarlar. Muňa garamazdan, iki pelsepeçiniň garaýyşlarynyň bir pikirde jebisleşýändigini we olaryň arasynda gapma-garşylyklaryň ýokdugyny tassyklamak dürs bolar. Çünki gapma-garşy garaýyşlar mazmunlar barada birtaraplaýyn düşünjä gelnende we iki sany gapma-garşy netijäniň üsti bilen bir maksat barada kesgitleme berlende ýüze çykýar. Bu ýerde beýle ýagdaýyň ýoklugy, ilkinji esaslaryň ýagşy görülýändigi we ileri tutulýandygy baradaky iki pikiriň bir netijede jemlänýändigine şek-şübhe ýokdur.

Sebäplere iki pelsepeçiniň bölünmek we birleşmek usuly barada gutarnykly kesgitlemä gelşi baradaky garaýyşlar hem girýär. Eflatun: «Kämil düşünjä

---

[1] إِلَـهِـيَـة Ilähiýýa – ylahyýet, metafizika.

bölünmek usulyny ulanmak arkaly gelinýär» diýip, hasaplaýar. Arastu bolsa kämil düşünjäni subutnama getirmek we pikirleri birleşdirmek usulynyň üsti bilen alyp boljakdygyny nygtaýar.[1]

Munuň bir mysaly münülýän we düşülýän merduwan bolup biler. Bu ýerde aralyk bir bolsa hem, merduwandan ýöreýänlerde tapawut bardyr. Arastu kämil düşünjäni kesgitlemegiň ýakyn we ygtybarly usulynyň şol zat üçin hususy we umumy häsiýetnamalaryny mälim etmekden ybaratdygyny belleýär. Ol kämil düşünjäni almak üçin zerur bolan pikirleri «Ylahyýet» («Fi mä ba‘da at-tebi‘a»), «Subutnama» («Al-burhan»), «Jedel» («Al-jedel», ýagny «Dialektika») atly kitaplarynda we özüniň beýleki eserlerinde berýär. Onuň çykarýan netijeleri anyk bolmasa hem bölünmek usuly bilen baglanyşyklydyr. Ol umumy we hususy, möhüm we möhüm däl düşünjeleriň arasyny tapawutlandyrýar. Beýle ýagdaý onuň tebigaty, düşünişi we pikirlenişi boýunça

---

[1] Bölünmek (kysma) jemlenmäge (terkib) gapma-garşy bolan düşünjedir. Arastuwyň nygtamagyna görä, düşünjäni (kesgitlemäni) bölünmek kesgitleýär. Bu ýerde jynsyň görnüşlere bölünmegi ýa-da umumy zadyň hususy zada bölünmegi göz öňünde tutulýar. Bitewi zadyň bölünýän ýa-da bölünmeýän görnüşleri hem bolup biler. Meselem, bir san ikä bölünip, üçe bölünmän biler. Jemlenmek bolsa hususy zadyň umumy zada birleşmegi bilen bolup geçýär. Arastu umumy zatdan hususy zady kesgitlemegiň aňsatdygyny belleýär we şol sebäpli hem umumylykdan hususylyga geçmegi teklip edýär. Şeýlelikde, kämil düşünje (tewfiýýat al-hudud) jyns we görnüş alamatlaryny kesgitlemek bilen emele gelýär. Eflatunyň usuly barada aýdylanda, onda ol hemme häsiýetleri ölçäp görmek we deňeşdirmek maksady bilen bölmeklige esaslanýar.

bölünmek usulyna ähmiýet berendigine güwä geçýär. Ol käbir düşündirmesi kyn bolan ýerlerde bu usuldan uzaklaşýar. Akyldar bölünmek usulyny delil hökmünde ulanmagy göz-görtele taşlamaýar. Şeýle hem bolsa, ol käbir meseleleriň çözgütlerini tapmakda, meselem kesgitlenilýän zadyň böleklerini anyklamaga gezek gelende bu usula goşmaça hökmünde garaýar. Muňa onuň «Deňeşdirme» («Al-kyýas») atly kitabynyň birinji risalasynyň ahyrynda aýdan şeýle sözi delildir: «Jynslara bölünmek meselesi biziň beýan eden usulymyzyň az bölegini tutýar». Bu bölege we ondan gelip çykýan her bir mana düşünmek kyn däldir. Arastu Eflatunyň ulanmagy zerur hasaplan manysyna ähmiýet bermeýär. Çünki Arastu kesgitlenilýän düşünjä has umumy many bermäge ymtylýar. Ol has umumy düşünjäni ilki iki bölege bölýär, soňra ol bölekleriň haýsy birine düşünje bermelidigine garaýar. Akyldar bu işini umumy düşünje almak we tutulan maksada ýakyn barmak üçin dowam etdirýär. Şeýlelikde, düşünjä düzediş berýän tapawut döreýär we düşünjäni onuň bilen baglanyşykly zatlardan tapawutlandyrýar. Ýöne düşünje jynsy tapawut bilen käbir birleşmeden azat däldir. Netijede, bir pelsepeçiniň usuly ýüzleý garalanda, beýleki pelsepeçiniň usulyndan tapawutly ýaly görünýär. Ýöne iki usulyň mazmuny şol bir maksada gönükdirilýär. Çünki zatlaryň jynsyny we tapawutlandyryjy alamatyny, ýa-da şol jynsyna we tapawutlandyryjy alamatyna meňzeş zady derňemek şol bir zady aňladýar.

Bu iki garaýyşyň usulynda tapawut bar bolsa hem, olaryň aslynda çaprazlygyň ýoklugy görnetindir. Biz: «Iki usulyň arasynda düýbünden hiç hili tapawut ýok» diýip, pikirimizi tassyklamaýarys. Ýogsa, Arastu bilen Eflatunyň sözi, düşünişi we usuly bütinleý deň gelmeli. Emma beýle zat asla mümkin däl, ol esassyzdyr. Hudaý halasa, muny geljekde düşündireris.

Şeýle hem bu sebäplere Ammoniusyň[1] esassyz sözleri, Isgenderiň mekdebiniň soňkusy Samytyus[2], onuň wekilleriniň we yzyna eýerenleriň: «Garyşyk deňeşdirme – zerury deňeşdirme ýa-da barlyk bilen baglanyşykly deňeşdirmedir» diýen kesgitlemesi girýär. Eger ol uly esas zerury deňeşdirme bolsa, onda netije zerury däl-de, eýsem, barlyk bilen baglanyşykly netijedir. Olar bu kesgitlemäni Eflatuna degişli edýärler hem-de Eflatunyň kitaplarynda uly esaslary zerury deňeşdirme, netijäni bolsa barlyk bilen baglanyşykly deňeşdirme hökmünde berýändigini nygtaýarlar. Indi Eflatunyň «Timawus» kitabynda berilýän bir deňeşdirmäni alyp göreli. Onda «Barlyk – barlygyň ýoklugyndan ýagşydyr»; «Tebigat – hemişe kämillige ymtylýar» diýlip nygtalýar. Olar: «Bu iki

[1] Ammoniý Sakkas II asyryň ahyrynda III asyryň başynda Isgenderiýede ýaşapdyr. Ol täze eflatunçylyk (neoplatonizm) mekdebiniň esaslandyryjysydyr. Ol ilkinji bolup Eflatunyň we Arastuwyň taglymatlaryny birleşdirmäge synanyşypdyr. Bu alym Plotiniň, Longiniň we Origeniň ussady bolupdyr. Femistiý 310-njy ýa-da 320-nji ýylda doglup, 395-nji ýylda dünýäden ötüpdir.

[2] Samytyus – Femistiý, Ň asyrynda ýaşan täze platonçylyk taglymatynyň tarapdary bolan alym.

esasdan: «Tebigat barlyga ymtylýar» diýen zerury netije Gelip çykýar» diýip tekrarlaýarlar. Bu netije bolsa birnäçe jähetden zerury netije däldir. Tebigatda hemişe beýle zerurlyk ýok; tebigata galapyn ýagdaýlarda gabat gelýän barlyklar[1] häsiýetlidir. Şonuň üçin tebigat barlyga ymtylýar, barlyk bilen birleşensoň onsuz oňup bilmeýär. Olar: «Bu deňeşdirmäniň uly esasy «hemişe» sözüniň üsti bilen zerurlyga eýedigini nygtaýarlar. Arastu «Deňeşdirme» kitabynda: «Zerury we barlyk bilen baglanyşykly esaslardan ybarat garyşyk deňeşdirme uly esasdyr. Bu netije zerury bolar» diýip aýdýar. Ýöne bu görnetin gapma-garşylykly pikirdir.

Eger Eflatunyň kesgitlemelerinde beýle netijeleriň zerury ýa-da barlyk bilen baglanyşykly esaslardygy baradaky aýdan sözlerine gabat gelsek, onda iki pelsepeçiniň arasynda görnetin gapma-garşylyklaryň bardygyny hakykatdan hem tassyklardyk. Emma beýle sözler onuň kesgitlemelerinde ýok. Munuň özi ýokarda aýdyşymyz ýaly, giçki döwrüň derňeýjileriniň Eflatuna degişli diýip tassyklaýan deňeşdirmeleridir. Ýeterlik derejede oýlanmazlyk, mantyk bilen fizikany garym-gatym etmek – olary beýle tassyknamany kabul etmäge iterdi. Olar deňeşdirme iki esasdan we üç adalgadan ybarat hasap etdiler: Birinji (uly) adalga; Ortaky adalga; Ahyrky (kiçi) adalga. Olaryň tassyklamagyna

[1] Barlyk hemme ýagdaýlarda gabat gelmeýär. Bu ýerden ol zerury netije däldir.

görä, birinji adalganyň soňky adalga gatnaşygy zerury gatnaşykdyr, ortaky adalganyň soňky adalga bolan gatnaşygy barlyk bilen baglanyşykly gatnaşykdyr. Olar ortaky adalgany birinji we ahyrky adalgany birleşdiriji sebäp hem serişde hökmünde görüp: «Eger ortaky adalga birinji we ahyrky adalgalaryň birleşmeginiň sebäbi, serişdesi we barlyk bilen baglanyşykly gatnaşygy bolsa, onda birinji adalganyň ahyrky adalga gatnaşygyny nähili zerury gatnaşyk hökmünde dürs hasaplasa bolar?» diýdiler. Olarda beýle pikir diňe takyk däl zatlara we düşünjelere garandyklary, mantygyň hem umumy pikir aýtmagyň şertlerinden nädürs ugra gyşarandyklary sebäpli ýüze çykdy. Eger olar umumylyk baradaky düşünjäni we pikir aýtmagyň şertlerini öwrenen, pikir ýöreden bolsalardy, onda, meselem her ب «biniň» ا «elibe» öwrülip biljekdiginiň, umumy zatdygynyň, kämilliginiň we umumylyk barada pikir aýtmagyň zerurlykdygyna düşünerdiler. Şonda olarda şek-şübhe galmazdy, beýle pikiriň döremegine ýol bermezdiler.

Olar Eflatunyň ady bilen getirilýän deňeşdirmeler barada düýpli oýlanan bolsalar, bolmanda iki sany tassyklaýjy esasdan emele gelen ikinji şekiliň deňeşdirmesiniň böleklerini bilerdiler. Eger bu esaslara ýeke-ýekeden garalsa, onda beýle tassyklamanyň esassyzdygy aýandyr. Isgender Afrudisi umumylyk baradaky pikirleri jemledi we beýan etdi. Aýdylşyna görä, ol Arastudan bu babatda ussat geldi.

Biz Arastuwyň «Analitika» kitabynda bu mowzuk nukdaýnazaryndan aýdan sözleriniň manylaryny açdyk. Umumylyk baradaky pikirlerini düşündirip, bu ýagdaýy ýeterlik beýan etdik. Şeýle hem Arastuwyň mirasyny öwrenýänleriň düşünje talaplaryny ödemek maksady bilen zerury deňeşdirmäniň we subutnama deňeşdermesiniň aratapawudyny açykladyk. Biz Arastuwyň bu deňeşdirme baradaky aýdan zatlarynyň hakykata laýykdygyny gördük. Eflatun barada aýtsak, onda onuň Arastuwyň pikirlerine çapraz gelýän sözleri ýok.

Olaryň Eflatun barada aýdýan sözleri hem şeýledir. Olar Eflatunyň deňeşdirmäniň kiçi inkär ediji esasy bolan birinji we üçünji esas baradaky deňeşdirmäniň belli bir görnüşini ulanandygyny nygtaýarlar. «Analitika» kitabynda deňeşdirmäniň bu görnüşiniň netije bermeýändigi beýan edilýär. Müfessirler[1] bu görnüş barada öz sözlerini aýtdylar. Ony derňäp-seljerdiler we meseläni düşündirdiler. Biz şerhimizde şuny beýan etdik we Eflatunyň «Syýasat» («As-syýasa»), «Asman we älem» («As-sema wel-älem») kitaplaryndaky sözlerini düşündirip, adamlaryň ýalňyşlyk bilen inkär ediji esaslary inkär etmeýän esaslar hökmünde, deňähmiýetli esaslary bolsa tassyklaýjy esaslar hökmünde kabul edendiklerini ýaňzytdyk. Muňa: «Asman ýeňil hem, agyr hem däl» diýen sözi mysal bolup biler. Şeýle sözler babatda pikir

---

[1] مُـفَـسِّـرُونَ Mufessirun – müfessirler, tefsirçiler.

etmäge esas bardyr. Deňähmiýetli tassyklaýjy esaslar degişli deňeşdirmede nähili häsiýete eýe bolmaklaryna garamazdan, eger olar inkär ediji ýönekeý esaslar hökmünde gelýän bolsalar, onda beýle deňeşdirme netijeli deňeşdirmelere degişli däldir. Şeýle hem bolsa, bu ýagdaý deňeşdirmäniň netijeli deňeşdirmä degişli bolmagyna päsgelçilik döretmeýär.

Şeýle hem Arastuwyň «Teswirleme» («Bariharminas») atly kitabynyň bäşinji bölüminde sebäplere: «Tassyklaýjy esasyň habary gapma-garşylyklaryň biridir. Inkär ediji esas tassyklaýjy esasa garanyňda has gapma-garşy häsiýete eýedir. Inkär ediji esasyň habary tassyklaýjy esasyň habaryna gapma-garşydyr» diýýär. Köp pelsepeçiler Eflatuny bu düşünjäni inkär ediji, ýagny Arastuwa çapraz pikirleri öňe süren pelsepeçi hasaplaýarlar. Eflatun bolsa habary başga tassyklaýjy esasyna gapma-garşy bolan tassyklaýjy esasy has gapma-garşy hasaplaýar. Beýle ýagdaý onuň syýasat we ahlak barada aýdan sözleri bilen ýalana çykarylýar. Hususan, ol «Syýasat» kitabynda: «Iň adalatly hal adalatlyk bilen adalatsyzlygyň arasynda ýerleşýär» diýýär.[1] Ol alymlar bolsa Eflatunyň «Syýasat» we Arastuwyň «Teswirleme»[2] atly kitaplarynda dürli mak-

---

[1] Eflatun «Syýasat» kitabynda şeýle diýýär: «Adalatlylygyň gelip çykyşy we manysy şeýledir: Ol iň oňatlyk bilen iň ýaramazlygyň arasynda ýerleşýär, ýagny adalatsyzlyk edene çäre görülmeýär, jebir çeken aryny almagy başarmaýar. Beýle adalatlyk iki sany ahyrky çägiň arasynda döreýär».

[2] Faraby Arastuwyň bu kitabynyň adyny bir ýerde «Teswirleme» («Bariharminas»), başga ýerde bolsa «Baryminas» görnüşinde berýär. Bu iki

satlary yzarlandyklaryny üns merkezine almaýarlar. Arastu diňe düşünjelerdäki güýçli we umumy gapma-garşylyklary beýan edýär. Onuň getirýän delilleri munuň subutnamasy bolup hyzmat edýär. Ol düýbünden gapma-garşylyksyz ýagdaýyň ýokdugyny we gapma-garşy zatlary inkär etmeýän hiç bir ýagdaýyň ýokdugyny düşündirýär. Başga ýagdaýlarda ýokarda aýdylşyna meňzeş ýagdaý dörese, onda bu ýerde aýdylan sözüň dürs mana eýedigi barada netije çykarmak mümkin. Gapma-garşylyklaryň gapma-garşy ýagdaýlaryň hemmesinde ýa-da olaryň birinde bardygyna göz ýetirmek zerurdyr. Emma ol düýbünden gapma-garşylyksyz ýagdaýyň we düýbünden inkär edilmeýän ýagdaýyň ýokdugyny beýan edýär. Beýle ýagdaýlaryň ýüze çykýandygy onuň bu sözüniň[1] dürslügine güwä geçýär. Gapma-garşylygyň gapma-garşy ýagdaýlaryň hemmesinde ýa-da olaryň birinde bolmalydygyna ynanmagymyz gerek. Meselem, bir adam ynsanyň ynsan däldigi barada pikir edýär. Beýle pikir bolsa dürs däldir. Eger bu iki pikir biri-birine gapma-garşy bolsa, onda hemme pikirlerde hem munuň ýaly gapma-garşylyklar bardyr. Eflatun iň adalatly halyň adalatlylyk bilen adalatsyzlygyň ortasynda ýerleşýändigini beýan edýär. Ol beýle sözüň üsti bilen sözlerdäki gapma-garşylyklary däl-de, eýsem

---

sözüň ikisi hem «Hermenewtikos» («Germenewtika», ýagny «Teswirleme») diýen ýunan sözüniň arapçalaşan görnüşidir.

[1] Bu ýerde Arastuwyň «Iň adalatly hal adalatlyk bilen adalatsyzlygyň arasynda ýerleşýär» diýen sözi göz öňünde tutulýar.

syýasatda ulanylýan adalgalaryň manylaryny we yzygiderliligini düşündirmäge ymtylýar. Arastu hem «Kiçi Nikomahiýa» («Nikumahyýa as-sagyr») atly kitabynda syýasat jähetden şunuň ýaly sözleri aýdýar. Bu sözleri derňeýän we adalat gözi bilen garaýan adamyň iki ynanjyň we iki garaýyşyň arasynda tapawudyň ýokdugyna göz ýetirer. Şu wagta çenli Eflatunyň mantyga degişli sözleriniň manylaryny düşündirýän beýannamalar ýok. Köp adamlar bolsa hut mantyk meselelerinde iki pelsepeçiniň arasynda gapma-garşy garaýyşlaryň bardygyny nygtaýarlar. Olar, biziň ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Eflatunyň syýasat, ahlak we ylahyýet baradaky sözlerini getirmek bilen öz sözlerini ýalana çykarýarlar.

Sebäplere görüş we görüş usuly baradaky mesele hem girýär. Çünki bu mesele hakynda Eflatunyň we Arastuwyň garaýyşlarynyň çapraz gelýändigi barada pikir bar. Arastu: «Görüş gözüň gowşak duýgurlygynyň netijesinde döreýär» diýip hasaplaýar. Eflatun bolsa görüşiň gözden haýsydyr bir zadyň çykmagynyň we onuň görülýän zat bilen duşuşmagynyň netijesinde döreýändigini nygtaýar. Bu iki garaýşy düşündiren alymlaryň aglabasy bu jähetden köp jedelleşdiler, deliller getirdiler, biri-birlerini ýalňyş düşünje bilen aýypladylar we dürli netijeleri çykardylar. Olar iki pelsepeçiniň kesgitlemeleriniň manylaryny ýoýdular we ol ikisini ýazgaryşa sebäp bolan düşündirişleri berdiler. Şeýlelikde, olar adalat we hakykat ýolundan daş düşdüler. Arastuwyň

tarapdarlary Eflatunyň tarapdarlarynyň görüşiň gözden çykýan haýsydyr bir zatdygy hakyndaky tassyklamalary taýdan: «Zat çykmak göwrä mahsus. Göz hem göwrä girýär. Gözden howa, ýagtylyk ýa-da ot çykýar. Eger ondan çykýan zat howa bolsa, onda howa göz bilen görülýän zadyň arasynda ýerleşmeli. Eger ondan çykýan zat ýagtylyk bolsa, onda ol göz bilen görülýän zadyň arasyndaky howada ýerleşmeli. Netijede, gözden çykýan ýagtylyk gerekmejek artykmaçlykdyr. Eger: «Gözden çykýan zat ýagtylyk bolsa, onda näme üçin beýle ýagdaýda göz bilen görülýän zadyň arasyndaky ýagtylyga mätäç bolunýar? Näme üçin gözden çykýan ýagtylyk howadaky ýagtylygy artdyrmaýar? Göz ýagtylyk çykarýan bolsa, onda näme üçin ol garaňkylykda görmeýär? Eger bir gözden çykýan şöhle gowşak diýilse, näme üçin köp gözlerden çykýan şöhleler birleşip, şöhle gijesine güýçlenmeýär? Onda biz haýsydyr bir zada seredenimizde, köp çyrany birleşdirilen ýagdaýynda näme üçin ýagtylygyň täsiriniň güýjüni görýäris? Eger ondan çykýan zat ot bolsa, onda näme üçin ol ýagtylyk bermeýär ýa-da oda mahsus bolşy ýaly zatlary ýakmaýar? Näme üçin ol ot suwda öçmeýär? Ol ot näme üçin aşak ýa-da ýokary ýaýramaýar? Eger gözden ýokarda agzalan zatlardan başga zatlar çykýar diýilse, onda näme üçin ol zat gözüň garşysynda duran zat bilen duşuşmaýar ýa-da görülýän zat gözden çykýan zat bilen çaknyşmaýar? Beýle ýagdaýda ol zat biri-biriniň garşysynda duran seredijileriň görüş duýgurlygyna päsgelçilik döretmeli»

diýip nygtaýarlar. Şeýle teýeneli sözler olaryň bu kesgitlemedäki «çykmak» sözüniň manysyny ýoýmaklary we zadyň çykmagyny göze däl-de, eýsem göwrä ýöňkemekleri sebäplidir.

Eflatunyň tarapdarlary Arastuwyň tarapdarlarynyň görmegiň gowşak duýgurlyk ukybydygy hakyndaky sözlerini eşidip, bu kesgitlemäni ýoýdular. Olar: «Gowşak duýgurlyk ukyby görüş agzasynda ýa-da göwre bilen gözüň arasyndaky dury jisimde ýerleşýär. Eger ol bir agzada ýerleşýän bolsa, onda gözüň göreji bir wagtda reňkini tükeniksiz üýtgetmeli bolar. Munuň özi mümkin däldir. Çünki üýtgeme diňe wagt jähtden ýüze çykýar. Onuň bir umumy zatdan başga umumy zada geçmegi çäklidir. Üýtgeme bir wagtyň özünde bir bölekde bolup geçse hem, beýleki bölekde bolup geçmeýär. Bu bolsa bölekleriň aýratyn we biri-birinden tapawutly zatlar bolmalydygyny aňladýar. Hakykat ýüzünde ýagdaý munuň ýaly däl. Eger gowşak duýgurlyk dury jisime mahsus bolsa, onda göz bilen görülýän zadyň arasynda howa bolmaly we bir zatda iki sany gapma-garşylyk ýerleşmeli. Beýle ýagdaý bolsa mümkin däl» diýýärler. Olar şunuň ýaly we başga garşylyklaýyn sözleri delil hökmünde getirýärler.

Arastuwyň tarapdarlary özleriniň aýdýan sözleriniň dürslügini tassykladylar we olar: «Eger reňkler we olaryň öwezini tutýan başga zatlar bar bolmasa, onda olar dury çäkde işjeň ýaýrap bilmezdiler. Bu sebäpden göz ýyldyzlary we uzakdaky zatlary birden görüp bilmezdi». Çünki, ornuny üýtgedýän zat uzakdaky zada

baryp ýetmezinden öň, ýakyndaky zada baryp ýetýär. Tersine bolsa, biz ýakyndaky zatlar bilen uzakdaky zatlary birden görmezdik. Bu ýerden dury howada görülýän zatlaryň reňkleri bardyr we howa reňkleri göze ýetirýär» diýdiler.

Eflatunyň tarapdarlary özleriniň sözleriniň dürslügini gözden bir zadyň çykýandygy, onuň görülýän zada tarap ýaýraýandygy we olaryň goşulýandygy bilen delillendirýärler. Olar: «Görülýän zatlar dürli uzaklykda ýerleşen ýagdaýynda biz ilki uzakdaky zady däl-de, eýsem ýakyndaky zady görýäris. Munuň sebäbi gözden çykan zat özüniň güýji bilen ýakyndaky zady gurşap alýandygyndan ybaratdyr. Soňra onuň güýji dynuwsyz kemelýär. Beýle kemelme bu güýç ýitip gidýänçä dowam edýär. Kemelmäniň netijesinde göz özünden örän daşdaky zatlary düýbünden görmeýär. Bu kesgitleme görejimizi uzakdaky zatlara gönükdirenimizde hem-de ony gözden çykýan oduň ýagtysy bilen ýagtyldylan we ýakyndaky görülýän zada ugrukdyranymyzda görýändigimize esaslanýar. Eger göz bilen görülýän zadyň arasynda garaňkylyk bar bolsa, onda Arastuwyň tarapdarlarynyň taglymatyna görä, bu aralyk reňki görmek we ony göze ýetirmek üçin ýagtyldylmalydyr. Biz uzakdan ýagtylyk berýän jisimi görýäris, gözden çykan haýsydyr bir zadyň tümlügi böwsüp, uzaklara ýaýylýandygyny bilýäris, şeýle hem şol bir wagtda ýakynda ýerleşen zady duýýarys. Beýle ýagdaýdan dury howanyň

özünde görülýän zatlaryň reňklerini saklaýandygy mälimdir» diýýärler.

Eger iki tarap hem azda-kemde jedelli dartgynlylygy gowşatmaga, üns merkezini jemlemäge we tarapgöýlükden ýüz döndermäge ymtylyp, hakykaty gözlän bolsadylar, onda olar eflatunçylaryň «çykmak» sözüniň üsti bilen jisimiň ornundan üýtgemegini däl-de, eýsem özge manyny aňlatmak isländiklerine düşünerdiler. Diliň beýan ediş örüsiniň darlygy we ony aňlatmakda adalga sözleriniň ýoklugy, olary «göwreden çykmak» diýen sözi düşündirmeklige ymtyldyryp, manyny umumylyşdyrmaga mejbur etdi.

Arastuwyň tarapdarlary hem «gowşak duýgurlyk» sözüne öz manysynda däl-de, eýsem «gozganmak» we «özgermek» manysyny berdiler. Hile beýle häsiýet üýtgän we başga hala geçen ýagdaýynda mahsudyr. Bu ýerden, bir zadyň beýleki bir zada görä mazmunynyň we hiliniň dürli bolmagyna garamazdan, meňzeş bolup biljekdigi mälim bolýar. Eger biz bu meselä üns berip garasak, onda bu ýerde göz bilen görülýän zady birleşdirýän güýjüň bardygyny bileris. Eflatunyň tarapdarlaryna haýsydyr bir güýjüň gözden çykýandygy, onuň görülýän zat bilen duşýandygy baradaky düşünje jähetden teýeneli sözleri aýdýan adamyň özi: «Howa görülýän zadyň reňkini özünde saklaýar we ony birleşdirmek üçin göze ýetirýär» diýen sözi üçin az ýaňsylama mynasyp däldir. Birinji sözüň hakykaty şol güýji we onuň çykmagyny subut etmekden, ikinji sözüň hakykaty bolsa howada reňkleriň bardygyny we

olaryň göze geçmegini subut etmekden ybaratdyr. Wepaly pelsepeçiler bu mana düşündiler we ony inçelik hem takyklyk bilen öwrendiler. Bu bolsa olara hakykata ýakyn sözleri aýtmaga mümkinçilik berdi. Ýöne olar hakyky manyny aňladar ýaly ýörite adalgalary tapmadylar. Ýagdaý şeýle bolansoň beýle pelsepeçilere goşulmadyk we bu jähtden olara teýeneli sözleri aýdan pelsepeçiler tapyldy. Olar: «Şeýle düşünjelerdäki gapma-garşylyklar biziň ýokarda agzan sebäplerimiz nukdaýnazaryndan ýüze çykýar. Gapma-garşy sözler iki ýagdaýda garşydaşyň ylalaşmazlygy ýa-da onuň garşylyklaýyn hereket etmegi sebäpli döreýär» diýýärler. Kimiň nukdaýnazary dürs bolsa, onda onuň usuly dürs, durnukly, ynamly häsiýete eýedir. Ol başarjaňlyk bilen derňew geçirýär, ýoýulmalara, umumy pikirlere we hötjetlige ýol bermeýär. Alymlaryň sözlerine çapraz gelýän sözleri aýdýan kişi hem zerurlyk ýüze çykandygy sebäpli käte düşnüksiz we bulaşyk düşünjeleri giňişleýin beýan edýär. Paýhasly adam umumy hem göçme manydaky sözler bilen ýüzbe-ýüz bolanda şübhelenmeden halas däldir.

Sebäplere şeýle hem şahsyň ahlaklary baradaky meselä we «Arastuwyň bu jähetden Eflatunyň kesgitlemelerine çapraz gelýän garaýyşy bar» diýen düşünje girýär. Bu düşünjäniň asly Arastuwyň «Nikomahyýa» atly kitabyndaky: «Adatça ahlaklaryň hemmesi üýtgeýär. Adama olaryň hiç biri tebigy berilmeýär. Adamyň endigine ýa-da adatyna görä ahlak nusgalarynyň islendigi birinden beýlekisine geçýär»

diýen sözünden gelip çykýar.[1] Eflatun bolsa «Syýasat» («As-siýasa») we «Kiçi syýasat» («Al-kusta») atly kitaplarynda tebigatyň endikden üstündigini nygtaýar. Tebigaty boýunça düzetmesi kyn ahlagy bolan ýaşy uly adamlar beýle ahlakdan dynmaga ymtylmak bilen, tersine, onuň köküni has berkidýärler. Şeýle ýagdaý haşal otlar basan, üstünde gyrymsy we beýleki agaçlar ösen ýol bilen baglylykda hem bolup geçýär. Adamlar haşal otlardan arassalajak bolup, agaçlary ýykyp taşlaýarlar we ýola öňküden hem beter päsgelçilik berýän böwet basýarlar. Bu iki makalany eşiden kişilerden hiç biri iki pelsepeçiniň arasynda ahlak meselesinde gapma-garşy garaýyşlaryň bardygyna şübhelenmezler. Emma hakykat ýüzünde ýagdaý olaryň oýlanyşlary ýaly däl.

Arastu «Nikomahyýa» kitabynda diňe raýat kanunlary barada söz açýar. Biz bu ýagdaýy ol kitaba beren düşündirişimizde beýan etdik. Bu ýagdaý Furfuriusyň[2] we ondan soňky müfessirleriň aýdan sözlerine laýyk gelýär. Arastu ol kitapda ahlak barada söz açan hem bolsa, onuň bu ýerdäki ahlak kadalary we kanunlary hakyndaky sözleri başga zatlar bilen baglanyşykly däldir. Ol umumy we köptaraplaýyn mana eýedir. Mälim bolşuna görä, islendik ahlak, eger oňa umumylykda garalsa, kyn ýagdaýlarda hem bolsa üýtgemäge we başga ahlaga geçmäge ukyplydyr. Hiç

[1] Arastu: «Ahlak adama tebigat tarapyndan däl-de, eýsem endigiň ýa-da erki türgenleşdirmegiň netijesinde berilýär» diýip hasaplaýar.

[2] Furfurius – gadymy ýunan pelsepeçesi Porfiriý.

bir ahlak nusgasy üýtgemeden we geçmeden halas däldir. Ruhunda akylyň güýji bar çagada heniz möhüm ahlak nusgalary hem, ahlak sypatlary hem ýok. Şol güýç herekete girende çaga ahlak nusgalaryny kabul etmäge ýa-da kabul etmezlige taýýardyr. Ol bu iki gapma-garşylygyň haýsy birini gazansa hem, ruhy özgermeleri başdan geçirmezden beýlekisine geçip bilmeýär. Munuň yzysüre onda ahlak sypatlarynyň dargamagynyň haýsydyr bir görnüşi bolup geçýär. Bu kitapda ukybyň barlygy ýa-da ýoklugy barada hem aýdylýar. Bu iki ýagdaý hem biri-birinden üstün gelmezden üýtgemelere sezewar bolýar. Beýle üýtgemeler ukybyň dargamagyndan we ýoklugyndan ybaratdyr. Ýagdaýyň şeýle bolmagyna garamazdan, bu meselä umumy garamaklygymyz bizi ahlagyň hiç bir nusgasynyň üýtgemeginiň mümkin däldigi baradaky düşünjä eltýär.

Eflatun bolsa raýat syýasatynyň görnüşlerine olaryň haýsynyň has peýdalydygy we haýsynyň has zyýanlydygy nukdaýnazaryndan garaýar. Ol şeýle hem beýle syýasata has ýaramly, has başarjaň, has laýyk, has kabul ederlik nukdaýnazardan şahslaryň ahwallaryna seredýär. Ömrümden kasam bolsun! Kime ahlak nusgalarynyň birini özünde ösdürmek we ony kämilleşdirmek başartsa, onda ol öz ruhunda şol ahlak nusgasyny berkidýär. Oňa ol ahlagy gidermek[1] örän

---

[1] Bu ýerde ynsana ýaramaz ahlakdan dynmaklygyň örän kyndygy düşündirilýär.

kyn düşýär. Ýöne beýle kynçylyk ony gazanmagyň mümkin däldigini aňladanok. Arastuwyň «Kiçi Nikomahyýa» («Nikumahyýa as-sagyr») ady bilen rowaçlyk tapan kitabynda belleýşine görä, käbir adam bir ahlakdan beýleki ahlaga ýeňillik bilen geçmäge ukyplydyr. Başga bir adama bolsa bu kyn düşýär. Akyldar bu kitabynda bir ahlakdan beýleki ahlaga geçmegiň kynlygynyň we ýeňilliginiň sebäplerini, olaryň näçedigini, ol sebäpleriň her biriniň nämä esaslanýandygyny, olaryň alamatlarynyň nähilidigini we olara nämäniň päsgelçilik berýändigini beýan edýär. Kim onuň sözleri barada sagdyn pikirlense, onda ol her bir zada hakyky baha berer, şeýle hem iki pelsepeçiniň arasynda hakykatdan hem gapma-garşy garaýyşlaryň ýokdugyna düşüner.

Beýle ýagdaý iki pelsepeçiniň aýdan sözlerine, sözleriniň haýsy ýerde aýdylandygyna we biziň olara aň ýetirişimiziň derejesine garamazdan, aýratynlykda birme-bir garalanda aýan bolýar. Ylymlar barada dürs düşünjäni hyýala getirmegiň ähmiýetli usuly şundan we bu ýerde aýdylan ýagdaýlaryň mysallaryndan ybaratdyr. Meselem, bir zat nähili şekiliniň bardygyna garamazdan, başga şekile geçýär, soň ikinji şekilden üçünji şekile eýe bolýar. Mysal üçin agajyň beýleki zatlardan tapawutlanýan şekili bar. Soňra ondan tagta ýasaýarlarlar, tagtadan bolsa oturgyç bejerýärler. Oturgyjyň şekili tagtadan bolandygy sebäpli onuň maddasy tagtadyr. Tagta bolsa oturgyjyň şekiline bolan gatnaşyga görä maddadyr. Tagtanyň bolsa agaç,

ösümlik we beýleki dürli şekilleri bolýar. Ynsanyň ruhuna hem şu mysalda aýdylşy ýaly häsiýetnama mahsusdyr. Ruh hem ilki bir ahlak nusgasynda bolup, soňra başga täze ahlak nusgasyna eýe bolmaga ymtylýar. Beýle häsiýet onuň üçin tebigy zatdyr. Täze eýe bolnan ahlak nusgalary endigiň netijesinde döreýär. Üçünji ahlak nusgasyna eýe bolnandan soňra, ahlak nusgalary kök urýar we täzeden gazanylan ahlak nusgasyna görä tebigylyga öwrülýär. Seniň Eflatun we beýleki pelsepeçiler barada nähili pikirde bolmagyňa garamazdan, olar ahlagyň nusgalarynyň tebigydygyny aýdýarlar. Sen biziň ýokarda aýdan sözlerimiziň manysyna düşünip, olaryň pikirleriniň mazmunyna aň ýetir. Goý, sende bu meseläniň çözgüdi barada şek-şübhe döremesin. Sen: «Ahlak tebigy zat bolsa, onda ol ýitip gitmez» diýip hasaplaýansyň. Ýöne beýle düşünje dürs häsiýete eýe däldir. Çünki seniň beýle düşünjäň, eger çuňňur oýlanylsa, onda olaryň aýdan sözleriniň manysyna ters gelýär.

Sebäplere şeýle hem Arastu «Subutnama» («Al-burhan») atly kitabynda: «Ylym öwrenýän kişi iki zadyň birinden halas däldir: Ol bilmeýän zadyny öwrenýär ýa-da bilýän zadyny öwrenýär. Eger bilmeýän zadyny öwrenýän bolsa, onda ol zadyň zerurlygyny nähili bilmeli? Eger ol öň bilýän zadyny öwrenýän bolsa, onda ikinji gezek şol bir ylmy ýene öwrenmegi onuň üçin artykmaç we mätäç däl zat bolmazmy?» diýýär. Ol ýokardaky kesgitlemäniň dürslügi babatda ilki şübhelenýär. Soňra ol bu meselä

täzeden garap, şeýle düzediş girizýär: «Haýsydyr bir zady öwrenýän kişi özüniň bilýän zadyndan başga bir zady hem öwrenmelidir. Biz deňlik we deň dällik düşünjesi aňynda bar bolan kişi agajyň bölekleriniň deňdigini ýa-da deň däldigini bilmek isleýär diýip oýlap göreliň. Beýle ýagdaýda ol aňyndaky düşünjäni ulanar we deňeşdirmek bilen degişli netijä geler. Ol göýä aňyndaky düşünjäni ýadyna salýan ýaly bolup, ol ikisiniň birini kabul eder: Eger bu agajyň iki bölegi deň bolsa, deň deňlik baradaky düşünjesini, eger ol ikisi deň bolmasa, onda deň dällik baradaky düşünjesini ulanyp, netije çykarar. Eflatun «Fazan» atly kitabynda: «Öwrenmek – ýatlamakdyr» diýýär. Ol Sokratyň ady bilen deň zat hakynda we deňlik barada sorag-jogap görnüşinde deliller getirýär. Akyldar şeýle aýdýar: «Deňlik ruhda döreýän zatdyr. Deň zat agaja ýa-da başga bir zada görä deň zatdyr. Adam bu ýagdaýa aň ýetirende, onda ol aňynda bar bolan deňlik baradaky düşünjäni ýatlaýar. Diýmek, deň zat adamyň aňyndaky bar bolan deňligiň nusgasyna deňdir». Şunuň ýaly öwrenilýän zatlaryň hemmesi aňda bar bolan zady ýatlamakdyr. Elbetde, sözüň dogrusyny Beýik Taňrynyň özi ýagşy bilýändir!

Adamlaryň köpüsi beýle kesgitlemelerden nätakyk pikire esaslanýan netije çykardylar. Ruhuň göwreden aýrylandan soň bakylyga düşýändigini tassyklan adamlar bu sözi düşündirmekde kyn ýagdaýa düşdüler. Olar sözüň manysyny ýoýdular we özleriniň gelen netijelerini delil hökmünde kabul etmäge ýykgyn

etdiler. Olar Eflatunyň Sokratyň adyndan alamatlaryň we belgileriň üsti bilen diňe ýaşryn manylary bermek isländigine düşünmediler. «Alamatlaryň we belgileriň üsti bilen aňladylan deňeşdirme delil hökmünde kabul edilmeýär» diýip, Arastu «Birinji analitika» («Analotika al-uwla») we «Ikinji analitika» («Analotika as-saniýýa») atly kitaplarynda öwredýär. Bu kesgitlemäni inkär edýänler hem çykaran netijelerinde nätakyk pikire esaslandylar. Olar Arastuwyň bu kesgitlemesinde Eflatuna gapma-garşy garaýyşynyň bardygyny nygtadylar. Onuň «Subutnama» kitabynyň başyndaky sözlerine biperwaý garadylar. Onda: «Her bir öwrenmek we öwretmek öň bar bolan bilime esaslanýar» diýilýär. Munuň yzysüre şeýle sözler getirilýär: «Adam käbir ýagdaýda öň, bir wagt bilen zatlaryna, başga bir ýagdaýda bolsa öň bilmedik zatlaryna aň ýetirýär». Munuň mysaly umumylyk bilen häsiýetlendirilýän her bir zat bolup biler. Eflatunyň bu kesgitlemeleriniň adamlaryň köpüsini dürs many çykarmaga, durnukly garaýşa eýe bolmaga, hakykata we adyllyga ymtylmaga iterýändigini ýa-da olarda munuň tersine düşünje döredýändigini bilmegimiz gerek. Kim nähili ylym almalydygy, ilkinji esaslary nähili özleşdirmelidigi we ylym öwrenmäge nähili girişmelidigi barada mazaly oýlansa, onda ol iki akyldaryň arasynda bu mesele barada gapma-garşy garaýyşlaryň ýokdugyna düşüner. Biz munuň manysyny düşündirer we şübhäni aradan aýyrar derejede sözümizi gysgaça beýan edýäris.

Biz: «Çaganyň zatlara aň ýetiriji ruhy bar. Onuň ruhy duýgulara, ýagny aň ýetiriş serişdelerine eýedir» diýýäris. Duýgy bilen diňe hususy zatlara aň ýetirilýär. Hususy zatlardan bolsa umumy zatlar baradaky düşünje alynýar. Umumy zatlara aň ýetirmek hakykata düşünmek ugrundaky tejribelerden ybaratdyr. Ýöne ýörite maksada gönükdirilen tejribeler hem bardyr. Olar il arasynda umumy düşünjelerden alnandygy we maksada gönükdirilendigi sebäpli «tejribeleriň esaslary» diýlip atlandyrylýar. Umumy düşünjelerden maksada gönükdirilmän alynýan tejribeleriň il arasynda ady ýok. Alymlaryň arasynda olaryň atlary «ylymlaryň başlangyçlary», «subutnamanyň esaslary» we şuňa meňzeş adalgalar bilen atlandyrylýar.

Arastu «Subutnama» kitabynda aň ýetiriş duýgusyndan mahrum kişiniň ylymdan hem mahrumdygyny nygtaýar. Ynsan aň ýetiriş duýgusynyň üsti bilen ylym alýar. Ylym ilkibaşda maksatsyz alnandygy sebäpli, ol ynsanyň ýadyna düşmeýär. Şonuň üçin adamlaryň köpüsi ylym ynsanda hemişe bar we ylma duýgusyz aň ýetirilýär diýip oýlaýarlar. Eger ynsan tejribeleriň üsti bilen ylym alan bolsa, onda onuň ruhy aňa eýedir. Tejribe näçe köp boldugyça, ynsanyň ruhy şonça hem kämildir. Eger adam bir zada aň ýetirmäge ymtylsa, onda ol bu zadyň haýsydyr bir halyny bilmäge, ol zadyň şol ýagdaýyndaky haly baradaky maglumaty özüniň öňki bilýän zadyna goşmaga çalyşýar. Munuň özi onuň ruhunda öňden bar zat baradaky düşünjäni täzeden bilmäge bolan

gözlegidir. Meselem, ol haýsydyr bir zadyň janly ýa-da jansyz zatdygyna aň ýetirmäge ymtylýar. Eger janlylyk ýa-da jansyzlyk baradaky düşünje onuň ruhunda öňden bar bolsa, onda özüniň aňy we duýgusy bilen ýa-da şol bir wagtda olaryň ikisi bilen bu düşünjäniň birini gözleýär. Eger ol ony tapsa, onda rahatlanýar, kanagatlanýar we özüniň garyşyk düşünjeden hem nadanlykdan saplanandygy sebäpli lezzet alýar.

Eflatunyň aýdan sözi, ine şeýledir: «Aň ýetirmek – ýatlamakdyr, oýlanmak bolsa ylma ymtylmakdyr. Ýat tutmak – ýatlamaga ymtylmakdyr». Gözleýän kişi ymtylýar we yhlas edýär. Eger ol möhüm bir zady ýüze çykarsa, onda ol öňden öz ruhuna salnan alamatlara, belgilere we düşünjelere aň ýetirmäge ymtylýar we olary göýä ýadyna salan ýaly bolýar. Şeýle hem adam bir jisimiň aýratynlyklaryna meňzeş başga bir jisimi öňden bilýän ýaly bolýar. Beýle ýagdaýda onda başga jisimi unudan ýaly we şol jisime meňzeş jisime aň ýetirmek bilen ony ýatlan ýaly hal peýda bolýar.

Akyl özüne mahsus duýgy bilen hereket edýär. Onuň her zadyň meňzeşliklerine we gapma-garşylyklaryna aň ýetirmek ukyby bar. Muňa garamazdan onda başga barlyklary hakykatda boluşlaryndan başga hili görnüşde hyýala getirmek ukyby hem bar. Duýgy umumy barlyklaryň halyny umumy zat hökmünde, hususy barlyklaryň halyny hususy zat hökmünde, gelşiksiz zatlaryň halyny gelşiksiz zat hökmünde, gözel zadyň halyny gözel zat hökmünde kabul edýär. Başga zatlar barada aýdylanda

hem ýagdaý şeýledir. Akyl her bir barlyga we onuň gapma-garşylyklaryna duýgynyň duýuşy ýaly aň ýetirýär. Akyl umumy haldaky barlyklara umymylyk we hususylyk bilen bilelikde hem aň ýetirýär. Beýleki zatlar barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Bizi we beýleki müfessirleri meseläni gysga beýan edipdir diýip, Arastuwyň «Subutnama» we «Ruh» atly kitaplarynyň soňunda ajaýyp beýan edipdir diýip hasaplaýarlar. Barybir meseläniň beýan edilşinde bizde hem, Arastuda hem Eflatunyň «Fazan» atly kitabyndaky sözlerine ýakynlyk bardyr. Ýöne iki pelsepeçiniň göz öňünde tutan maksatlarynda tapawut bar. Akyldar Arastu aň ýetirme we deňeşdirme meselesini düşündirmäge ymtylyp, beýle ýagdaýy belleýär. Eflatun bolsa ruh baradaky meseläni düşündirmäge ymtylyp, bu ýagdaýy nygtaýar. Olaryň garaýyşlaryny öwrenýänleriň köpüsi üçin döreýän kynçylyk hem şundan ybaratdyr. Muňa garamazdan biziň aýdan sözlerimiz dürs ýol bilen gitmek isleýänler üçin ýeterlikdir.

Mundan başga-da sebäplere älemiň ýaradylandygy ýa-da ýaradylmandygy we ony Ýaradyjynyň hereket ediji sebäpdigi baradaky mesele hem girýär. Jedelçileriň tassyklamagyna görä, Arastu älemi ýaradylmadyk, Eflatun bolsa ýaradylan hasaplaýar. Olaryň Arastu barada beýle gabahat we halanylmaýan söz aýtmaklaryna onuň «Topika»[1] («Tufika») atly

[1] «Topika» – Arastuwyň mantyga (logika) degişli kitaby.

kitabynda berýän şeýle sözi sebäpdir: «Käwagt hemmelere mälim esaslardan ybarat haýsydyr bir esasyň hem iki tarapy bolup biler. Meselem, älem ýaradylan zatmy ýa-da ýaradylmadyk zat?». Iki pelsepeçiniň arasynda bu meselede gapma-garşy garaýyşlaryň bardygyny tassyklaýanlaryň tarapdarlaryna ilki bilen Arastuwyň mysal hökmünde getirýän sözüniň onuň pikirimi ýa-da pikiri däldigini düşündirmekleri zerur. Arastuwyň «Topika» atly kitabynda bu sözden maksady älemiň haly baradaky meseläni däl-de, eýsem hemmelere mälim bolan deňeşdirmeleriň haly baradaky meseläni beýan etmekden ybarat. Arastu döwürdeşleriniň älem meselesinde onuň ýaradylandygy ýa-da ýaradylmandygy, şeýle hem lezzetiň gowy ýa-da erbetdigi hakynda jedelleşýändikleriniň şaýady boldy. Olar mälim bolan deňeşdirmeleri ulanmak bilen bu meseläniň çözgüdine dürli tarapdan çemeleşdiler. Arastu şu kitabynda we beýleki eserlerinde bir mälim zat bilen dürslük ýa-da nädürslik barada netije çykaryp bolmajakdygyny beýan edýär. Çünki mälim zat aslynda nädürs bolup biler. Emma nädürsligi sebäpli jedele sebäp bolmaz. Şeýle hem mälim zat dürs bolup biler. Ýöne ony mälimdigi sebäpli jedelde ulanyp bolmaz. Älemiň ýaradylmandygy baradaky pikiri diňe bu kitapda berilýän bir mysalyň üsti bilen Arastuwa degişli edip bolmaz.

Olarda beýle pikiriň döremegine Arastuwyň «Asman we älem» («As-sema wel-älem») atly

kitabynda älemiň wagt taýdan başlangyjynyň ýokdugyny beýan etmegi sebäp boldy. Olar bu sözden: «Ol älemiň bakylygy barada aýdýar» diýip düşündiler. Hakykatda ýagdaý özge. Çünki ýokarda ol, fizika hem ylahyýete degişli bu we beýleki kitaplarda: «Wagt asmanyň hereketiniň sanydyr» diýýär. Zatdan döreýän zat özünde ol zady saklamaýar. Bu düşünjäniň manysy älemiň wagt jähetden başlangyjynyň ýokdugyndan, onuň kem-kemden bölekleýin döremändiginden ybaratdyr. Meselem, öý ýa-da janly bir zat kem-kemden emele gelýär, olaryň bir bölegi beýleki böleginden öň döredi. Wagt bolsa asmanyň hereketi netijesinde döreýär. Ýöne älemiň başlangyjynyň wagt taýdan dörändigi bolup biljek zat däl. Dogry, älem mertebesi belent Ýaradyjynyň wagtdan daşary bolan itergisiniň netijesinde baky herekete giren asman hereketinden döreýär. Arastuwyň «Giriş» («Asulujiýa») atly kitabynda beýik Taňrynyň hökümdarlygy baradaky aýdan sözleri bilen tanyşan kişä onuň älemiň beýik mertebeli Ýaradyjysy hakynda berýän delilleri düşnüklidir. Ol sözlerde bu mesele ýaşryn däl-de, eýsem açyk beýan edilýär. Ol ýerde beýik mertebeli Ýaradyjynyň ilkinji maddany hiç zatdan ýaradandygy nygtalýar. Beýik Taňrynyň erki bilen ilkinji madda ilki bilen madda halyna getirildi, soňra tertibe salyndy. Ol «Fiziki sazalaşyk» («As-sema at-tebi‘i») atly kitabynda hereket edýän sebäpleri beýan edýär, olary düşündirýär

we olaryň näçedigini kesgitleýär. Şeýle-de ol Ýaradyjy we Ilkinji herekete getiriji[1] barada söz açyp, Onuň dogulmandygyny we herekete getirilmändigini belleýär. Şeýle-de Eflatun hem özüniň «Timeý» atly kitabynda ýaradylan zadyň dörediji sebäplerden dörändigini we döredilen zadyň özüniň özüne dörediji sebäp bolmajakdygyny düşündirýär.

Arastu «Giriş» kitabynda: «Ýekelik her bir köplükde bardyr. Ýekelik däl köplük hemişe tükeniksizdir. Meselem, köplügiň her bir ýekelik bölegi ýekelik ýa-da ýekelik däldir. Eger ol ýekelik bolmasa, onda ondan köplük düzülmeýär. Eger ol köplük bolmasa, onda ýekelik bölegi bilen köplügiň arasynda tapawut ýokdur. Bu ýerden soňsuz zadyň tükeniksizlikden köpdügi gelip çykýar. Soňra akyldar älemde ýeke bolan zadyň belli bir manyda ýekedigini düşündirýär. Hakykatdan hem ýeke bolmadyk zat ýeke däldir. Onda ýekelik aýry-aýrylykda bardyr. Beýle ýagdaýda ol ýekelik däl, eýsem başga bir hili barlykdyr. Hakyky birligiň barlyklardan ýeke bolan zatlary aňladýandygy mälimdir. Soňra ol köplügiň ýekelikden soň, birligiň bolsa köplükden soň gelýändigini beýan edýär. Arastu soňra her biriň hakyky birlige ýakynlaşan köplügiň indiki gelýän her bir köplügiň başydygyny düşündirýär. Tersine bolanda hereket hem şeýledir. Soňra ol älemiň maddy we ruhy bölekleri baradaky pikirlerini beýan etmäge geçýär. Ol

[1] Ilkinji herekete getiriji diýlip Hudaý göz öňünde tutulýar.

belent mertebeli Ýaradyjynyň döredijilik emri bilen hemme zadyň peýda bolandygyny, Onuň hereket ediji sebäpdigini, Ilkinji hakykatdygyny, Her bir zady ýaradyjydygyny Eflatunyň ylahyýete degişli kitaplarynda, meselem «Timeý», «Syýasat» we beýleki eserlerinde beýan edişi ýaly, ynandyryjy delilleriň üsti bilen düşündirýär.

Arastu «Ylahyýet ylymlary» («Fimä ba‘da at-tebi‘a») atly kitabynyň bölümlerinde «lambda»[1] harpy bilen belent mertebeli Ýaradyjyny başlangyç esas hökmünde belläp, beýleki esaslary başga harplar bilen aňladyp, öňe sürýän kesgitlemeleriniň dürslügini aýan edýär. Munuň ýaly başga bir beýan ediş usuly ondan öň hem, soň hem, biziň günlerimize çenli mälim däl. Şeýle usuly saýlap alan pelsepeçini Ýaradyjynyň barlygyny we älemiň bakylygyny inkär edýän ynanç bilen aýyplap bolarmy?

Ammoniusyň bu iki pelsepeçiniň Ýaradyjynyň barlygy baradaky garaýyşlaryny tassyklaýan özbaşdak risalasy bar.[2] Onuň tassyklamasynyň meşhurdygy sebäpli biz ony bu ýerde getirmeýäris. Eger ol bu risalada aralyk ýoldan ýöremedik bolsa, onda biz hem onuň ýolundan gyşaryp, ýaradylmak baradaky düşünjäni tassyklaýanlaryň däl-de, eýsem ony inkär edýänleriň tarapynda bolardyk. Biz dini mezhepleriň, akymlaryň, ynançlaryň, kanunlaryň we beýleki kada-

---

[1] Lambda – ýunan elipbiýiniň on birinji harpy.

[2] Bu ýerde Eflatun bilen Arastuwyň taglymatyny birleşdirmäge ilkinji synanyşyk eden Ammoniý Sakkas göz öňünde tutulýar.

düzgünleriň wekilleriniň bilmeýän düşünjeleriniň, subutnamalarynyň üsti bilen Arastu, ondan öň Eflatun hem-de olaryň yzlaryna eýerenleriň beýan ediş usulyny ulanyp, älemiň döreýişi we Ýaradyjynyň barlygy baradaky düşünjäni öňde düşündirdik. Hemme mezhepleriň we akymlaryň alymlarynyň sözleri älemiň we tebigatyň bakylygy baradaky meseläni öňe sürýär. Kim muňa düşünmek islese, goý ol başlangyçlar baradaky kitaplara garasyn, dilden aýdylýan ata-baba dowam edip gelýän rowaýatdyr gürrüňleri diňlesin. Şonda ol olaryň sözlerindäki hemme zadyň esasynyň başda suw bolandygy, soňra suwuň hereketlenip, köpürjikländigi, köpürjigiň bolsa gaty hala öwrülendigi, ondan ýeriň emele gelendigi, ýeriň üstüne daglaryň çykandygy we asmanyň dörändigi baradaky hyýaly düşünjelere göz ýetirer. Olaryň gaty hala öwrülmek, asmanyň, ýeriň aýlanmagy, jennetiň hem jähennemiň döreýşi, şuňa meňzeş zatlar baradaky sözleri asmanyň we ýeriň ahwallaryny düşündirýär. Ýöne olaryň hiç birinde gutarnykly heläk bolmak barada hiç zat aýdylmaýar.

Eger bu iki akyldar pelsepeçi we olaryň ýollarynda ýöränler bolmadyk bolsalardy, onda Allatagala akyldarlaryň hem pikir ýöredýän adamlaryň köpüsini halas bolmaklyga getirmezdi. Çünki bu iki pelsepeçi ýaradylmak baradaky meseläni anyk we ynandyryjy deliller bilen düşündirdiler. Olar zadyň zatdan başlangyç alyp gaýtmaýandygyny beýan etdiler. Çünki haýsydyr bir zatdan emele gelen hemme zat ir-u giç

hökman çüýreýär. Dünýä ýoklukdan döredildi we ol ýokluga dolanyp barar. Olaryň kitaplary şuňa meňzeş subutnamadyr delillerden doly. Olaryň köpüsi ylahyýet meselelerine we tebigatyň esaslaryna degişlidir.

Eger biz beýik mertebeli Ýaradyjynyň älemi ýöredýändigi baradaky beýan edilen bu kanuny mümkingadar we paýhasly sözler bilen düşündiren ýoldan ýöremedik bolsadyk, onda adamlar bulam-bujarlyga düşerdiler. Älemiň hiç bir bölejigi, hat-da ol nohudyň bölejigi ýaly bölejik hem bolsa, Beýik mertebeli Ýaradyjynyň üns merkezinden sypmaýar. Ol älemiň her bir bölegini özüniň ýardamy bilen gurşap alýar. Biz bölejikleriň her zerresiniň we älemiň her bir ahwalynyň durnukly we kämil ýagdaýda goýlandygyny beýan edipdik. Munuň delilleri agzalaryň peýdalaryny düşündirýän anatomiýa kitaplarynda we tebigatyň meselelerini beýan edýän beýleki kitaplarda bar. Beýle meseläniň her biri kämillik we paýhaslylyk bilen çözgüdi tapmagy başarýan kişä tabşyrylýar. Ol fizikanyň bölümlerinden başlap, subutnamalara, syýasy we dini meselelere geçýär.

Subutnamalar bilen baglanyşykly meseleler wyždany päk we dürs garaýyşly adamlara; syýasy meseleler paýhasly adamlara; şerigat meseleleri bolsa ruhy ylhamy bar adamlara tabşyrylýar. Bu meseleleriň has umumysy şerigat meseleleridir. Çünki onda berilýän meseleleriň çözgütleri ynsan akylynyň aň ýetiriş ukybynyň çäginden daşdadyr. Beýle meseleler tabşyrylan adamlar olary hyýalyna getirip

bilmeýändikleri üçin ýazgarylmaga sezewar däldirler. Ilkinji Ýaradyjyny maddy älemiň we wagtyň içinde hereket edýän zat hökmünde hyýallaryna getirmeýärler. Olar Ondan ajaýyp we mynasyp zadyň bardygyny aňlaryna ornaşdyryp bilmeýärler. Eger olar beýle düşünjä mejbur edilseler, onda olaryň azaşmaklary we bulam-bujarlyga düşmekleri has çuňlaşýar. Çünki olaryň düşünjeleri päk we dürsdür. Soňra olar akyllary bilen Onuň maddy zat däldigine we Onuň işleriniň hereketiň daşyndagyna aň ýetirip bilerler. Ýöne olar Onuň mekansyz zatdygyny hyýallaryna getirip bilmezler. Eger beýle düşünjä mejbur edilseler, onda olar hötjetlik ederler, beýle düşünjeden ýüz döndererler we özlerinkiden başga bir düşünjäni kabul etmezler. Sada adamlar haýsydyr bir zadyň hiç zatdan döreýändigine we haýsydyr bir zadyň hiç zada öwrülýändigine hem düşünip bilmeýärler. Şonuň üçin olar bilen hyýallaryna getirip biläýjek, aň ýetirip başaraýjak we düşünäýjek zatlary barada söhbet etmek gerek. Çünki beýle ýagdaý öz ýerinde dürs we ynandyryjydyr. Hakyky subutnamalar usuly iki akyldar, Eflatun bilen Arastu tarapyndan esaslandyrylan taglymatdan we pelsepeçileriň ýörelgesi bolan ýoldan gözbaş alýar.

Has ynandyryjy, dürs, ajaýyp we peýdaly usul – şerigatyň wekillerinden gözbaş alýan usuldyr. Olar hiç zatdan ýaradylmak baradaky düşünjäni wahy[1] we

[1] اَلوَحِى Al-wehi – Taňrynyň iberýän gizlin habarlary.

ylham berilmek bilen çalyşdylar. Ýöne bu usuly ulanýanlara Taňrynyň birliginiň delillerini açyklamak we beýle delillere aň ýetirmek mahsus däldir. Olar diňe ýaradylmagyň bolup geçendigi barada sözleýärler. Iki akyldaryň sözleriniň manysy gysgaça şunuň ýalydyr. Bu iki pelsepeçiniň we olaryň yzlaryna eýerenleriň sözlerini bozuk hasaplamak adalatly däldir. Çünki olaryň garaýyşlary ynançlary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Sebäplere Eflatuna degişli edilýän şekiller we manylar[1] baradaky sözler hem girýär. Aýdylşyna görä, Eflatun olary tassyklaýar, Arastu bolsa inkär edýär. Hakykatdan hem Eflatun köp garaýyşlarynda Ýaradanyň älemindäki barlyklaryň kesgitli däl şekilleriniň bardygyny we olaryň «Ýaradanyň manylary»[2] diýip atlandyrylýandygyny nygtaýar. Olar ýitip gitmeýärler, ýok bolmaýarlar we baky galýarlar. Beýleki bir barlyklar bolsa ýitip gidýär we ýok bolýarlar. Olar baky däldir. Arastu «Ylahyýet» kitabynyň harplar bilen belgilenen bölümlerinde Ýaradanyň äleminde şekilleriň we manylaryň bardygyny, olaryň üýtgemeýändiklerini tassyklaýanlary ýazgarýar. Ol munuň nähili gabahatlyga eltýändigini beýan edýär. Beýle ýagdaýdan ol ýerde çyzyklaryň, üstleriň we çäkleriň bolmalydygy, soňra çäkleriň we töwerekleriň hereketleriniň bolmalydygy, soňra astronomiýa, saz,

---

1 اَلمـُثـُلُ Al-musul – manylar, ideýalar.

2 اَلمـُثـُلُ الاِلـَهـِيـَّة Al-musul al-ilähiýýa – Taňrynyň manylary, Taňrynyň ideýalary.

sazlaşykly hem sazlaşyksyz nagmalar baradaky, tebipçilik, geometriýa, göni hem egri aralyklar baradaky, sowuk hem gyzgyn jisimler baradaky, gowşak hem güýçli mukdarlar baradaky, umumylyk hem hususylyklar baradaky, maddalar baradaky şeýle-de şekiller baradaky ylymlar we beýleki ylymlar gelip çykýar. Dillerden çykýan şunuň ýaly we beýleki ygtybarsyz sözler hakynda söhbet etmek olaryň meşhurlygy sebäpli ýerlikli däl. Biz olar barada bu ýerde hem söz açmakdan saklanýarys. Çünki beýle ýagdaýlarda adatça şunuň ýaly edýäris. Beýle meseleleri biz olar barada soran adamlara giňişleýin we açyk düşündirdik. Bu risalanyň maksady – hakykaty gözleýjiniň ýolundan azaşmaz we iki pelsepeçiniň sözleriniň hakyky manylaryna düşüner ýaly usulda beýan etmekden ybaratdyr. Bolmasa, ol düşnüksiz adalgalara bulaşyp, dürs ýoldan azaşar.

Biz Arastuwyň Taňrynyň gudraty baradaky «Giriş» ady bilen rowaçlyk tapan kitabynda ruhy şekillere kesgitleme berýändigini we olaryň Taňrynyň äleminde bar zatlardygyny nygtaýandygyny tapýarys. Ýüzleý seredilende, biz bu sözleriň üç dürli mana eýedigini görýäris: 1. Olar biri-birine gapma-garşy gelýärler; 2. Olaryň bir bölegi Arastuwa degişli, beýleki bölegi bolsa oňa degişli däl; 3. Olaryň çuňňur manylary we düşündirilişleri deň gelse hem, ýüzleý manylary deň gelmeýär. Birinji many barada aýdylanda, onda onuň sözleri biri-birine gapma-garşy däl we olar biri-biri bilen ylalaşýar. Çünki Arastu özüniň kämil ylmy we

synçylygy bilen beýle düşünjeleriň, ýagny ruhy şekilleriň ähmiýetine düşünmändir we onuň bir ylymda, ýagny ylahyýet ylmynda biri-birine gapma-garşy gelýär diýip oýlamak dürs däl. Ikinji many, ýagny sözleriň bir bölegi Arastuwa degişli, beýleki bölegi bolsa oňa degişli däl diýip oýlamak hem bolup biljek zat däl. Çünki beýle düşünjeleri beýan edýän kitaplar örän meşhur. Bu sebäpden ol sözleriň käbiri oňa degişli däl diýip oýlamak maksadalaýyk gelmeýär. Bu ýerde diňe üçünji manydaky şübhäni we bulaşyklygy aradan aýyrmak üçin manylary hem düşündirişleri açyklamak galýar. Biz beýik mertebeli Ýaradyjynyň ýeke-täk barlykdygyny, asyllylykda, artykmaç gowulykda we beýiklikde Özünden başga zatlara gönümel manyda hem, gytaklaýyn manyda meňzemeýändigini we deň gelmeýändigini tassyklaýarys. Şeýle hem bolsa Ony adaty düşünjeleri ulanmak bilen beýan etmek mümkin däl. Çünki Onuň sypatlaryny beýan etmek üçin ulanylýan her bir düşünjede biziň adaty düşünjelerimizden daşdaky many ýatyr. Eger: «Ol iň asylly we iň beýik» diýip aýtsak, onda biz Onuň barlygynyň Özünden pesdäki başga zatlaryň barlygyna asla meňzeş däldigine düşünýäris. Eger: «Ol diri» diýip aýtsak, onda biz Onuň diriliginiň Özünden pesdäki ähli diri zatlaryň diriligine asla meňzemeýändigine iň bir asylly manyda düşünýäris.

Onuň bu iki sypatyndan başga sypatlary barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Bu manynyň nähili beýik mana eýe bolmagyna garamazdan, ylahyýet

pelsepesiniň alymy Eflatun bilen Arastuwyň we olaryň taglymatyny dowam etdirijileriň aýdan sözlerine ýeňillik bilen aň ýetirýär.

Indi biz yzda gozgan meselämize gaýdyp geleliň. Eger biz: «Allatagala diridir. Ol bu älemi we ondaky zatlary ýaradyjydyr» diýip aýtsak, onda Onuň özüniň özüne ýaratmak islän şekili bolmaly. Onuň barlygy bakydygy sebäpli Ol özgermeli hem üýtgemeli bolmaz. Eger bar bolan zatlar diri we erkli Ýaradyjynyň islän şekilleri we şygarlary bolmaýan bolsa, onda ol nähili barlygy ýaratmak isledi? Ol zatlary ýaratmak islände haýsy nusga esaslandy? Eýse, sen Taňrynyň diri we erklidigi baradaky düşünjäni beýle sözler bilen inkär edýän kişä aýtmaly sözüdigini bilmeýärsiňmi? Oňa şeýle söz aýtmak gerek: «Ol barlygy ýaratmak islände maksatsyz, başly-barat hereket etmedi. Onuň maksady erkinden gelip çykýar». Bu sözüň tersine söz aýtmak bolsa nejislikdir.

Bu akyldarlaryň şekiller barada aýdan sözlerine: «Şekiller Taňrynyň äleminden daşgyn bir ýerde ýokdur» diýen manyda düşünmek gerek. Eger şunuň ýaly pikiri hyýala getirilse, onda şu äleme meňzeş tükeniksiz älemleriň bardygy baradaky düşünje peýda bolýar. Akyldar Arastu ylahyýet baradaky kitaplarynda köp älemler barada sözleýän adamlaryň nähili pikir netijelerine gelmelidigini beýan edýär. Müfessirler bolsa onuň sözlerini mümkingadar açyklyk bilen düşündirýärler.

Biziň ylahyýet baradaky köp agzan usulymyza örän peýdaly we bil baglap boljak usul hökmünde garamagymyz gerek. Ony unutmagyň zyýany köpdür. Şunuň bilen bir hatarda zerurlygyň tebigatyň tebigy barlyklara mahsus hemme zatlarynyň aýratynlyklary babatdan inçe, asylly, beýik düşünjeler üçin şertli, fizik we mantyk aňlatmalaryny ulanmaga mejbur edýändigini bilmegimiz zerur. Çünki olar üçin başga aňlatmalary oýlap tapmaly bolsa ýa-da ulanylýan sözlerden özge manyly sözleri düzmeli bolsa, onda olary diňe duýgynyň üsti bilen hyýala ornaşdyryp bolar. Bize we olara[1] päsgelçilik döredýän şeýle zerurlygyň barlygy sebäpli, biz diňe ulanyşda bar bolan sözleri ulanmak bilen çäklenýäris. Emma biz beýle sözler bilen aňladylan ylahyýet düşünjeleri göz öňüne ýa-da hyýala getirilişi ýaly däl-de, eýsem iň bir asylly sözüň mazmunydygyna düşünmelidiris.

Eflatunyň «Timeý» atly kitabynda ruh we akyl baradaky mesele hakyndaky sözler hem şeýledir. Ruhuň hem, akylyň hem başga älemlerden tapawutly bolan älemi bar. Bu iki älemiň[2] her biri beýlekisiniň üstünde, ýagny biri ýokarda, beýlekisi bolsa aşakda ýerleşýär. Onuň hemme sözleri şuňa meňzeş. Biziň aýdan sözümiziň manysyna aň ýetirmegimiz zerur. Ol akyl älemi, şeýle hem ruh älemi hökmünde diňe bu iki älemiň hereket edýän çäklerine düşünýär. Emma muňa

[1] Olar diýlip Eflatun bilen Arastuwyň arasynda gapma-garşy garaýyşlar bar diýip tassyklaýanlar göz öňünde tutulýar.

[2] Iki älem – ruh älemi we akyl älemi.

ol ikisiniň her birine beýik Ýaradyjynyň ýörite niýetlän mekany barlyk hökmünde düşünmeli däldir. Ýöne hemme barlyklar üçin bolşy ýaly, ol ikisiniň biriniň mekany beýikde, beýlekisiniň mekany bolsa pesdedir. Pelsepäniň öwrenjesi tejribeli pelsepeçileriň aýdýan zatlaryny inkär edýär. Eflatun «ýokary» we «pes» diýip üsti çäkli mekana däl-de, eýsem artykmaçlyk we asyllylyk manysynda düşünýär. Ol akyl älemine «ylym älemi», «nadanlyk älemi», gaýyp älem» diýilşi ýaly düşünmelidigini belleýär we her biriniň özüniň hereket edýän çäginiň bardygyny nygtaýar.

Eflatun şeýle hem ruhuň tebigata geçmegi,[1] akylyň bolsa ruha geçmegi barada söz açýar. Ol «akylyň geçmegi» diýip ruhuň duýgulara umumy şekilleri saklamak üçin ýardam bermegine düşünýär. Ruh şekilleri aýratynlykda kabul edýär. Hususy duýgulara umumy duýgularyň üsti bilen aň ýetirmek hem olary amala aşyrmak akyly özgermeýän we ýok bolup gitmeýän şekillere eltýär. Akylyň şeýle usul bilen ruha berýän ýardamy hem bu ýagdaýa degişlidir. Ol ruhuň tebigata geçmegine akyla berýän ýardamyna we gönükdirmesine düşünýär. Ruh beýle ýardamdan we gönükdirmeden peýdalanýar. Ruhuň mazmuny ine, şundadyr. Ruh beýle ýagdaýdan lezzet tapýar, kanagatlanýar we şuňa meňzeş başga hallara düşýär.

---

[1] إفَاضَة Ifaza – geçmek, emanasiýa.

Eflatun «ruhuň öz älemine dolanmagy» diýip onuň tussag ýerinden[1] düýbünden halas bolmagyna düşünýär. Ruh bu älemde bolan wagty özüniň wagtlaýyn mekany bolan tebigy göwräniň kömegine mätäç bolýar. Çünki ol hemişe rahatlygy küýseýär. Emma ol özüne mazmun taýdan meňzeş we amatly äleme dolanyp gelmek bilen ezýetli tussag ýerinden halas bolýar. Biziň öňde agzan ähli manylarymyzdan başga manylary ine, şu jähetden deňeşdirmegimiz gerek. Beýle inçe we beýnide bekemedik düşünjeleri akyldar Eflatunyň we onuň ýolundan ýöränleriň ulanan nukdaýnazarlaryndan daşgary beýan etmek mümkin däl. Akyldar Arastuwyň ruh baradaky kitaplarynda, şeýle hem Isgenderiň[2] we beýleki pelsepeçileriň beýan edişlerine görä, akyl ruhuň iň hormatly we iň kämil bölegidir. Akylyň üsti bilen ylahyýete we mertebesi belent Ýaradyja aň ýetirilýär. Şeýlelikde, mekanyna we sypatyna görä däl-de, eýsem asyllylyk, nepislik, päklik boýunça barlyklaryň arasynda Oňa iň ýakyn zat akyldyr. Oňa ýakynlyk jähetden akyldan soň ruh gelýär. Çünki ol akyl bilen tebigatyň arasynda araçy hökmünde durýar. Sebäbi onda tebigy duýgular bar. Ol bir tarapdan göýä akyl bilen birleşýär, akyl bolsa öz gezeginde beýik mertebeli Ýaradyjy bilen biziň ýokarda belläp geçen ýolumyz bilen birleşýär. Beýleki tarapdan

[1] Ruhuň tussag ýeri diýlende göwre göz öňünde tutulýar.
[2] Bu ýerde II-III asyrlarda ýaşan Isgender Afrodiziý göz öňünde tutulýar.

bolsa ol tebigat bilen birleşýär. Tebigat mekany boýunça däl-de, eýsem bu jähtden ruhdan soň gelýär.

Eflatunyň beýan etmesi kyn, seniň bilmegiň zerur garaýyşlaryňa, ine şeýle düşünmegiň gerek. Şeýle düşünilen ýagdaýda Eflatunyň we Arastuwyň arasynda bu jähetden gapma-garşy garaýyşlaryň bardygy baradaky pikirler we şek-şübheler öz-özünden aradan aýrylar. Eýse, sen Arastuwyň ruhuň, akylyň we beýik mertebeli Ýaradyjynyň gudratynyň ahwallaryny düşündirmek isläp, bu işe yhlasly ýapyşandygyny, bu jähetden köpsözli bolandygyny we hakykatyň syryny deňeşdirme ýoly bilen düşündirjek bolandygyny bilmeýärsiňmi?

Ol özüniň «Giriş» ady bilen rowaçlyk tapan kitabynda şeýle aýdýar: «Men näçe gezek özümiň ruhum bilen ýekelikde galdym. Men her gezek göwre bilen aýrylyşanymda, maddasyz hem jisimsiz barlyga[1] öwrüldim. Özümiň mazmunyma aralaşdym we oňa öwrüldim. Özümden daşardaky ähli barlyklardan çykyp, şol bir wagtyň özünde ylym, aň ýetirýän we aň ýetirilýän zat boldum. Şonda özümiň mazmunymyň geň galaýmaly gözel we ajaýypdygyna göz ýetirdim. Şeýle hem men bu ajaýyp älemiň iň bir ownuk bölejigidigimi bildim. Durmuşa we döredijilige işjeň gatnaşdym. Bu zatlara aň ýetirdigimsaýy aňym bilen bu älemden ylahy äleme göterildim we özümi oňa

[1] جَوْهَرٌ مُجَرَّد وَ بِلا جِسْم Jewherun mujarrad bila jism – maddasyz hem jisimsiz göwre.

şärikli duýdum. Şeýle hala ýetişenimde, özümden diliň beýan etmäge, gulagyň eşitmäge ejiz bolan nuruň we ýalpyldynyň çykýandygyny gördüm. Beýle nur bilen gurşalanymda güýjüm aňyrçäge ýetdi. Men ony göterip bilmedim we manylar älemine düşdüm. Bu babatdan özüme dogan ýaly bolan Yraklytus[1] ýadyma düşdi. Ol maňa hormatly ruhuň hallarynyň esaslaryny akyl älemine göterilmek bilen gözlemegi buýurdy». Bu jähetden onuň aýdan uzyn sözleri bar. Ol beýle sözleriň üsti bilen şunuň ýaly inçelikleri düşündirek isledi. Ýöne onuň tebigy akyly muňa aň ýetirmäge böwet boldy.

Olaryň nygtan zatlarynyň az bölegi bilen hem bolsa tanyşmak islän kişiler (olaryň köp bölegine aň ýetirmek kyn we düşnüksizdir) bu beýana eýermän, eýsem biziň ýokarda agzan hala gowuşmaga ymtylmalydyr. Şonda olar belgiler hem tapmaçalar bilen aňladylan sözleriň manylarynyň haýsydyr bir bölegine aň ýetirerler. Ýöne ol adamlar beýle manylary ýoýmak jähetden artykmaç yhlas etdiler.

Iki akyldardan soň biziň günlerimize çenli dünýä gelen akyldarlar hakykaty aýan etmegi özlerine maksat tutmadylar we yhlas uýanlaryny janypkeşlik bilen kemçilikleri gözlemäge gönükdirdiler. Olar şunuň ýaly yhlas, ymtylmak we erjellik bilen hiç bir zady beýan etmegi we düşündirmegi başarmadylar.

---

[1] Yraklytus – gadymy ýunanlaryň örän güýçlülik bilen tapawutlanan mifik gahrymany Gerakl.

Biz özümiziň bu meselä erjel ýapyşmagymyz bilen onuň az mukdaryny özleşdirdik. Çünki meseläniň özi agyr we ondan netije çykarmak kyn.

«Iki akyldar Eflatun bilen Arastu işleriň muzdy berilmek, ýagny azap ýa-da sogap almak meselesini ölçermediler» diýip oýlaýanlar we beýle düşünjä ynanmaýanlar ol ikisine adalatsyz aýyp ýükleýärler.

Arastu sözlerinde tebigata görä muzd berilmelidigini belleýär. Muňa bir mysal getireliň: Isgenderiň adalatsyzlygy barada habar gelip gowşanda, ejesi muňa gynanypdyr we onuň kalbyna bu habaryň çynlygy hakynda şübhe aralaşypdyr. Arastu bu sebäpden Isgenderiň ejesine ýazan hatynda şeýle diýýär: «Allatagalanyň ýerde şaýatlary bardyr. Olar ylymly ruhlardyr. Ruhlar beýik Isgenderiň özünden öňküleriň hemmesinden adyllyga mynasybrakdygyna şaýatdyrlar. Onuň şöhratly işleri Gündogaryň hem Günbataryň dürli taraplarynda mälimdir. Ýaradyjy Isgendere beren zadyny hiç kime bermedi. Çünki ol Ýaradanyň hormatlap, saýlan adamsydyr. Ol Ýaradanyň saýlantgy adamlarynyň biridir. Saýlantgy adamlarda bolsa, Ýaradanyň goýan alamatlary bolýar.

Isgender özünden öňki adamlaryň we döwürdeşleriniň iň meşhurydyr we Ýaradanyň goýan alamatlarynyň eýesidir. Onuň şöhraty hemmeleriňkiden beýikdir. Ol dirilikde iň asylly we ölümden soň iň päk adamdyr. Eý, Isgenderiň enesi! Eger Isgendere haýpyň gelýän bolsa, onda sen onuň bilen özüňi tapawutlandyrýan işi etme we ýagşylaryň

topary bilen birleşmäge böwet bolýan zady özüňe alma! Gowusy, sen özüňi oňa ýakynlaşdyrmakda tutanýerli bol! Goý, bu işiň başy Zuýusyň[1] heýkeliniň öňünde päk ýürek bilen gurban bermek bolsun!» Arastuwyň aýdan bu sözleri onuň işleriň muzdunyň beriljekdigine ynanandygyna güwä geçýär.

Eflatun barada aýdylanda, onda ol «Syýasat» atly kitabynyň ahyrynda merhumlaryň direljekdigi, mizan terezisiniň guruljakdygy, adyl höküm ediljekdigi, günä üçin azap, ýagşy iş üçin bolsa sogap beriljekdigi baradaky sözleri ýerleşdiripdir.

Kim biziň bu iki pelsepeçi alym barada aýdan sözlerimiziň üstünde oýlansa we bozuk ynançlara, nädürs garaýyşlara eýermese, onda ol bu hormata iňňän mynasyp adamlara aýyp ýüklemez we olaryň aýyp ýüklemäge laýyk adamlar däldigine düşüner. Şunuň bilen iki akyldar Eflatun bilen Arastuwyň garaýyşlarynyň umumydygyny düşündirmek üçin ýazan bu beýanymyzy tamamlaýarys.

Allatagala hakyky taryplar bolsun! Onuň ýagşy bendesi we ilçisi Muhammede, şeýle hem onuň asylly neberesine alkyşlar bolsun!

---

[1] Zuýus – Zews, gadymy ýunanlaryň iň uly hudaýy. Onuň heýkeli köplenç elinde ýyldyrym tutup duran hökmünde şekillendirilipdir.

# IKINJI MAKALA

# RAÝaT SYÝaSATY

## Rehimdar we Mähriban Taňrynyň ady bilen!

Abu Nasr şeýle aýdýar: Jisimler özleriniň jisim bolup durmaklarynda esaslara we tötänliklere baglydyr. Esaslaryň alty sany görnüşi bar. Olaryň her biri alty sany derejäni[1] öz içine alýar: Ilkinji sebäp birinji derejedir; ikinji sebäpler ikinji derejedir; işjeň akyl üçünji derejedir; ruh dördünji derejedir; şekil bäşinji derejedir; madda altynjy derejedir. Birinji derejedäki zat köplükde bolup bilmeýär we diňe ýekelikde, aýratynlykda bolýar. Özge derejeler özlerinde köplügi saklaýarlar. Derejeleriň üçüsi jisimlerde, beýleki üçüsi bolsa jisimlerde däldir. Olar: Ilkinji sebäp, ikinji sebäpler we işjeň akyl. Beýleki üç dereje jisimlerde ýerleşseler hem, özleri jisimler däldir. Olar: ruh, şekil we madda.

[1] مَرْتَبَة Mertebe – dereje. Köplükde مَرَاتِبُ Meratib – derejeler.

Jisimler alty sany jynsa bölünýär: 1. Asman jisimleri; 2. Aňly jandarlar; 3. Aňsyz jandarlar; 4. Ösümlikler; 5. Magdanlar; 6. Dört başlangyç jisim.[1] Bu alty jisimiň hemmesi bilelikde älemi emele getirýär.

Ilkinji sebäbiň (barlygyň) Allatagaladygyna ynanmagymyz gerek. Ol ikinji sebäpleriň we işjeň akylyň barlygyna iň ýakyn sebäpdir.

Ikinji sebäpler asman jisimleriniň barlygyna sebäpdir. Asman jisimlerinden olaryň esaslary ýüze çykýar. Ikinji sebäpleriň her birinden asman jisimleriniň biriniň barlygy ýüze çykýar. Ýokary derejeli ikinji sebäplerden birinji asmanyň barlygy, pes derejeli ikinji sebäplerden bolsa Aý ýüze çykýar. Bu iki derejäniň arasynda ýerleşen her bir sebäpleriň her birinden aralyk sebäpler döreýär. Ikinji sebäpleriň sany asman jisimleriniň sanyna deňdir. Ikinji sebäplere ruhlar, perişdeler we şulara meňzeş zat degişli edilýär.

Işjeň akylyň işi aňly jandaryň (ynsanyň) aladasyny etmäge we oňa kämil derejäni, ýagny aňyrbaş bagtyýarlygy gazanmaga mümkinçilik döretmekden ybaratdyr. Beýle bagtyýarlyga ynsan maddy däl jisim bolsun, maddy jisim bolsun, tötänlik bolsun, özünden pes zatlara mätäç däl halynda işjeň akyl arkaly gowuşýar.

[1] اَلأُسْطُقُسَاتُ Al-ustuksat – dört başlangyç jisim (element), ýagny suw, howa, ot we toprak göz öňünde tutulýar.

Işjeň akylyň mazmuny birdir. Onuň laýyk derejesi aňly jandary jisimden halas etmekden we bagtyýarlygy gazanmakdan ybaratdyr. Işjeň akyly «wepaly ruh», «mukaddes ruh» we şulara meňzeş atlar bilen, onuň derejesini bolsa «perişdeleriň mekany» diýen at bilen atlandyrmagymyz gerek.

Ruhuň derejesinde bolan esaslar köpdür. Olar: asman jisimleriniň ruhlary, aňly jandarlaryň ruhlary we aňsyz jandarlaryň ruhlary. Aňly jandara aňly güýç, ymtylyjy güýç, hyýal ediji güýç we duýujy güýç mahsusdyr. Aňly güýjüň üsti bilen ynsan ylymlary hem sungatlary özleşdirýär we işlerdäki hem ahlaklardaky ýaramazlyklardyr gowulyklary biri-birinden tapawutlandyrýar. Onuň kömegi bilen ol näme etmelidigini, näme etmeli däldigini oýlap görýär we peýdaly hem peýdasyz, ýakymly hem ýakymsyz zatlara aň ýetirýär.

Aňly güýç nazary we amaly diýen iki topara bölünýär. Amaly aňly güýç bolsa öz gezeginde hünär bilen baglanyşykly güýç we akyl bilen baglanyşykly güýç bolup biler.

Nazary güýjüň üsti bilen ynsan özüniň düýbünden edip bilmejek zadyna, amaly güýjüň üsti bilen bolsa ol öz erkiniň islegine görä edip biljek zadyna aň ýetirýär.

Kär bilen baglanyşykly güýjüň üsti bilen ynsan kärleri we sungatlary öwrenýär. Akyl bilen baglanyşykly güýjüň üsti bilen bolsa ol pikir ýöredýär we näme etmeli, näme etmeli däldigi barada oýlanýar. Ymtylyjy güýjüň üsti bilen onda ymtylmaly hem ymtylmaly däl zadyň arasynda, gowy görmeli we

ýigrenmeli zadyň arasynda, oňlamaly hem saklanmaly zadyň arasynda göreş bolup geçýär. Şeýlelikde, ynsanda ýigrenç, söýgi, dostluk, gahar, ýagşylyk etmek, howpda bolmak, howpdan amanda bolmak, razy bolmak, rehimdarlyk, nebis islegi, mähribanlyk we beýleki ruhy – ahlak nusgalary döreýär.

Hyýal ediji güýjüň üsti bilen ynsan duýgularyň kabul edýän zatlarynyň daşky keşplerini ýatda saklaýar. Eger olary duýgular kabul etmese, onda olar umumylykda ýa-da bölekleýin huşa ýa-da düýşe berilýär. Beýle ýagdaýda ol keşpleriň käbiri çyn, beýleki biri bolsa ýalan bolýar. Şeýle hem bu güýjüň kömegi bilen ol işlerdäki hem ahlakdaky peýdaly hem zyýanly, ýakymly hem ýakymsyz, gowy hem erbet zatlary bilýär.

Duýgy barada aýdylanda, onda onuň işi düşnüklidir. Ynsan bäş sany duýgynyň[1] üsti bilen duýulýan zatlara aň ýetirýär, ýagny ýakymsyz hem ýakymly, peýdaly hem zyýanly, owadan hem gelşiksiz, oňat hem erbet zatlary bilýär.

Aňsyz jandarlar barada aýdylanda, onda olaryň käbirinde güýçleriň üçüsi bolup, olar aňly jandarlara mahsus bolan akyl bilen baglanyşykly güýçden mahrumdyr. Hyýal ediji güýç olarda akyl bilen baglanyşykly güýjüň ornuny tutýar. Duýujy we ymtylyjy güýçleri bolan aňsyz jandarlar hem bar.

---

[1] اَلخَمْسُ المَشَاعِر Al-hams al—meşa‘ir – bäş duýgy, ýagny ys biliş, tagam biliş, eşidiş, görüş we syzyş.

Asman jisimleriniň ruhlary ýeriň jisimleriniň ruhlaryndan görnüşleri boýunça hem, esaslary boýunça hem tapawutlanýar. Beýle tapawut sebäpli hem olar «asman jisimleri» diýlip atlandyrylýar. Olar aýlawly hereket edýär. Asman jisimleriniň ruhlary biziň töweregimizdäki jandarlaryň dürli görnüşleriniň ruhlaryna görä has beýik, has kämil we has ajaýyp barlyga degişlidir. Bu jandarlaryň ruhlary asman jisimleriniň ruhlary bilen deňeşdirilende has güýçsüzdir, wagt jähetden olardan has az ýaşaýarlar. Olaryň ruhlary başdan-aýak güýje we işjeňlige eýe bolmak bilen aň ýetiriş ukyplaryna görä hereket edýär. Biziň ruhlarymyz bolsa başda güýje, soňra işjeňlige eýe bolýar. Çünki olaryň başdan şekillere we zatlara aň ýetiriş ukyplary bolýar.

Asman jisimleriniň ruhlaryna duýujylyk we hyýal edijilik ukyby mahsus däldir. Olarda diňe aň ýetirijilik ukyby bar. Bu jähetden olarda aňly ruh bilen käbir meňzeşlik bar. Asman jisimleriniň ruhlarynyň aň ýetirýän zatlary jisimden mahrum bolan esaslardyr. Ol ruhlaryň her biri ilkinji sebäbe we özüniň mazmunyna aň ýetirýär. Ikinji sebäpleriň hem özlerine mahsus esaslary bardyr.

Asman jisimleri ynsanyň maddy zatlardan galapyn aň ýetirýän zatlaryna aň ýetirip bilmeýärler. Olar öz esaslary bilen örän ýokary goýlandyklary sebäpli özlerinden pesde ýerleşen zatlara aň ýetirmeýärler.

Ilkinji sebäp öz-özüne aň ýetirýär. Çünki Onuň mazmuny barlyklaryň hemmesini Özünde saklaýar.

Diýmek, Ol Özüne aň ýetirmek bilen galan zatlaryň baryna aň ýetirýär. Sebäbi galan zatlaryň bar bolmaklary Onuň bar bolmagyndan gözbaş alýar. Ikinji barlyklaryň hemmesi Ilkinji sebäbe aň ýetirýärler.

Işjeň akyl ilkinji sebäbe, ikinji sebäplere, şeýle hem öz-özünden aň ýetirilmeýän zatlara aň ýetirýär.

Öz-özünden aň ýetirilmeýän zatlar jisimden mahrum we düýbünden maddy däldir. Olara mazmunlaryna görä aň ýetirilýär. Çünki olaryň mazmunlaryna aň ýetirilýär we olar hem aň ýetirýär. Aň ýetirýändigi sebäpli olara aň ýetirilýär. Olarda aň ýetirilýän aň ýetirijä deňdir. Galan aň ýetirilýän zatlar beýle däldir. Meselem, daşlara we ösümliklere aň ýetirilse hem, olaryň özleri aň ýetiriji zatlar däldir. Jisim bolan zat jisimde ýerleşýär we ol mazmuny boýunça aň ýetiriji zat däldir. Olaryň hiç biri işjeň akyl däldir. Işjeň akyl olary aň ýetirilýän zada öwürýär. Olaryň käbiri akyly işjeň ýagdaýa salýar. Akyl olary tebigatyň beren aýratynlyklaryndan has ýokary derejä göterýär. Akyl bilen baglanyşykly güýjüň üsti bilen adam ynsan bolýar. Akyl özüniň mazmuny boýunça akyl bilen baglanyşykly güýç däldir. Başga zatlar işjeň akylyň üsti bilen akyl bilen baglanyşykly güýçdür. Diýmek, işjeň akyl birinji orunda durýar, aň ýetirýär we jisimden mahrum zada deňelýär. Ol özüniň işjeň akyl bolan mazmunyna aň ýetirýär. Netijede, onda aň ýetirilýän zat aň ýetirijä deňdir. Aň ýetiriji mazmun aň ýetirilýäne öwrülýär. Bu sebäpden onda aň ýetiriji, aň ýetirilýän şol bir zatdyr. Ol işjeň akylyň derejesine

gowuşýar. Bu derejä ýetişmek ynsan üçin bagtyýarlykdyr.

Işjeň akylyň ynsana gatnaşygy günüň göze bolan gatnaşygy ýalydyr. Günden çykan ýagtylygynyň üsti bilen göz görüş ukybyna eýe bolýar. Günüň ýagtylygy gelip ýetýänçä, ol güýjüň kömegi bilen görýär. Bu ýagtylygynyň üsti bilen Gün öz-özüni görýär we işjeň görmegiň sebäbi bolýar. Şol ýagtynyň kömegi bilen göz hem işjeň hala geçýär. Ol öň güýjüň kömegi bilen görýärdi. Ýagty gelip ýetenden soň göz işjeň görüji bolýar.

Edil şunuň ýaly işjeň akyl ynsana onuň akyl bilen baglanyşykly güýjünde yz galdyran haýsydyr bir zady, ýagtynyň göze gatnaşygynda bolşy ýaly, habar berýär. Bu zadyň üsti bilen aň ýetirilýän zat güýç bilen baglanyşykda işjeň aň ýetirilýäne öwrülýär. Şol güýjüň kömegi bilen ynsanyň güýç bilen baglanyşykly akyly has işjeň we has kämil hala düşýär, işjeň akylyň derejesine ýakynlaşýar. Şeýlelikde, ol mazmuny boýunça akyla öwrülýär. Ol mundan öň beýle akyl däldi. Ol öň maddy akyl bolan bolsa hem, indi ylahy akyla öwrüldi. Işjeň akylyň işi hem şundan ybaratdyr. Şonuň üçin hem ol «işjeň» diýlip atlandyrylýar.

Şekil jisimiň mazmunynyň esaslarynda bardyr. Meselem, oturgyjyň daşky şe-kili oturgyçda, maddasy bolsa oturgyç ýasalan agaçdadyr. Şekil jisimiň mazmunyny işjeň edýän zatdyr. Ol oturgyjyň mysalynda oturgyç, güýje bolan gatnaşykda bolsa agaçdyr.

Işjeň hala geçende bolsa ol oturgyja öwrülýär we ol agaç beýle ýagdaýda oturgyjyň daşky şekilini alýar.

Şeýlelikde, şekil madda arkaly barlykdyr. Madda bolsa şekiliň esasynda goýlan zatdyr. Şekil öz-özünden barlyk bolmaýar. Ol özüniň barlyk bolmagy üçin esasynda goýlan zada mätäçdir. Şekilleriň esaslarynda goýlan zat bolsa maddadyr. Madda diňe şekil üçin barlykdyr. Maddanyň ilkinji maksady şekiliň barlygydyr. Şekilleriň diňe esaslarda goýlan zatlar sebäpli bar bolýandygy üçin madda şekiliň esasynda goýlan zatdyr. Şonuň üçin şekil ýok bolsa maddanyň barlygy mümkin däldir. Tebigy zatlaryň arasynda düýbünden şekilsiz zat ýokdur. Çünki ilkinji madda haýsydyr bir şekilden boş däldir. Şeýlelikde, madda şekiliň esasynda goýlan zat hökmünde başlangyç we sebäpdir. Ýöne maddanyň özi hereket ediji sebäp hem, maksat hem däldir. Şeýle hem ol şekilsiz hiç hili barlyga eýe däldir. Madda hem, şekil hem «tebigat» diýlip atlandyrylýar. Emma şekil beýle atlandyrylmaga has laýykdyr. Munuň bir mysaly göz bolup biler. Göz mazmundyr. Gözüň jisimi maddadyr, görüş ukyby bolsa onuň şekilidir. Göz maddasy bilen şekili birleşende işjeňdir. Beýleki tebigy zatlar barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir.

Ruhlar kämillige ýetýänçäler we öz işlerini edýänçäler zatlaryň keşplerini kabul etmäge ukyplydyr. Meselem, gözde görmezden öň görülýän zatlaryň keşpleri peýda bolýar. Hyýal ediji güýç onda aň ýetirilýän zatlaryň keşpleri peýda bolmazyndan öň

ýüze çykýar. Bu zatlaryň hemmesi şekillerdir. Olarda işjeň şekiller, ýagny duýujy güýçdäki duýulýan zatlaryň keşpleri we aň bilen baglanyşykly güýçdäki aň ýetirilýän zatlaryň keşpleri peýda bolsa hem olar maddanyň şekillerinden tapawutlanýar. Öňki şekillerden dörän beýleki şekiller madda meňzeş bolsalar hem, olar diňe meňzeşligi sebäpli şeýle atlandyrylýar. Akyl bilen baglanyşykly güýçden alynýan aň ýetirilýän zatlaryň şekilleri maddanyň şekilinden azatdyr. Ol maddadan düýbünden mahrum diýen ýalydyr. Olarda şekiliň we maddanyň barlygy bilen meňzeşlik azdyr.

Eger güýç bilen baglanyşykly akyl işjeň akyla meňzeş bolsa, onda ol şekil hem, şekile meňzeş hem däldir. Emma alymlaryň käbiri hemme jisimden mahrum mazmunlary hem atlarynyň umumylygy sebäpli «şekiller» diýip atlandyrýarlar. Olar şekilleri jisimden mahrum şekillere we jisime mätäç şekillere bölýärler. Biz bu ýagdaý barada öňde aýdyp geçdik. Beýle toparlara bölmek olaryň atlarynyň umumylygy bilen baglanyşyklydyr.

Madda mätäç şekilleriň dürli derejeleri bardyr. Iň pes derejede dört başlangyjyň şekilleri durýar. Sanlary dört bolandygy sebäpli olar dört sany maddada bolýar we şol bir görnüşe degişli edilýär. Başga başlangyçlar barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Beýleki şekiller başlangyçlaryň gatyşmagyndan we birleşmeginden emele gelýär. Olaryň biri beýik derejede, beýlekisi bolsa pes derejededir. Meselem, magdanlaryň şekilleri başlangyçlaryň şekillerine görä has beýik

derejededir. Ösümlikleriň şekilleri özleriniň örän dürlüdiklerine garamazdan, magdanlaryň şekillerine görä has beýik derejededir. Aňsyz jandarlaryň şekilleri özleriniň örän dürlüdiklerine garamazdan, ösümlikleriň şekillerine görä has beýik derejededir. Aňly jandarlaryň şekilleri aňsyz jandarlaryň şekillerine görä has beýik derejededir. Şekil bilen ilkinji maddanyň barlygy başlangyçlara görä az kämilleşendir. Çünki şekil hem, madda hem biri-birine mätäçdir.

Şekiliň barlygy diňe madda üçindir. Maddanyň barlygy bolsa özüniň esaslaryna görä tebigatda diňe şekil üçindir. Maddanyň mazmuny şekili saklamaga gönükdirilendir. Şekil ýok bolsa, onda madda hem bolmazdy. Bu sebäpden maddanyň barlygy şekilsiz mümkin däldir.

Tebigy zatlaryň barlygynyň hiç biri diňe özi üçin däldir. Bu ýerden madda ýok bolsa, şekil hem bolmazdy. Şekil özüniň barlygy üçin esasda goýlan belli bir zada mätäçdir.

Şekil bilen maddanyň her biriniň özüne mahsus kämillik we kämil dällik häsiýetlidir. Şekil sebäpli maddanyň barlygy kämil häsiýete, ýagny işjeňlige, madda sebäpli bolsa şekiliň barlygy kämil dällige, ýagny güýje eýedir. Şekiliň barlygy tebigaty boýunça madda üçin niýetlenen-de bolsa, madda üçin däldir. Munuň tersine, maddanyň barlygy şekil üçindir, ýagny şekiliň barlygy maddanyň oňa daýanmagy üçindir.

Bu jähtden şekil maddadan artyk derejelidir. Madda bolsa özüniň bar bolmagy üçin esasda goýlan

zada mätäç däldigi jähetden artyk derejelidir. Şekil bolsa esasda goýlan zada mätäçdir.

Maddada gapma-garşylyk hem, ýoklugyna gapma-garşy zat hem ýokdur. Şekilde gapma-garşylyk hem, ýoklugyna gapma-garşy zat hem bardyr. Gapma-garşylygyň we ýoklugyna garşy zadyň barlygy sebäpli şekil hemişe bar bolup bilmeýär. Bu jähetden şekiller tötänliklere meňzeşdir. Çünki şekiller hem, tötänlikler hem barlyklary üçin esaslarynda goýlan zatlara mätäçdirler. Tötänlikler esaslarynda goýlan zatlaryň özleri üçin we ol zatlaryň tötänlikleri ýaýratmak üçin däldikleri bilen şekillerden tapawutlanýarlar. Şekilleriň esaslarynda goýulan zatlar, ýagny maddalar barada aýdylanda bolsa, onda maddalar şekilleri ýaýratmak üçin niýetlenendir. Şeýle hem maddalar gapma-garşy şekilleriň esaslarynda goýlan zatlardyr. Olar ýokluga sebäpdir. Madda bir şekilden başga şekile dynuwsyz geçýär. Hiç bir şekil özüniň gapma-garşylygyndan artyk däldir. Alnan şekiller özleriniň gapma-garşylyklaryna deňdir.

Maddy däl mazmunlar maddalara mahsus kämil dällikden mahrumdyr. Olaryň her biri esasda goýlan zat üçin hem, madda üçin hem, başga zat üçin hem, başga zadyň guraly hökmünde hem, başga zada hyzmat etmek üçin hem bar bolmaýar. Beýle mazmunlaryň özüniň geljekki hereketi üçin özlerini başga zada ýaýradyp biljek goşmaça barlyga ýa-da başga barlygyň özlerine täsir etmegine mätäç däldir. Olarda gapma-garşylyk we ýokluk bolmaýar.

Şeýlelikde, maddy däl mazmunlar madda we şekile garanyňda mazmuna has laýykdyr.

Ikinji sebäpler we işjeň akyl Ilkinji sebäpden pesde ýerleşýär. Olara bir görnüşde kämillik, başga görnüşde bolsa kämil dällik mahsusdyr. Olaryň mazmunlary (esaslary) başga mazmundan alynýar, barlyklary bolsa başga barlyklaryň yzyndan gelýär. Olaryň mazmunlary özlerine ýeterlik däldir. Olar bu sebäpden başga mazmundan alynmaýan kämillige ýetişmeýär. Olaryň barlygy özlerinden has kämil başga barlykdan gözbaş alýar. Beýle kämil dällik ilkinji barlykdan başga hemme barlyklar üçin umumydyr.

Ikinji sebäpler hem, işjeň akyl hem özlerine berlen ajaýyplyga, bezege, şatlyga, lezzete, gözellige öz mazmunlaryna aň ýetirmek bilen çäklenmeýärler. Mundan başga olara özlerinden has kämil we has ajaýyp başga mazmuna aň ýetirmek gerekli bolýar. Şonuň üçin olaryň her biriniň mazmuny köplük manysyndadyr, ýagny olar haýsydyr bir zada aň ýetirmek bilen şol zada öwrülýär we özlerine mahsus mazmunlary saklaýarlar. Olaryň mazmunlarynyň artykmaçlygy diňe köplügiň üsti bilen gazanylýar. Emma mazmunlara bölünmek sebäpli bu ýerde köplük zatlaryň barlygynyň kämil däldigidir. Olara zatlaryň esasy, gözelligi we bezegi bolup hyzmat etmek tebigydyr. Beýle ýagdaý olaryň barlyk boýunça özlerinden pesdäki mazmunlara aň ýetirýändikleri üçin däl-de, eýsem, olaryň her biriniň barlyklaryň birine başlangyç bolup durýandygy sebäplidir. Özi hem bu

ýagdaýda olar hiç zat bilen birleşmeýär we olarda hiç zat eremeýär. Olardan haýsydyr bir zat dörän ýagdaýynda, olar gurala ýa-da başga bir zada däl-de, eýsem, öz mazmunlaryna mätäç bolýar.

Asman jisimleriniň ruhlary barada aýdylanda, onda olar şekile we madda mahsus kämil dälliklerden azatdyrlar. Bu jähtden olarda şekillere bolan meňzeşlik bar. Ýöne olaryň esasynda goýlan zatlar maddy zatlar däldir. Olaryň her biriniň esaslarynda goýlan zatlar bolýar. Hut şu aýratynlyk bilen olar şekillerden tapawutlanýarlar. Asman jisimleriniň ruhlaryna ikinji sebäplere mahsus kämil dällikleriň hemmesi häsiýetlidir. Ýöne bu ruhlar olardan beter kämil däldir. Bu aýratynlyk sebäpli olar köplükden hem köp mazmunlara bölünýär. Bu ruhlaryň üsti bilen ikinji sebäpler hem mazmunlara bölünýär we özlerine aň ýetirmek bilen gözelleşýär we eşrete eýe bolýarlar.

Mundan başga hem olaryň barlygyndan başga barlyklar döreýär. Beýle barlyklaryň özlerinden döremekleri üçin olar gurala we beýleki zatlara mätäç bolmaýar. Olara iki ýagdaýdan başga ýagdaýda özlerinden başga barlyklar mätäç däldir. Biz bu iki ýagdaýyň birinjisi hökmünde olaryň barlygyna, ikinjisi hökmünde bolsa barlygyň başga zada geçirilmegine düşünýäris.

Ikinji sebäpler iki ýagdaýda ajaýyplyga we gözellige eýe bolýan hem bolsalar, özleriniň mazmunlaryndan daşary bolan hemme zatlardan azatdyrlar. Çünki olar özlerinden pes bolan zatlara, ol

zatlaryň beýleki zatlara goşulman, öz-özlerinden oňýandyklaryna garamazdan, aň ýetirýärler.

Haýwanlaryň ruhlary duýýar we hyýal edýärler. Olarda duýulýan we hyýal edilýän zatlaryň keşpleri gutarnykly şekilde emele gelýän hem bolsa, olar maddy däl zatlara meňzedilýär. Ýöne beýle meňzedilmek olaryň tebigatyny barlykdan, maddany bolsa şekiliň tebigatyndan mahrum etmeýär.

Eger ruhuň akyl bölegi kämilleşse we işjeň akyla öwrülse, onda ruh maddy däl zada meňzeş bolýar. Onuň barlygynyň kämilligi, işjeň haly, ajaýyplygy, bezegi we gözelligi onuň diňe özünden pes bolan zatlara aň ýetirmegi bilen we köplük sebäpli däl, eýsem onuň mazmunlara bölünmegi hem güýçli ösmegi sebäpli ýüze çykýar. Mundan başga ol ruhuň akyl bölegi özüniň beýleki böleklerinden aýrylmak bilen diňe özi bilen çäklenýär we başgalara goşulmaýar. Ol ymtylyjy we hyýal ediji duýujy güýçleriň kömegi bilen başga zatlaryň barlyklaryna paý berýär. Başgalaryň ondan paý almagy ruhuň barlygynyň has kämilleşmegine getirýär. Ol serişdeden (guraldan) mahrum bolanda, onuň başgalara täsir etmegi mümkin däldir. Çünki beýle ýagdaýda onuň mazmunyndan barlyk başgalara geçmeýär. Şonda ol hemişe özüniň barlygyny öz mazmunlarynda saklamak bilen

çäklenýär ýa-da hereket ediji sebäbe däl-de, maksada gönükdirilen sebäbe öwrülýär.[1]

Ilkinji barlyk barada aýdylanda, onda Ol düýbünden özbaşdakdyr. Ol hemme ýagdaýlarda kämil dälliklerden azatdyr. Onuň barlygyndan kämil we mynasyp barlyk bolup bilmez. Onuň barlygy özünden öň gelýän barlygyň dowamy bolup bilmez we başga barlyk bilen deň derejede deň bolup bilmez. Onuň barlygyna bagly bolmadyk we deň derejeli başga barlyk bolup bilmez. Ol Özüniň barlygyny Özünden öň gelýän başga zadyň barlygyndan alyp bilmez. Çünki Onuň Özünden kämilligi pes bolan barlykdan barlyk almagy asla mümkin däl. Bu sebäpden Ol özüniň mazmuny bilen beýleki barlyklardan düýbünden tapawutlanýar. Onuň barlygy birden köp bolup bilmez. Eger Onuň barlygy birden köp bolsa, barlygy birden köp zatlara meňzeş bolardy we olaryň arasynda düýbünden tapawut bolmazdy. Eger şeýle bolsa, onda Ol bu barlygyndan başga hili görnüşde barlyk we birleşmäniň hem aýyrylyşmanyň hasabyna döreýän barlyklaryň bir bölegi bolardy. Diýmek, Ol ilkinji bolmazdy, ondan başga Onuň öňünden gelýän başga barlyk bolardy. Onuň barlygynda beýle zatlar asla mümkin däldir. Çünki Ol Ilkinji barlykdyr. Ol kämil däl barlyk hem, köplük barlyk hem, ikilik barlyklar hem bolup bilmez.

---

[1] Bu ýerde Faraby Arastuwyň tebigy barlygyň dört sany maddy şekil bilen baglanyşykly maksada gönükdirilen we hereket ediji sebäpler baradaky düşünjesi hakynda söz açýar.

Eger Ondan başga bir Oňa meňzeş zadyň barlygy barada pikir ýöredilse, onda bu barlyk hem onuň barlygy ýaly bolup, Ondan garaşsyz we Onuň durýan derejesinde durmaly bolardy. Beýle ýagdaýda Onuň barlygy bu iki düşünjäni birleşdirýän barlykdan pesde durmaly bolardy. Diýmek, Onuň barlygy kämil bolmazdy. Çünki kämil zat öz mazmunyndan daşary bolup bilmeýär.

Bu sebäpden Onda gapma-garşylyklar düýbünden ýokdur. Çünki gapma-garşylyk bar bolsa, onda ol Onuň barlygy bilen deň derejede bolardy. Ýöne Ondan garaşsyz, Onuň bilen deň derejeli barlygyň bar bolmagy düýbünden mümkin däldir. Beýle barlyk bar bolan ýagdaýynda Onuň barlygy kämil däl barlyk bolardy. Gapma-garşylykly zatlaryň barlygy bolsa kämil däldir. Onuň barlygynyň kämilligi bolsa Özüniň gapma-garşylygynyň ýoklugy sebäplidir. Gapma-garşylykly zatlaryň barlygy diňe gapma-garşylygyň barlygy sebäplidir. Bu ýerden ol zat daşynda ýerleşen we özüniň mazmunyndan hem esaslaryndan çykýan zatlar sebäpli saklanýar. Bu iki gapma-garşylygyň her biri gapma-garşylyksyz öz mazmunyny saklamaga ýeterlik däldir. Beýle ýagdaýda Ilkinji barlygyň özüniň barlygynyň haýsydyr başga sebäbi bolmaly. Ol birdir, ýeke-täkdir, birlik sandadyr.

Şeýle hem Ol öz mazmuny boýunça böleklere bölünmeýär. Çünki hiç bir bölek Onuň bölegi däldir. Eger Ol bölünýän bolsa, onda ol bölekler Onuň sebäpleri bolardy. Munuň özi kesgitleýän zadyň

bölekleri bilen aňladylýan zatlaryň kesgitlenilýän zadyň barlygynyň sebäpleri boluşlaryna, maddanyň we şekiliň özlerinden döreýän zatlaryň sebäpleri bolşuna meňzärdi. Onuň üçin beýle ýagdaý mümkin däldir. Çünki Ol ilkinjidir. Eger Ol munuň ýaly usulda bölünmeýän bolsa, onda mukdar jähetden we başga görnüş bilen bölünýän bolmagy ähtimal. Bu jähetden Ol ýekedir. Şonuň üçin Onuň barlygy beýleki zatlaryň barlyklaryndan tapawutlanýar. Ol özüniň mazmunyndaky barlykdan başga hili bolup bilmez. Ony beýleki zatlardan tapawutlandyrýan zat Onuň mazmunyny düzýän birligidir. «Birlik» sözüniň birlik manysy bu aýratyn ähmiýetli barlyga gönükdirilýär. Şol söz bilen her bir barlyk beýleki barlykdan tapawutlanýar. Bu many jähtden islendik barlyk hakynda şeýle sözi aýtsa bolar: «Ol – birdir. Çünki Oňa diňe özüne mahsus barlyk häsiýetlidir». Bu «barlyk» sözüniň manylarynyň biridir. Ol «Ilkinji barlyk» diýen söz jähetden hem ýekedir. Ol «ýeke» sözüniň hakyky kesgitlemesine we manysyna mynasypdyr. Ol mazmuny boýunça akyldyr. Çünki Onda madda hem, şekil hem ýok. Madda bolsa zadyň akyl bolmagyna we işjeň aň ýetirmegine päsgelçilik berýär.

Ol şeýle hem aň ýetiriji jähetden aň ýetirilýän zatdyr. Çünki aň ýetirmegiň gelip çykýan zady aň ýetirilýän zatdyr. Ol başga zatlaryň mazmunlarynyň üsti bilen daşardan Özüne aň ýetirmäge mätäç däldir. Tersine, Onuň Özi Öz mazmunyna aň ýetirýär. Öz

mazmunyna aň ýetirýändigi sebäpli, Ol aň ýetiriji bolýar. Özüne aň ýetirýändigi sebäpli Onuň mazmuny aň ýetirilýän bolýar. Şeýle hem Ol akyl we aň ýetiriji bolmak üçin daşardan getirilen bir mazmuna mätäç däldir. Munuň tersine Ol Öz mazmunyna aň ýetirýändigi sebäpli akyl we aň ýetirijidir. Aň ýetirilýän mazmun aň ýetirýän mazmundyr. «Ol biliji» diýen söz jähetden hem ýagdaý şeýledir.

Bilmek üçin Oňa başga bir mazmunyň ylmynyň kömegi bilen Öz mazmunyndan daşarda artykmaçlyk gazanmagyň mätäçligi ýokdur. Ol bilinmek üçin hem şunuň bilen deň derejede başga mazmuna mätäç däldir. Tersine, bilmek üçin Oňa özüniň esaslary ýeterlikdir. Onuň ylmy özüniň mazmuny boýunça Onuň esaslarydyr. Şeýlelikde, Ol Özüniň mazmunyny bilmek jähetden bilijidir, ylymdyr, ýeke-täk mazmundyr we ýeke-täk esasdyr.

Şeýle sözi Onuň Parasatlydygy jähtden hem aýtsa bolar. Çünki parasat iň ýagşy zatlara örän ýagşy aň ýetirmekden ybaratdyr. Özüniň mazmunyna aň ýetirmäge we bilmäge ukyply zat ýagşy zatlara örän ýagşy aň ýetirýär. Sebäbi iň ýagşy ylym – ýitip gitmeýän, hemişe bolan, üýtgemeýän we iň kämil ylymdyr. Ol mazmunyndan daşardan gazanylan parasaty boýunça däl-de, eýsem Onuň Özi Öz mazmunyna aň ýetirmek bilen parasatly bolmaga ukyplydyr.

Hemme barlyklaryň ajaýyplygy we zynaty özüniň barlygyny ýagşy ýöretmeklige we barlygyny

tamamlamaga gönükdirilendir. Ilkinji barlygyň barlygy kämildigi sebäpli Onuň gözelligi her bir gözellik eýesiniň gözelliginden artykmaçdyr. Onuň derejesi, zynaty we ajaýyplygy barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Bu zatlaryň hemmesi Onuň mazmunynda we esaslarynda, ýagny Onuň Özünde bardyr. Ol Özüniň mazmunyna görä pikirlenýär. Çünki lezzet, kanagatlanmak, şatlyk we täsin galmak iň gözel hem iň ajaýyp zada aň ýetirmegiň üsti bilen döreýär we gutarnykly hala ýetýär. Ilkinji barlyk iň gözel, iň ajaýyp, iň zynatly bolandygy sebäpli, Onuň Öz mazmunyna aň ýetirmegi iň kämildir. Onuň ylmy iň ýagşy ylymdyr. Ilkinji barlygyň duýýan lezzeti biziň aň ýetirip bilmejek lezzetimizdir. Biz diňe oňa meňzedilýän zatlary bilýäris. Biziň alýan lezzetimiz ol lezzetiň ýanynda iň az mukdardaky lezzetdir. Biz iň kämil we iň ajaýyp zatlara duýgularyň, hyýal etmeleriň ýa-da akylyň üsti bilen aň ýetirýäris.

Beýle ýagdaýda biz güýji boýunça islendik lezzetden artyk bolan lezzeti başdan geçirýän ýaly bolýarys we bu ýagdaý babatdan özümizi çakdanaşa bagtyýar hasaplaýarys.

Ilkinji barlygyň aň ýetirmegi we iň ýagşy, iň ajaýyp zady gazanmagy, şatlanmagy, lezzet almagy bilen biziň aň ýetirmegimiziň we iň ýagşy, iň ajaýyp zady gazanmagymyzyň, şatlanmagymyzyň, lezzet almagymyzyň aratapawudyny deňeşdirer ýaly däldir. Onuň ylmy bilen biziň ylmymyzy deňeşdirmek barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Eger beýle zatlary deňeşdirmek

mümkin bolsa, onda onuň ölçegi iň bir az mukdarda bolar.

Diýmek, biziň lezzetimizi, şatlygymyzy, kanagatlanmagymyzy Ilkinji barlygyň duýýan beýle duýgulary bilen asla deňeşdirer ýaly däldir. Eýse, iň bir ownuk bölejik bilen wagt babatda çäksiz bolan zady we iň kämil zat bilen düýbünden kämil zady nähili deňeşdirip bolar?!

Ilkinji barlygyň öz-özüňden kanagatlanmagy, şatlygy, lezzet almagy uly boldugyça we özüni gowy görmegi güýçli boldugyça, özüne täsin galmagy hem şonça uludyr. Çünki Ilkinji barlyk zerurlyk sebäpli özüni gowy görýär we öz mazmunyna haýran galýar. Birinji sebäbiň söýgüsi bilen biziň öz artykmaçlygymyzdan lezzet alýan söýgümiziň gatnaşygy Onuň mazmunynyň ajaýyplygy we kämilligi bilen biziň öz-özümize täsin galýan kämilligimiziň gatnaşygy ýalydyr. Ilkinji sebäp aşyk hem magşukdyr, täsin galýan hem täsin galdyrýan barlykdyr. Ol ilkinji aşyk we ilkinji magşukdyr.

Ilkinji barlygyň öz erkine görä bardygy sebäpli tebigy zatlaryň barlygynyň usuly ynsanyň erkine bagly däldigini bilmegimiz zerurdyr. Olaryň käbiriniň barlygy duýgy bilen, başga biriniň barlygy bolsa subutnama bilen bilinýär.

Ilkinji barlykdan gönümel gözbaş alýan zadyň barlygy başga bir zadyň barlygy üçindir. Hemme zatlaryň barlygy Ilkinji barlygyň barlygyndan gelýändigine garamazdan, beýle zatlaryň barlygy hiç

bir halda Onuň barlygynyň sebäbi hem maksady bolup bilmeýär, Oňa haýsydyr bir kämilligi berip bilmeýär. Beýle ýagdaý biziň işimiz sebäpli peýda bolýan zatlaryň köpüsinde bolup biler.

Biz özümiziň işimiz sebäpli şeýle zatlaryň köp peýda bolmagyna meýillidiris. Ol zatlar biziň bar bolmagymyzyň maksadydyr. Bu zatlaryň köpüsi bizi öň özümizde ýok bolan kämillige alyp barýar.

Ilkinji barlyk barada aýdylanda bolsa, onda Onuň barlygynyň maksady başga zatlaryň bar bolmagy däldir. Bolmasa, başga zatlar Onuň barlygynyň sebäpleri bolardy. Beýle ýagdaýda Onuň barlygy Oňa degişli sebäbe görä başga hili bolardy. Ol özüne mahsus kämillikden başga hiç hili kämillige eýe däldir. Onuň mazmuny pul ýa-da başga zat berip, öwezine lezzet, hormat, kanagatlanmak, artykmaçlyk alýan kişiniň kämilligi ýa-da başga nygmatlary ýaly däldir. Öň ýok bolan nygmatyň ýa-da barlygyň başga bir zadyň sebäbi hökmünde bar bolmagy Ilkinji barlykda mümkin däldir. Çünki beýle ýagdaý Onuň ilkinjiligini bozardy, Onuň öňünden gelýän barlygy we Onuň barlygynyň sebäbini dörederdi. Ol bolsa öz-özünden bar bolýan barlykdyr.

Başga mazmunlar Onuň mazmunyndan gelip çykýar. Bu sebäpden olar Onuň bilen baglanyşykda bolýar. Başga barlyklara Onuň barlygynyň mazmunyna geçmek mahsusdyr. Başga barlyklar bu ýagdaý sebäpli mazmunlara bölünýär. Mazmunlara bölünýän barlyklar Ondan geçen mazmuna deňdir.

Ilkinji barlygyň barlygy birinji bölek mazmunlara bölüner ýaly, ikinji bölek bolsa başlangyç bolar ýaly iki bölege bölünmeýär. Şeýle hem Ilkinji barlyga Özünden mazmunyň başga barlyga geçmegi üçin bize hem beýleki köp barlyklara gerekli bolşy ýaly, Öz mazmunyndan we esaslaryndan başga hiç bir zat gerekli bolmaýar.

Onuň başga barlyklara geçýän mazmuny ol barlykdan kämil däldir. Ol barlygyň üsti bilen Ol mazmunlara bölünýär.

Başga barlyga başlangyç berýän barlyk Oňa we beýleki mazmunlara bolan gatnaşykda wagt jähtden indiki barlyk bolmaýar.

Ilkinji barlygy atlandyrmaly atlar bizi gurşap alýan barlyklaryň kämilligini we ajaýyplygyny aňladýan atlardyr. Ýöne bu atlaryň hiç biri Oňa we Onuň mazmunyna mahsus kämilligi aňlatmaýar.

Kämillikleriň görnüşleri örän köpdür. Olar köpsanly atlar bilen atlandyrylýar. Ony atlandyrylýan kämilligiň köpsanly görnüşleriniň bardygy sebäpli Onuň olara bölünýändigi barada pikirlenmeli däldir. Tersine, bu köpsanly atlar Onuň bölünmeýän ýeke-täk mazmuny we ýeke-täk barlygyna düşünmek üçin gerek.

Eger beýle atlaryň biri bilen biziň töweregimizdäki zatlaryň birini atlandyrmaly bolsa (meselem Onuň mazmunyndan daşardaky kämilligi we ýagşy ahlagy), onda ol at Ilkinji barlyga görä gatnaşykda Onuň mazmunynyň ýagşylygyny we kämilligini aňladar

derejede ulanmalydyr. Meselem, «gözel» ady bilen dürli barlyklarda reňkiň, şekiliň we halyň kämilligi aňladylýar. Ýöne bu at bilen Onuň mazmuny aňladylmaýar.

Biziň daş-töweregimizi gurşap alýan zatlaryň ýagşylygyny we kämilligini aňladýan atlar şol zatlaryň mazmunlarynda beýleki zatlara görä nähili gatnaşykdadygyna garamazdan berilýän atlara (meselem, «bar bolujy», «ýeke-täk» we şulara meňzeş) we beýleki zatlar bilen gatnaşyga görä ol zatda bar bolup, berilýän atlara (meselem «adalatlylyk», «ajaýyplylyk») bölünýär. Biziň töwregimizde bar zatlara degişlilikde beýle atlar zadyň belli bir bölegininiň başga zadyň şonuň ýaly bölegine bolan gatnaşykdaky ýagşylygyny we kämilligini aňladýar. Ýagşylygyň we kämilligiň barlygy olaryň başga zada gatnaşygyň bardygy sebäplidir.

Beýle atlar Ilkinji barlykdan başlangyjy alýan başga zatlara gatnaşygy aňlatmak üçin ulanylanda gatnaşygy Onuň bu at bilen aňladylýan kämilliginiň bölegi edip bolmaz we kämillik bu gatnaşyk sebäpli bar bolýar diýip hasaplamak bolmaz. Adyň Onuň mazmunyny we kämilligini aňlatmagy zerur. Gatnaşyk bolsa bu kämillikden gelip çykýar we bu kämillige bagly bolýar. Beýle gatnaşyk Onuň mazmunyna we Ondaky kämillige görädir. Bu gatnaşyga hökmany gelip çykýan we Onuň ýokarda agzalan mazmunynyň hökmanylygyna mahsus kämillige bagly gatnaşyk hökmünde garamak gerek.

Atlaryň arasynda Ilkinji barlyga we beýleki zatlar üçin umumy atlar, Ilkinji barlykdan hemme beýleki zatlara degişli atlar we diňe käbir zatlara degişli atlar bar. Köpsanly atlar Ilkinji barlygyň we beýleki barlyklaryň arasyny açýar. Ilkinji barlyk we beýleki barlyklar üçin umumy atlaryň köpüsiniň ilki Onuň kämilligini, soňra beýleki zatlaryň kämilligini olaryň barlyk jähetden Ilkinji barlyga gatnaşygyna görä eýeleýän orunlary boýunça aňladýandygy düşnüklidir. Meselem, «bar bolujy», «ýeke-täk» diýen atlar bilen ilki beýleki zatlara mazmun berýändigi üçin Ony, soňra beýleki zatlary olaryň öz barlyklarynyň Ondan gelip çykýandygy we Ondan mazmun alýandygy üçin aňladylýar.

Ilkinji mazmunyny we barlygyny aňladýan köp atlar Ilkinji barlygyň barlygy bilen az ýa-da köp mukdarda meňzeşligi aňlatmak üçin ulanylýar. Beýle ýagdaýda Ilkinji barlyk ilki, beýleki barlyklar bolsa soňra atlanyrylmaly ýaly. Ýöne beýle atlar bilen Ony soň, beýleki zatlary öň atlandyrmak hem rowadyr. Çünki biziň Ilkinji barlyga berýän köp atlarymyz beýleki zatlardan alynýar. Şonuň üçin olar ilki atlandyrylýar. Hakykatda bolsa, olar özleriniň tebigatlary we barlyklary boýunça wagt jähtden Ondan soň gelýär. Öňde gelýän zat kämil däl bolup bilmeýär.

Bize mälim köp atlar kämilligi aňladýar. Biz beýle atlary olaryň hakyky kämilligi aňladýandygy üçin däl-de, eýsem umumy kämilligi aňladýandyny üçin

ulanýarys. Ýöne Ilkinji barlygyň kämilliginden artykmaç kämilligiň ýokdugy düşnüklidir.

Her sapar bar bolan zatlarda artykmaç kämilligiň barlygyna syn edenimizde, biz bu düşünjeden ugur alyp, beýle ada Onuň has mynasypdygyny bilýäris. Şonuň üçin biziň beýle atlar bilen ilki Ilkinji barlygy atlandyrmagymyz tebigydyr.

Soňra biz beýle atlar bilen olara mynasyp bolan zatlary Ilkinji barlyga gatnaşygyna görä atlandyrýarys. Meselem, «bar bolujy», «ýeke-täk» we beýleki atlar.

Atlaryň bir bölegi diňe kämillikleriň bir görnüşini aňladýar. Olaryň käbiri Ilkinji barlygyň mazmunyna bu görnüş üçin mümkingadar ajaýyp derejede, hyýal edip bolaýjak iň ýokary derejede we kämil dällige ýer galmaýan derejede mahsusdyr. Meselem, ylym, akyl we parasat barada aýdylanda ýagdaý şunuň ýalydyr. Beýle görnüş kämillige sözüň doly manysynda diňe şol görnüş kämilligi atlandyrmak has mahsus we has dürs-dür.

Eger kämillikleriň käbir görnüşlerine haýsydyr bir kämil dällik ýa-da bu görnüşe girýän hil üýtgemesi gelip goşulýan bolsa, onda görnüşleriň mazmunlary ýok bolýar. Beýle ýagdaýda oňa girýän görnüşler bu görnüşli kämillik bilen atlandyrylmaýar. Bu ýerden barlyklaryň üýtgeýän hillerine mahsus atlary Ilkinji barlyk üçin ulanmak düýbünden mümkin däldir.

Ilkinji barlykdan soň ikinji sebäpler we işjeň akyl gelýär. Ikinji sebäpler[1] özleriniň barlygy boýunça ikinji bolup durýar. Olaryň her biriniň mazmunlara bölünýän, diňe özlerine mahsus we özleri üçin laýyk sypaty bardyr. Olaryň mazmunlaryndan başga zatlaryň barlyklary gelip çykýar.

Ikinji sebäpleriň her biri özünden başga barlygyň gelip çykmagy üçin öz mazmunyndan başga hiç bir zada mätäç däldir. Olaryň hemmesi Ilkinji barlykdan barlyk alýar. Olaryň her biri Ilkinji barlyga we özüniň mazmunyna aň ýetirýär. Olaryň her biri üçin öz-özi bilen oňňut etmek ýeterlik däldir. Olaryň her biri diňe öz mazmunyna we Ilkinji barlygyň mazmunyna aň ýetirmek bilen oňňut edýär.

Olar Ilkinji barlygyň ajaýyplygyny öz mazmunlarynyň ajaýyplygyndan gowy görýärler. Olar öz mazmunlaryna aň ýetirmekden beter Ilkinji barlygyň mazmunyna aň ýetirmekden has uly lezzet tapýarlar. Ilkinji barlygyň mazmunyna aň ýetirmekden we özleriniň mazmunlaryna aň ýetirmekden kanagatlanmak barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Ikinji sebäpler Ilkinji barlygyň çäksiz ýagşylygyny özleriniň mazmunlarynyň ajaýyplygyndan beter

[1] Ikinji sebäplere asman jisimleri degişlidir. Faraby gadymy ýunan pelsepesinden ugur alyp, olary ýeriň jisimlerinden tapawutly hasaplaýar. Bu pelesepä görä ikinji sebäpler janlydyr we olar aýlawly hereket edýär. Olaryň hemmesine ruh we akyl mahsudyr. Ikinji sebäpleriň sany asman jisimleriniň sanyna deňdir. Farabynyň aýtmagyna görä biri-biriniň içine girýän dokuz sany asman çägi bar. Bir hereketsiz ýyldyzyň çäginiň aňyrsyndan başga hereketsiz ýyldyzyň çägi gelýär.

söýýärler. Bu ýerden olaryň ilki bilen Ilkinji barlygy, soňra özlerini, soňra özlerine degişli zatlary söýýändikleri gelip çykýar. Diýmek, Ilkinji barlyk hem özüne degişli zatlary söýýär. Ol Ilkinji söýüji we Ilkinji söýülýändir. Bu sebäpden ikinji sebäpler özlerine mahsus kämillik we kämil dälik derejeleri boýunça bölünýärler. Şeýlelikde, olaryň her birini Ilkinji barlyk üçin berilýän atlardan alynmalar bilen atlandyrmagymyz gerek.

Ikinji sebäpleriň her biri ilkibaşdan gutarnykly barlyga eýedir. Şonuň üçin geljekde ilkibaşdan özünde ýok zada ymtylar ýaly geljekde beriljek barlyk ýokdur. Bu sebäpli olar düýbünden hereketlenmeýär we hiç zada ymtylmaýarlar.

Olaryň her biriniň barlygyndan tä Aýyň soňky asman çägine çenli ýerleşen asman jisimleriniň barlyklary gelip çykýar.

Asman jisimleriniň her biriniň mazmuny iki zatdan: esasda goýlan zatdan we ruhdan düzülendir.

Olaryň ruhlarynyň her biri özlerine mahsus esasda bar bolýar. Şunuň bilen bir hatarda olar işjeň akyl bolup durýar. Çünki olar özleriniň mazmunlaryna, özlerinden gelip çykýan barlyklara we Ilkinji sebäbe aň ýetirýärler.

Asman jisimleriniň mazmunlary bar bolan zatlaryň derejelerini emele getirmek bilen köpsanly zatlara bölünýärler. Beýle ýagdaýda birinji nobatda emele gelýän zat akylyň derejeleridir. Akylyň derejelerine mazmunlara bölünmek üçin esasda goýlan zatlar

gereklidir. Bu jähtden asman jisimleriniň mazmunlary maddadan we şekilden düzülen mazmuna meňzeşdir. Ýöne olara özlerinden başga zadyň gelip çykmagy üçin özleriniň mazmunlary ýeterlik däldir. Eger mazmunlaryndan daşardaky beýleki barlyklardan täsir almasalar, başga zada täsir ýetirer ýaly kämillik we ýagşylyk olarda ýeterlik däldir. Beýle täsir we mazmunlaryndan daşardaky beýleki barlygyň mazmunlara bölünmeginiň täsiri sebäpli olar mazmunlara, ýagny mukdar, hil we beýleki düşünjelere bölünýär. Şonuň üçin her bir mazmun belli bir ölçege, şekile we beýleki hil düşünjelerine eýedir. Şunuň bilen bir hatarda mazmun düşünjeler bilen baglanyşyklydyr. Emma munuň netijesinde mazmunyň iň ajaýyp däldigi sebäpli, ol iň ajaýyp hala diňe onuň üçin kesgitlenen ýer iň ajaýyp bolan ýagdaýynda ýetýär. Bu ýerden jisimiň kesgitlenen ýeriniň bardygyna görä netije çykarmagymyz gerek.

Bu mazmunlaryň köpüsi özleriniň barlyklarynda ilki başdan kämillige eýedir. Diňe olaryň az sanlysy tebigatlary boýunça ilkibaşdan kämillige eýe bolmaýar, tersine ýuwaş-ýuwaşdan we geljekde kämillige eýe bolýar. Şonuň üçin olar kämilligi gazanmaga ymtylýarlar we hemişe hereketde bolmagyň üsti bilen oňa ýetýärler. Olar hemişe we dynuwsyz hereketdedir. Olar hereketlenmek bilen ýagşy barlyga ymtylýarlar.

Iň ýagşy ýa-da iň ýagşy barlyga ýakyn barlyklar kämillige ilkibaşda ýetýärler. Olara kesgitlenen ýer başga bir barlyga däl-de, eýsem diňe olaryň özlerine

degişlidir. Beýle barlyklaryň mazmunlarynyň gapma-garşylyklary ýokdur.

Asman jisimlerinden pesde ýerleşen zatlar barada aýdylanda bolsa, onda olaryň barlyklary has kämil dällige eýedir. Çünki olar ilkibaşdan gutarnykly mazmunlara bölünmek üçin gerekli bolan aýratynlyklaryň hemmesini almaýar. Tersine, olar işjeň däl, özlerinden daşardaky güýç bilen baglanyşykly mazmunlary alýar. Çünki olar diňe madda eýedir. Bu sebäpden olar özlerini mazmunlara bölýän şekillere ymtylýarlar. Ilkinji madda asmanyň astyndaky hemme mazmunlaryň güýçlerini özünde saklaýar. Olar güýç bilen baglanyşykly mazmunlar bolandyklary sebäpli işjeň barlyklary almak üçin hereket edýärler. Olar özleriniň ebedi galmaklary we durgunlyklary sebäpli daşdan güýç beriji, ýagny asman jisimi we işjeň akyl goşulmasa, onda öz-özlerinden kämillige ymtylyp bilmeýär. Asman jisimi we işjeň akyl bilelikde asmanyň astyndaky hemme zatlaryň barlyklaryny kämilleşdirýärler.

Asman jisimi özüniň mazmuny, tebigaty we işi boýunça zerurlyga görä, özünden ilki bilen ilkinji maddanyň gelip çykmagy üçin niýetlenendir. Diňe şundan soň ilkinji madda, soň hemme maddalar tebigatlaryna, mümkinçiliklerine we taýýarlyklaryna görä islendik şekili almaga ukyplydyr.

Işjeň akyl özüniň tebigaty we mazmuny boýunça asman jisiminiň asmanyň astyndaky hemme zatlara taýýarlan we beren zatlaryny we onuň (akylyň)

maddadan halas bolmak hem aýrylmak üçin beren zatlaryny derňemäge ukyplydyr. Bu maddadan aýrylmak we maddanyň bar bolmazlygy zatlary akyla has ýakyn bolan derejä eltýär. Munuň özi bolsa güýç bilen baglanyşykly bolan aň ýetirilýän mazmunlaryň işjeň mazmunlara öwrülendiklerini aňladýar. Beýle ýagdaýyň netijesinde öň güýç bilen baglanyşykly bolan aň ýetirilýän mazmunlar işjeň akyla öwrülýär. Muny diňe ynsan gazanyp bilýär. Beýle ýagdaý adamyň gazanyp biläýjek iň beýik bagtyýarlygy we iň ajaýyp kämilligidir. Kämil däl barlyk we barlygyny saklamak üçin başga zada mätäç barlyk asman jisiminde we işjeň akylda kämilleşýär.

Asman jisimleri köpsanlydyr. Olar Ýeriň töwereginde dürli görnüşdäki hereketler bilen hereketlenýärler. Olaryň hemmesine ýeke-täk bolan birinji gat asmanyň güýji mahsusdyr. Şeýle hem olaryň hemmesine birinji asmanyň hereketi mahsusdyr. Olar-da özleriniň hereketleri bilen biri-birinden tapawutlanýan başga güýçler hem bardyr. Olar üçin umumy güýç – ol asman jisiminiň sebäbidir. Ol güýçden hökmanylyk bilen asmanyň astyndaky zatlar üçin umumy bolan birinji maddanyň barlygy we birinji maddasynyň dürli şekilleri bilen tapawutlanýan zat gelip çykýar.

Asman jisimlerine biri-birine bolan gatnaşyklaryna görä dürli hallarda bolýandyklaryna we Ýere bolan gatnaşyklaryna baglylykda bir-de ýakynlaşmak, bir-de hem daşlaşmak, bir-de jemlenmek, bir-de hem aý-

rylyşmak, bir-de ýüze çykmak, bir-de hem ýitip gitmek, bir-de tizlenmek, bir-de hem haýallanmak mahsusdyr. Beýle gapma-garşylyklar olaryň mazmunlarynda däl-de, eýsem biri-birine we Ýere bolan gatnaşyklarynda şol bir ýerde ýa-da başga ýerde ýüze çykýar. Beýle gatnaşyklar mahsus bolan gapma-garşylyklarda ilkinji maddada bolan şekiller, asmanyň astyndaky jisimlerde bolsa tötänlikler we üýtgemeler döreýär. Bu ýagdaý bolsa ilkinji maddadaky we asmanyň astyndaky jisimlerdäki gapma-garşylyklaryň birinji sebäbidir.

Şeýlelikde, gapma-garşy zatlar maddada, gapma-garşy zatlarda ýa-da öz mazmunynda we esaslarynda gapma-garşylyklar ýok ýeke-täk zatlarda döreýär. Gapma-garşy zatlar madda sebäpli gapma-garşy hallarda we gatnaşyklarda bolýar. Asman jisimleri özleriniň mazmunlary boýunça gapma-garşylyklardan mahrum bolsalar hem, olaryň ilkinji madda bolan gatnaşyklary gapma-garşylyklydyr. Olar madda bolan gatnaşykda gapma-garşy haldadyr we barlyklaryna hökmany bolan gapma-garşy şekiller sebäpli barlygy mümkin bolan zatlar ýüze çykýar.[1]

Barlygy mümkin zatlar iň bir kämil däl barlyklary bolan zatlardyr. Olar barlykdan we ýoklukdan ýüze çykýar we bar bolmak bilen ýoklugyň arasynda durýarlar. Bu iki soňky derejedäki gapma-garşylyga

---

[1] Farabynyň bellemegine görä, zatlar barlygy hökmany bolan zatlara we barlygy mümkin bolan zatlara bölünýärler.

degişli bolan zatlary iki soňky derejäniň gapma-garşylygyna degişli etmek mümkin. Olar bar bolup hem, ýok bolup hem bilýär. Olar ýokluga gapma-garşy goýulýan we ýokluk bilen sazlaşýan barlyklardyr. Ýokluk – bar bolup biljek zadyň ýoklugydyr.. Mümkin zadyň barlygy we barlygyň mümkinligi – barlygyň bir tarapydyr. Barlyk mazmunyna girýän Ilkinji sebäp diňe bar bolup biljek zadyň barlygyna däl, eýsem bar bolup bilmejek zadyň barlygyna hem goşulýar. Netijede, barlygyň Onuň goşulmaýan hiç bir görnüşi galmaýar.

Mümkin zat özüniň tebigaty boýunça diňe bir barlyga eýe däldir. Ol haýsydyr bir zada eýe bolup hem, oňa eýe bolman hem, oňa gapma-garşy zada eýe bolup hem biler. Iki sany biri-birine gapma-garşy barlykdan düzülýän bu ýagdaý ýeke-täk ýagdaýdyr. Bu ýerde gapma-garşylyk – ýokluk, gapma-garşylyk ýa-da olaryň ikisiniň hem bilelikde bar bolmagy sebäplidir.

Beýle ýagdaýdan biri-birine gapma-garşy zatlaryň özara ylalaşyp bar bolýandyklary baradaky netijäniň hökmanylygy gelip çykýar. Bu biri-birine gapma-garşy zatlar üç ýagdaýyň birinde biri-biri bilen özara ylalaşyp, bar bolup bilýär: 1. Dürli wagtlarda; 2. Bir wagtda, ýöne dürli gatnaşyklarda; 3. Biri-birine gapma-garşy barlyklary bolan iki zatda. Bir zat iki sany biri-birine gapma-garşy barlyga iki ýagdaýda eýe bolup biler: dürli wagtlarda ýa-da dürli gatnaşyklarda. Gapma-garşy barlyklara şekilleriniň gapma-garşy bolmaklary şertlidir. Iki sany gapma-garşy barlygy bolan zat gapma-garşylyklaryň birine eýe bolmakda

madda daýanýar. Barlyk mahsus bolan zatlar madda sebäpli kämil däl halda, şekil sebäpli bolsa kämil halda bolýar. Netijede, onuň iki barlygy bardyr: haýsydyr başga zat bilen kämil hala getirilen barlyk we haýsydyr başga zat bilen kämil hala getirilmedik barlyk. Şonuň üçin ol zatlaryň barlygy madda sebäpli käte eýle, käte bolsa beýle, şekil sebäpli bolsa gapma-garşy hala geçmän, bir hili bolýar. Bu sebäpden zat şol bir wagtda hökmany iki barlyga: bir ýagdaýda maddanyň barlygyna, beýleki ýagdaýda bolsa şekiliň barlygyna eýedir.

Mümkin zadyň iki görnüşi bolýar: Birinji görnüş – haýsydyr bir zat bar hem ýok bolup biler, ol maddadyr. Ikinji görnüş – haýsydyr bir zat özüniň mazmunynda bar hem, ýok hem bolup biler, ol maddadan we şekilden düzülen zatdyr.

Barlygy mümkin zatlaryň derejeleri bolýar. Olardan iň pes derejede gapma-garşylyklaryň hiç birinde barlyklara eýe bolmadyklary ýerleşýär, ol ilkinji maddadyr. Ikinji derejede gapma-garşylyklar sebäpli ilkinji maddada bar bolan barlyklara eýe bolanlar ýerleşýär. Olar – başlangyç sebäplerdir. Olar haýsydyr bir şekillerde bar bolandyklary üçin şekilleriň üsti bilen başga gapma-garşylykly barlyklaryň bar bolmaklaryna mümkinçilik berýär. Netijede, olar başga şekiller üçin maddalardyr. Eger maddalar öz şekillerine eýe bolsa, onda olar hem öz şekilleriniň üsti bilen beýleki gapma-garşylykly şekilleri bolan gapma-garşy maddalaryň bar bolmaklaryna mümkinçilik berýär. Bu

maddalar öz gezeginde başga şekilleriň maddalary bolýar. Her gezek maddalar şekillerini alanlarynda, olaryň üsti bilen başga gapma-garşy maddalar bar bolmaga mümkinçilik gazanýarlar. Bular hem başga şekilleriň maddalaryna öwrülýär. Şeýle usul bilen beýle öwrülişik tä şekilleri bar bolan zatlar başga şekiller üçin maddalara öwrülmeýänçä dowam edýär. Bu zatlaryň şekilleri älem şekilleriniň mazmunydyr. Bu soňky barlyk mümkin zatlaryň iň beýik derejesidir. Ilkinji madda bolsa mümkin zatlaryň iň pes derejesidir.

Olaryň arasynda umumy bolan birleşdiriji zynjyryň barlyklarynyň hem derejeleri bardyr. Ilkinji madda ýakyn hemme barlyklar üýtgemeýän barlyklardyr. Şekilleri ilkinji maddanyň şekiline ýakyn hemme barlyklar iň beýik barlyklardyr. Ilkinji maddanyň barlygy beýleki zatlaryň bar bolmaklary üçindir. Oňa özi üçin bar bolmak düýbünden mahsus däldir. Bu ýerden onuň barlygy üçin başga zat bar bolmasa, onda onuň hem bar bolmajakdygy düşnüklidir. Bu sebäpden şekiller bolmasa, onda maddalar hem özbaşdak bar bolup bilmezler.

Bu ýerden ilkinji maddanyň haýsydyr bir maddadan hiç haçan özbaşdak bar bolup bilmeýändigi aýan bolýar. Şekilleri şekilleriň şekili bolup durýan barlyklar barada aýdylanda bolsa, onda olar hemişe özleri üçin bar bolýar. Olaryň şekilleri başga şekiller üçin bar bolup bilmeýär, Ýýagny olaryň üsti bilen haýsydyr bir zat mazmunlara bölünmeýär ýa-da başga zat üçin madda bolup bilmeýär.

Aralyk zynjyrda ýerleşen barlyklar özleri üçin hem, başga barlyklar üçin hem bar bolup bilýär. Olaryň her biri özüniň maddasy we şekili sebäpli hukuga hem artykmaçlyga eýedir. Beýle barlykda madda sebäpli bar bolan hukuk – onuň başga gapma-garşylykly barlyk bolup bilýänliginden ybaratdyr. Onda şekil sebäpli bar bolan hukuk – onuň özüne mahsus barlykda bolmagyndan we ýok bolup gitmezliginden ybaratdyr. Eger iki sany gapma-garşy artykmaçlyga bir barlykda orun bolsa, onda adalat olaryň her biriniň öz paýyny almagy talap edýär, ýagny ilki ol artykmaçlyklaryň biri birnäçe wagt bar bolmaly we soňundan ýok bolup gitmeli bolýar. Soňra birinji barlyga gapma-garşy bolan haýsydyr bir başga artykmaçlyk birnäçe wagt bar bolmaly we ol hem heläk bolmaly, ondan soň başga bir gapma-garşylykly artykmaçlyk ýüze çykmalydyr. Bu öwrülşik şeýle usul bilen ýene dowam edýär.

Bu gapma-garşylyklaryň her biriniň özüniň gapma-garşy şekilini kabul etmäge ukyply maddasy bolýar. Olaryň her birine başga bir zat üçin niýetlenen haýsydyr bir zat mahsusdyr. Başga bir zada bolsa onuň özi üçin niýetlenen haýsydyr bir başga zat mahsusdyr. Çünki olaryň ilkinji maddasy şol bir zatdyr.

Bu jähetden her bir zat beýleki islendik bir zada bolan gatnaşykda hemme zadyň hemme zada öwrülmek zerurlygyndan gelip çykýan hukuga eýedir. Adalat olaryň her birine mahsus zadyň beýleki barlykda hem bar bolmagyny we ýok bolmagyny talap edýär.

Barlygy mümkin zatlar özleriniň öz barlyklaryny saklamaga ymtylmak üçin ýeterlik däldir. Çünki olara ilkinji madda mahsusdyr. Barlyga eýe bolsalar hem, olar barlyklaryny özleri saklamaga ýeterlik däldirler. Şeýle hem gapma-garşy barlygyň paýyna eýe bolsalar hem, olar barlygy kämil hala ýetirmäge ymtylmak üçin ýeterlik däldir.

Bu ýerden olaryň her birini herekete getirýän we olary barlyga ymtyldyrýan özleriniň eýe bolan barlygyny saklaýan başga has laýyk sebäbiň bardygy hakyndaky netijäni çykarmagyň hökmanylygy ýüze çykýar. Balygy mümkin zatlary şekillerine tarap herekete getirýän, olardaky şekilleri saklaýan sebäp – asman jisimi we onuň bölekleridir.

Beýle ýagdaýy şeýle usul bilen pikirlenip görse bolar: ol ýa-ha haýsydyr bir zady kömekçisiz we özüniň şekiline gural ulanmazdan herekete getirýär; ýa-da ol maddany ikinji zatdaky şekile tarap hereketlenmäge mejbur edýär; ýa-da ol zada güýç berýär, ol zat bolsa başga zada güýç berýär. Bu güýjüň kömegi bilen ikinji zat maddany öz maddasynyň tebigatyna mahsus şekile tarap hereketlendirýär. Beýle ýagdaýda madda iki, üç we mundan köp zatlaryň kömegi bilen hereket edýär.

Şeýle usul bilen her bir zat özüniň barlygyny saklamak ukybyna eýedir. Ol öz barlygyny öz şekili bilen bilelikde bar bolan güýç bilen ýa-da özüniň daşyndaky başga jisimdäki şekiliň kömegi bilen saklaýar. Soňky ýagdaýda zatlaryň barlygy bu iş üçin

niýetlenilen başga jisimiň hasabyna saklanýar. Bu ikinji jisim onuň barlygyny saklamak üçin hyzmat edýär.

Beýle ýagdaý barlyga bir jisimiň hyzmat etmegi bilen ýa-da onuň barlygyny saklamaga taýýar bolan köp jisimiň hyzmat etmegi bilen amala aşyrylýar. Özi hem beýle ýagdaýda köp jisimler birleşýär. Ol güýç bolsa maddadan özlerine mahsus şekilleri bermek bilen özlerine meňzeş jisimleri emele getirýär. Eger hereket ediji sebäp şekilleri hereket ediji sebäbiň şekillerine gapma-garşy bolan madda täsir edýän bolsa, onda beýle ýagdaýda bu gapma-garşy şekilleri aradan aýyrmak üçin daşardan başga güýç gerek bolýar.

Başga güýç bilen hereket ediji sebäbiň arasynda özara gatnaşyk bolup biler. Olar beýle gatnaşygyň üsti bilen biri-birini aradan aýyrmaga ymtylýarlar. Munuň özi güýjüň gapma-garşy bolan güýje täsir edýändigini aňladýar. Gapma-garşy güýç bolsa ol güýji aradan aýyrmak isleýär. Şeýle täsiriň netijesinde beýleki güýç şekilden mahrum etmek bilen barlygy aradan aýyrýar. Bu güýç şekili birleşen zatda ýerleşip biler. Şeýle hem ol başga jisimiň mazmunynyň daşynda bar bolup biler. Bu jisim gural bolup biler ýa-da güýje maddanyň gapma-garşylygyny aradan aýyrmak üçin hyzmat edip biler. Meselem, alahöwren ýylan bilen baglanyşykly ýagdaý şeýledir. Bu görnüş jandar başlangyç sebäp üçin gural bolýar ýa-da başlangyç sebäplere başga haýwanlaryň başlangyç sebäplerini aradan aýyrmak üçin hyzmat edýär.

Maddadan dürli meňzeş görnüşli zatlary döredýän güýç barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Güýç bir jisime mahsus şekil bilen sazlaşyp biler. Şeýle hem ol oňa meňzeş başga jisimde onuň mazmunynyň daşynda ýerleşip biler. Erkek haýwana gural bolan döl barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Bu güýçler şeýle hem özlerinde beýle güýçler bar jisimlerdäki şekillerdir. Beýle zatlar başga zatlar üçin amala aşyrylýar, ýagny olar özleriniň tebigatlary boýunça başga zatlaryň gurallary bolmak üçin ýa-da olara hyzmat etmek üçin bar bolýar. Bir jisimdäki şekiller bilen birleşen gurallar, jisimleriň aýrylmaz gurallarydyr. Başga jisimlerde ýerleşen gurallar uzaklaşan gurallardyr.

Bu barlyklaryň her biri özüniň maddasyna we şekiline görä kesgitli hukuga eýedir.

Özüniň maddasynyň üsti bilen zat özünde barlygyň gapma-garşylygyny saklaýar. Şekiliniň üsti bilen bolsa ol zat özüniň mazmuny, başga mazmun ýa-da özüne daşardan berlen zat üçin bar bolmak hukugyna eýe bolýar. Ýagny haýsydyr bir zat onuň üçin bar bolup biler; ol bir görnüşde iki ýagdaýy birleşdirip biler; öz mazmuny üçin bar bolup biler; başga bir mazmun üçin bar bolup biler. Başga mazmun üçin onuň hukukygyna görä bar bolmaklyga eýe bolan zat – onuň maddasydyr, haýsydyr bir oňa hyzmat edýän zatdyr. Başga zat üçin döredilen zat – onuň maddasy, oňa hyzmat edýän haýsydyr bir guraldyr.

Başda asman jisimlerinden başlangyç sebäpler ýüze çykýar, soňra magdan žisimleri döreýär, soň

ösümlikler, soň aňsyz jandarlar, soň aňly jandarlar peýda bolýar. San ýetmeýän köpsanly güýçler sebäpli her bir görnüşiň şahslary[1] emele gelýär. Her görnüşe mahsus bu güýçler barlygy döretmek we aýratyn şahslaryň barlygyny saklamak üçin niýetlenilýär.

Mundan başga hem asman jisimleri dürli hereketleriň üsti bilen özara täsir edýärler we biri-birlerine özara täsir ýetirmäge päsgelçilik döredýärler. Olar bir gapma-garşylyga ýardam berýän bolsalar, beýleki gapma-garşylygyň tersine hereket edýärler, ýene şol bir wagtda başga bir gapma-garşylyga ýardam berýär. Meselem, howanyň gyzgynynyň galmagynda hem peselmeginde, sowugyň galmagynda hem peselmeginde hereket etmäge we hereketiň täsirini başdan geçirmäge mahsus zatlar gyzgynlyga we sowuklyga az ýa-da köp mukdarda eýedir.

Asman jisimlerinden pesde ýerleşen jisimler ilkinji madda we oňa ýakyn köp görnüşler bilen gatnaşykdadyr. Ol jisimleriň käbirleriniň şekilleri beýleki birleriniň şekillerine meňzeş, beýleki görnüşleriň şekilleri bolsa meňzeş däldir. Bu sebäpden olar biri-birine az ýa-da köp mukdarda ýardam berýär. Şeýle hem olar şekilleriniň meňzeşligine ýa-da meňzeş dälligine görä biri-birinden az, deň, köp mukdarda hereket edýärler. Meňzeş zatlara özara ýardam beriji hereket, meňzeş däl zatlara bolsa gapma-garşy hereket mahsusdyr. Çünki gapma-garşy zatlara garşylyklaýyn

---

[1] أَشْخَاصٌ Aşhas – şahslar, agzalar, indiwidler.

hereket häsiýetlidir. Olar barlygy mümkin zatlarda biri-biri bilen goşulyşýarlar. Beýle hereketleriň netijesinde köpsanly garyndylar alynýar. Olar özleriniň deňligine, sazlaşygyna we ölçegine görä birleşýär we bitişýär. Her bir barlyk özüne tebigatdan degişli barlygyň paýyny onuň maddasyna, şekiline ýa-da maddasyna bilelikdäki gatnaşygyna görä alýar. Özüne degişli barlygyň paýyny alýan zat onuň şekiline görä gatnaşykda bolýar. Ol onuň şekili özi üçin, başga barlyk üçin ýa-da özi üçin hem başga barlyk üçin bilelikde bar bolup bilýär.

Aňly jandar özüne degişli barlyk paýyny barlygyň şekilinden alýar. Aňly jandar başga barlyga, başga madda gural we başga zada hyzmat ediji barlyk däldir.

Aňly jandardan pesde ýerleşen her bir barlyk bilen özi üçin, ýa-da başga zat üçin ýa-da birden bu iki ýagdaý üçin ylalaşýar. Bu sebäpden ol özüniň mazmuny üçin ýa-da başga zadyň mazmuny üçin bardyr. Olaryň her biri tebigatdan bu iki paýy hem birden alýar.

Bu zatlaryň hemmesi deň mukdarda, köp mukdarda ýa-da az mukdarda ýüze çykýar.

Az mukdarda ýüze çykýan zat tebigatdaky hökmanylyga görä barlygy mümkin zatlara mahsusdyr. Munda hiç hili geň galar ýaly zat ýokdur. Şeýlelikde, beýle görnüşde barlygy mümkin zatlar ornaşýar. Olarda adalat ýöredilýär. Her bir barlygy mümkin zat barlykdan öz mertebesine görä paýyny alýar. Ýöne hereket edýän we goraýjy güýçler mahsus zatlarda bu

güýçler döränden soňra asman jisimi bu güýçlere olaryň döremegine päsgel beriji garşylyklaýyn hereket edip bilýär. Ol güýçler asman güýjüniň beýle hereketine päsgel berip we bir güýji beýleki güýjüň garşysyna ulanyp bilýär. Şeýle hem hereket ediji güýçler barlygy mümkin zatlar bilen dürli gatnaşykdadyr. Muňa beýle zatlarda ýüze çykýan gowşaklyk, özlerine gapma-garşy zatlaryň biriniň garşylyklaýyn hereket etmegi we gapma-garşy zatlaryň özleri ýaly zatlara ýardam bermegi sebäplidir. Olar hereket ediji sebäbiň päsgelçilik bermegi sebäpli öz mazmunlaryna aň ýetirýärler ýa-da aň ýetirmeýärler.

Asman jisimleri barada aýdylanda, onda olar başga zatlara täsir etmän hem bilýär. Beýle ýagdaýda özlerinden pesdäki barlyklaryň esaslarynda goýlan zatlaryna olardan täsir gelip ýetmeýär. Täsiriň ýetmezligi olaryň özlerine bagly gowşaklykdan ýüze çykýar. Şeýle hem barlyklaryň esaslarynda goýlan zatlaryň hereketi kabul etmäge päsgelçilik döretmegi barlyklary mümkin jisimleriň esaslarynda goýlan zatlar bolmaýan başga hereket ediji sebäbiň bardygy we öz-ara täsir sebäplidir. Bu sebäpden asman jisimleri esasda goýlan zatlara garşy hereket edýärler ýa-da olara ýardam berýärler. Şeýlelikde, asman jisimleri täsir ediji güýçleri bermek bilen olara garşy hereket edýär ýa-da ýardam berýär.

Eger olar barlygyň özlerinden bir zat döreýän halynda bolsa we olara mahsus emele gelmek mazmunlarynda päsgelçilige sezewar bolmasa, onda

olaryň barlygynyň bu ýagdaýy soňky kämillikdir. Meselem, görýän adamyň haly şeýledir.

Zadyň özünden päsgelçiliksiz başga bir zadyň döremek haly – onuň barlygynyň soňky kämilligidir. Meselem, gözli adamyň görýän haly şeýledir.

Zat özüniň soňky kämilliginde bolan wagty ondan haýsydyr bir hereket çykýar. Bu hereket ondan galmaýar we soň däl-de, eýsem şol wagt dessine bolup geçýär. Soňky kämillikdäki zadyň hereketi onuň mazmunyndan daşdan ýüze çykýan gapma-garşylyk sebäpli ondan galýar. Munuň özi diwaryň özünde saklaýan zatlaryny günüň şöhlesinden gizleýşine meňzeşdir. Zatlaryň maddadan mahrum bolmaklary özüniň mazmuny boýunça ilkibaşdan soňky kämilligiň halyndadyr. Olaryň hem, esasda goýlan zatlaryň hem gapma-garşylyklary bolmaýandygy sebäpli, olara hiç zat düýbünden päsgelçilik döretmeýär. Çünki olaryň hereketleri sazlaşyklydyr.

Barlyk özüne mahsus döretmek halyndan daşarda hem bolup biler. Beýle ýagdaýda ol özüniň birinji kämilligindedir. Ol soňky kämillige geçmek üçin herekete girmeli bolýar. Meselem, kätibiň ukudaky ýa-da dynç alýan wagty onuň birinji kämilligi, onuň ýazýan wagty bolsa soňky kämilligidir. Ol birinji kämilliginden soňky kämilligine geçmek üçin rahatlyk halyndan işjeň hala geçmelidir.

Barlygy mümkin jisimler käwagt ilkinji kämillikde, käwagt bolsa soňky kämillikde bolup bilýär. Çünki olaryň her biri gapma-garşylyklara eýedir. Gapma-

garşylyklar olaryň hereketlerini birden iki sebäp bilen ýa-da ol sebäpleriň biri bilen saklaýar. Meselem, kätip ukuda ýa-da başga işe meşgul bolandygy sebäpli ýazuw bilen baglanyşykly hereket etmeýär. Ýazuw bilen meşgullanmak bu wagt onuň aňyna gelmeýär ýa-da onuň bu işe meşgul bolmagyna daşdan bir zat päsgelçilik döredýär.

Barlygyň maksady soňky kämilligi gazanmakdan ybaratdyr. Zat özüniň ilkinji kämilliginde mejbury däl-de, eýsem tebigydyr. Soňra ol soňky kämillige garamaklyga geçip, onuň üçin haýsy zadyň serişde, haýsy zadyň bolsa ýardam beriji zat bolýandygyny düşündirýär. Meselem, haýwanlaryň ýadamak sebäpli uklamagy we dynç almagy herekete ukyby dikeldýär. Jisimleriň käbiri kämilligini gazanmakda özi özüne ýeterlik däldir. Ol munuň üçin mazmunyndan daşardan başga aň ýetirilýän ululyk, daşky şekil, gatylyk, ýumşaklyk, gyzgynlyk, sowuklyk ýaly zatlaryň ýardamyna mätäçdir.

Beýle jisimleriň köpsanly görnüşleri bolýar. Ol görnüşleriň her biri bölekleri we daşky şekileri kesgitli däl zatlary öz içine alýar. Dört başlangyç madda we magdanlar şeýledir.

Olaryň şekilleri hereket ediji sebäpleriň täsir ediş derejesine, şeýle hem özlerini gurşaýan zatlaryň şekilleriniň derejesine bagly bolýar. Olaryň mukdarlary kesgitli däldir. Ýöne olar mukdarlary boýunça tükeniksiz häsiýete eýedir. Olaryň bölekleri bir-de birleşýär, bir-de hem aýyrylyşýarlar. Olaryň arasynda,

eger biri-birine bir ýerde gabat gelseler birleşýänleri we biri-birine bir ýerde gabat gelseler, birleşmän, diňe galtaşýanlary hem bardyr. Olaryň birleşmekleri we aýyrylyşmaklary kesgitli ýagdaýda däl-de, eýsem hereket ediji güýjüň birleşmeginiň we aýyrylyşmagynyň ýüze çykarmagyna görä, tötänlikde bolup geçýär. Şonuň üçin her bir görnüşe degişli zatlaryň biri-birinden aýyrylyşmagy hökman däl. Beýle ýagdaý tötänlikde ýüze çykýar. Çünki olara kämillik mahsus. Beýle ýagdaýda barlygy mümkin zatlaryň ýüze çykmaklary deň mümkinçilige[1] eýedir.

Ösümlikler we haýwanlar barada aýdylanda bolsa, onda olaryň öz içine alýan görnüşleri özleriniň tebigatlary boýunça biri-birlerinden tapawutlydyr. Olaryň haýsydyr biriniň barlygyna diňe onuň özüne mahsuslyk we başga zada mahsus barlykdan tapawutlylyk häsiýetlidir. Şonuň üçin beýle görnüşler belli bir mukdarlara eýedir.

Olaryň her böleginiň belli bir mukdary, hili, ýagdaýy we tertibi bolýar. Barlygy mümkin zatlaryň görnüşleri, biziň öňde aýdyşymyz ýaly, barlygyň derejelerini emele getirýär. Özi hem barlygy mümkin zatlaryň pes derejelisiniň her bir görnüşiniň olaryň pes derejelisiniň her bir görnüşi üçin bar bolýar. Başlangyç maddalar olara öz bölekleriniň üsti bilen üç

[1] اَلاشْيَاءُ المُمْكِنَةُ عَلَى التَّسَاوِى Al-eşýa al-mümkinetu alat-tesawi – deň mümkinçilige görä ýüze çykýan zatlar.

görnüşinde: madda, hyzmat we gural görnüşinde kömek berýär.

Magdanlar hem beýleki zatlara kömek berýär. Ýöne olar her görnüşe kömegiň hemme görnüşini bermeýärler. Olardan biri madda görnüşinde, başgasy hyzmat görnüşinde we beýlekisi bolsa gural görnüşinde kömek alýar. Meselem, dag gözbaşlardan akýan suwuň peýda bolmagyna ýardam berýär. Ösümlikleriň görnüşleri hem aňsyz haýwanlara şunuň ýaly üç dürli görnüşde kömek berip bilýär. Şunuň ýaly üç dürli kömek görnüşinde aňsyz jandarlar aňly jandarlara ýardam berýär. Olaryň biri madda görnüşinde, başgasy hyzmat görnüşinde we beýlekisi gural görnüşinde kömek berýär.

Aňly jandarlar barada aýdylanda, onda barlygy mümkin zatlaryň arasynda özlerinden ajaýyp görnüşiň ýokdugy sebäpli beýleki zatlara olaryň özlerinden artyk hiç hili kömek bermeýär. Çünki olar akylyň üsti bilen özlerinden pesdäki haýsydyr bir zadyň ýa-da özlerinden beýikdäki zadyň maddasy däldir we özleriniň mazmunlaryndan daşardaky zadyň guraly däldir. Bu sebäpden olar başgalara asla hyzmat etmeýär.

Barlygy mümkin beýleki zatlaryň biri-birine tebigata däl-de, eýsem akyla esaslanan kömek barada aýdylanda, onda biz bu meseläni bu ýerde derňemekçi däl. Akyl sebäpli olar köp tebigy zatlara ýardam berýän hereketleri edýär we olaryň tötänliklerini özgerdýärler. Meselem, çeşmäni suw çykarmaga mejbur edýärler,

agaçlary oturdýarlar, ýere tohumlar sepýärler, mallary ösdürip ýetişdirýärler we şuňa meňzeş işleri edýärler.

Tebigy kömek barada aýdylanda, onda olaryň hiç birine başga görnüş tarapyndan hyzmat edilmeýär, diňe olaryň her biri öz görnüşine hyzmat edýär. Şeýle hem olaryň hiç biri öz görnüşinden başga görnüşe hyzmat etmek üçin ulanylmaýar. Olaryň hiç biri başga görnüşe gural görnüşinde hyzmat etmeýär. Has beýik derejeli görnüşleriň has pes derejeli barlygy bolan zatlara kömegi barada biz ýokarda aýdyp geçipdik. Aňly jandarlar görnüşi boýunça pes zatlara hyzmat etmeýärler we kömek bermeýärler. Beýle ýagdaý olaryň şekilleri sebäpli bolup geçýär. Görnüşleriň biri-birine kömegine hut şeýle düşünmegimiz gerek.

Aňsyz jandarlar özlerinden has az kämilleşen zatlaryň maddasy bolmaýar. Olaryň hiç biri öz şekili boýunça ösümligiň maddasy hökmünde orta çykyp bilmeýär. Ýöne munuň özi olara hyzmat etmäge we gural bolmaga päsgelçilik bermeýär. Käbir haýwanlar tebigatlary boýunça özlerinden daş zatlaryň başlangyçlarynyň bölünmegi arkaly başlangyç maddalar bolup bilýär. Meselem, alahöwren ýylanlar özleriniň tebigatlary boýunça haýwanlaryň beýleki görnüşlerine duşmandyrlar. Olar özleriniň zäherini dürli haýwanlara ýaýratmak bilen başlangyç maddalara hyzmat edýärler. Ösümlikleriň zäherleri barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Beýle zäherler degişlilik manysynda zäherdir. Bu görnüş iki sany zada hyzmat edýär. Ýyrtyjy haýwanlaryň ýylanlara meňzeş

däldigini bilmegimiz gerek. Emma ýylanlaryň zäheri olara dürli haýwanlaryň hasabyna iýmitini gowulandyrmaga hyzmat etmeýär. Çünki ýylanlaryň hemme görnüşi tebigatyna görä haýwanlara duşmandyr. Şonuň üçin olar haýwanlary ýok etmäge ymtylýarlar. Ýyrtyjylar beýleki haýwanlary dogabitdi duşmanlygy üçin däl-de, eýsem iýmit üçin iýýärler.

Magdanlar hem başlangyç maddalar däldirler. Olar gural hökmünde hyzmat edýär. Meselem, daglar suwuň ýüze çykmagyna ýardam berýär.

Haýwanlaryň we ösümlikleriň dürli görnüşleri olaryň jynslary birleşdirilende gerekli zatlary alyp boljak iki topara bölünýär. Birinji toparda görnüşler öz-özüne gerekli zady alýar we beýleki zatlardan aýrylýar. Beýle görnüşler has beýik kämillige biri-biri bilen birleşenlerinde ýetýärler. Ikinji toparda her bir görnüş biri-birinden aýrylyşandyklaryna garamazdan hemme zerur zatlary we artykmaçlygy gazanýar. Ýöne olar birleşseler hem beýle ýagdaýa ýetmekde biri-birine päsgelçilik bermeýärler. Şeýle hem olaryň arasynda birleşenlerinde zerur zady ýa-da işleriň artyk-maçlygyny gazanmakda biri-birine päsgelçilik berýänleri hem bar. Bu sebäpden hemişe hemme işlerinde biri-birinden aýra bolýanlary hem bar. Olar hatda çaga dogranlarynda hem ýeke bolýarlar. Meselem, beýle aýratynlyk, deňiz haýwanlarynyň köpüsinde bar. Özleriniň köp işlerinde aýrylyşmaýan haýwanlar hem bolýar. Olara garynjalar, arylar we

beýleki köp jandarlar hem girýär. Şeýle hem guşlar süri bolup iýmitlenýärler we süri bolup uçýarlar.

Ynsan – barlygyň adamlaryň toparlara birleşip bir ýerde ýaşamagy arkaly işlerindäki zerurlyklary gazanmagy we has kämil derejä ýetmegi başarýan görnüşine degişlidir.

Ynsan jemgyýeti uly, orta we kiçi jemgyýetlere bölünýär. Uly jemgyýet – köp halklaryň birleşen we biri-birine kömek berýän birleşmesidir. Orta jemgyýet – bir halkdyr. Kiçi jemgyýet – bir şäherdir.[1] Jemgyýetiň bu üç görnüşi bilelikde gutarnykly jemgyýeti emele getirýär. Şäher kämilligiň iň ýokary derejesinde ýerleşýär. Obalar, mähelleler, köçeler we öýler gutarnykly däl jemgyýetdir. Bularyň arasynda iň kämil däl jemgyýet – köçe jemgyýetiniň düzümi bolan öý jemgyýetidir. Köçe jemgyýeti mähelle jemgyýetiniň bölegi bolup durýar. Mähelle jemgyýeti şäher jemgyýetiniň bölegidir. Mähelle jemgyýeti we oba jemgyýeti şähere degişlidir. Bu iki jemgyýetiň arasyndaky tapawut – mähelläniň şäheriň bölegine, obanyň bolsa şähere hyzmat edýändiginden ybaratdyr. Şäher jemgyýeti haýsydyr bir halkyň bölegidir. Halk şäherlere bölünýär. Bir halk beýleki halkdan üç sany tebigy aýratynlyk bilen tapawutlanýar:
1. Tebigy ahlak; 2. Ahlagyň tebigy aýratynlyklary, 3. Aýratynlyk hem adamlaryň tebigy ahlagyna esaslanýar

[1] مَدِينَة Medine – şäher. Kitapda gürrüň syýasat barada gidende, «şäher» sözi «jemgyýet» manysynda gelýär.

we tebigy zatlara haýsydyr bir dahyllylygy bolýar. Ol dildir, ýagny pikirleri beýan etmegiň serişdesidir. Halklar uly we kiçi halklara bölünýär.

Halklaryň ýokarda agzalan alamatlar boýunça biri-birinden tapawutly bolmagynyň birinji tebigy sebäbi – birinji çäkdäki asman jisimleriniň böleklerine görä halklaryň tapawutly ýagdaýlarda bolmaklarydyr. Soňra beýle jähetden halklaryň biri-birinden tapawutly bolmaklarynyň sebäbi olaryň ýyldyzlara bolan gatnaşykdaky ýagdaýlarynyň tapawutly bolmagy bilen baglanyşyklydyr. Soň Ýeriň böleklerine ymtylýan çäkleriň tapawutly bolmagy, olaryň Ýere ýakynlaşmagy we uzaklaşmagy sebäp hökmünde bolup gelýär. Beýle ýagdaý Ýeriň halklar ýaşaýan bölekleriniň tapawudy bilen baglanyşyklydyr. Bu tapawut ilkinji nobatda Ýeriň bu bölekleriniň üstünde ýerleşen birinji çägiň ýagdaýynyň tapawutlydygy bilen baglydyr. Soňra Ýeriň bu bölekleriniň üstünde ýerleşen hereketsiz ýagtylgyçlaryň ýagdaýlarynyň tapawutly bolmagy; Ýeriň bölekleriniň tapawutly bolmagy bilen baglanyşykda ýeriň üstünde bolup geçýän bugarmanyň tapawutly bolmagy gelýär. Ýerden döreýän bugarmalaryň her biri döreýän ýerine barabardyr. Bugarmadaky tapawut howada we suwda tapawudyň bar bolmagyndan gelip çykýar. Aýdylşyna görä, Ýeriň her bir etrabyndaky suw bu bölegiň üstündäki buglardan ýüze çykýar. Howa Ýeriň islendik etrabynda Ýeriň howasyna göterilen buglar bilen gatyşýar. Şu tertipde hereketsiz ýyldyzlaryň çäkleriniň

tapawutlylygy, birinji çägiň tapawutlylygy, ymtylyjy çäkleriň ýagdaýlarynyň tapawutlylygy, howanyň tapawutlylygy, aňsyz jandarlaryň görnüşleriniň tapawutlylygy, we halklaryň iýmitleriniň tapawutlylygy gelip çykýar. Iýmitdäki tapawut bolsa mallaryň we ekinleriň tapawutlylygy bilen baglydyr. Ynsan olar sebäpli nesilden-nesile ýaşap gelýär. Mundan ahlak we häsiýet aýratynlyklarynyň tapawudy gelip çykýar. Şeýle hem ol ýa-da beýleki halkyň üstünde ýerleşen asman bölekleriniň tapawudy ahlagyň we häsiýetiň aýratynlygynyň tapawudynyň sebäbidir. Bu tapawutlaryň özara täsir etmeginden we olaryň sazlaşmagyndan halklaryň ahlagy we häsiýet aýratynlygynyň üýtgemegine ýardam berýän garyndy ýüze çykýar.

Netijede, bu ugur boýunça beýle tebigy zatlaryň biri-biri bilen olaryň derejeleriniň birleşmeleri bolup geçýär. Şunuň ýaly usul bilen asman jisimleri tebigy zatlaryň kämilleşmegine ýardam berýär. Beýleki kämillikler barada aýdylanda bolsa, onda asman jisimlerine olary kämilleşdirmek mahsus däldir. Olara kämillik bermek diňe işjeň akyla häsiýetlidir. Ýöne işjeň akyl başga kämilliklere, ýagny ynsan kämilliklerine täsirini ýetirýär. Ol ilki adamy güýje we başlangyja eýe edýär. Bu zatlaryň üsti bilen ynsan özbaşdak hemme beýleki kämilliklere ymtylýar we ymtylyp bilýär.

Bu başlangyçlar ruhuň akyl böleginde ýüze çykýan ylymlar we aň ýetirilýän mazmunlar bolup durýar. Işjeň akyl ynsany beýle ylymlara we aň ýetirilýän

mazmunlara eýe edýär. Ýöne ynsanyň olara eýe bolmagy diňe ruhuň duýujy bölegi ösenden we emele gelenden soň mümkin bolýar. Soňra ruhuň isleg we ýigrenç bilen baglanyşykly bölegi bolan ymtylyjy bölegi ylma we aň ýetirilýän mazmunlara eýe bolýar. Islegiň we ýigrenjiň gurallary göwräniň bölekleridir. Isleg we ýigrenç ikisi sebäpli ynsanda erk ýüze çykýar. Erk duýgulardan çykýan islegdir. Isleg ruhuň ymtylyjy bölegine, aň ýetirmek bolsa duýgulara degişlidir. Soňra ruhuň hyýal ediji bölegi kemala gelýär. Bu bölegiň üsti bilen isleg ýüze çykýar, onuň yzysüre birinji erkden soň ikinji erk gelýär. Hw.ýaldan soňky çykýan zat islegdir. Erk arkaly ynsan ruhuň akyl bölegindäki işjeň akylyň üsti bilen ilkinji ylymlary özleşdirip bilýär. Şol wagt ynsanda pikirleniş ukybyndan gelip çykýan erkiň üçünji görnüşi döreýär. Bu erk «ygtyýar» diýip atlandyrylýar. Beýle erk haýwanlara däl-de, eýsem diňe ynsana mahsusdyr. Onuň üsti bilen ynsan öwgä we ýazgarylmaga sebäp bolýan işleri edip biler we olaryň muzdy hökmünde sogap we azap gazanyp biler.

Erkiň ilkinji iki görnüşi aňsyz jandarlarda bolup biler. Eger ynsanda erkiň üç görnüşi bar bolsa, onda ol bagta tarap ymtylýar. Çünki oňa sogaby azapdan we gowyny erbetden tapawutlandyrmak mahsusdyr.

Bagt sözüň doly manysynda haýyrdyr. Bagty gazanmak üçin zerur zatlar hem haýyrdyr. Ýöne ol zatlar bagty gazanmak üçin gerekli bolýandygy üçin haýyrdyr. Haýsy mukdarda bolandygyny garamazdan bagtyň gazanylmagyna päsgelçilik döredýän zat şerdir.

Ýagşy ahlak bagty gazanmak üçin peýdaly zatdyr. Ýagşy ahlak tebigy hem, erke görä hem bar bolup biler. Ýaramaz ahlak bagty gazanmaga böwetdir. Ýaramaz ahlak tebigy hem, erke görä hem bar bolup biler. Tebigy bar bolan zat asman jisimleri tarapyndan berilýär. Ýöne ol zat işjeň akyla ýardam bermek ýa-da gapma-garşy bolmak üçin berilmeýär. Asman jisimleri işjeň akylyň maksadyna ýardam bermäge ýa-da böwet bolmaga ymtylmaýar. Tersine, asman jisimleriniň mazmunlaryna tebigatdaky hemme zatlar madda bermek mahsusdyr. Madda olary kabul etse, onda işjeň akyl bagty gazanmak üçin peýdaly we zyýanly zatlaryň aladasyny etmeýär. Bu sebäpden asman jisimlerinden gelip çykýan zat käwagt işjeň akylyň maksadyna deň gelýär, käwagt bolsa oňa gapma-garşy bolýar.

Diňe ynsana mahsus erke esaslanan ýagşylyk we ýamanlyk barada aýdylanda, onda olar gowy we erbet ahlaklardyr. Erke esaslanan ýagşylyk bir ýol bilen, ýagny ynsanyň ruhunyň bäş sany güýjüniň üsti bilen ýüze çykýar. Ol güýçler şulardyr: nazary akyl güýji, amaly akyl güýji, ymtylyjy güýç, hyýal ediji güýç we duýujy güýç. Ynsan bagta beýleki güýçleriň üsti bilen däl-de, diňe nazary güýjüň üsti bilen ýetýär we oňa aň ýetirýär. Munuň özi ynsan işjeň akylyň özüne berýän başlangyçlaryny we ilkinji ylymlaryny ulananda we olara aň ýetirende bolup geçýär. Soňra ynsan ilki amaly akyl güýjüniň, soňra ymtylyjy güýjüň üsti bilen bagta ýol gözleýär we oňa ýetmek üçin näme etmelidigini zerurlygy barada oýlanýar. Soňra ol

ymtylyjy güýjüň guraly bilen oýlanmak arkaly bilen öwrenen zatlaryna amal edýär. Hyýal ediji we duýujy güýçler akyl güýjüni işe taýýarlaýar, oňa ýardam berýär we ony ynsany bagta ýetmek ugrundaky hereketlere ugrukdyrmak üçin niýetleýär. Beýle ýagdaýda ynsan doly eşrete eýe bolýar. Şeýle usulyň üsti bilen erke esaslanan eşret gazanylýar.

Şer barada aýdylanda, onda ol meniň ýokarda aýdan usulym arkaly ýüze çykýar. Hw.ýal ediji güýç hem, duýujy güýç hem bagta getirmeýär. Çünki akyl güýji bagta getirýär. Ýöne hemme ýagdaýda, meselem bagtyň maksadyna nädogry düşünilende akyl güýji bagta getirmeýär.

Ynsan tarapyndan bagtyň esaslary hökmünde kabul edilýän köpsanly zatlar bar. Meselem, lezzetli, peýdaly, bähbitli we beýleki zatlar. Ynsan ruhuň nazary akyl bölegini kämilleşdirmekde haýal-ýagallyk etse, onda ol bagtyň nämedigine aň ýetirmezden bagta tarap howlugýar we durmuşynyň maksady hökmünde bagty däl-de, eýsem lezzeti, peýdany, bähbidi ýa-da başga bir zady saýlap alýar. Ol muňa ymtylyjy güýjüň täsir etmegi bilen ymtylýar, amaly akyl güýjüniň üsti bilen bu maksada nähili ýetmelidigi barada oýlanýar. Ol muny ymtylyjy guralyň, hyýal ediji hem duýujy güýçleriň ýardam bermegi arkaly amala aşyrýar.

Ynsan bagta aň ýetirse-de, oňa ýetse-de, ýöne ony durmuşynyň esasy we maksady etmese, ony islemese, onda durmuşynyň maksady hökmünde başga zady tutup, özüniň bar güýjüni bu maksady amala aşyrmaga

sarp edýär. Mundan sözüň doly manysynda şer ýüze çykýar.

Ynsanyň durmuş maksady beýik kämilligi – bagty gazanmakdyr. Bagta ýetmek – onuň üçin barlygy mümkin zatlary gazanmakdyr. Onda beýle zatlary gazanmak ukyby bardyr. Bu ýerde şeýle ukyp arkaly onuň nähili bagta ýetip biljekdigini beýan etmegimiz gerek.

Her bir adam tebigaty boýunça ilkinji aň ýetirilýän mazmunlary almaga ukyplydyr. Her bir adama tebigatdan dürli güýçler we dürli ukyplar berlendir. Olaryň arasynda tebigatdan berlen ilkinji esaslaryň hiç birini almaýanlary bar. Başga bir adamlar ilkinji esaslary ýoýulan görnüşde alýarlar. Olar akyllaryndan azaşanlardyr. Ilkinji esaslary ýoýulmadyk görnüşde alýan adamlar hem bolýar. Olar dogabitdi sagdyn ukyply adamlardyr. Diňe bu adamlar bagta ýetmäge ukyplydyrlar.

Dogabitdi sagdyn ukyply adamlar umumy aýratynlyga eýedirler. Olar bu umumy aýratynlygyň üsti bilen özleri üçin umumy aň ýetirilýän mazmunlary almaga ukyplydyrlar. Olar bu mazmunlaryň üsti bilen özleri üçin umumy ýagdaýa we herekete ymtylýarlar. Mundan soň olarda biri-birinden tapawutlanmak we dürli aýratynlyklara eýe bolmak häsiýeti ýüze çykýar we olaryň her biri, her topary özlerine häsiýetli aýratynlyklara eýe bolýar. Olaryň biri haýsydyr başga aýratyn häsiýetli aň ýetirilýän mazmunlary almaga ymtylýar. Olaryň başga biri haýsydyr bir görnüşde

ulanmaga ýaramly başga aň ýetirilýän mazmunlary almaga ymtylýar. Şeýlelikde, olaryň her biri başga birine mahsus däl aýratynlyga eýe bolýar. Olaryň biri haýsydyr bir görnüşe degişli bir aň ýetirilýän zatlaryň köpüsini almaga taýýar bolýar. Olaryň başga biri bu görnüşe degişli hemme aň ýetirilýän zatlaryň köpüsini almaga taýýar bolýar. Adamlar derňewiň üsti bilen ýagdaýlary beýan etmekde hem biri-birlerinden tapawutlanýarlar.

Iki adamyň haýsydyr bir görnüşe degişli bir aň ýetirilýän zatlara eýe bolmagy örän mümkindir. Ýöne olaryň biri özüniň tebigaty boýunça bu görnüşdäki aň ýetirilýän zatlaryň üsti bilen az zatlary beýan etmäge ýykgyndyr. Olaryň beýlekisi bolsa özüniň tebigaty boýunça bu görnüşe degişli hemme zatlary beýan etmäge ukyplydyr.

Şunuň ýaly iki adamyň şol bir zady beýan etmek ukyby hem deň bolup biler. Ýöne olaryň biri bu işi tiz, beýlekisi bolsa haýal ýerine ýetirýär. Şeýle hem olaryň biri bu görnüşdäki iň ajaýyp zady, beýlekisi bolsa bu görnüşdäki üýtgemeýän zady tiz beýan edip bilýär. Olar bir zady beýan etmekde güýç we tizlik boýunça hem deň bolup biler. Emma olaryň biri beýan eden zadyny başga birine okadyp we öwredip biler. Olaryň beýlekisinde bolsa beýle ukybyň bolmazlygy mümkin. Edil şunuň ýaly gara (fiziki) işi ýerine ýetirmekde adamlar biri-birlerinden tapawutlanýarlar. Bu tebigy aýratynlyklar hiç bir kişiniň boýnuna dakylmaýar we olara hiç kim mejbur edilmeýär. Tersine, beýle

aýratynlyklar hereketleri ýeňilleşdirmek üçin tebigydyr. Emma kimdir biri öz islegi boýunça erkin we daşardan gapma-garşylyklara iterilmeýän bolsa, onda onuň özi maksada ymtylýar. Ol maksada meýillidir. Eger daşdan herekete getiriji güýç ony gapma-garşylyklara iterýän bolsa, onda ol adam gapma-garşylyklara ymtylýar. Ýöne onuň bu ymtylmasy mejbury, güýç we zähmet bilen iterilýän häsiýete eýedir. Emma onuň ymtylmasy endigine görä ýeňilleşýär. Tebigaty boýunça haýsydyr bir ahlaga mahsus adamlar bardyr. Güýçli mejbur edilse, onda olar tebigy ahlagyny özgerdýärler. Emma beýle ýagdaý adamlaryň köpüsine häsiýetli däldir. Beýle ýagdaý olarda kesel ýa-da aňynda ötüşen dogabitdi näsazlyk zerarly bolup biler.

Erke esaslanan hemme tebigy ahlak terbiýelenmäge mätäçdir. Terbiýelemek erke esaslanan zatlaryň üsti bilen bolup biler. Terbiýelemegiň maksady ynsany iň beýik kämillige ýa-da oňa ýakyn kämillige gowuşdyrmaga gönükdirilýär. Ahlaklaryň arasynda haýsydyr biri ajaýyp we tapawutly bolup biler. Emma oňa adatça ähmiýet bermeýärler, ony ösdürmeýärler we ony özüne niýetlenen zatlar bilen terbiýelemeýärler. Netijede, wagtyň geçmegi bilen beýle ahlak öz güýjüni ýitirýär. Ahlaklaryň arasynda üýtgemeýän zatlaryň üsti bilen terbiýelenýänleri hem bardyr. Beýle terbiýäniň netijesinde ulumsy hereketler ýok bolýar we durnukly hereketler ýüze çykýar. Adamlar tebigatlaryna görä sungatlara we ylymlara ýykgyn etmek boýunça

tapawutlanýarlar. Haýsydyr bir görnüşe tebigy taýýar adamlar bu görnüşiň böleklerine ýöriteleşýärler. Bu görnüşiň üýtgemeýän böleklerine ýykgyn edýän adamlar bolsa onuň üýtgeýän görnüşlerine ýykgyn edýän adamlardan tapawutlanýarlar. Haýsydyr bir görnüşe ýa-da onuň böleklerine ýykgyn edýän adamlar bolsa özleriniň ýykgyn etmekleriniň kämilligi we kämil dälligi bilen tapawutlanýarlar.

Haýsydyr bir görnüşiň netijesini gazanmaga ukyply adam beýle ukyby ýok adama başdyr. Köp netijäni gazanmaga ukyply adam az netijäni gazanmaga ukyply adama başdyr. Şeýle hem adamlar gowy we ýaramaz ýolbaşçylyk etmek we terbiýäniň netijesinde alnan ahlagy öwüt-ündew etmek ukyplary boýunça tapawutlanýarlar. Gowy ýolbaşçylyk etmek we gowy öwüt bermek ukybyna mahsus adamlar beýle ukyby ýoklara başdyrlar. Şeýle hem has kämil däl tebigy aýratynlyklara eýe adam bilen haýsydyr bir görnüş boýunça ajaýyp aýratynlyklary bar adam deňeşdirilende, oňat terbiýe almak arkaly ajaýyp tebigy aýratynlyklara eýe bolan adam, adamlaryň terbiýesini almadyk adamdan has artykmaç bolýar. Şeýle görnüşli kämil terbiýäni alan adamlar şunuň ýaly has kämil däl terbiýäni alan adamlara baş bolýarlar. Şeýle görnüşli ajaýyp tebigy aýratynlyklara mahsus bolan we tebigy ýykgyn edýän zadyna görä terbiýelenen adamlar hiç haçan şeýle görnüşli ajaýyp tebigy aýratynlyklar mahsus bolmadyk adamlara baş däldirler. Olar diňe ajaýyp tebigy aýratynlyklary bolan, ýöne degişli terbi-

ýäni almadyk ýa-da ony az alan adamlara baş bolýarlar.

Ynsanyň ýaşamagynyň säbäbi beýik bagty gazanmakdygy sebäpli onuň bagtyň nämedigini bilmegi gerek. Onuň bagty özüne maksat edinmegi we maksada eýermegi zerurdyr. Soňra onuň bagty gazanmak üçin näme etmelidigine aň ýetirmegi gerek.

Dürli şahslarda dürli ukyplaryň bolýandygy barada aýdylan ýokardaky sözlerden her bir adama bagtyň nämedigine öz-özünden aň ýetirmekligiň we onuň bilen baglanyşykly zatlary öz-özünden bilmekligiň mahsus däldigi aýan bolýar. Munuň üçin adatça mugallyma we halypa mätäç bolunýar.

Munuň üçin käbir adam az, beýleki adam bolsa köp mukdarda goldaw berilmegine mätäçdir. Goldawyň bu iki görnüşi bar bolanda hem, ynsan öwredilen we öwüt berlen zatlara, eger daşardan ymtyldyrýan ýa-da höweslendirýän zatlaryň bolmazlygy sebäpli amal etmeýär. Şonuň üçin hem olar özlerine bu zatlaryň hemmesini öwretjek we degişli hereketleri etmäge höwes döretjek adama mätäç bolýarlar.

Şeýle hem her bir adam başga birine ýolbaşçylyk etmäge ukyply däldir. Her bir adam başga birine belli bir işi etmäge ymtyldyrmaga ukyply däldir. Kimdir biri başga birini işe ymtyldyrmaga we ulanmaga düýbünden ukyply bolmasa we diňe özüne görkezilen işi ýerine ýetirmegi başarýan bolsa, onda ol hiç bir zada ýolbaşçy bolup bilmez we ol diňe ýolbaşçylyk edilýän kişi bolar. Başga adamlara ýolbaşçylyk etmäge,

olary işe ymtyldyrmaga we işde ulanamaga ukyply bolan kişi bu meselede özi bu işi edip bilmeýän adamlara ýolbaşçylyk edýär. Kim beýle işi özi başaryp bilmese, ýöne adamlara ýolbaşçylyk etse we ol işi adamlara öwretse, onda ol bu işi özleşdirýändir. Netijede, onda adamlary özüniň özleşdiren zadyna ymtyldyrmak, olary bu işde ulanmak we olara ýolbaşçylyk etmek ukyby ýüze çykýar. Beýle adam bir adama hem, beýleki adamlara hem ýolbaşçylyk edýär. Baş birinji we ikinji baş bolup biler. Ikinji baş – bir adama hem, beýleki adama hem ýolbaşçylyk edýän kişidir. Ýolbaşçylygyň bu iki görnüşi haýsydyr bir pudakda, meselem oba hojalygynda, söwdada, tebipçilikde amala aşyrylyp bilner, şeýle hem adamzada degişli hemme pudakda bolup biler.

Birinji ýolbaşçy sözüň hakyky manysynda kim bolup biler? Ol özüne ýolbaşçylyk edilmäge asla mätäç bolmaýan we ylymlary we bilimleri özüne bu ugurdan bir adam hem ýolbaşçylyk etmez ýaly derejede özleşdiren adamdyr. Oňa edilmeli işleriň hemmesiniň aýratynlyklaryny jikme-jik bilmek ukyby hökman däl. Ýöne ol özünden başga hemmelere özüniň bilýän zady boýunça ýolbaşçylyk etmekde ajaýyp ukyba eýedir. Şeýle hem ol özüniň ymtylýan işinde hiç zady başarmaýan islendik kişini hem ulanmaga ukyplydyr. Ol ajaýyplyk bilen ugurlary bellemäge we adamlary bagt gazanmaga gönükdirmäge ukyplydyr. Ýöne beýle ukyp ajaýyp hem artykmaç tebigy aýratynlyklary bar bolan we ruhy işjeň akyl bilen birleşen adama

mahsusdyr. Bu ukyp şeýle usul bilen gazanylýar: ilkibaşda onda gowşak akyl ýüze çykýar, soňra onda «gazanylan akyl» diýlip atlandyrylýan akyl peýda bolýar, ondan soň «Ruh baradaky kitapda» («Kitab an-nefs») beýan edilşine görä, onuň bu akyly işjeň akyl bilen birleşýär. Beýle adamy gadymy adamlar hakyky hökümdar hasaplapdyrlar. Ol adam hakynda, eger ol beýle derejä ýeten bolsa, «Taňrydan aýanlyk berlen adam» diýip aýtmak mümkin. Başga sözler bilen aýdylanda, onuň bilen işjeň akylyň arasynda hiç zat ýokdur. Gowşak akyl gazanylan akylyň esasynda goýlan zat bolmak bilen, gazanylan akyl bolsa işjeň akylyň esasynda goýlan zat bolmak bilen madda meňzeşdir. Gowşak akyldan işjeň akyla güýç gelip ýetýär. Ol güýjüň üsti bilen ynsan hatlary hem hereketleri kesgitläp bilýär we olary bagty gazanmaga gönükdirmegi başarýar. Gowşak akyl bilen işjeň akylyň arasynda beýle gatnaşykda olaryň araçysy bolup gazanylan akyl hyzmat edende aýanlyk ýüze çykýar.

Işjeň akylyň ilkinji sebäbiň barlygyndan gözbaş alýandygy sebäpli hut Ilkinji sebäbiň işjeň akylyň üsti bilen ynsana aýanlyk berýändigini aýtmak bolar. Beýle adamyň ýolbaşçylygy Ilkinji sebäp tarapyndan ugrukdyrylýan birinji derejeli ýolbaşçylykdyr. Galan ýolbaşçylyklar bolsa ol adamyň ýolbaşçylygyna gatnaşykda ondan soň gelýän ýolbaşçylyklardyr. Olar onuň ýolbaşçylygyndan gözbaş alýarlar. Bu anyk zatdyr.

Bu başyň ýolbaşçylygyna tabyn bolan adamlar ýagşy, tapawutly we bagtly adamlardyr. Eger onuň ýolbaşçylygyndaky adamlar umumy bir ýerde ýaşaýan bolsalar, onda olaryň ýaşaýan ýeri ýagşylyk şäheridir. Eger ol adamlar umumy bir ýerde däl-de, eýsem dürli ýerlerde ýaşaýan bolsalar, ýöne olar onuň ýolbaşçylygyna däl-de, başga bir ýolbaşçylyga tabyn bolsalar, beýle ýerde ýagşy adamlar olar üçin keseki adamlardyr.

Olaryň biri-birinden üzňeligi özlerini birleşdirip biljek şäheriň gabat gelmändigi üçin ýa-da olar öň şäherde ýaşan hem bolsalar soň duşmanyň çozmagy, ýokanç keselleriň ýaýramagy, gurakçylyk bolmagy ýaly betbagtçylyklar sebäpli aýyrylyşandyklary üçin ýüze çykýar.

Eger bir gezek bu hökümdarlar bir şäherde, bir halkda ýa-da köp halkda ýygnansalar, bähbitleriniň, maksatlarynyň, islegleriniň bir bolandygy sebäpli olaryň bir hökümdary bolar. Wagtyň geçmegi bilen bolsa hökümdarlaryň çalyşmagyna we hökümdarlaryň bir zynjyrynyň emele gelmegine getirýär. Adatça, olaryň ikinjisi birinjiniň, soňkusy öňündäkiniň ýolbaşçylyk usulyny saklaýar. Ýöne olaryň biriniň bar bolan kanunlary belli wagtlap üýtgetmegi maksada laýyk hasaplap bilmegi we öňki hökümdarlaryň çykaran kanunlaryny üýtgetmegi kanunydyr. Çünki soňky hökümdar öňki hökümdaryň çykaran kanunlaryny ýagdaýa görä üýtgetmäge hukuklydyr. Öňki hökümdar kanunyň ýagdaýa laýyk

gelmeýändigini bilse, onda ony özi hem üýtgedip biler. Eger hökümdar bar bolan kanunlar bilen ylalaşmasa, onda bir wagtky şäheri dolandyrmak üçin çykarylan kanunlary hem täzeden herekete girizip biler. Öňki halklardan alnan kanunlaryň üsti bilen dolandyrylýan şäheriň başy şol kanunlara görä hökümdar bolýar. Eger şäheriň haýsydyr bir ýaşaýjysy kanunlary laýyk ýerine ýetirýän bolsa, onuň beýle işi öz-özünden edýändigine ýa-da hökümdar tarapyndan beýle işe meýil etdirilýändigine garamazdan, onuň ruhy ajaýyp aýratynlyga eýedir. Munuň özi ýazuw bilen baglanyşykly işlere dowamly we başarnykly meşgul bolmak bilen adamyň kämilleşýändiginden, onuň ruhy aýratynlarynyň bolsa ol bu işe näçe dowamly meşgul bolsa, şonça-da lezzet alýandygyndan we gazanylan ukypdan uly kanagatlanma eýe bolýandygyndan ybaratdyr.

Bagty gazanmaga gönükdirilen hereketleri kesgitlemek ruhuň tebigaty boýunça bagta ymtylýan bölegini mäkämleşdirýär we ruhy işjeň hem kämil edýär. Onuň gazanan kämilliginiň güýji arkaly ruh madda mätäç bolmakdan aýrylýar we maddadan halas bolýar. Ruh maddanyň ýok bolmagy bilen ýok bolmaýar. Çünki ruh özüniň bar bolmagy üçin madda mätäçlik çekmeýär. Şeýle ýagdaýda ruh bagta ýetýär.

Şäheriň ýaşaýjylarynyň alýan bagt paýy mukdar tarapdan hem, hil tarapdan hem dürli bolýandygy anykdyr. Munuň özi şäheri dolandyrmak işinden olaryň alýan kämillikleriniň dürli bolýandygy bilen baglany-

şyklydyr. Bu ýagdaý sebäpli ýaşaýjylaryň alýan lezzetleri hem biri-birinden tapawutlanýar. Jisim bilen bagly bolmadyk ruhuň maddadan aýyrylmagy sebäpli ruh jisimlere mahsus bolan tötänliklerden halas bolýar. Mundan soň ruh barada «ol hereket edýär», «ol dynç alýar» diýip aýdyp bolmaz. Bu sebäpden oňa maddylyk mahsus däl zatlar baradaky düşünjä laýyk sözleri ulanmagymyz gerek. Ynsanyň jisime bagly ruhy bilen bolup geçýän hemme zatlar onuň maddadan mahrum bolan ýagdaýyna bolan gatnaşyk bilen mahrum edilýär. Ruhuň beýle halyna düşünmek we ony hyýala getirmek kyn hem adaty däl işdir. Barlyklaryň maddy däl we jisimleriň düzüminde däl şekilleri barada aýdylanda hem, şunuň ýaly düşünmesi we hyýala getirmesi kyn hem adaty däl işdir.

Adamlaryň bir nesli ölende, olaryň maddalary ýok bolýar. Olaryň ruhlary maddadan halas bolýar we ol bagta ýetýär. Ol adamlaryň deregine başga adamlar gelýärler we olaryň şäherdäki orunlaryny eýeleýärler. Bu adamlar hem özlerinden öňki adamlaryň eden işlerini edýärler we ölümden soň olaryň ruhlary maddadan halas bolýar we öňki nesliň ýeten derejesine ýetýär. Olar bu ýerde jisimsiz zatlar bilen goňşuçylykda ýerleşýärler we bir nesliň ruhlary özlerine meňzeş bolan ruhlara goşulyşýar.

Şunuň ýaly maddadan mahrum bolan ruhlar köpeldigiçe we olar biri-birine näçe köp birleşdigiçe, olaryň lezzet almagy şonça-da uly bolýar. Indiki ruhlar öňki ruhlara goşulanda öňki ruhlar bilen duşuşandygy,

öňki ruhlaryň bolsa soňky ruhlar bilen duşuşandygy sebäpli alýan lezzetleri has artyk bolýar. Öňki nesliň ruhlarynyň soňky nesliň ruhlary bilen birleşmegi sebäpli alýan lezzetleri has artýar. Çünki olaryň her biri öz mazmunyna, şeýle hem köpsanly özleri ýaly ruhlaryň mazmunlaryna aň ýetirýär. Geljekde soňky ruhlaryň gelip goşulmagy we wagtyň ötmegi bilen olaryň her biriniň lezzeti çäksiz artýar. Her bir nesiliň ýagdaýy hem şunuň ýaly häsiýete eýedir. Işjeň akylyň maksady bolan hakyky hem beýik bagtyň manysy şundan ybaratdyr.

Eger haýsydyr bir şäheriň ýaşaýjylarynyň işi bagty gazanmaga gönükdirilmedik bolsa, onda olaryň işi ýaramaz bolmak bilen ruhlaryna ýaramaz hil aýratynlyklaryny berýär. Munuň özi ol ýa-da beýleki sungata degişli işleriň ýagdaýyna meňzeýär. Meselem, ýazuw sungatynda ýaramaz endige esaslanan işler ruha ýaramaz hillerini geçirýär. Beýle ýaşaýjylaryň ruhlary barada aýdylanda, onda olar ol ýa-da beýleki hereketleriň üsti bilen alynýan hil aýratynlyklardan lezzet alýandyklary sebäpli sagdyn däldirler. Munuň özi, meselem ysytma keseline sezewar bolan adamlaryň bedenine ýetişen dert sebäpli ajy iýmitden lezzetlenişlerine hem kanagatlanyşlaryna we dillerinde ajy tagamy döredýän süýji iýmiti ýigrenişlerine meňzeýär. Şunuň ýaly ruhy sagdyn däl adamlar hem bozulan hyýallary sebäpli ýaramaz ahlaklardan lezzet tapýarlar. Maddy (fiziki) derde duçar bolanlaryň arasynda öz kesellerini bilmeýänleri bar. Olar özlerini sagdyn

hasaplaýarlar we özleriniň sagdyndygyna şeýle bir ynanýarlar welin, hat-da tebibiň sözlerine ähmiýet hem bermeýärler. Adamlaryň arasynda ruhlary sagdyn dälleri hem bar. Olar öz ruhlarynyň sagdyn däldigini bilmeýärler we özlerini ýagşy adamlar hasaplap, ýolbaşçynyň, mugallymyň, halypanyň sözlerine ähmiýet bermeýärler. Olaryň ruhlary madda bagly bolup durýar we maddadan aýyrylyp biljek kämillige gowuşmaýarlar. Ol ruhlar madda ýok bolan badyna heläk bolýar. Şäheriň ýaşaýjylary ýolbaşçylyk edilmek we özleriniň dogabitdi hil aýratynlyklaryna hem alan terbiýelerine görä kanuna hyzmat etmek jähetinden biri-birinden tapawutlanýarlar. Birinji baş adamlaryň ol ýa-da beýleki toparlaryň ýerlerini olaryň mertebelerine görä kesgitleýän kişidir. Ol olaryň her birine laýyk gulluk derejesini ýa-da ýolbaşçylyk derejesini berýär. Ýolbaşçylygyň derejelerinde birinji başa ýakyn bolan derejeler, ondan sähel uzaklykda ýerleşen derejeler we ondan örän uzakda bolan derejeler bar. Birinji baş beýle derjeleri kesgitländen soň, eger ol islese şäheriň ol ýa-da beýleki toparyna tabşyrmak isleýän meselesi babatda täzelik girizýän karary çykaryp biler. Beýle ýagdaýda ol özüne iň ýakyn derejedäki adamlary bu karara meýillendirýär. Olar bolsa öz gezeginde özlerinden aşakdaky derejedäki adamlara bu karar bilen ýüzlenýärler. Bu iş gulluk basgançagynda iň pes derejäni eýeleýänleriň dykgatyna çenli ýetirilýär. Şeýlelikde, şäheriň ilatynyň bölekleri gulluk derejelerine görä özara baglanyşyga we özara ylalaşyga eýe bolýar.

Şeýle şäher tebigy zatlara, onuň derejeleri bolsa Ilkinji barlykdan başlaýan we ilkinji madda hem onuň başlangyçlary bilen tamamlanýan barlyklara meňzedilýär. Ondaky özara gatnaşyklar hem özara sazlaşyklar biri-birinden tapawutly barlyklaryň özara gatnaşyklaryna hem özara sazlaşyklaryna meňzeşdir.

Bu şäheriň hökümdary başga zatlaryň barlygyna sebäp bolýan Ilkinji sebäbe meňzeşdir. Ilkinji sebäpden barlyklaryň derejeleri kem-kemden peselýär. Netijede, barlyklaryň her biri ýolbaşçylyk edýänlere we ýolbaşçylyk edilýänlere bölünýär. Derejeler kem-kemden peselip gaýdýar. Olaryň peselmegi dolandyryşa dahyllylygy ýok hyzmat edijä we başga zat üçin bar bolýan mümkin barlyga çenli dowam edýär. Beýle ýagdaý ilkinji madda we onuň başlangyç-laryna has köpräk dahyllydyr.

Bagt şäherlerde we halklarda erke esaslanan şeriň hem tebigy şeriň ýok edilmegi we şäherleriň hem halklaryň tebigy eşrete hem erke esaslanan eşrete ýetmegi bilen gazanylýar.

Şäheriň hökümdarynyň, ýagny başynyň işi şäheriň bölekleriniň özara baglanyşygyny hem özara sazlaşygyny üpjün etmekden we şäheriň ýaşaýjylarynyň haýyry gazanmakda we şeri köki-damary bilen sogrup taşlamakda biri-birine ýardam berýän ýagdaýy döretmekden, asman jisimleri tarapyn-dan berlen zatlardan bagty gazanmaga ýardam berýän we peýda getirýän zatlary saklamakdan hem köpeltmekden, zyýanly zady peýdaly etmäge

çalyşmakdan, peýdaly edip bolmajak zyýanly zady ortadan aýyrmakdan ýa-da ony azaltmakdan ybaratdyr. Bir söz bilen aýdylanda iki şeri[1] ýok etmekden we iki haýyry[2] gazanmakdan ybaratdyr.

Ýagşylyk şäheriniň her bir ýaşaýjysy bar bolan zatlaryň başlangyçlaryny, olaryň toparlara bölünişini, bagty, ýagşy şähere ýolbaşçylyk etmegiň esaslaryny, bu ýolbaşçylygyň derejelerini we bagtyň gazanylmagyna ýardam berýän asylly işleri bilmelidir. Ol bu zatlary bilenden soň hereketsiz oturmak bilen çäklenmeli däldir, eýsem şäheriň ýaşaýjylaryny olary ýerine ýetirmäge gönükdirmelidir.

Barlyklaryň başlangyçlary, olaryň derejeleri, bagt we ýagşy şäherlere ýolbaşçylyk etmek barada ynsan pikirlenip, aň ýetirip ýa-da hyýal edip biler. Ynsan bu düşünjeler barada pikirlenende olar onuň ruhunda hakykatda bar boluşlary ýaly suratlanýar. Haçan olar barada hyýal edende, onuň ruhunda olaryň keşpleri meňzeşlik we öýkünme görnüşinde suratlanýar. Munuň özi görülýän zatlarda görüp boljak zatlara meňzeşdir. Adam, meselem özüniň suratyny suwda, aýnada bolsa öz keşbini görüp bilýär. Biz gözümiz bilen özümizi, akylymyz bilen barlyklaryň başlangyçlaryny, bagty we başga şulara meňzeş zatlary görýäris. Biziň adamyň özüni ýa-da suratyny görmegimiz hyýal etmegi ýatladýar. Aýnada onuň keşbini görmegimiz bolsa

---

[1] شَـرَّيْـن Şerraýn – iki şer, ýagny tebigy şer we erke esaslanan şer.

[2] خَـيْـرَيْـن Haýraýn – iki haýyr, ýagny tebigy haýyr we erke esaslanan haýyr.

zatlaryň özüni däl-de, eýsem olara meňzeş zatlary görýändigimizi ýatladýar. Şunuň ýaly biziň hyýalymyzda ýokarda agzalan zatlaryň suratlanmagy hakykatda olaryň özlerini däl-de, eýsem olary ýatladýan zatlary hyýala getirmekdir.

Adamlaryň köpüsi özleriniň tebigatlary we endikleri boýunça bu düşünjeleri oýlap görmäge we olara düşünmäge ukyply däldir. Olar barlyklaryň başlangyçlaryny işjeň akylyň we ilkinji ýolbaşçylygyň üsti bilen olaryň keşplerine meňzedip, hyýala getirýärler. Bu zatlar baradaky düşünje we ol zatlaryň özleri üýtgewsizdir. Ýöne olaryň meňzetme bilen hyýala getirilýän şekilleri köp dürlüdir. Biri-birine bir böleginiň keşpleriniň meňzeşligi ýakyn, beýleki böleginiň keşpleri ýakyn däl görülýän zatlar barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Meselem, suwda adamyň keşbiniň şekillenmegi adamyň hakyky keşbine has ýakyndyr. Her bir halk, her topar beýleki halka ýa-da topara görä bu zatlary başgaçarak meňzetme bilen hyýala getirip biler. Bu sebäpden dürli ýagşy halklar, dürli ýagşy şäherler bir bagta ynanýandyklaryna garamazdan, dürli dinde bolup bilerler.

Din – zatlaryň aňda, zatlaryň keşpleriniň bolsa adamlaryň ruhlarynda şekillenmegidir. Zatlaryň hakykatda bar bolmaklaryna garamazdan, olara aň ýetirmek köpçülige kyndyr. Çünki hakykaty başga usullar bilen, ýagny meňzetmegiň üsti bilen öwretmäge ymtylýarlar.

Her bir topar ýa-da her bir halk bu zatlary özlerine has mälim zatlara meňzedýär. Olaryň birindäki has mälim zatlar beýlekisindäki has mälim zatlardan tapawutlanýar. Bagta ynanýan adamlaryň köpüsi oňa düşünjä görä däl-de, eýsem hyýaldaky zat hökmünde ynanýar. Başlangyçlar barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Olar başlangyçlary kabul edýärler we olara ymtylýarlar. Bu sebäpden olary sylaýarlar we hormatlaýarlar. Adamlaryň köpüsi olary düşünjä görä däl-de, eýsem hyýaldaky ýaly kabul edýärler.

Şeýlelikde, düşünje berlen bagta ynanýanlar we başlangyçlary düşünjelerde haýsydyr bir zat hökmünde kabul edýänler – akyldarlardyr. «Hyýala getirmelerde bolşy ýaly ruhlarynda bolan, olary kabul edýän we beýle hyýala getirmä ynanýan adamlar – dindarlardyr. Meňzedilýän keşpler biri-birinden käbirleri hyýalda kämil we berk ornaşandyklary, beýleki birleri kämil däl we gowşak ornaşandyklary, başga birleri hakykata ýakyndyklary, ýene birleri hakykatdan daşdyklary, özgeleri jedelli ýerleriniň köpdükleri ýa-da bu ýerleriniň açyk däldigi, başga birleri aňsat düşünilýändikleri jähetinden tapawutlanýarlar. Ýöne agzalan zatlar özleriniň meňzedilýän köpdürli keşplerinde gapma-garşylygyň bolmagyna garamazdan, biri-biri bilen ylalaşyp hem biler. Munuň özi agzalan zatlaryň meňzedilýän keşpleriniň başga zada meňzedilýän zatlar bolan ýagdaýynda ýüze çykýar. Soňky zatlar üçünji bir zatlara meňzedilýär ýa-da agzalan zatlaryň köpdürli meňzedilýän keşpleri barlygyň başlangyçlaryna, bagta

we onuň derejelerine meňzedilýär. Eger olar meňzedilmäniň hili babatda az mukdarlyk jähetinde ýa-da aýanlygyň jedelli ýerleriniň azlygy babatda deňähmiýetli bolsalar, onda ol keşpleriň hemmesini ýa-da islendik birini ulanyp bolar. Eger olar biri-birinden artykmaçlyk babatda tapawutlansalar, onda meňzedilmegiň hili nukdaýnazaryndan has kämil keşpleri, jedelli ýerleri düýbünden ýok ýa-da az bolan keşpleri we hakykata ýakyn keşpleri saýlap almaly bolýar. Galan meňzedilýän keşpler bolsa alynman taşlanylýar.

Ýagşylyk şäherine nadanlyk şäheri, ahlaksyzlyk şäheri, azaşanlyk şäheri, şeýle hem ýagşylyk şäherinde ýaşaýan käbir şahslar gapma-garşydyr. Şäherdäki beýle şahslar bugdaýdaky hapa-hupa, ekindäki tiken ýa-da haşal otlar ýalydyr. Olardan soňra mertebesiniň pesligi boýunça haýwan ýaly adamlar gelýär. Haýwana meňzeş adamlar şäherli däldir we olar şäher birleşiklerinde düýbünden bolmaýarlar. Olaryň käbirleri öý haýwanlaryna, başga birleri bolsa ýyrtyjy haýwanlara meňzeşdir. Şonuň üçin olaryň arasynda däl-de, çola ýerlerde, dagynyk ýaşaýarlar. Olaryň jemlenip ýaşaýanlary, haýwanlar ýaly jynsy çaknyşmada bolýanlary we şäheriň eteginde ýaşaýanlary hem bar. Olaryň käbirleri diňe çig et iýýärler, käbirleri bolsa ösümlikleri ösdürip ýetişdirýärler, käbirleri ýyrtyjy haýwanlar ýaly aw etini iýýärler. Olar ilatly çäkden daş ýerleşen uzak demirgazykda ýa-da uzak gündogarda ýaşaýarlar. Olar

bilen diňe haýwanlar kimin gatnaşyk etmek mümkin. Olaryň haýwanlara meňzeşlerini hem şäher hyzmatynda ulanyp bolar. Olary diri goýup, gulçulyga salyp, haýwanlaryň ulanylşy ýaly ulanmak mümkin. Olaryň hyzmatda ulanylyp bolmajaklary ýa-da zyýanlylary bilen zyýanly haýwanlara garaýyşlary dek garaýarlar. Haýwanlara meňzeşleriň haýwanlara meňzeş çagalaryna hem haýwanlara garalşy ýaly garap bolar.

Nadanlyk şäheriniň ýaşaýjylary hem şäherlilerdir. Şäher birleşmeleri köpdürli bolýar. Olaryň arasynda hökmanylyk şäherleriniň hökmanylyk jemgyýeti, alyp-çalyş şäherleriniň alyp-çalyş jemgyýeti, peslik şäherleriniň peslik jemgyýeti, şöhratparaz şäherleriniň şöhratparaz jemgyýeti, hökümdarlygy söýüji şäherleriň hökümdarlygy söýüji jemgyýeti, jemagat şäheriniň we azat şäheriň azat jemgyýeti bolýar.

Hökmanylyk şäheriniň jemgyýetinde ýaşamak üçin hökmany hemme zatlary gazanmaga şertler we ynsan bedenleriniň goragy üçin özara kömek bardyr. Bu zatlary gazanmagyň usullary dürlüdir. Meselem, ekerançylyk, maldarçylyk, aw, ogrulyk we şulara meňzeş zatlar. Bu usullaryň her biri ýaşryn ýa-da aýan bolup bilýär. Hökmanylyk şäherleriniň arasynda hökmany zatlary diňe bir usulyň üsti bilen, meselem diňe ekerançylygyň ýa-da diňe bir başga käriň üsti bilen gazanylýan şäherler hem bar. Bu şähere laýyklyk babatdan iň laýyk adamlar şäheriň ýaşaýjylaryna mahsus hökmany zatlary gazanmakda hilegär,

başarnykly, serasap bolan adamlardyr. Olaryň başy hökmany zatlary gazanmakda ýaşaýjylary ulanmaga has hilegärdir. Ol bu zatlary ýaşaýjylar üçin saklamakda has başarjaň ýa-da ol zatlary olara berip bilýän adamdyr.

Alyş-çalyş şäheriniň we jemgyýetiniň ýaşaýjylary gurply ýaşamakda, baýlygy gazanmakda, hökmany zatlary we olaryň öwezini tutýan dirhemler, dinarlar ýaly zatlary köpeltmekde, olary gereginden artykmaç mukdarda toplamakda, olaryň özleriniň ýaşamagy üçin iň hökmany zatlar bilen oňýandyklaryna garamazdan baýlyga söýgi we açgözlük bilen biri-birine kömek berýän adamlardyr. Beýle ýagdaý baýlyk toplamagyň hemme usullary bilen ýa-da beýle şähere laýyk usullar bilen gazanylýar. Beýle şähere iň laýyk adam iň baý we baýlyk gazanmakda iň hilegär adam hasaplanýar. Onuň başy ýaşaýjylara baýlyk getirýän işleri gurnamaga ukyply we ýaşaýjylaryň baýlygyny saklamagy başarýan adamdyr. Beýle şäherde derwaýys mätäçlikleri kanagatlandyrmak üçin zerur baýlyk islendik usul bilen: ekerançylygyň, maldarçylygyň, aw etmegiň, ogurlygyň üsti bilen, şeýle hem erke esaslanan hereketler, söwda, kireýine bermek we beýleki zatlaryň üsti bilen gazanylýar.

Peslik şäheriniň we jemgyýetiniň ýaşaýjylary oýun, keýpi-sapa ýa-da olaryň ikisini birden almak ýaly duýgy eşretlerini gazanmakda, iýmek-içmek, jynsy

ýakynlyk ýaly eşretleri gazanmakda[1] biri-birine kömek edýän adamlardyr. Olarda iň uly eşret beden üçin peýdaly zatlar däl-de, eýsem fiziki ýaşaýyş, hezillik getirýän oýun, degişme ýaly zatlar hasaplanýar. Bu şäher nadan şäheriň ýaşaýjylary tarapyndan bagtly, durmuşyndan razy adamlar saýylýar. Çünki bu şäheriň maksadyna ýetmek hökmany zatlary we baýlyklary gazanmakdan ybaratdyr. Bu şäherde iň bagtly, durmuşyndan iň razy adam öz ygtyýaryndaky lezzet üçin iň köp baýlygy we lezzet berýän iň köp zady bar kişi hasaplanýar.

Şöhratparazlyk şäheriniň we jemgyýetiň ýaşaýjylary özleriniň işlerine we sözlerine hormat goýulmakda, has takygy başga şäherleriň ýaşaýjylarynyň özlerine hormat goýmaklaryny we özleriniň biri-birine hormat goýmaklaryny gazanmakda biri-birine kömek berýän adamlardyr. Birek-birege hormat goýmak deňlik esasynda ýa-da artykmaçlyk esasynda amala aşyrylýar.

Deňlik esasynda hormat goýmak – bir kişi tarapdan başga birine goýulýan hormatyň haýsydyr bir görnüşini iki taraplaýyn bir wagtda ýa-da dürli wagtda, ýöne deň derejede ulanylmagydyr.

Artykmaçlyk esasynda hormat goýmak – bir kişi tarapdan başga birine goýulýan hormatyň haýsydyr bir

[1] اَلتَّمَتُّعُ بِاللَّذَّة At-temettu‘ bil-lezze – eşretleri gazanmak, lezzetleri tapmak.

görnüşini birinji adamyň az mukdarda, ikinji adamyň bolsa ony köp mukdarda gaýtarmagydyr.

Mertebe barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Olarda bir kişi az hormata, beýleki kişi bolsa köp hormata mynasypdyr. Nadanlyk şäherleriniň ýaşaýjylarynyň mertebesi ýagşy ahlaklara däl-de, eýsem baýlyk, lezzet berýän ýa-da göwün açýan serişdeleri ýa-da bularyň ikisinde hem zerur bolan zatlary gazanmak, ol zatlaryň adama hyzmat etmegi, ynsanyň hemme zerur zatlara eýe bolmagy we adamyň peýdaly adam bolmagy, ýagny mertebelere ýetmäge laýyk bolmagy hasaplanýar.

Nadanlyk şäheriniň ýaşaýjylarynyň iňňän gowy hasaplaýan zady ýeňşe eýe bolmakdyr. Olaryň köpüsiniň pikirine görä, ýeňiji bagtly adamdyr. Diýmek, ýeňşi hem nadan şäheriň ýaşaýjylarynyň mertebeleriniň sanawyna girizmegimiz gerek.

Olaryň pikirine görä adamyň öz ýeňşi bilen meşhur bolandygy sebäpli bir, iki ýa-da üç zatda hormatlamak gerek: ol ýeke özüniň başarnygy sebäpli ýeňilmeýär ýa-da köpsanly leşgeriň we tarapdarlarynyň güýji sebäpli ýeňilmeýär, birinji hem ikinji sebäbiň ikisiniň bilelikde bar bolmagy sebäpli ýeňilmeýär. Diýmek, onuň ýeke özi we tarapdarlary zulum çekmeýär. Ýöne ol islese başga birine zulum edýär.

Barly adam barada aýdylanda, onda olaryň pikirine görä, barlylyk oňa öňki nesillerden geçen bolmaly. Olaryň düşünjelerine görä, öňki nesillerden geçen barlylyga sebäp bolýan zatlar şulardyr: ata-babalarynyň

baý bolmagy; olaryň lezzet almak üçin gerekli köp gowy zatlara we serişdelere eýe bolmaklary; olaryň köp zatlarda ýeňiş gazanmaklary; olaryň beýle zatlaryň üsti bilen başgalara, bir topara ýa-da şäheriň ýaşaýjylaryna peýda getirmekleri; olaryň görkli, çydamly bolmaklary we ölüme parhsyz garamaklary bilen tapawutlanmaklary; olaryň ýeňiş gazanmagyň serişdelerine eýe bolmaklary degişlidir.

Deň esasda hormatlanmak barada aýdylanda, onda ony hormata daşky gatnaşyga görä haýsydyr bir zat bilen ýa-da bir adamyň başga birine, başga biriniň bolsa ol adama deň mukdarda edýän hormatynyň özi bilen gazanylýar. Beýle ýagdaý, adatça bazar gatnaşyklarynda bolup geçýär.

Olaryň düşünjelerine görä, artyk hormatlylara baş bolan adam mynasypdyr. Artykmaçlyk basgançagy boýunça ýokary göterilmek bu babatda şäheriň galan ýaşyýjylarynyň mertebesi bilen deňeşdirilende has beýik hormata mynasyp derejä baryp ýetýänçä dowam edýär. Beýle derejä ýeten adam şäheriň başy we hökümdary bolýar. Diýmek, ol başgalara görä has uly hormata eýedir. Biz başgalaryň hormatlarynyň derejeleri barada öňde aýdyp geçdik. Şeýle hem olarda iň hormatly adam – iň barly adamdyr.

Eger olaryň hormatlanmagy diňe baýlyga esaslansa, onda adamlar bu babatda biri-birlerinden tapawutlanýarlar we barlyklaryna hem baýlyklaryna görä bezenýärler. Balykdan we baýlykdan mahrum adamlaryň ýolbaşçylyga we hormata düýbünden

gatnaşyklary ýokdur. Şöhratparazlygy has ýokary bolan şäheriň başynyň hormatyndan uly hormat beýlekileriň hiç birinde bolup bilmeýär. Eger şäheriň başy ýaşaýjylaryň hajatlaryny kanagatlandyrmak üçin köp peýda berýän bolsa, onda ol olara baýlyk, lezzet, hormat we beýleki isleglerini gazanmakda, olara özünden beýle zatlary başarnygyna görä bermekde we ol ýaşaýjylarda zatlary saklamakda peýdalydyr.

Olarda iň mynasyp hökümdar şäher ýaşaýjylaryna beýle zatlary öwezine hormatdan başga zatlary almazdan berýän adamdyr. Zatlaryň deregine meselem, ol baýlyk bermek bilen onuň öwezine baýlyk, eşret bermek bilen onuň öwezine eşret talap etmeýär, tersine öwgi, sylag we öz işine hem sözüne geň galmagy talap edýär. Şeýle hem ol adamlaryň öz adyny hemme halklaryň arasynda öz wagtynda hem, özünden soň hem şöhratlandyrmaklary we özi baradaky ýatlamanyň uzak wagtlap saklanmagy baradaky talaby öňe sürýär. Hut şeýle adam olarda hormata eýedir. Ol şäheriň ýaşaýjylaryna bermek, olaryň baýlyga, eşrete ýa-da olaryň ikisine hem bilelikdäki isleglerini kanagatlandyrmak we bu zatlary olarda saklamak üçin köplenç pula we baýlyga mätäç bolýar. Beýle hereketleriň näçe giň boldugyça, onuň bu şäheriň emlägi bolan baýlygy şonça köp bolmalydyr. Şonuň üçinem hökümdarlaryň käbiri beýle baýlygy paýlamagy sogaply we beýik iş hasaplamak bilen baýlyk gazanmaga ymtylýar. Ol baýlygy şäheriň ýaşaýjylaryndan alýan ýer salgydyndan ýa-da başga halklary ýeňip, olardan alýan

baýlygyndan gazanýar. Ol baýlygy hazyna salyp, şäher eýeçiligine öwürýär, ony şäheriň uly çykdaýjylaryny ýapmak üçin ulanýar we onuň öwezine has köp hormat gazanýar.

Ýöne şöhratparaz hökümdaryň özüni we neslini ebedileşdirmek, özi hem nesli barada ýatlama galdyrmak we hökümdarlygy öz nesliniň, urugynyň ygtyýarynda goýmak ugrunda hemme usullara ýüz urmagy mümkindir. Şeýle hem onuň baýlygy güýç bilen ele almagy, baýlykdan başgalaryň peýdalanmagyna ýol bermezligi, başga halklary olaryň özüne hormat goýmaklary üçin erkine tabyn etmegi, adamlaryň hormatlaýan zatlaryny özünde toplamagy, özüni beýlekilerden öý, eşik, tapawutlandyryjy alamatlar babatda diňe özüne mahsus ajaýyplyk, bezeg, kaşaňlyk, beýiklik bilen tapawutlandyrmagy mümkindir.

Onuň ýene adamlardan daşlaşmagy hem adyl kanunlary bozmagy mümkin. Eger onuň häkimiýeti kuwwatlansa, halky diňe özüniň we urugynyň olaryň üstünden şalyk sürmäge hukuklydygyna öwrenişdirmegi mümkindir. Beýle ýagdaýda ol öz erkine görä adamlary wezipelere bellär we munuň ornuna hormat-sylag alar. Ol her bir wezipe üçin belli bir eşretleri we eşrete getirýän zatlary – baýlyk, öý, eşik, tapawutlandyryjy alamat, ulag we onuň mertebesini göterýän her bir zady kesgitlär. Wezipelere diňe onuň özi bellär. Mundan soň bellenen adamlaryň oňa hormaty artar. Onuň şöhratlandyrýanlara bolsa kömegi artar. Ol hormatlanar we tagzym edilýän zada

öwrüler. Şäheriň şöhratparaz ýaşaýjylary ýygy-ýygydan oňa ýaranjaňlyk bilen ýüz tutarlar, özleriniň oňa bolan hormatyny ýatladarlar, ony şöhratlandyrýan sözleri köp aýdarlar. Beýle adamlar özlerinden pesde duran adamlar tarapyndan hem, ýokarda duran adamlar tarapyndan hem hormatlanylar.

Ýokarda garalyp geçilen hemme aýratynlyklar babatda bu şäher, aýratyn hem ol hormatlar we wezipe bermek bilen edilýän hormatlar iň peýdaly maksady yzarlaýan bolsa, ýagny beýlekiler üçin baýlyk, eşret ýa-da islegleri ýaly zatlarda peýdaly maksat yzarlaýan bolsa, onda ýagşy şähere meňzeýär.

Bu şäher nadan şäherleriň, ýagny ýaşaýjylary «nadan adamlar» diýip, ýa-da başga şuňa meňzeş at bilen atlandyrylýan şäherleriň iň ýagşysydyr. Emma şöhratparazlyk çäkden ötse, onda ol ganhorlaryň şäherine öwrüler. Eger ol şäher özgerse we erkin bolsa, onda hökümdarlygy söýüji şähere öwrüler.

Hökümdarlygy söýýän şäheriň we jemgyýetiň adamlary ýeňiş gazanmakda biri-birine kömek berýän adamlardyr. Beýle ýagdaý bolsa hemmäniň hökümdarlygy söýmegi birleşende mümkindir. Ýöne olar az ýa-da köp derejede hökümdarlygy söýmekleri we adamlaryň üstünden gazanýan ýeňişleri babatda biri-birinden tapawutlanýarlar. Meselem, ol adamlaryň käbiri adam ganyny dökmek üçin, beýleki birleri pul üçin, başga birleri bolsa ynsany gul etmek üçin ýeňiş isleýärler. Bu meselede olar adamlaryň ganyna suwsamak teşneligi bolsun, gul etmek teşneligi bolsun ýa-da

pul gazanmak teşneligi bolsun, tapawudy ýok, az ýa-da köp derejede hökümdarlygy söýýänlere bölünýärler. Olaryň zatlaryň hemmesine ymtylmagy we maksady – ýeňiş we tabyn etmekdir. Olar maksatlaryna ýetmek bilen ýeňileniň düýbünden hiç zada eýe bolmazlygyny, onuň ýeňijiniň tabynlygynda bolmagyny we şöhratparazlaryň biri bir zat islese, garşylyk görkezmezden oňa tabyn bolmagyny talap edýärler.

Olaryň biri «Hökümdarlyk ýagşy gatnaşyga esaslanýar» diýip oýlaýar, başga biri bolsa «Hökümdarlyk zorluga we rehimsizlige esaslanýar» diýip hasaplaýar. Şonuň üçin gan dökmek teşneligi bilen suwsanlaryň köpüsi ýatan adamy ol tä oýanýança öldürmeýärler we onuň hiç zadyny almaýarlar. Olar: «Beýle işi güýç görkezmek bilen ýerine ýetirmeli» diýip hasaplaýarlar. Şonuň üçin olar hereketlerine garşylyk görkezilmegini halaýarlar we garşydaşyny güýç bilen tabyn etmegi, onuň zatlaryny güýç bilen mejbur edip almagy dürs hasaplaýarlar. Ol adamlaryň her biri ýeňiş arzuwyna teşne adamlardyr. Olaryň käbiri başga biriniň beýleki birine gan dökmek we pul gazanmak üçin mätäç bolýandygy sebäpli gan dökmek we pul gazanmak bilen baglanyşykly göreşden ýüz dönderýär. Olar ýeňen adamsyny diri goýmak bilen tabyn edýärler we biri-birine kömek etmeýärler. Şeýle hem bolsa olar biri-birine başgalary ýeňmäge päsgelçilik bermeýärler.

Olaryň başy başgalary özüne tabyn etmäge gönükdirilen ýolbaşçylygy başarnykly we güýçli

ýolbaşçydyr. Oňa etmegi zerur işlerde örän hilägärlik etmek we örän ukyplylyk görkezmek mahsusdyr. Ol hemişe ýeňiji bolmagy başarýar we başga biriniň özüni ýeňmek ähtimallygyndan gorkmaýar. Olaryň başy, ine şunuň ýaly adamdyr. Ol öz şäheriniň sözüň doly manysynda hökümdarydyr.

Olar özlerinden başga hemmeleriň duşmanlarydyr. Olaryň düzgün eden däpleri we edähetleri iň ýagşy usul bilen başgalaryň üstünden ýeňiş gazanmak üçin ýöriteleşdirilendir. Olar özara bäsleşýärler we ýeňiş-leriniň köplügine, ýeňişleriniň gabarasyna, harby gurallaryna we ýaraglaryna buýsanýarlar. Ynsanyň ýeňşe bolan ukyby we ýeňiş gazanmagyň serişdeleri düşünjede, göwrede ýa-da göwräniň daşynda bolup biler.

Onuň göwresindäki zat, meselem çydamlylyk we şuňa meňeş zatlardyr. Onuň göwresiniň daşyndaky zat – onuň ýaragydyr. Onuň düşünjesindäki zat – onuň başga birini boýun egdirmek işindäki paýhaslylygydyr. Olara durnuklylyk, ýanbermezlik, rehimsizlik, ulumsylyk, köpaýallylyk, hemme eşretleri ele salmaga ymtylmakda we hemmeleri güýç bilen özlerine tabyn etmekde güýçli kanagatsyzlyk mahsusdyr.

Beýle şäheriň ýaşaýjylary bu şäherden bolmadyklaryň özleriniň garşysyna baş götermäge ymtylmak ähtimallygynyň barlygy ýa-da özleriniň tebigatlary sebäpli olaryň üstünden ýeňiş gazanmagy hökmany hasaplaýarlar. Ýöne ýeňlenler bir şäherde olaryň goňşulary hem bolup biler. Şeýle hem ýeňijiler

tabyn etmek we ýeňiş derejesi boýunça deň ýagdaýda hem bolup biler. Olar goňşularynyň üstünden ýeňiş gazanmak boýunça başgalara görä artyk ýa-da kem bolup bilerler. Şeýle hem bu şäheriň ýaşaýjylary tabyn etmek ukyplaryna we düşünjelerine görä özlerine ýolbaşçylyk edýän hökümdarlaryna ýakyn bolup bilerler. Şeýle ýeňşe ymtylýan diňe bir adam bolup biler. Beýle ýagdaýda onuň ygtyýarynda hemme adamlary tabyn etmek üçin serişdeli adamlary bolýar. Bu adamlar haýsydyr bir zada eýe bolmaga we kimdir birinden bir zady almaga ymtylmaýarlar. Olar diňe bir adam üçin ýeňiş gazanmaga ymtylýarlar. Bu adamyň ýeke özüniň durnuklylygy, çydamlylygy we paýhaslylygy başga adamlary ýeňmek üçin ýeterlikdir. Onuň golastyndaky adamlar göýä aw tazylaryna we laçynlaryna meňzeşdir.

Şäheriň hökümdaryň ygtyýarynda bolanlaryndan başga hemme ýaşaýjylary onuň isleýän hemme zadynda oňa hyzmat edýän, kemsidilen, tabyn edilen we düýbünden hiç bir zada eýe bolmadyk gullardyr. Olaryň käbirleri ýer işlerinde işleýärler, beýleki birleri bolsa söwda edýärler. Ol bolsa mundan ýeke-täk maksat yzarlaýar: adamlary öz erkine tabyn etmeli, olary ýeke özi kemsitmeli we olaryň hiç biri hiç hili peýda hem, hiç hili eşret hem görmeli däl. Olar diňe tabyn bolmaly. Hökümdarlygy söýýän şäher bolsa halkyň üstünden höküm sürer. Bu şäheriň islendik ýaşaýjysy hökümdarlygy söýýän bolup bilmeýär. Şäheriň ýarysy hökümdarlygy söýýän bolup biler.

Ýöne bu ýagdaýda hem şäheri we onuň ýaşaýjylaryny «hökümdarlygy söýýän şäher» diýip atlandyrmak kabul ederlikdir.

Ol şäher «hökümdarlygy söýýän şäher» diýlip ýeňşiň haýsydyr bir görnüşine ymtylýandygy we lezzet alýandygy sebäpli beýle atlandyrylyp bilner. Eger şäheriň ýaşaýjylary ýeňşi we ýeňşe zerur zatlary, eşreti ýa-da bularyň ikisini hem gazanmak isleseler, onda bu şäher ýaşaýjylary barada öňde gürrüňi edilen şäherden başga bir görnüşli hökümdarlygy söýýän şäher bolardy. Köp adamlar barybir beýle şäherleri «hökümdarlygy söýýän şäher» diýip atlandyrýarlar. Ýöne beýle ada bu üç maksady güýç bilen gazanýan şäher has mynasypdyr.

Hökümdarlygy söýmeklik mahsus bolan şäherler üç görnüşe bölünýär: diňe bir ýaşaýja mahsus hökümdarlygy söýmek, ýaşaýjylaryň ýarysyna mahsus hökümdarlygy söýmek we ýaşaýjylaryň barysyna mahsus bolan hökümdarlygy söýmek.

Olary haýsydyr başga maksat ýa-da isleg üçin tabyn edip we jezalandyryp bilerler.

Diýmek, ýeňiş bilen bir hatarda başga maksat yzarlaýan şäherler hem bar.

Bir şäher kim üçin gerekdigine, näme üçin gerekdigine garamazdan, ýeňşe ymtylýar. Beýle şäherde özüne peýda tapmagy yzarlamazdan başga birine zyýan ýetirmek maksady ýörgünlidir. Meselem, diňe sütem görkezmek üçin adamy janyndan mahrum

edýärler. Bu ýerde araplar barada aýdylşy ýaly, üýtgewsiz zatlaryň üstünde göreş gidýär.

Başga bir şäher üýtgewsiz zatlar üçin däl-de, eýsem başga hormatly we beýik saýýan zatlaryna eýe bolmak ugrunda ýeňiş teşneligine ymtylýarlar. Özi hem muny güýç ulanmazdan gazanyp bilseler, onda olar güýç ulanmaga ýüz urmaýarlar.

Üçünji şäherde haýsydyr bir asylly zatlaryň birini almaga kömek berjek ýagdaý ýüze çykanda, zyýan ýetirýärler we öldürýärler. Eger isleýän zatlaryny köp ýa-da ýeterlik mukdarda güýç ulanmazdan, uruş etmezden alsalar, onda olar munuň bilen oňňut edýärler, güýç ulanmaýarlar we uruş etmeýärler. Beýle adamlar «işjeň we örän hormatlanýan adamlar» diýlip atlandyrylýar. Birinji şäheriň ýaşaýjylary ýeňiş gazanmak bilen tabyn edenlerinden soň diňe özlerine zerur zatlary almak bilen çäklenýärler. Käwagt ýeňijiler pul ýa-da gul etmek üçin uruş alyp baryp, başgalaryň pullaryna we azatlyklaryna doly eýe bolýançalar hereketlerini dowam etdirýärler. Olar ýeňiş gazananlaryndan soň öz isleglerini kanagatlandyryp, ýeňilenleri öz ugurlaryna goýýarlar we başga hiç zat almaýarlar. Beýle adamlar öwgä, hormata we sylaga mynasypdyr. Şöhratparaz adamlar bu zatlaryň köpüsini hormat gazanmak üçin ulanýarlar.

Hökümdarlygy söýýän şäher şöhratparaz şäherden has rehimsizdir. Olar şäheriň ýaşaýjylarynyň öňünde baýlyklary bilen öwünýärler, keýpi-sapa we göçgünli güýmenjelere meşgul bolýarlar. Çünki olar özlerini

beýle ýoly saýlap alandyklary üçin hemme şäherleriň iň mynasyp adamlary hasaplaýarlar. Bu sebäpden başga şäherleriň ýaşaýjylaryny äsgermezçilik edýärler. Güýçlere hem, hormata ymtylmaýan adamlaryň öňünde olar açyk gopbamsyraýarlar, ulumsyraýarlar we magtanýarlar. Şeýle hem olar bagtyň iki görnüşine mätäç däldiklerine, öz ýaşaýyşlarynda mejbur edilmeleriň ýokdugyna we durmuşlarynyň eşretlidigine buýsanýarlar. Olara häsiýetleri boýunça gödeklik mahsusdyr. Ýöne olar özlerini namysjaň, beýik we güýçli hasaplaýarlar. Şeýle hem olar özlerini «mynasyp» we «işjeň» diýip atlandyrýarlar.

Olar baýlyga, lezzete we şatlanmaga teşne bolsalar, onda muny kärleriň üsti bilen däl-de, eýsem ýeňmäge bolan ukyplary bilen gazanýarlar. Ýeňiş olary has ulumsy edýär. Olar rehimsiz adamlara degişli edilýär. Birinjiler barada aýdylanda bolsa, onda olar akmaklardyr.

Şeýlelikde, şöhratparaz adamlaryň arasynda hormaty özleri üçin däl-de, eýsem baýlyk üçin söýýänleri bardyr. Olaryň käbirleri özgeleriň hasabyna baýamak bilen başgalaryň özlerine hormat goýmagyny söýýärler. Olaryň beýleki birleri baýlyga eşret we keýpi-sapa üçin teşnedirler. Olaryň ýene birleri hökümdarlyga we tabyn etmäge ilki baýlyk gazanyp, soňra ony keýpi-sapa üçin ulanmaga teşnedirler. Olar özleriniň başga birleriniň üstünden hökümdarlygy we başgalaryň özlerine tabynlygy näçe köp we kämil bolsa, şonça isleýän zatlary köp gazanylar diýip

hasaplaýarlar. Olar şäheriň ýaşaýjylarynyň üstünden hökümdarlyk etmäge we keýpi-sapada, iýip-içmekde, aýallara ýakynlyk etmekde şäheriň ýaşaýjylaryndan hiç biri deňeşip bilmez ýaly örän köp mukdarda baýlyk gazanmaga ymtylýarlar.

Jemagat şäheriň her bir ýaşaýjysy özüniň isleýän zadyny özi etmäge erkli şäherdir. Onuň ýaşaýjylary deň hukuklydyr. Olaryň kanunlary ýaşaýjylaryň birine beýlekisinden artykmaçlyk bermeýär. Olaryň häkimiýeti ýaşaýjylaryň biri-birine we beýleki şäherleriň ýaşaýjylaryna azatlyklaryny üpjün etmäge ýardam berýär. Olaryň arasynda dürli ahlaklar, dürli aladalar, dürli islegler we köpsanly lezzet almalar gabat gelýär. Olaryň ýaşaýjylary köpsanly biri-birine meňzeş we birine meňzeş däl toparlary emele getirýärler.

Beýleki şäherleri özüne birleşdirýän bu şäherde üýtgewsiz, çuňňur mazmunly, şeýle hem islendik görnüşli ýolbaşçylyk bardyr. Biz olar barada ýokarda aýdyp geçipdik. Onuň ýaşaýjylarynyň özlerini dolandyrýan başga hiç hili gatnaşyklary ýokdur. Çünki ýaşaýjylar öz başlaryny özleri belleýärler. Baş bolan adam bolsa tabyn adamlaryň erklerine görä ýolbaşçylygyny ýöredýär we olaryň erklerine görä işini alyp barýar. Olaryň ýolbaşçysy tabyn adamlaryň erklerine tabyndyr. Tabyn adamlaryň ýolbaşçynyň buýrugyna tabyn däldigi sebäpli hakykat ýüzünde ýolbaşçy hem, oňa tabyn adamlar hem ýokdur.

Olarda öwülýän we hormatlanylýan adam şäheriň ýaşaýjylaryna biri-birinden hem daşky duşmanlardan

azatlyk alyp berýän, olaryň isleglerini kanagatlandyrýan, näzini çekýän, olaryň azatlygyny goraýan we öz islegini kanagatlandyrmakda diňe özüne zerur zatlar bilen oňňut edýän adamdyr.

Olaryň iň hormatlanylýan, iň mynasyp görülýän we tabyn adamsy, ine şeýle adamdyr. Başga başlar olaryň isleglerine we ymtylmalaryna görä eşret gazanmaklaryny üpjün edýärler. Ýaşaýjylar bolsa olara munuň öwezine hormat goýýarlar we eden işlerine görä pul bilen üpjün edýärler. Bu ýagdaýda ýaşaýjylar beýle başy mynasyp hasaplamaýarlar. Çünki olar ony hormat goýmak we pul bermek bilen ulanýarlar.

Bu şäherde ýaşaýjylaryň hajatlaryny bitirendikleri, ata-babalarynyň ýolbaşçylyk etmekde şöhratly bolandyklary we olarda ata-babalaryndan ýolbaşçylyk etmek hukugy saklanyp galandygy sebäpli hormata eýe bolan başlar hem bolup biler. Beýle ýagdaýda şäheriň ýaşaýjylary ýolbaşçynyň hökümdarlyk erkine degişlidir. Bu şäheriň nadanlykdan gelip çykýan hemme islegleri we ymtylmalary iň bir kämil görnüşe eýedir. Beýle şäher nadan şäherleriň iň ajaýyby we iň bagtlysydyr. Beýle şäher özüniň daşky görnüşi boýunça gülli we köp reňkli eşigi ýatladýar. Onuň her bir ýaşaýjysy özüniň hajatyny ymtylmalaryny kanagatlandyryp bilýär.

Bu sebäpden bu şähere adamlar dürli ýerlerden göçüp gelýärler we onda ornaşýarlar. Şäheriň göwrümi örän ulalýar. Onda dürli halklaryň wekilleriniň arasynda nikalar baglaşylýar, dürli halklara degişli

çagalar dogulýar we dürli halklaryň arasynda jynsy gatnaşyklar ýüze çykýar. Bu ýerde dürli uruglardan bolan, dürli gelip çykyşly we dürli terbiýeli çagalar ösüp ýetişýär. Bu şäher biri-birine girýän, biri-birinden bölekleri bilen tapawutlanýan köpsanly dürli birleşmelerden ybaratdyr. Ol birleşmelerde çet ýurtly adam ýerli adamdan tapawutlanmaýar. Ýaşaýjylar birleşmelere islegleriniň umumydygy sebäpli birleşýärler. Şonuň üçin wagtyň geçmegi bilen beýle şäherde iň mynasyp adamyň kemala gelmegi mümkin. Ol ýerde akyldarlar, dilewarlar we dürli şahyrlar ýaşap biler. Bu şäherde döränleriň bir bölegi ýagşylyk şäherine göçüp biler. Çünki hut şeýle şäherde beýleki nadanlyk şäherlerine garanyňda ýagşylyk bilen şeriň sazlaşygy bardyr. Şäheriň göwrümi näçe giň, ilaty gür hem köp boldugyça, şonça ýagşylyk bilen şer sazlaşygy bar bolup biler.

Her bir nadanlyk şäheri özüne özüniň maksadyny goýýar. Her ýolbaşçylygyň zerur zatlary gazanmakda, hormaty, şöhraty we öwgini gazanmakda, baýlyk gazanmakda, eşret gazanmakda, ýeňiş gazanmakda we azatlygy gazanmakda özüniň maksady bardyr. Şonuň üçin beýle ýolbaşçylar zatlary satyn almaga pul harçlaýar. Beýle ýagdaý bir ýaşaýjysy beýlekisinden ýolbaşçylyk etmäge mynasyp bolmadyk, häkimiýet biriniň ygtyýaryna berlen, ýa-da belli wagt oňa ýolbaşçylyk ynanylan, ýa-da beýle ýagdaýyň üsti bilen biri pul, beýlekisi bolsa sylag isleýän jemagat şäheriniň ýolbaşçylygyna mahsusdyr.

Olarda «ýagşy baş» diýip özleriniň dürli hem kämilleşen isleglerini we umytlaryny kanagatlandyrmak üçin gerekli zatlara oňat düşünýän, uly ugurtapyjylykly, özlerini duşmanlardan goramagy başarýan, öz peýdasyna hiç zat alman, diňe zerur zatlar bilen oňňut edýän adam hasaplanýar.

Olarda hakyky ýagşy baş hereketleri bilen şäherlilere ýolbaşçylyk edýän we olary bagtyýarlyga gönükdirýän adamdyr. Şäherliler hem öz gezeklerinde ony ýolbaşçylyk maksadyna gönükdirýärler. Onuň ýolbaşçylygy wezipeden aýrylmakdan, wezepede ornaşmakdan ýa-da wezipede çaýkanyp durmakdan halas däldir.

Nadanlyk şäherleriniň her biri özleriniň özara gatnaşyklaryna, isleglerine mynasyp, isleglериниň amala aşyrylmagyny ýeňilleşdirýän we özlerine bu zatlary berýän hem ol zatlary özlerinde saklaýan adamyň ýolbaşçylyk etmegini isleýär. Olar ýagşylyk şäherleriniň ýolbaşçylarynyň özlerine ýolbaşçylyk etmegini isleýärler we beýle ýolbaşçylykdan ýüz dönderýärler. Emma ýagşylyk şäherleriniň we olaryň ýolbaşçylyklarynyň döremegi örän mümkindir. Beýle ýolbaşçylygy hökmanylyk sebäpli we jemagat şäherlerinde gurnamak ýeňildir.

Zerur zatlar, baýlyk, eşret, şatlyk we hormat zorlugyň hem ýeňşiň üsti bilen, şeýle hem özge usullaryň üsti bilen gazanylyp bilner.

Şäherler hem olara öz maksatlaryna görä ýolbaşçylyk etmegiň toparlara bölünişi ýaly dört görnüşe bölünýär.

Olaryň käbiri ýeňşiň we zorlugyň üsti bilen, başgalary bolsa beýleki ýollaryň üsti bilen öz maksatlaryny amala aşyrmaga ymtylýarlar.

Ýeňşiň we zorlugyň üsti bilen beýle zatlary gazanmak garşylyk we güýç bilen saklaýanlardan bedenleriniň çeýe hem güýçli bolmagyny, häsiýetleriniň gödek, rehimsiz, doňýürek we ölüme parhsyz garalmagyny talap edýär. Şunuň bilen bir hatarda olar özlerini gyzyklandyrýan zatlary gazanmakda özlerini harby tilsimlere ökdelige we başgalary tabyn etmek üçin ýagdaýy öňden görmek ukybyna mätäç hasaplaýarlar.

Lezzetlere meşgul bolýanlara lezzet almak bilen bir hatarda iýmekde-içmekde, aýallara höwesli bolmakda doýmaz-dolmazlyk, ýumşaklyk we erkiň gowşaklygy mahsusdyr. Olarda gazabyň güýji düýbünden ýa-da doly diýen ýaly ýitýär. Munuň tersine, olarda başgalara bolan gazap we ruhuň hem agzalaryň göçgünliligi uly güýje we erjellige eýedir. Beýle ýagdaý olara ol isleglerini hem, bu isleglerini hem amala aşyrmaga gönükdirilen hereketlerini etmäge mümkinçilik berýär. Olaryň ruhunyň üstünden gazap we göçgünlilik deň derejede hökümdarlyk sürýär.

Şeýle hem özüniň hyjuwyny kanagatlandyrmaga ymtylyp, bu işe mümkin bolup güýji sarp edýänler bardyr. Olaryň beýle ymtylmasy üýtgewsiz häsiýete eýedir. Şonuň üçin onuň pikirlenmek ukyby gaharyň

we hyjuw güýjüniň hyzmatynda, gahar bolsa hyjuw güýjüniň hyzmatynda bolýar. Beýle ýagdaýdaky adam pikirini gazabyň we hyjuwyň güýjüniň näme üçin döreýändigini ýüze çykarmaga sarp edýär. Ol gaharyň güýjüniň we agzalaryň güýjüniň hereketini iýmek-içmekden we aýallara ýakynlyk etmekden lezzet tapmaga, muňa ýardam berýän we muny saklaýan zatlara gönükdirýär.

Beýle ýagdaý çöllerde ýaşaýan barly çarwa araplarynda we türki kowumlarda gabat gelýär. Çünki bu adamlara hökümdarlyga ymtylmakda, iýmek-içmekde we aýallara ýakynlyk etmekde doýmaz-dolmazlyk mahsusdyr. Şonuň üçin olarda aýallary gowy görmegiň netijesinden gelip çykýan täsirler güýçli. Olaryň köpüsi bu jähetden ahlak bozuklygyna ýol berýärler. Emma muny bozuklyk hasaplamaýarlar. Olaryň ruhlary bozuklyga düşüp, beýle işden saklanmaýarlar. Olaryň köpüsiniň aýallaryň öňünde eden işleri bilen öwünýändiklerini görmek mümkin. Olar muny aýallara gowy görünmek üçin edýärler. Olar üçin aýallaryň halamaýan zady ýaramaz zat, gowy görýän zatlary bolsa – ýagşy zatdyr. Olar aýallaryň hemme isleglerini berjaý etmäge çalyşýarlar. Onsoň olara köplenç aýallar ýolbaşçylyk edýärler we olaryň öý hojalyklaryna baş bolýarlar. Bu sebäpden olaryň köpüsi aýallary bol-elinlige endik etdirýärler we aýallary agyr işlerde ulanmaýarlar. Olar agyr işiň hemme agramyny öz gerdenlerine alýarlar we aýallary dynç ýagdaýda goýýarlar.

Ahlaksyzlyk şäheri – ýaşaýjylary başlangyçlara ynanýan, hyýallaryna bagty getirýän, oňa ymtylýan, bagtlylyga ynam edýän, bagta getirýän hereketleri gollanma edinýän, ol hereketleri bilýän, beýle hereketleriň getirjek ýagşy netijelerine ynanýan şäherdir. Ýöne olar beýle hereketleriň hiç birini berjaý etmeýär. Tersine özleriniň ymtylmalarynda we isleglerinde nadanlyk şäherleriniň ýaşaýjylarynyň maksatlaryna tarap – hormata, ýeňşe we şulara meňzeş zatlara tarap gyşarýan şäherdir. Olar hemme hereketlerinde we ukyplarynda, ine şunuň ýaly zatlara tabyn bolýarlar.

Bu şäherleriň görnüşleri nadanlyk şäherleriň görnüşlerine deňdir. Çünki olaryň hereketleri nadanlyk bilen edilýän hereketlerdir, olaryň ahlaklary hem nadanlyk bilen eýe bolnan ahlaklardyr. Olar nadanlyk şäherlerinden diňe özleriniň bagta garaýyşlary bilen tapawutlanýarlar. Bu şäherleriň ýaşaýjylarynyň hiç biri asla bagta gowuşmaýarlar.

Azaşanlyk şäherleri barada aýdylanda, onda olaryň ýaşaýjylary biziň aýdan zatlarymyza gabat gelmeýän, ýalan düşünjeleri alan adamly şäherlerdir. Olar biziň başlangyçlar barada aýdan zatlarymyza ters gelýän we bagt barada hakykata gabat gelmeýän ýalan düşünjeleri döretdiler. Olar başga hili bagt barada ýalan düşünjeleri çykardylar we hereketlerinde hem garaýyşlarynda olara eýerdiler. Olaryň beýle düşünjeleri bilen asla bagta ýetmek mümkin däl.

Ýagşylyk şäherleriniň şahslary köpsanly görnüşlere bölünýär. Olaryň arasynda bagta getirýän hereketleri etseler-de, hereketlerini hakyky bagta gönükdirmän, başga zada ymtylýanlary-da bar. Beýle hereketleriň üsti bilen ynsan baýlyk, hormat, häkimiýet ýaly eşretleri gazanýarlar.

Olaryň arasynda nadanlyk şäheriniň käbir düzgünlerine we maksatlaryna eýerýänleri hem bar. Çünki ýagşylyk şäheriniň kanundyr düzgünleri olara eýermäge pesgelçilik bermeýär. Sebäbi olar kanunçynyň sözlerinden özleriçe many çykarýarlar we onuň sözlerini öz isleglerine laýyklykda düşünýärler. Şeýle düşünjeler bolsa kanundyr düzgünleri ýoýýar. Beýle adamlar «ýoýujylar» diýip atlandyrylýar.

Olaryň arasynda kanunlary ýoýmaga ymtylmasalar hem, olara gowy düşünmezlikleri we kanunçynyň sözlerine ýeterlik aň ýetirip bilmezlikleri sebäpli şäheriň kanunlaryna kanunçynyň düşündirişi ýaly düşünmeýärler. Şonuň üçin beýle adamlaryň hereketleri birinji başyň maksatlaryna gabat gelmeýär. Şeýlelikde, olar özleri aňmazdan ýalňyşýarlar. Olar «dinden dänenler» diýlip atlandyrylýar.

Adamlaryň başga bir topary kanunlary özleri bozýarlar we ýoýýarlar. Ýöne olar beýle etmek bilen ýagşylyk şäheriniň bähbitlerine garşy hereket etmeýärler, tersine hakykaty gollanma edinip, hakykata teşne bolýarlar. Beýle adamlaryň sözleri ýoýulmajak derejä göterilýär. Eger olar bu derejä çykmak bilen kanagatlansalar, onda şol derejede saklanýar. Eger olar

bu derejä göterilmek bilen kanagatlanmasalar, onda gapma-garşy düzgünlere eýerip, täze derejä göterilýärler. Bu işi olar haýsydyr bir dereje bilen kanagatlanýançalar dowam edýärler. Eger olar bu derejelere göterilmek bilen oňmasalar, onda hakykat derejesine, ýagny zatlara bar boluşlary ýaly düşünmek derejesine çykýarlar. Olar şol derejede hem saklanýarlar.

Bu adamlar zatlary düşünjelerine görä ýoýup, gapma-garşylyklar bilen çaknyşýarlar. Olar her sapar hakykata ýakyn düşünjäniň derejesine çykanlarynda hakykaty ýoýýarlar. Çünki olaryň aňlary hakykata aň ýetirmäge ukyply däldir. Olaryň köpüsi özleriniň düşünjelerine görä hakykaty ýoýýarlar. Olar hakyky gapma-garşylyklaryň bardygy sebäpli däl-de, eýsem düşünjeleriniň kämil däldigi we ýeterlik düşünmeýändikleri sebäpli hakykaty ýoýýarlar.

Olaryň köpüsi muňa ýeterlik düşünmegi başarmasalar-da, hakyky gapma-garşylyklar bilen çaknyşsalar-da, hakykata aň ýetirip bilmeseler hem özlerini hakykata ýeten kişi hasaplaýarlar we hakykata ýeten kişi hökmünde sözleýärler. Şeýle hem bolsa olar hakykaty ýoýmaga çalyşýany bu ugurda köp yhlas edendigi sebäpli aklamagy mynasyp hasaplaýarlar. Onuň özüne özüniň ýeten derejesinden çykarýan netijesi dürs bolup görünýär. Bu ýerden olaryň köpüsi «Hakykata aň ýetirdim» diýip oýlaýanlaryň hemmesi ýalňyşýarlar diýip netije çykarýarlar. Olaryň käbirleri meseleleriň asla gutarnykly çözgütleriniň ýokdugy

baradaky netijä gelýärler. Olaryň beýlekileri bolsa «Düýbünden hakyky bolan zat asla ýok» diýen netije bilen ylalaşýarlar. Eger kimdir biri özüniň haýsydyr bir zadyň hakykatyna aň ýetirendigini tassyklasa, onda ol beýle diýmek bilen ýalan sözleýändir.

# ÜÇÜNJI MAKALA

## BAGT ÝoLUNYŇ GOLLANMASY

### Rehimdar we Mähriban Taňrynyň ady bilen!

Bagt – her bir adamyň ymtylýan maksadydyr. Çünki bagt haýsydyr bir kämillikdir. Muny düşündirmek üçin artykmaç söze mätäçlik ýokdur. Çünki bagt aňyrbaş derejede mälim zatdyr.

Her bir kämillik ynsanyň ymtylýan maksadydyr. Çünki kämillik haýsydyr bir mertebedir. Bu kesgitlemäniň dürslügine şek-şübhe ýokdur we ol ygtybarlydyr. Ymtylynýan maksatlaryň we artyk görülýän mertebeleriň köpsanlydygy sebäpli bagt artyk görülýän mertebeleriň iň peýdalysydyr.

Bagtyň mertebäniň iň ulusydygy, artyk görülýän zatlaryň arasynda adamyň ymtylýan iň kämil maksadydygy düşnüklidir. Mertebeleriň artyk görülmegi mertebeleriň özleri üçin ýa-da mertebelerden başga maksat üçin bolup biler. Meselem, matematikany öwrenmek üçin, dermanlary

ulanmak üçin olaryň özlerinden başga maksat üçindir. Özleri üçin artyk görülýän mertebeleriň başga zatlar üçin artyk görülýän mertebelere garalanda has köp artyk görülmäge mynasypdygy mälimdir.

Munuň bir mysaly ylymdyr. Käwagt biz ony başga bir zady gazanmak üçin däl-de, eýsem onuň özi üçin artyk saýýarys. Käwagt bolsa biz ylmy onuň özüniň üsti bilen baýlyk ýa-da başga zat gazanmak üçin, meselem, hökümdarlygyň we ylmyň üsti bilen gazanyp boljak zatlarda artyk saýýarys.

Biz bagta ýetenimizde özümiziň kämildigimizi görýäris. Şonda başga maksada ymtylmaga mätäç bolmaýarys. Mundan bagtyň hiç haçan başga zatlar däl-de, eýsem diňe özi üçin artyk görülýändigi mälimdir. Bu ýerden bagtyň mertebeleriň iň artyk görülýänidigi, iň ulusydygy we iň kämilidigi düşnüklidir.

Şunuň bilen bir hatarda biz bagty gazanyp, başga zada mätäç bolmaýandygymyzy hem görýäris. Beýle häsiýete eýe bolýan zadyň bolsa diňe özi ýeterlikdir.

Bu netijeler bagtyň her bir adama öz düşünjesine görä aňyna-pikirine gelýändigine delildir. Käbir adamlar baýlygy bagt diýip hasaplaýarlar, başga bir adamlar bolsa bagty başga bir zatda görýärler. Her bir adam özüniň düşünjesine görä bagta sözüň doly manysynda ynanýar, ony iň artyk görülýän, iň beýik we iň kämil eşret hökmünde görýär.

Eşretleriň arasynda bagtyň ýagdaýy, ine şeýledir. Bagtyň gutarnykly gazanylmagy adamdan oňa ýetmek üçin usullaryň we serişdeleriň bolmagyny talap edýär.

Başlangyç üçin ynsanyň durmuşynda gabat gelýän ýagdaýlar öwgä ýa-da ýazgarylmaga sebäp bolýan ýagdaýlara, öwgä ýa-da ýazgarylmaga sebäp bolmaýan ýagdaýlara bölünýär diýip belläliň.

Ynsan öwgä ýa-da ýazgarylmaga sebäp bolýan ýagdaýlarda aýratynlykda bagt gazanyp bilmeýär. Ol öwgä we ýazgarylmaga sebäp bolýan ýagdaýlar jemlenende bagtyny gazanýar.

Öwgä we ýazgarylmaga sebäp bolýan ýagdaýlar üçdür. 1. Adama özüniň beden agzalaryny ulanmak üçin gerekli bolan amallar. Meselem, turmak, ýöremek, oturmak, münmek, görmek, diňlemek. 2. Ruhuň hyjuwly ahwallary. Meselem, meýil, lezzet, şatlyk, gazap, gorky, rehimdarlyk, gabanjaňlyk we şulara meňzeş zatlar. 3. Paýhaslylyk. Üçünji ýagdaý adama tutuş ömrüniň dowamynda ýa-da wagtlaýyn mahsusdyr.

Adamyň ýagdaýlarynyň her biri öwgüli ýa-da ýazgarylýan ýagdaý bolup biler. Ynsan özüniň işleri üçin, eger olar ýaramaz bolsa onda ýazgarylmaga, eger olar gowy bolsa öwgä mynasypdyr. Ol ruhunyň hyjuwly ahwallary bolşy ýaly däl ýagdaýynda ýazgarylmaga, bolşy ýaly ýagdaýynda bolsa öwülmäge mynasypdyr. Ol şeýle hem ýaramaz paýhasy sebäpli ýazgarylmaga, gowy paýhasy sebäpli öwülmäge mynasypdyr.

Ýagşy paýhas – adamda hakykat barada ynamly düşünjäniň döremegidir ýa-da onuň hakykata eltýän zatlary saýgarmaga ukyply bolmagydyr.

Adamyň düşünjesiniň hakykydygyna ynamynyň ýoklugy ýa-da aň ýetirjek zady baradaky düşünjesiniň dürs bolmazlygy ýaramaz paýhasdyr.

Bize özümiziň amallarymyzyň dürs bolmagy üçin ruhumyzyň hyjuwly ahwallarynyň bolşy ýaly bolmagy üçin we ýagşy paýhasy gazanmak üçin, amallarymyzyň nähili bolmalydygyny bilmek üçin ýolumyzyň nähili bolmalydygyny beýan etmegimiz gerek.

Birinji nobatda ýagşy amallara ynsanyň tötänlikde eýe bolup biljekdigini we olaryň onuň erkine görä ýüze çykmaýandygyny bilmegimiz gerek. Şeýle ýagdaýda ýüze çykýan ýagşy amallaryň üsti bilen bagt gazanylmaýar. Bagta amallar erke we ygtyýarlylyga esaslananda ýetilýär. Şeýle hem erke görä amallar käbir zatlar üçin we tötänlikde käwagt ýüze çykanda bagta ýetilmeýär. Ony ynsan hemme işlerinde artyk görýän ýagşy amallaryny edende we olary ömrüniň dowamynda ýerine ýetirende gazanýar. Ruhuň ýagşy ahwallary şeýle ýagdaýlara gabat gelmelidir.

Şunuň ýaly ýagşy paýhas hem tötänlikde ýüze çykyp biler. Adam hakykat baradaky ynamy niýete görä we emeli ýagdaýda gazanyp biler. Eger paýhas niýete görä we emeli ýagdaýa görä bolsa, onda bagta ýetilmeýär. Beýle ýagdaýda adam zatlary nähili saýgarýandygyna aň ýetirýär, ýöne onuň aň ýetirmegi hemme zatda we hemme wagtda ýüze çykmaýar.

Ýagşy paýhasyň beýle mukdary bilen adam bagta ýetip bilmez. Ol bagty diňe ömrüniň dowamynda aň ýetirýän we saýgarýan paýhasy bolan ýagdaýynda gazanyp biler.

Ynsanyň amallary, ruhunyň hyjuwly ahwallary we paýhasy ýokarda görkezilen zatlara gapma-garşy bolanda, ýagny ol ýaramaz hereketleri hemme işlerinde hem tutuş ömrüniň dowamynda erkine, ygtyýaryna görä edýän bolsa we saýgarýan hemme zatlaryna tutuş ömrüniň dowamynda ýaramaz paýhasa eýe bolsa, onda ol betbagtçylaga sezewar bolýar.

Indi bolsa ruhuň hyjuwly ahwallarynyň we paýhasyň bagty hökmany gazanylýan ýagdaýa neneňsi eltýändigi we bu üç zadyň nämäniň üsti bilen şeýle ýagdaýda bolýandygy, soňra bolsa yzyndan bagt gelýän ýagdaý hakynda söz açmagymyz gerek. Biz bu mowzugy beýan edenimizden soňra başga mowzugyň beýanyna geçeris.

Men şeýle aýdýaryn: her bir adam özüniň tebigy barlygynyň başyndan ruhunyň hyjuwly ahwallarynyň we paýhasynyň bolşy ýaly ukyba we bolşy ýaly däl ukyba eýedir.

Bu ukyba görä ynsan gowy hereketleri hem, ýaramaz amallary hem edýär. Munuň sebäbi onda ýaramaz amallary etmäge hem, gowy amallary etmäge hem güýç bilen baglanyşykly ukybyň barlygyndan ybaratdyr. Bu ukyp sebäpli ýaramaz paýhasy hem, gowy paýhasy hem almak mümkin. Şeýle hem bu ukyp ruhuň hyjuwly ahwallaryna täsir edýär. Amallarda,

ruhuň hyjuwly ahwallarynda we paýhasda ýaramazlygyň ýüze çykmak ähtimallygy bilen gowulygyň ýüze çykmak ähtimallygy deň häsiýete eýedir.

Soňra adamda bu üç ýagdaýyň diňe ikisinde, ýagny gowulykda ýa-da ýaramazlykda döreýän başga bir ýagdaý ýüze çykýar. Etmeli zady etmegiň ähtimallygy etmeli däl zady etmegiň ähtimallygyna deň däldir. Bu ähtimallyk sebäpli ol ikisiniň biri beýlekisinden artyk bolýar.

Adamyň barlygynyň başyndan eýe bolan tebigy ukyby barada aýdylanda, onda ol ony gazanyp bilmez. Adamda gazanmak ýoly bilen baglanyşykly başga bir ýagdaý soň ýüze çykýar. Bu ýagdaý iki görnüşe bölünýär: ol görnüşleriň biriniň üsti bilen diňe ýagşy paýhas ýa-da ýaramaz paýhas emele gelýär. Beýleki görnüşiň üsti bilen bolsa ýagşy amallar we ýagşy ruhy ahwallar ýa-da ýaramaz amallar we ýaramaz ruhy ahwallar emele gelýär.

Gowy ýa-da ýaramaz paýhas emele gelen görnüş iki görnüşe bölünýär: ol görnüşleriň biriniň üsti bilen ýagşy paýhas emele gelýär we ol «akylyň güýji» diýlip atlandyrylýar. Ikinji görnüşiň üsti bilen bolsa ýaramaz paýhas emele gelýär we ol «kemakyllyk», «akmaklyk» diýlip atlandyrylýar.

Gowy ýa-da ýaramaz hereketler we ruhuň ahwallary bar bolan görnüş «ahlak» diýip atlandyrylýar. Ahlak sebäpli ynsanda ýaramaz we ýagşy amallar ýüze çykýar.

Ynsanyň amallaryň we paýhasyň üsti bilen ýetýän bagty ýokarda aýdylan ýagdaýlar bilen baglanyşyklydyr. Beýle ýagdaýlaryň biri olaryň hemme zatda we hemişe bolmaklarydyr. Çünki bagt gutarnykly häsiýete eýe bolmalydyr. Degişli wagtda bolup geçýän haýsydyr bir zadyň üsti bilen ýüze çykýan amallara we paýhasa iki ýagdaýyň[1] biri häsiýetlidir. Adam şol ýagdaýyň üsti bilen hemişe we hemme wagtda ýagşy amallara eýe bolup, ýagşy häsiýeti ýüze çykarýar. Ynsanyň beýle ukyby tebigydyr. Ol ukyba iki ýagdaý hem mahsusdyr. Bu ukypdan soň adamda gazanylan ukyp ýüze çykýar. Onuň gazanylan ukybyna hereketinde we ruhy ahwallarynda iki ýagdaýyň diňe biri häsiýetlidir. Diňe ol ýagdaýlaryň üsti bilen iki ýagdaýyň diňe biri häsiýetli bolup biler. Diňe ol ýagdaýlaryň üsti bilen biz ýagşy ahlaga we ýagşy paýhasa eýe bolanymyzda bagt gazanylýar. Olaryň üsti bilen bagty gazanmagymyz arkaly akylyň güýji biziň üçin ýitmeýän ýa-da kynlyk bilen ýitýän häsiýetimize öwrülýär.

Ýagşy ahlak we akylyň güýji ikisi bilelikde «Her bir zadyň eşreti onuň artyk görülmeginde, onuň özüniň kämilliginde we amallaryndadyr» diýen many babatda ol adamyň mertebesidir. Ýagşy ahlak bilen akylyň güýji ikisi gabat gelse, onda artyk görülmegi we kämilligi özümizden hem amallarymyzdan alýarys. Bu

[1] Iki ýagdaý – bu ýerde paýhasyň ýagdaýynyň iki görnüşi, ýagny gowy paýhas we ýaramaz paýhas göz öňünde tutulýar.

ikisiniň üsti bilen biz asylly, ýagşy ahlakly we eşretli bolýarys, özümizi alyp barşymyz öwgä mynasyp bolýar.

Häzir nämäniň üsti bilen ýagşy ahlagyň biziň aýratynlygymyza öwrülýändigine garap geçeliň. Soňra nämäniň üsti bilen dürs aň ýetirmegiň güýjüniň biziň aýratynlygymyza öwrülýändigi barada söz açarys. Men «aýratynlyk» diýmek bilen ýitmeýän, ýitäýse hem kynlyk bilen ýitýän häsiýeti göz öňünde tutýaryn.

Biz: «Hemme ahlak aýratynlyklary – ýaramaz ahlaklar hem, gowy ahlaklar hem gazanylýar» diýýäris. Ynsan durnuklaşan ýagşy ýa-da ýaramaz ahlaga eýe bolmasa, onda öz erkine görä onuň gapma-garşy ahlaga öwrülmegi mümkin.

Adamyň belli bir ahlaga eýe bolýan we bir ahlakdan başga ahlaga geçýän zady endikdir. Men «endik» diýip haýsydyr bir ahlagyň ýygy-ýygydan dürli wagtda köp gezek gaýtalanmagyna düşünýärin. Ýagşy ahlagyň hem, ýaramaz ahlagyň hem endik bilen gazanylýandygy sebäpli özümizde endik etmek sebäpli döreýän ýagşy ahlaklar we ýaramaz ahlaklar hakynda sözümizi aýtmalydyrys.

Men şeýle aýdýaryn: endigiň güýji bilen alýan ýagşy ahlagymyz – ýagşy ahlaklar mahsus bolan adamlarda häsiýetli hereketiň gaýtalanmagydyr. Endigiň güýji bilen biziň alýan ýaramaz ahlagymyz – ýaramaz ahlaklar mahsus bolan adamlarda häsiýetli amalyň gaýtalanmagyndan başga hiç zat däldir.

Ahlaklara eýe bolmak sungatlara eýe boluşa meňzeşdir. Meselem, hatdatlyk sungatyna adam ökde hatdata mahsus amallara endik edende eýedir. Beýleki sungatlar barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Owadan hat hatdatlyga kämilleşen adamdan çykýar. Hatdatlyk kämilligi bolsa adam hata kämilleşende we haty gözel ýazmaga endik edende gazanylýar. Owadan ýazmak mümkinçiligi onda hatdatlyga kämilleşmezinden öň hem bar. Beýle mümkinçilik onuň tebigy güýjünde bardyr. Onuň hatdatlyk kämilligine ýetişeninden soňky kämilligi sungat sebäplidir.

Ýagşy amal barada aýdylanda hem ýagdaý şunuň ýalydyr. Ýagşy amal eýe bolunmazyndan öň hem adamda bar bolup, onuň tebigy güýjünde goýlandyr. Onuň ýagşy amala eýe bolmagyndan soň, amal onda işjeň ýagdaýdadyr. Belli bir ahlagyň emele gelmegi üçin degişli amala endik edilmegi hökmany. Ahlagyň endikden döreýändigininiň subutnamasyny sen şäherlerde bolup geçýän ýagdaýlarda görýänsiň. Syýasy şahslar adamlary ýagşy işlere endik etdirmek bilen olary ýagşy ahlakly adamlara öwürýärler.

Biz ýagşy amallaryň üsti bilen endikleriň güýji sebäpli ýagşy ahlaklara eýe bolýarys. Biz: «Adamyň kämilligi onuň ahlagynyň kämilligine barabardyr» diýýäris. Adamyň ahlak kämilligini gazanýan amallary beden kämilligini gazanýan amallaryna meňzeşdir. Adamyň beden kämilligi – saglykdyr. Saglyk bar bolsa, onda ony goramak gerek. Eger ol ýok bolsa,

onda ony gazanmak gerek. Saglyk diňe ölçegleri berjaý etmeklik bilen gazanylýar. Ortaça iýlip-içilende saglyga, ortaça işlenende güýje eýe bolunýar. Ahlak barada aýdylanda hem ýagdaý şeýle bolup, ol ortaça amallar bilen gazanylýar. Eger saglygy gazanylýan zat (serişde) bolmasa, onda saglyk hem ýokdur. Şeýle hem ölçeglerden gyşarýan amallar bar bolsa, onda muňa endik edilýär we ýagşy ahlak alynmaýar.

Ölçeglerden gyşarmak[1] artykmaçlyk ýa-da ýetmezçilikdir. Çakdanaşa köp ýa-da kem bolan iýmit saglygy saklamaýar. Ortaça zähmet göwräni güýje eýe edýär. Artyk ýa-da kem zähmet güýji gidirýär ýa-da gowşaklyga sebäp bolýar.

Ölçeglerden ol ýa-da beýleki tarapa gyşarýan amallar barada aýdylanda hem ýagdaý şeýle bolup, ol ýaramaz ahlaga eýe bolmaga ýa-da ýagşy ahlagy gidirmäge ýardam berýär.

Artykmaçlyk bilen ýetmezçiligiň, güýçlülik bilen gowşaklygyň, dowamlylyk bilen gysgawagtlylygyň, çakdanaşa köplük bilen gereginden artyk kemligiň arasyndaky ortalyk dürs sazlaşyk barlygynda mümkindir. Saglykdaky ortalyk barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Ol bu zatlaryň dürs sazlaşygynyň barlygynda mümkindir. Hemme zatlarda ortalyk artykmaçlygyň hem ýetmezçiligiň, güýjüň hem gowşaklygyň diňe sazlaşygyň belli bir derejesinde bolýandygy sebäpli

---

[1] اَلإِعْتِدَالُ المُتَوَسِّط Al-i‘tidal al-mutawassyt – aram ölçeglerden gyşarmak, aramlykdan gyşarmak.

ortalygy gazanmak haýsydyr bir ölçegi kesgitlemek bilen mümkindir. Bize bolsa bu ýerde amallaryň we olaryň ortalyklarynyň ölçegleri hakynda aýtmagymyz gerek.

Biz amaly kesgitleýän ölçeg saglyga peýda berýän kesgitli ölçeg bolmaly diýip hasaplaýarys. Saglyga peýda berýän ölçeg – bedeniň ýagdaýydyr. Biz oňa bedeniň ýagdaýy hökmünde garaýarys. Saglyga peýda berýän ortalyk başga ýagdaýlar we başga bedenler bilen deňeşdirilip kesgitlenilýär we ol ýa-da beýleki ýurduň şertleri bilen ölçenilýär. Amallaryň ölçegleri barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Ol amallar ýagdaýlar bilen ugurdaşdyr. Amallardaky ortalygy diňe ugurdaş ýagdaýlar bilen deňeşdirip, olara baha berip kesgitlemek mümkin. Meselem, tebip saglygyň derejesini, ýagny ölçegini bilmek üçin ilki bilen bejerilýän bedeniniň aýratynlygyny, ýagny saglyga bolan ukybyny, onuň hünärini, ol hünärde işlän wagtyny we tebipçilik sungaty bilen baglanyşykly beýleki zatlary bilýär, soňra onuň bedeniniň aýratynlygyna görä saglygyna peýda berjek ölçegi we onuň sagaljak wagtyny kesgitleýär.

Şunuň ýaly amallarda aralyk bolan ölçegi kesgitlemek islesek, onda ilki amallaryň wagtyny, olaryň ýerini, kimden gelip çykýandygyny, kime gönükdirilýändigini, nämeden ýüze çykýandygyny, nämeden döreýändigini, näme üçin we näme zat üçin edilýändigini bilýäris. Soňra bularyň her biriniň täsirini anyk kesgitleýäris. Diňe şeýle ýagdaýda ortalygy alyp

bilýäris. Amalda bu zatlaryň hemmesi hasaba alnanda, ol hereket aralyk bolýar. Eger olar hasaba alynmasa, onda amal çakdanaşa köp ýa-da gereginden kem bolýar.

Bu zatlaryň artykmaçlygy ýa-da kemligi boýunça hemme wagtda deň bolmaýandyklary sebäpli aram amallar hem hemme wagtda deň bolmaýar.

Häzir ýagşy ahlagyň hil aýratynlyklary we özüňi alyp baryş nusgalary barada söz açmagymyz gerek. Çünki beýle zatlaryň netijesinde döreýän özüňi alyp baryş nusgalary ahlaga degişli edilýän amallaryň iň ýagşylarydyr. Pikir gämisiniň adatça olary öwrenmäge gönükdirilýändigi bu sebäpdendir.

Biz batyrlygyň ýagşy ahlakdygy barada aýdýarys. Ol howply işlerde görkezilen aram dogumlylygyň[1] hasabyna gazanylýar. Howply işlerde çakdanaşa dogumlylyk paýhassyzlyga, dogumlylygyň ýetmezçiligi bolsa gorkaklyga eltýär. Beýle ahlaklardan degişli amallar gelip çykýar.

Sahylyk aýawlylygyň we pul harç etmegiň belli bir ölçeginde ýüze çykýar. Çakdanaşa aýawlylyk we pullary gereginden kem sowmak gysgançlyga alyp barýar. Artykmaç sowmak we ýeterlik däl aýawlylyk harmandökerlige getirýär. Beýle ahlaklardan degişli hereketler döreýär.

Çenini bilip iýmek-içmek, aýallara ýakynlyk etmek ýaly lezzetler aralyk ulanmagyň netijesinde ýüze

---

[1] Aram dogumlylyk – ortaça dogumlylyk.

çykýar. Bu lezzetlerdäki artykmaçlyk açgözlülige, ýetmezçilik bolsa lezzet duýgusynyň ýoklugyna alyp barýar. Beýle zatlar bolsa halanylmaýar. Çünki beýle ahlaklar degişli amallary döredýär.

Ýagşy ahlak nusgasy bolan akylyň ýitiligi degişme aralyk ýagdaýda ulanylanda ýüze çykýar. Adam öz durmuşynda dynç almalydyr. Dynjyň hetdenaşa köp alynmagy lezzetli hem, ezýetli hem däldir. Degişme köp bolsa lezzeti giderýär we ezýete getirmeýär. Degişmede aramlyk akylyň ýitiligine, artykmaçlyk bolsa wäşiligiň ýoklugyna getirýär. Degişme adamyň sözünde, işinde ýa-da ulanýan zadynda ýüze çykýar. Degişmäniň ölçegi erkindir. Bu sebäpden şadyýan, alçak adam geplemäge we diňlenmäge laýykdyr.

Bu zatlary kesgitlemek derňewe degişlidir. Olaryň hemmesine gutarnykly kesgitlemeleri bermek bu kitabyň mowzugyna girmeýär. Olaryň hemmesine başga kitaplarda garap geçmeklik mynasypdyr.

Adamyň özi baradaky dogruçyllygy onuň ýagşy ahlaklary we ýagşy etmişleri özünde bar adamyň ahlaklary bilen deňeşdirip, degişlisini degişli edende ýüze çykýar.

Eger adam özüne islendik ýagşy ahlagy we ýagşy etmişi degişli edende, onda özi hakynda ýalan düşünje döreýär.

Dostlaşmak – bir adamyň başga adam bilen gatnaşygynyň netijesinde ýüze çykýan ýagşy ahlakdyr. Dostlaşmak sebäpli sözleşmekde ýa-da hereketlerde lezzet alynýar. Dostlaşmakdaky artykmaçlyk

ýaranjaňlyga, ýetmezçilik bolsa hondanbärsilige eltýär. Beýle ýagdaýda biri beýleki birini öýkeledýär. Öýke bolsa duşmançylyga alyp barýar.

Şeýle mysallaryň üsti bilen biz amallara mahsus aramlygy, çakdanaşalygy we ýetmezçiligi beýan edip bilýäris.

Indi ýagşy ahlaklary gazanmagyň ýoluny oýlap tapyjylyk usulynyň üsti bilen garap geçmegimiz gerek. Men şeýle aýdýaryn: Ilki bilen dürli ahlaklardan gelip çykýan dürli ahlaklary we amallary sanap geçmegimiz, soňra bolsa özümize haýsy ahlagyň mahsusdygyny, ol ahlagyň bize başdan mahsusdygy ýa-da däldigini, onuň ýagşy ýa-da ýaramaz ahlakdygyny oýlap görmegimiz we derňemegimiz zerur. Ahlaklar bilen tanyşmak üçin bize haýsy amaly edenimizde lezzet alýandygymyzy, haýsy amaly edenimizde bolsa gussa düşýändigimizi oýlap görmek bilen derňemegimiz wajyp. Olar bilen tanyşanymyzdan soň ol amallaryň ýagşy ahlakdan ýa-da ýaramaz ahlakdan gelip çykýandygyna garamalydyrys. Eger amal ýagşy ahlakdan gelip çykýan bolsa, onda ahlagymyzyň ýagşydygyny aýdarys. Eger amal ýaramaz ahlakdan gelip çykýan bolsa, onda ahlagymyzyň ýaramazdygyny aýdarys. Şunuň ýaly usul bilen özümize mahsus ahlaga aň ýetirýäris.

Tebip bedeniň ýagdaýy bilen bedeniň ýagdaýyna degişli zatlaryň üsti bilen tanyşýar. Eger saglyk mahsus bolsa, onda ol saglygy saklamak üçin, eger bedene dert mahsus bolsa, onda ol derdi bejermek üçin oýlap tapyjylyk usulyna ýüzlenýär. Edil şunuň ýaly bize

ýagşy ahlak mahsus bolsa, onda özümizde şol ahlagy saklamak üçin, eger bize ýaramaz ahlak mahsus bolsa, onda biz ony özümizden aýyrmak üçin oýlap tapyjylyk usulyna ýüzlenýäris.

Ýaramaz ahlak ruhy dertdir. Ruhuň keselini aýyrmak üçin bize tebibiň bedendäki derdi bejerşine meňzemegimiz gerek. Soňra özümize mahsus ýaramaz ahlagyň çakdanaşalyk ýa-da ýetmezçilik sebäpli ýüze çykýandygyna garap geçýäris. Şeýle hem tebip bedene örän ýokary ýa-da örän pes gyzgynlylyk mahsus bolsa, onda ony tebipçilik hünäri boýunça kesgitlenen ölçege görä oýlaptapyjylyk usuly bilen aralyk gyzgynlylyga getirýär. Biz hem özümiziň ahlaklarymyza şunuň ýaly çakdanaşalyk ýa-da ýetmezçilik mahsus bolanda, olary bu kitapda kesgitlenen ölçege görä oýlaptapyjylyk usuly bilen aramlylyga getirýäris.

Aramlylygy gazanmak birbada kyn bolup görünse hem, ol mümkindir. Munuň üçin ahlagy kadaly ýagdaýa getirip biljek ýa-da kadaly ýagdaýa ýakynlaşdyrmaga gönükdirilen usul ulanylýar. Meselem, bedeniň ortaça gyzgynlylygyny gazanmak kyn hem bolsa, ony gazanmak mümkindir. Munuň üçin bedeniň ortaça gyzgynlylygyny aram gyzgynlylyga mümkingadar ýakynlaşdyrmaga ýardam berýän oýlaptapyjylyk usuly ulanylýar. Aralyk ahlagy gazanmak üçin ulanylýan oýlap tapyjylyk usuly barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Bu usulyň üsti bilen biz özümizde durnuklaşan ahlaga garap geçýäris. Eger ahlaga çakdanaşalyk mahsus bolsa, onda özümizi onuň

gapma-garşylygyndan, ýagny ýetmezçilikden gelip çykýan hereketlere endik etdirýäris. Eger ahlaga ýetmezçilik mahsus bolsa, onda özümizi onuň gapma-garşylygyndan, ýagny çakdanaşalykdan gelip çykýan hereketlere endik etdirýäris. Bu usuly birnäçe wagt dowam etdirýäris. Soňra nähili ahlagyň döründigi barada oýlanyp, ony derňeýäris.

Gazanylan ahlak üç ýagdaýyň birinde bolup biler: ortalyk, ortalykdan gyşarýan ýa-da ortalyga gyşarýan ýagdaýda.

Eger ahlak ortalyga ýakyn bolsa, ýöne ondan ötmeýän we başga gapma-garşylyga ýakynlaşýan bolsa, onda biz şol amaly haýsydyr bir wagt tä ortalyga ýetýänçä dowam etdirýäris.

Eger ahlak başga tarapa gyşaran bolsa, onda birinji ahlaga mahsus amaly edýäris we bu hereketi birnäçe wagt dowam etdirýäris. Soňra ýagdaýyň nähilidigine garaýarys.

Umuman, her gezek ruhumyzyň bir tarapa gyşarandygyny bilsek, onda beýleki tarapa mahsus amallary edýäris we beýle amallary ortalygy ýa-da ortalyga ýakynlygy gazanýançak dowam etdirýäris.

Özümiziň ahlagymyzda ortaça ölçegi gazanyp bilendigimizi şeýle usul bilen bilýäris: iki tarapa[1] mahsus amallaryň ýeňilligine, ýagny ýeňilligiň barlygyna ýa-da ýoklugyna garaýarys.

---

[1] Iki tarap – agyrlyk tarapy we ýeňillik tarapy.

Olaryň ýeňilligi, meňzeşligi ýa-da birine ýakynlygy boýunça ruhumyzdaky ölçegi kesgitleýäris. Taraplardan gelip çykýan amallaryň ýeňilligini synap görmek iki tarapyň ikisine hem bilelikde garamakdan ybaratdyr.

Eger olaryň hiç birinden ezýet görmesek ýa-da olaryň her birinden lezzet tapsak, olaryň beýlekisinden örän az mukdarda ezýet görsek, onda olaryň ýeňilligi boýunça meňzeşdiklerini ýa-da biri-birine ýakyndygyny bilýäris.

Ortalygyň iki tarapyň arasynda ýerleşýändigi sebäpli bu taraplarda kadaly ýagdaý ýa-da ortalyga meňzeşligi tapmak mümkin. Ortalyga meňzeş tarapdan häzir bolmak gerek.

Meselem, paýhassyzlyk batyrlyk bilen, wäşilik akylyň ýitiligi bilen, ýalynjaňlyk dostlaşmak bilen, kemsinmek pespällik bilen, jögülik bolsa dogruçyllyk bilen meňzeşdir. Bu taraplaryň arasynda tebigatymyz boýunça köp ýykgyn edýän ahlaklarymyzyň bardygy sebäpli olardan has beter häzir bolmagymyz zerur. Muňa gorkuly işde dogumlylygyň ýetmezçiligi bir mysaldyr. Beýle ýetmezçilige biz tebigatymyz boýunça has ýykgyndyrys. Tebigatymyz boýunça ýykgyn we ortalyga meňzeş zadymyzdan köpräk häzir bolmalydyrys. Muňa wäşiligi we degişmeleri çakdanaşa köp ulanmagymyz mysaldyr. Degişmegiň ýeňildigi sebäpli wäşilige ýykgyn edýäris. Indi bir tarapdan başga tarapa ýa-da ortalyga geçmegi ýeňilleşdirmek üçin haýsy serişdäni ulanmalydygymyzy

bilmelidiris. Bu serişdäni bilmezden pikir ýöretmek we oýlanmak ýeterlik däldir.

Ýaramaz amaly etmek ýeňil ýaly görünýär. Çünki ol göýä lezzet berýän ýaly. Eger amal ezýet berýär diýip hasaplasak, onda ýagşy ahlaga eýe bolarys.

Biz her bir amaldaky we işdäki lezzeti durmuşyň maksady diýip oýlaýarys we amalymyz bilen oňa ymtylýarys. Lezzetleriň arasynda duýgudan soň gelýän lezzet hem bardyr. Meselem, eşitmekden, görmekden, syzmakdan we ysgamakdan soň gelýän lezzet. Olaryň arasynda bir zada düşünmekden soň gelýän lezzet hem bardyr. Muňa hökümdarlyga, häkimiýete, ýeňşe, ylma we şulara meňzeş zatlara degişli lezzetler girýär.

Biz hemişe köp duýgy lezzetlerimizi derňeýäris we olary «maksat» diýýäris, barlygymyzyň başynda olary ulanyp başlanymyzdan «durmuş kämilligi» diýip oýlaýarys.

Bizdäki we älemdäki hökmany hereketiň sebäbi lezzetdir. Biziň üçin hökmany zat – diriligimize sebäp bolýan iýmitdir, älem üçin hökmany zat bolsa köpelmekdir. Şonuň üçin olary «ýaşaýşyň maksady» we bagt hut şol zatlarda diýip oýlaýarys. Bize özümize has belli zatlary duýmaklyk düşnükli we düşünip bolarlyklydyr. Ýöne içgin garalanda we oýlanylanda, hut bagty gazanýan köp mertebelere ýetmäge olaryň böwet bolýandyklary aýan bolýar. Biz duýgy lezzetiniň özümizi ýagşy ahlaga iterýändigini görenimizde, ony etmäge meýilli bolýarys. Ynsan beýle lezzetlerden ýüz döndermäge ýa-da olary haýsydyr bir mukdarda

kemeltmäge gerekli güýje eýe bolanda, bu ýagdaý ony öwgüli ahlaklara ýakynlaşdyrýar.

Amaldan soň gelýän lezzet duýgy ýa-da düşünmek bilen baglanyşykly bolmagyna garamazdan, hadysanyň yzysüre ýa-da aradan belli wagt geçenden soň ýüze çykýar. Ezýet barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir.

Her bir lezzete belli bir amallar mahsusdyr. Bu amallardan soň lezzetiň ýokarda agzalan görnüşleriniň biri dessine ýa-da belli bir wagt geçenden soň gelýär. Bu ýerde biz iki ýagdaýy görýäris. Bir ýagdaý amalyň aýratynlygy hökmünde hemişe özünden soň lezzetiň ýa-da ezýetiň gelmegidir. Meselem, jynsy ýakynlykdan soň gelýän lezzet ýa-da teniň ýanmagyndan soň gelýän agyry şunuň ýaly häsiýete eýedir. Haýwanlarda hem hereketden soň ezýet we agyry gelýär. Beýle ýagdaý dinde şeýle kesgitlenendir: ezýet hereketiň netijesidir. Ýöne amala hemişe yzy bilen dessine ezýet döretmek mahsus däldir. Meselem, zynakäriň we ganhoryň garaşýan ezýeti şeýledir.

Yzysüre ezýet gelýän ýagşy işler belli bir wagt geçenden soň lezzet getirýär. Munuň tersine, yzysüre lezzet gelýän işler belli bir wagtdan soň ezýet getirýär.

Biz her bir amaldan soň haýsy lezzetiň, haýsy ezýetiň gelýändigini öwrenmelidiris we olaryň haýsysynyň dessine başdan geçirilýän lezzet bilen, haýsysynyň bolsa belli wagt geçenden soň gelýän ezýet bilen baglydygyny beýan etmelidiris.

Lezzet üçin ýaramaz ahlaga meýil edenimizde, biziň pikirimize görä, lezzet belli wagtdan soň gelmeli.

Eger bu lezzeti lezzetiň yzyndan belli bir wagtdan soň gelýän ezýet bilen deňeşdirsek, onda özümiziň ýaramaz ahlaga iteren lezzete bolan islegimizi basyp ýatyrýarys. Şonda bize ýaramaz ahlagy terk etmeklik ýeňil düşýär.

Biz dessine gelýän ezýet sebäpli ýagşy amaldan ýüz dönderenimizde, ony belli bir wagtdan soň gelýän lezzet bilen deňeşdirenimizde, ýagşy amaldan gelýän ezýeti özümizde basyp ýatyrýarys. Şonda ýagşy amala ýüz urmak ýeňil düşýär. Dessine gelýän lezzet sebäpli ýaramaz ahlaga meýil etmekden saklanmakda ony belli bir wagtdan soň gelýän ezýet bilen deňeşdirmegiň peýdasy barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir.

Akylyň talap edýän zadyny berjaý etmekde paýhasly we durnukly adamlar bar. Biz beýle adamlary adatça mertebeleri «azat adamlar»[1] diýip atlandyrýarys. Bu iki häsiýete eýe bolmadyk adamlary «haýwanpisint adamlar» diýip, paýhasly, emma durnuklylygy ýok adamlary bolsa «gul adamlar» diýip atlandyrýarys.

Beýle ýagdaý käbir ylym ýa-da pelsepe bilen meşgullanan adamlar bilen baglanyşykly bolup geçdi. Olar guluň ýagdaýyndaky derejä düşdüler. Olaryň ýagdaýy iň ýowuz gulçulyga salnanyň ýagdaýyndan gowy bolmady. Ylym bolsa ylym bilen meşgul bolýan ol adamlar sebäpli, ygtybarsyz, peýdasyz zat boldy, abraýyny ýitirdi we kemsidildi.

---

[1]Azat adam - erkli adam.

Olaryň arasynda durnukly, ýöne paýhassyz adamlar hem bar. Bular üçin başga adamlar oýlanýarlar. Olar beýle ýagdaýda özlerine derek oýlanýanlara tabyn bolmaýarlar ýa-da tabyn bolýarlar. Eger olar tabyn bolmasalar, onda haýwanpisint adamlardyr. Eger tabyn bolsalar, onda öz işleriniň köpüsinde üstünlik gazanýarlar. Bu sebäpden olar gulçulyk ýagdaýyndan çykyp, azat adam bolýarlar.

Hereketden soň gelýän lezzetleriň käbiri has meşhurdyr, beýleki biri bolsa ýaşryndyr. Iň meşhur lezzetler – tiz alynýan we duýgy häsiýetli lezzetlerdir.[1] Ezýetler barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Olardan tiz duýulýan we duýgy häsiýetli bolanlary, aýratyn hem din tarapyndan kesgitlenenleri bize has mälimdir. Has ýaşrynlara beýleki lezzetler we ezýetler degişlidir. Olaryň has ýaşrynlary tebigydyr. Olar belli bir wagtdan soň duýulýandygy sebäpli aňlanylmaýar. Olaryň tiz duýulýanlary hem tebigy we az ýaşryndyr. Olaryň belli bir wagtdan soň duýulýanlary we duýga degişli dälleri barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir.

Azat adamlar barada aýdylanda, onda olar lezzetiň we ezýetiň üsti bilen ýagşy işleri etmek we ýaramaz işlerden saklanmagy ýeňilleşdirmek isleýärler. Olar üçin iň bir ýaşryn we iň aýan duýgular birmeňzeşdir. Ýaramaz işe iterýän lezzet ezýetiň has ýaşryn ýa-da has aýan ezýetlere degişli bolmagyna garamazdan, ezýet

---

[1] اَللذةُ المـَحْـسُـوسَـة Al-lezzet al-mahsusa – duýulýan lezzet, duýgy häsiýetli lezzet.

bilen basyp ýatyrylýar. Çünki olaryň paýhasy köp adamlar üçin ýaşrynlyk mahsus bolan zatlary aýan edýär.

Beýleki adamlar barada aýdylanda bolsa, onda olar ýaramaz amal etmek bilen diňe aýan ezýetlerden saklanmak lezzetlerini basyp ýatyrýarlar. Olaryň arasynda tiz gelýän lezzetler sebäpli ýaramaz amallara ymtylýanlary hem bardyr. Beýle adamlar ýaramaz amaly lezzet bilen ýatyryp çäklenýärler. Olar lezzet bu amaldan soň ýa-da oňa gapma-garşy amal edilenden soň gelýär diýip oýlaýarlar. Şunuň ýaly usul bilen ýetmezçilikleri terbiýelemegimiz gerek. Kimde beýle amal ýetmezçilik etse, onda oňa ýaramaz amaldan soň gelýän ezýet barada goşmaça duýdurylýar we olara bu ezýeti mümkingadar düşündirilýär.

Hut şeýle usul bilen, ýagny soňky usul bilen haýwanpisint adamlara we birinji usul ýeterlik däl adamlara ýüzlenmek gerek.

Iň aýan lezzetler we iň aýan ezýetler duýgy bilen baglanyşyklydyr. Ynsanyň duýgusy bilen baglanyşygy bolmadyk ezýetler gorky, gaýgy-gam, dargursaklyk we şulara meňzeşler degişli edilýär. Haýwanpisint adamlaryň arasynda diňe şunuň ýaly aýratynlyklaryň ýeterlik dälleri bardyr. Olar duýgynyň üsti bilen ezýete sezewar bolýarlar. Adamyň duýgynyň üsti bilen başdan geçirýän iň duýýan ezýeti ysgamak we tagam bilmekdir, soňra beýleki duýgulara degişli ezýetler gelýär. Şeýle usul bilen ynsan ýagşy ahlagy etmek, özüne we başgalara ýaramazlyk etmek ýoluny ýeňilleşdirýär.

Bu ýerde aýdylan zatlar ýeterlikdir. Bu mowzugyň derňewi syýasat bilen meşgul bolýan adama degişlidir. Goý, ol bu mowzugy derňesin.

Indi, ýagşy paýhas barada aýdalyň. Ilki ýagşy paýhasyň özi, soňra ony gazanmagyň usuly barada söz açarys. Men şeýle aýdýaryn: ýagşy paýhasyň üsti bilen ynsanyň bilmeli hemme zatlaryna aň ýetirýäris we olary alýarys. Ýagşy paýhasyň iki görnüşi bar: birinji görnüşe amal däl-de, eýsem ylym mahsusdyr. Meselem, älemiň ýaradylandygyny, Allatagalanyň ýeke-täkdigini ýa-da duýgy bilen aň ýetirilýän köp zatlaryň sebäplerine düşünip bilýäris. Ikinji görnüşe ylym we amal mahsusdyr. Meselem, biz ata-enä ýagşylyk etmegiň ýagşy ahlakdygyny, dönükligiň ýaramaz ahlakdygyny, adyllygyň ýagşy ahlakdygyny, tebipçilikde saglygy gazanmaga ýardam berýän zatlaryň ýagşydygyny bilýäris. Ylym we amal mahsus bolan görnüşe kämil amal häsiýetlidir. Eger bu zatlary düşünmek amal etmek bilen bagly bolmasa, onda olar esassyz we maksatsyzdyr. Paýhasyň amala däl-de, eýsem ylma mahsus görnüşi diňe ylymda kämil bolýar. Bu iki görnüşiň her biri haýsydyr bir ylymlary öz içine alýar.

Ylym mahsus bolan görnüşe diňe amal etmek bilen däl-de, eýsem aň ýetirmäge ýardam berýän ylymlaryň üsti bilen eýe bolunýar.

Ylym we amal mahsus görnüşe diňe ylymlaryň üsti bilen eýe bolunýar. Beýle ylymlaryň iki görnüşi bar: Birinji görnüşiň üsti bilen ylym bilen tanyşýarys.

Beýleki görnüşiň üsti bilen bolsa näme etmelidigine, näme etmäge ukyplydygymyza ýa-da ukyply däldigimize düşünýäris.

Näme etmelidigini kesgitleýji ukyp barada aýdylanda, onda onuň iki görnüşi bardyr: Birinji görnüşe adamyň şäherlerde ulanýan zatlary degişlidir. Meselem, oňa tebipçilik, söwda, ekerançylyk we şuňa meňzeş sungatlar (kärler) girýär. Ikinji görnüşe adamyň özüni alypbarşyndaky häsiýetler degişlidir. Bu görnüş ýagşy görnüşdir. Bu görnüşiň üsti bilen ýagşy işler, asylly amallar edilýär we olary amal etmäge bolan ukyp ýüze çykýar. Bu üç sungatyň[1] her biri ynsanyň belli bir maksadyny yzarlaýar, ýagny sungata adama mahsus maksat häsiýetlidir.

Ynsanyň maksady üç hilidir: lezzetli maksat, peýdaly maksat we ajaýyp maksat. Peýdaly maksat lezzetli ýa-da ajaýyp bolup biler. Şäherlerde bar bolan ylymlar peýdaly maksada eýedir. Ahlak we söwda ukyby baradaky ylymlaryň üsti bilen ygtybarly ylma eýe bolmak hem ajaýyp maksada eýedir. Hakykaty bilmek we ygtybarly ylym, elbetde şek-şübhesiz ajaýyp zatlardyr. Hemme ylymlaryň maksady ajaýyp ýa-da peýdaly bolup biler.

Diýmek, ylym iki görnüşe bölünýär: olaryň biriniň maksady ajaýyp zada, beýlekisiniň maksady bolsa peýdaly zada eýe bolmakdyr.

---

[1] Bu ýerde sungatyň nazary, amaly we döredijilikli görnüşleri göz öňünde tutulýar.

Maksady ajaýyp zatlar däl-de, eýsem diňe ajaýyp zada eýe bolmak bolan ylym «pelsepe»[1] ýa-da sözüň doly manysynda «hikmet» diýip atlandyrylýarlar.

Maksady peýdaly zatlar bolan ylymlarda sözüň doly manysynda «hikmet»[2] diýlip atlandyrylmaga mynasyp hiç bir zat ýokdur. Beýle ylymlaryň käbirini pelsepä meňzetmek bilen şeýle at bilen atlandyrýar. Ajaýyp zadyň iki görnüşi, ýagny diňe ylym mahsus görnüşiniň we ylym hem amal mahsus görnüşiniň bardygy sebäpli pelsepäni hem iki görnüşe bölýärler. Olaryň biriniň üsti bilen adamyň işine baglylygy däl zatlara aň ýetirilýär. Bu görnüş «nazary pelsepe» diýlip atlandyrylýar. Ikinji görnüşiň üsti bilen bolsa adamyň işi bilen bagly zatlara aň ýetirilýär. Ajaýyp zatlara amal etmek hut şu görnüşde ýüze çykýar. Bu görnüş «amaly pelsepe» we «raýat syýasaty» diýip atlandyrylýar.

Nazary pelsepe üç görnüşli ylmy öz içine alýar: 1. Hasap ylmy (matematika); 2. Fizika; 3. Ylahyýet. Bu üç ylmyň her biri aň ýetirilýän mowzuklary öz içine alýar. Ol mowzuklaryň her birine bu ýerde garap geçmekligiň hajaty ýok.

---

[1] اَلفَلسَفَة Al-falsafa – pelsepe. Bu sözüň asly arap sözi däldir. Ol «Fileo» («söýýärin») we «sofia» («parasat») diýen latyn jümlesiniň arapçalaşyp, «falsafa» («pelsepe») görnüşinde berilmegidir. Ol söz «hikmet» («parasat») manysynda ulanylýar.

[2] اَلحِكمَة Al-hikmet – parasat. Farabynyň tassyklamagyna görä, hikmet hemme ylymlary öz içine alýar. Oňa ynsan parasatynyň hemme görnüşleri girýär.

Matematika öz içine arifmetikany,[1] geometriýany[2] we astranomiýany[3] alýar.

Raýat pelsepesi iki görnüşe bölünýär. Olaryň biriniň üsti bilen ýagşy amallara we olaryň sebäplerini kesgitlemek ukyby gelip çykýan ýagşy işlere we ahlaklara aň ýetirilýär. Bu görnüş sebäpli ajaýyplyklar biziň aýratynlygymyza öwrülýär. Bu görnüş «ahlak ylmy» diýlip atlandyrylýar.

Ikinji görnüş şäheriň ýaşaýjylaryna ajaýyp ahlaklary gazanmagyna we olary özlerinde saklamagyna ýardam berýär. Bu görnüş «syýasy pelsepe» diýlip atlandyrylýar.

Pelsepe ylmynyň bölümleriniň jemi şeýledir. Biz özümize ajaýyplyk mahsus bolanda bagta ýetýäris. Ajaýyplyga bolsa pelsepe ylmynyň üsti bilen gowşulýar. Diýmek, biz bagty pelsepe ylmynyň üsti bilen gazanýarys. Beýle düşünje bolsa hökmanylyk sebäpli ýüze çykýar. Pelsepä bolsa biz ýagşy paýhas bar bolan ýagdaýynda aň ýetirýäris.

Men şeýle aýdýaryn, pelsepä ýagşy paýhas bilen aň ýetirilýär. Ýagşy paýhasa bolsa özümizde pelsepeden öň bar bolan akyl güýjümiz bilen ýetýäris. Akyl güýji şeýle ýagdaýlarda: özümizde hakykat barada ygtybarly netije çykarmaga we hakykata ynamly düşünjede bolmaga ýardam berýän ukyp dörände; ol ukybyň üsti bilen dürs däl zat barada onuň hakykatdan hem dürs

[1] عِلْمُ العَدَدِ Ilm al-aded – san baradaky ylym, arifmetika.
[2] اَلهَنْدَسَة Al-hendese – geometriýa.
[3] عِلْمُ النُجُوم Ilm an-nujum – astranomiýa.

däldigi barada netije çykaryp, bu jähtden hata goýbermänimizde we ony terk edenimizde; ol dürs däl zat hakyky, ýöne ol hakykata meňzeş diýip ol zat babatda ýalňyşmanymyzda we özümizi aldamanymyzda ýüze çykýar. Bu ukyby gazanmaga ýardam berýän ylma «mantyk ylmy»[1] diýlip atlandyrylýar.

Hut şu ylmyň üsti bilen dogry netijä aň ýetirilýär, ýagny dürs netijäniň we dürs däl netijäniň nähilidigi bilinýär, ynsany hakykata getirýän we ony hakykatdan aýyrýan zatlar beýan edilýär, ynsanyň hakykaty dürs däl diýip bilmegi we dürs däl zady hakykat diýip bilmegi aýan edilýär. Ynsan beýle ýagdaýlary bilmezlik sebäpli bulaşyk düşünjä düşýär we azaşýar. Bu ylmyň üsti bilen ynsan özüniň aňyndan dürs däl düşünjäni aýyrmagyň ýoluny bilýär. Çünki ol özi bilmezden dürs däl düşünjäni özüne ynanç edinýär. Şeýle hem bu ylmyň üsti bilen düşünjede azaşan adam dürs dällige aň ýetirip, beýleki özleri bilmezden düşünjede azaşan adamlara dürs däl düşünjeden çykmagyň ýoluny görkezýär. Beýle ýagdaýda ynsan dürs düşünje almak üçin haýsydyr bir zada ymtylýar. Ol derňelýän zada aň ýetirmek üçin haýsydyr bir özüni dürs düşünjä getirýän zady ulanýar. Eger onda «Bu düşünje dogrumy ýa-da däl?» diýen şübhe dörese, ol bu sungatyň üsti bilen özüniň dürs düşünjededigini ýa-da dürs düşünjede

---

[1] صُنْعَةُ المَنْطِق Sun‘at al-mantyk – mantyk sungaty, mantyk ylmy. Pikirlenmegiň usullaryny öwrenýän ylym, ýagny logika. «Logika» latyn sözi bolup, ol «söz», «düşünje» diýen manylary berýär. Arapça «mantyk» («söz», «many») sözi «logika» sözüniň gönümel terjimesidir.

däldigini barlap görmäge mümkinçilik alýar. Eger ol özi bilmezden düşünjesinde azaşsa, jikme-jik öwrenmegiň üsti bilen aňyndaky azaşmagyny aýryp biler. Bu ylym beýan edişimiz ýalydygy sebäpli beýleki ylymlara görä, oňa köpräk üns bermegimiz gerek.

Adamyň eýe bolýan mertebeleriniň käbiri özüne has mahsus, beýleki biri bolsa az mahsusdyr. Ynsana akyl has mahsus bolandygy sebäpli ol ynsan boldy. Bu ylmyň ulanýan zady adamyň akylydygy sebäpli bu ylym adama has mahsus zatlary ulanylýar. «Akyl» sözi adamyň öz akyly bilen haýsydyr bir zada aň ýetirmegini aňladyp, ynsanyň aň ýetirmegine ýardam berýän zady hem aňladyp biler. Ynsanyň aň ýetirmegine ýardam berýän zada «akyl» diýilýär. Gadymylar ony «nutk» diýip atlandyrypdyrlar. «Nutk» – şygyrýeti hem diliň üsti bilen berilýän düşünjäni aňladyp biler. Köpçüligiň arasynda «nutk» sözi hut şu manyda ulanýar we hut şu many bilen ol söz meşhurdyr.

Bu ylma meşgul bolan gadymy akyldarlar bu sözi şol bir wagtda iki manyda ulanypdyrlar. Adam barada «gepleýji» diýip, şol bir wagtda bu sözüň iki manysynda-da kesgitleme bermek, ýagny ol dili bilen özündäki pikirleri gepleýjidir diýen manyda we onuň özüniň aň ýetirýän zadyna eýedigi barada many bermek dürsdür. Ýöne gadymylar ynsanyň gepleýji jandardygyny tassyklamak bilen bu babatda onuň aň ýetirýän, tassyklaýan we bilýän zadyna eýedigini göz

öňünde tutupdyrlar. Bu ylmyň sözlemekde kämillik berýändigi sebäpli, ol «mantyk ylmy» («gepleýiş ylmy») diýen ady göterýär. Adamyň aň ýetirmek isleýän zatlaryna aň ýetirýändigi sebäpli, ol «ruhuň akyl bölegi» diýlip atlandyrylyp hem bilner. Hut mantyk ylmynyň üsti bilen ruhuň akyl bölegi kämillige eýedir. «Mantyk» söz we diliň üsti bilen geplenýän sözleýişi aňlatmagyň mümkindigi sebäpli köp adamlar bu ylmyň maksady – adama pikirini dogry beýan etmäge ýardam berýän ylym diýip hasaplaýarlar. Emma bu beýle däldir. Çünki ynsana pikirini dogry beýan etmäge ýardam berýän ylym «nahw»[1] ylmydyr. Beýle galatlygyň sebäbi bu adyň manysynyň umumylygynda we mantyk ylmynyň nahw ylmynyň maksatlaryndadygy üçindir. Çünki bu ylymlar «mantyk» diýlip atlandyrylýar. Ýöne olardan her bir garalýan ylmyň maksady «mantyk» adynyň iki manysynyň biri bilen aňladylýar. Nahw ylmy bilen mantyk sungatynyň arasynda käbir meňzeşlik bar. Bu meňzeşlik şulardan ybaratdyr: nahw ylmy söz aňladylýan zadyň dürslügini, bu dürslügi gazanmak ukybyny ol ýa-da başga dilde gepleýän adamlaryň adatlaryna laýyklykda düşündirýär. Mantyk ylmy bolsa pikir edilýän zadyň dogrulygyny düşündirýär. Şeýle hem nahw ylmy ol ýa-da başga dilde gepleýän adamlaryň adatlaryna laýyklykda dogry geplemegi bermek üçin bu babatda ýalňyşlary düzedýär. Mantyk

[1] Nahw – grammatika.

ylmy bolsa akylyň hemme zatda dogry pikirlenmegi babatda pikirleri düzedýär.

Umuman, nahw ylmynyň sözlere bolan gatnaşygy mantyk ylmynyň aň ýetirilýän barlyklara gatnaşygy ýalydyr. Olaryň meňzeşligi şeýledir. Ýöne olaryň hiç biri beýlekisi bolmasa bar bolup bilmeýär. Şeýle hem biri beýlekisiniň düzüm bölegi bolup bilmeýär.

Beýle netijeden bagt ýoly nähili bolsa, şol ýoldan ýöremelidigi we bagtyň basgançaklary nähili bolsa, olardan ötmelidigi aýan bolýar. Birinji basgançak: mantyk ylmynyň derejelerini özleşdirmekden ybaratdyr. Onuň birinji ylym bolýandygy sebäpli ylymlaryň hemme pudaklaryny ondan başlamak gerek. Eger ylym öwreniji mantygyň esaslaryny özleşdirse, onda ol islendik başga ylymdan başlap biler.

Bize her bir ylmyň içine girýän kesgitlemelerini beýan etmegimiz üçin öňürti mantyk ylmynyň esaslaryndan hökmany zatlary bilmegimiz zerur. Bu zatlary adatça mantyk ylmyny öwrenmäge girişmezden öň özleşdirmelidir.

Bu esaslaryň üsti bilen degişli ylmy öwrenmäge girişip bolar. Adama olary bilmek hökmanydyr. Akyly dürs her kim olardan aýlanyp geçip bilmez. Meselem, «Bitin zat özüniň böleginden uludyr, ölçegi boýunça ondan artykdyr»; «Adam at däldir». Beýle zatlar «meşhur bilgiler» we «meşhur esaslar» diýlip atlandyrylýar.

Bu esaslar adam tarapyndan dili bilen inkär edilse hem, aňynda inkär edilip bilinmejek esaslardyr. Çünki

ol munuň ters tarapyna delil boljak tassyklama tapmaýar. Bu esaslaryň arasynda diňe käbir adamlaryň aň ýetirip bilýän esaslary bolýar. Şeýle hem bu esaslaryň arasynda ýeňil aň ýetirilýän esaslar we hiç kim tarapyndan aň ýetirilip bilinmejek esaslar hem bar. Ýöne biz pikir bilen aň ýetirýäris we bu esaslary hiç kimiň aň ýetirip bilmejek esaslaryň üsti bilen bilýäris.

Ylym ýoluna giren alymlar mantyk ylmynyň birinji bolýandygy sebäpli okuwy ondan başlaýarlar. Bu ýerden öwrenilip başlanýan kadalaryň meşhur kadalar bolmagy zerur. Olary adamyň ilki bilmegi gerek. Çünki hiç kim beýle zatlary bilmezden aýlanyp geçip bilmez. Beýle kadalar köpdür. Ýöne olaryň gabat gelen islendigini islendik ylymda, beýlekisini bolsa başga ylymda ulanyp bolmaýar. Muňa görä bu kadalardan haýsy biriniň mantyk ylmyna laýykdygyny kesgitlemek, beýleki kadalardan we ylymlardan hem üns merkezini gapdala sowmak gerek. Meşhur kadalar adamyň akylyna onuň barlygynyň başyndan mahsusdyr. Ýöne adamyň aňynda durnuklylaşan kadalara aň ýetirip bilmezligi hem mümkindir. Beýle kadalar ynsanyň akylynda öňden bölekleýin bardyr. Şonuň üçin adam kadalaryň biri baradaky düşündirişi eşidende, akylyndaky degişli bölegi ulanmak bilen ol düşündirişe aýratynlykda aň ýetirýär.

Şonuň üçin, eger ynsan ol ýa-da bu kada aň ýetirmese, ýa-da olaryň arasyndaky tapawutlary saýgaryp bilmese, onda ol aňynda ol kadalar baradaky düşünjeleri ýeke-ýekeden pikir eleginden geçirmelidir.

Mantyk ylmyny öwrenmäge başlamak üçin köp kadalara, olar adamyň aňynda bar bolmagyna garamazdan, bölekleýin aň ýetirilýär. Şonuň üçin adam aňynda olardan özüne gereklilerini saýlamak islese, onda ol ýa-da bu kadalary aňladýan düşünjäni aňynda seljerip görmelidir. Ol olar hakynda oýlanyp we her birine aýratynlykda garap, olardan bu ylymda ulanyp boljagyny saýlap alýar.

Nahw ylmy pikir eleginden geçirilen düşünjeleriň görnüşlerini öz içine alýandygy sebäpli, onda mantyk ylmynyň esaslaryna garaýan we olara kesgitlemeleri berýän haýsydyr bir bölüm bolmaly. Şonuň üçin nahw ylmyndan mantyk ylmynyň esaslaryny, ýeterlik göwrümdäki maglumatlary almalydyrys ýa-da degişli dilde gepleýän adamlaryň ulanýan dürli kesgitlemelerini pikir eleginden geçirmelidiris.

Şu ýerden «Mantyga giriş»[1] atly kitapda näme üçin başdan nahw ylmynyň kadalarynyň beýan edilýändigi düşnüklidir. Ol kadalar mantygy özleşdirmegi ýeňilleşdirmek üçin bu ylymda ulanylýar. Kim mundan başga ýol bilen ýörese, onda ol mantykdaky yzygiderlilige biperwaý garaýar we ol yzygiderliligi berjaý etmeýär.

Eger mantyk ylmy üçin hökmany bolan tertibe eýermäge ymtylsak, onda biz esaslar baradaky kitaplaryň birini açmalydyrys. Esaslary özleşdirmek

[1] اَلمَدْخَلُ اِلَى المَنْطِق «Al-madhal ilel-mantyk» – «Mantyga giriş». Bu ýerde Porfiriniň «Eýsagog» atly kitaby göz öňünde tutulýar.

bolsa bu ylmy başlangyjyndaky düşünjeleriň sanawyny bermek bilen ýeňilleşdirer. Hut şundan hem başlamak gerek. Biz muny şu kitabyň üçünji makalasynda beýan ederis.

# DÖRDÜNJI MAKALA

## BAGTYŇ GAZANYLYŞY

### Rehimdar we Mähriban Taňrynyň ady bilen!

Adamlara häsiýetli, halklara hem şäherleriň ýaşaýjylaryna mahsus, bu dünýäde, ýagny birinji dirilikde[1] bagty we ahyretde beýik bagtyýarlygy gazanmaga hyzmat edýän dört görnüşli zatlar bardyr: nazary mertebeler, pikir mertebeleri, ahlak mertebeleri we amaly sungatyň mertebeleri. Nazary mertebeler ahyrky maksady bar zatlary we gözlenilýän maksatlary öz içine alýan aň ýetirilýän manyny öwrenýän ylymlardyr. Bu ylymlar adamyň ilkibaşdan alýan, ýöne olaryň nähili we nireden dörändiklerini özi bilmeýän ylymlara bölünýär. Bular ilkinji ylymlardyr. Olar ýene oýlanmagyň, öwrenmegiň, derňemegiň we öwretmegiň netijesinde alynýan ylymlara bölünýär.

---

[1] اَلحَـيَـاةُ الاولَـى Al-haýat al-uwla – birinji dirilik, birinji ýaşaýyş, ýagny bu dünýädäki ýaşaýyş.

Ilkinji ylymlar – ilkinji başlangyçlardyr. Olardan özleşdirmegiň, derňemegiň, öwretmegiň we öwrenmegiň üsti bilen indiki ylymlara geçýärler. Öwrenmegiň we öwretmegiň üsti bilen aň ýetirilmäge çalşylýan zatlar – başda nämälimdir, emma olar öwrenilse we olara aň ýetirilmäge çalşylsa, onda olar gözlenilýän maksada öwrülýär. Eger bu derňewden we öwretmekden soň adamda ynamly düşünje dörese, onda olar netijä öwrülýär. Her gözlenilýän maksatda ygtybarly hakykaty gazanmaga ymtylýarlar. Ýöne köplenç biz ygtybarly hakykaty gazanmaýarys. Käte haýsydyr bir zat barada ygtybarly hakykata eýe bolýarys, başga bir zat barada bolsa düşünjä we ynama eýe bolýarys ýa-da ol zat hakynda aýdyň hyýaly alýarys. Käte bolsa hakykat jähetden ony tapan ýaly azaşma düşýäris. Hakykatda bolsa biz ony tapmaýarys. Käte biz hakyky zat we ýalan zat jähtden şübhelenýäris. Beýle ýagdaýda hakyky zat we ýalan zat özümize bir bolup görünýär. Munuň sebäbi – gözlenilýän maksady gazanmaga barýan ýollaryň dürli bolmagyndadyr.

Gözlenilýän maksat babatda bir ýoluň bizi dürli düşünjelere getirmegi mümkin däldir. Diýmek, ol ýa-da bu gözlenilýän maksatlarda düşünjelere getirýän ýollar dürli bolmaly. Ýöne ol ýollaryň tapawutlaryny duýmaýarys we islendik gözlenilýän maksada şol bir ýol bilen barýarys diýip oýlaýarys. Maksady gözlemekde özümizi hakykat jähetden ynama we düşünjä eltjek ýoly ulanmagymyz gerek. Ýöne biz

muny duýmaýarys we birinji ýagdaýda ýörän ýolumyz bilen ikinji ýagdaýda ýörän ýolumyzyň ikisi hem şol bir ýol ýaly bolup täsir döredýär. Biz muňa galapyn ýagdaýlarda özümizde, derňew hem öwrenişmek bilen meşgul bolýan adamlarda gabat gelýäris. Mundan gözlenilýän maksady öwrenmäge başlamazdan öň hemme ýollaryň dürli sungatlara degişlidigini bilmegimiz gerek. Tebigatymyzdaky dogabitdi ukyplar bu ýollar barada düşünje berýän ylymlary özleşdirmäge gönükdirilmelidir. Dürli ýollaryň her birine mahsus bolan tapawutlandyryjy aýratynlyklarynyň we alamatlarynyň tapawudyny tapmagymyz gerek. Çünki dogabitdi ukyplar bu ýollary biri-birinden tapawutlandyrmak üçin ýeterlik däldir. Munuň özi: ilkinji başlangyçlary kesgitleýän şertler we kadalar barada ygtybarly düşünje almak bilen; hakykata we zat barada ygtybarly ylma getirýän tertibi öwrenmek bilen; ilkinji başlangyçlary kesgitleýän şertleri we kadalary öwrenmek bilen; hakykatdan gyşarmakda we bulaşylanda, gözlenilýän maksadyň tertibini öwrenmek bilen; hakykata meňzeş düşünjä gelnende, ilkinji başlangyçlary kesgitleýän kadadyr şertleri we olaryň tertibini öwrenmek bilen gazanylýar.

Eger bu zatlaryň hemmesi mälim bolsa, onda biz barlyklar hakyndaky maglumatlary özbaşdak derňew ýa-da başgalardan öwrenmek bilen özleşdirip başlarys. Şonda biz agzalan zatlary nähili derňemelidigine, olara nähili aň ýetirmelidigine düşüneris. Bu ukybyň üsti bilen özümiziň beýan edýän zadymyzyň ygtybarly

ylymdygyny, düşünjedigini ýa-da täsirli hyýaldygyny tapawutlandyrýarys. Şeýle hem başgalardan öwrenen zadymyzy we olarsyz özümiziň öwrenen zadymyzy barlap görýäris.

Öwrenijini ygtybarly hakykata we gözlenilýän maksada getirýän, kadalary we şertleri içine alýan barlyklaryň her görnüşi baradaky ilkinji bilimler – bu görnüşi öwrenmegiň esaslarydyr. Görnüşiň içine girýän köp toparlaryň her biriniň özüniň sebäpleri bardyr. Bu sebäpler arkaly we bu sebäpler üçin görnüşe girýän toparlar hem bardyr. Sebäpler gözlenilýän maksadyň başlangyçlarydyr. Beýle ýagdaýda görnüşdäki barlygyň başlangyjy bilen öwrenmegiň başlangyjy gabat gelýär.

Eger olar «Bu zat barmy?» diýen sowaly bilmek bilen bir hatarda «Bu zat näme üçin bar bolýar?» diýen sowala jogap berýän bolsa, bu ilkinji bilimleriň delilleri «Bu zat näme üçin beýle?» diýen sowalyň delilleri diýlip atlandyrylýar.[1]

Eger barlyklaryň haýsydyr bir jynsyna degişli agzalan kadalardaky we şertlerdäki bilimler degişli görnüşdäki barlyklara aň ýetirmegimiziň sebäpleri, şeýle hem bu zatlaryň haýsydyr biriniň barlygynyň sebäpleri bolsa, onda beýle ýagdaýda bu görnüşe degişli öwrenmegiň başy barlygyň başlangyçlary bilen gabat gelmeýär. Bu bilimlerden ýüze çykýan deliller

[1] Faraby bu ýerde kesgitlemäniň diňe zatlaryň barlygy baradaky bilimleri däl-de, eýsem barlygyň sebäplerini hem öz içine almalydygyny nygtaýar.

«Bu zat barmy?» diýen sowalyň we «Bu zat näme üçin beýle?» diýen sowalyň delilleridir.

Barlyklaryň dört sany başlangyçlary bardyr. Olar «näme?», «näme üçin?» «nirede?» we «nähili?» diýen sowallara jogap berýär. Bularyň jeminden «nämeden?» we «näme üçin?» diýen sowallar ýüze çykýar. Biziň «bu zadyň barlygy nämeden» we «bu zadyň barlygy «näme üçin?» diýen sowallarymyz hereket ediji başlangyçlardyr. Şeýle hem olar maddany aňladyp biler. Şonuň üçin barlyklaryň sebäpleri we başlangyçlary dörtdür. Barlyk görnüşleriniň arasynda özüniň barlygy üçin düýbünden başlangyçlary mümkin däl barlyklar hem bardyr. Olar beýleki barlyklardan has uzaklaşan barlyklaryň başlangyçlarydyr.

Beýle barlyklar ylmymyzyň başynda bardyr. Barlyklaryň arasynda bu başlangyçlaryň dördüsi hem häsiýetli bolýanlary, şeýle hem olaryň diňe üçüsi häsiýetli bolýanlary bar. Olar maddanyň başlangyçlarynda ýok barlyklardyr. Barlyklar barada öwrenmek islenilýän ylymlaryň islendik biri aň ýetirilýän ylymdyr. Aň ýetirmegiň maksady degişli görnüşe girýän barlyklar barada ygtybarly ylma eýe bolmakdyr. Öwreniji ol görnüşi öwrenenden soň barlyklaryň başlangyçlaryny öwrenmeklige geçýär. Diýmek, ol öwrenmegiň başlangyçlaryndan başlamakdan barlyklaryň görnüşlerine aň ýetirmek maksadyny yzarlaýar. Soňra ol barlyklaryň başlangyçlary hakynda hemme zady bilip, ygtybarly ylym almaga geçýär we bu görnüşli barlyklaryň başlangyçlarynyň doly

sanawyna ýetýär. Eger bu görnüşe dört başlangyjyň hemmesi mahsus bolsa, onda öwreniji olaryň birnäçesi bilen çäklenmän, hemmesini öwrenýär. Eger bu görnüşe bu başlangyçlaryň dördüsiniň hemmesi mahsus bolmasa, onda ol başlangyçlaryň sanyny, ýagny olaryň üçdügini, ikidigini ýa-da birdigini kesgitlemäge ymtylýar. Ol bu görnüşe ýakyn görnüşleri öwrenmek bilen oňňut etmeýär we bu başlangyçlaryň başlangyçlaryny, başlangyçlaryň başlangyçlarynyň başlangyçlaryny, tä özüniň bu görnüşde ýüze çykaran has uzaklaşan başlangyçlaryny kesgitleýänçä aň ýetirmäge çalyşýar. Soňra şu ýeten derejesinde saklanýar. Ol görnüşdäki has uzaklaşan başlangyç hem başlangyja eýedir. Ýöne ol başlangyç bu görnüşde bolman, eýsem başga görnüşdedir. Ol bu başga görnüşiň başlangyçlaryny öwrenmäge girişmekden saklanýar we ony öwrenmegi soňa goýýar. Çünki ol bu görnüşiň nähilidigini we ony öwrenmegiň başlangyçlarynyň barlygyň başlangyçlaryna laýyk gelýändigini ýa-da gelmeýändigini bilmek isleýär. Ol bu başlangyçlardan peýdalanýar we bu görnüşiň öz içine alýan öňündäki zatlara aralaşýar. Ol islendik gözlenilýän maksatda bir wagtda «bu zat barmy?» we «näme üçin bu zat bar bolýar?» diýen sowallara jogap alýar. Ol bu görnüşde gazanyp biljek iň soňky başlangyjyna ýetýänçä saklanmaýar. Eger haýsydyr bir görnüşe degişli barlygy öwrenmegiň başlangyjy barlygyň başlangyjyna laýyk gelmese, onda olardaky barlygyň başlangyjy

ilkibaşdan ýaşryn we mälim däldir. Öwrenmegiň başlangyjy olarda barlygyň başlangyjyna laýyk gelmeýän zatlardyr we olar barlygyň başlangyjy babatda indiki başlangyçlardyr. Bu zatlar hökmanylyk bilen netije berýän tertipde ýerleşendir. Bu kesgitli gurluşy we kadasy bolan tertip zatlaryň barlygynyň başlangyjy bolup durýar. Öwrenmegiň başlangyçlary bize barlygyň başlangyçlaryna aň ýetirmäge ýardam berýär. Başlangyçlardan alynýan netijeler bolsa öwrenmegiň başlangyçlary bolmak miýesser eden zatlaryň barlyklarynyň serişdesi we başlangyçlary bolup hyzmat edýär. Şeýlelikde, öwreniji barlygyň başlangyçlaryna görä indiki başlangyçlar bolan zatlara aň ýetirmäge, barlyklaryň başlangyçlary babatda öňden gelýän zatlary ygtybarly öwrenmäge girişýär. Eger biziň şeýle ýol bilen gelen barlygymyzyň başlangyçlary başga başlangyja eýe bolsa, birinji başlangyçdan has uzaklaşan bolsa, onda biz ony başlangyja sebäp edýäris we ondan başlap bu başlangyjyň başlangyjyna aralaşýarys. Şunuň ýaly usul bilen biz hemişe özümiziň bu görnüşde ýüze çykaran has uzaklaşan başlangyjymyza barmak üçin hereket edýäris. Eger zatlaryň haýsydyr bir başlangyjyna çyksak, barlyklaryň bu başlangyçdan gelip çykyşy belli bolsa, onda bu ýerde barlyklarynyň bu başlangyçdan gelip çykyşy bizden ýaşryn bolan we iň başdan nämälim başga zatlaryň bolmagy örän mümkindir. Eger özümize mälim bu başlangyjy başlangyç sebäp hökmünde ulansak we bu başlangyçdan gelip çykýan başga zatlara aň ýetirmäge geçsek, onda

başlangyç bu zatlar hakynda «bu zat bar zatmy?» diýen sowala hem, «näme üçin bu zat bar bolýar?» diýen sowala hem jogap berýän ylmy berýär.

Şeýle hem köp zatalar bir başlangyçdan gelip çykyp biler. Ýöne köpsanly zatlaryň biri bize ilkibaşdan mälimdir. Bu başlangyç we beýleki ondan gelip çykýan zatlar ýaşryndyr. Beýle ýagdaýda biz bu ýeke-täk başlangyja aň ýetirmek üçin özümize mälim zatlara aralaşýarys. Bu ýeke-täk zat bize bu başlangyjyň barlygy barada bilim berýär. Soňra bu başlangyjy ilkinji sebäp hökmünde bu başlangyçdan gelip çykýan beýleki ýaşryn zatlary düşündirmekde ulanýarys. Şondan soň olaryň barlygyna we barlygy-nyň sebäplerine aň ýetirmäge girişýäris.

Eger başlangyçda başga başlangyç bar bolsa, onda biz ony birinji başlangyjy düşündirmek üçin ulanýarys. Bu ikinji başlangyjyň öňünden gelýän başlangyç bize barlygy öwredýär. Biz ony iki dürli ulanýarys: bir tarapdan ol bize diňe onuň barlygyny bilmegi, ikinji tarapdan bolsa ol bize onuň barlygyny we onuň barlygynyň sebäplerini öwredýär. Bu başlangyjyň baş-langyjy barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Eger başlangyjyň başlangyjynda hem ondan gelip çykýan zatlar bilen haýsydyr bir başlangyjy bar bolsa, biz bu başlangyjyň başlangyjyny onuň başlangyjyny düşündirmekde, şeýle hem ondan gelip çykýan ýaşryn zatlary düşündirmekde ulanýarys. Bu başlangyç hem öz gezeginde öz başlangyjynyň barlygyny, şeýle hem barlygynyň sebäplerini öwredýär.

Derňelýän zatlaryň birinji görnüşinde şübhä düşmekden we aňynyň garjaşmagyndan halas bolmak adama ýeňildir. Bu görnüşde başlangyçlaryň sany we ölçegleri kesgitlenilýär. Görnüşleri, sanlary we ölçegleri öz içine alýan ylym matematikadyr. Biz birinji nobatda sanlardan başlaýarys. Öwrenijä sanlary bilmekligiň mahsusdygy üçin hasaplama geçirmelidir. Munuň bilen bir hatarda olaryň üsti bilen hasaplamaga degişli beýleki ölçegler hem hasaplanylýar. Öwreniji ölçegler, şekiller, kadalar, sazlaşyklyk, tertiplilik we yzygiderlilik baradaky düşünjä eýedir. Çünki ol sanlara mahsus ölçegleri öwrenýär we ölçeglere sanlar jähetinden ölçeg, tertiplilik, sazlaşyklylyk ýaly aýratynlyklar mahsus bolan zatlara garaýar. Sebäbi olar sanlardyr. Ölçege, tertibe, sazlaşyga we yzygiderlilige eýe bolmak aýratynlygy iki tarapdan kesgitlenilýär: olara ölçegler we san mahsusdygy jähetden. Öwrenijä ol san mahsuslyk jähetden däl-de, ululyk, tertip, sazlaşyk we yzygiderlilik mahsus bolan ölçeglere olaryň ölçeglere mahsuslyk jähtinden garaýar. Çünki olar ölçeglerdir. Soňra ol ölçeg, tertip, yzygiderlik mahsus bolan beýleki zatlary sanlara mahsuslyk jähetinden garaýar. Mundan soň ol ölçegler mahsus bolan hemme zatlara ölçegler mahsus bolan hemme aýratynlyklary bermek bilen garaýar. Çünki olar ölçeglerdir. Sebäbi şekiller, tertip, ululyk, sazlaşyk we yzygiderlilik bu zatlara mahsusdyr. Çünki olar sanlar we ululyklardyr. Mundan soň iki görnüşdäki bu zatlaryň hemmesi üçin mahsus barlyklar göz öňüne

getirilýär. Bu ýerden optika,[1] hereketleniji zatlar baradaky ylym,[2] asman jisimleri baradaky ylym,[3] saz ylmy,[4] agyrlyklar baradaky ylym[5] we hileler, ýagny oýlap tapyjylyk usullary baradaky ylym[6] gelip çykýar. Öwreniji sanlardan we ölçeglerden garalýan görnüşde matematikanyň başlangyçlary bolan hemme zatlar barada düşünje alýar we olary ýokarda agzalan ukyp bilen kesgitlenilýän tertip boýunça özleşdirýär. Ol beýle ýagdaýda garalmaga degişli bu zatlaryň her birini onuň özüne degişlilikde öwrenmäge çalyşýar we bu işi ol zatlaryň hemmesi ýa-da ol görnüş barada degişli ylmyň esaslaryny kesgitlemäge ýeterlik göwrümde düşünje alýança dowam etdirýär. Eger öwrenmegiň başlangyjy bu görnüşde galan zada degişlilikde garaýan bu ylma mahsus bolsa, onda barlygyň başlangyjyna deňdir. Munuň hemme delilleri iki meseläni öz içine alýar, ýagny zatlaryň barlygy we olaryň näme üçin bar bolýandyklary barada düşünje berýär. Olaryň hemmesi «bu zat näme?» we «bu zat näme üçin bar bolýar?» diýen sowallaryň delillerine öwrülýär. Beýle ýagdaýda barlygyň «näme?»,«näme

---

[1] عِلْمُ المَنَاظِرِ Ilm al-manazyr – optika.

[2] عِلْمُ الاكَرِّ المُتَحَرِّكَةِ Ilm al-ekerr al-mutaharrika – hereket ediji zatlar baradaky ylym.

[3] عِلْمٌ فِى الأَجْسَام السَّمَاوِيَّة Ilmun fil-ejsam as-semawiýýa – asman jisimleri baradaky ylym.

[4] عِلْمُ المُوسِيقَى Ilm al-musyka – saz ylmy.

[5] عِلْمُ الاثْقَال Ilm al-askal – agyrlyk ölçegleri baradaky ylym.

[6] عِلْمُ الحِيَل Ilm al-hiýal – hileler, ýagny oýlap tapyjylyk usullary baradaky ylym.

üçin?», «nähili?» diýen sowallara jogap berýän başlangyçlary ulanylýar. Şeýle hem barlygyň başlangyçlary beýleki üç başlangyçsyz, ýagny hereket ediji başlangyçsyz, maddasyz, we «näme üçin?» diýen sowala jogap bermesiz ulanylýar. Çünki maddadan işjeň halda mahrum bolan sanlar we ölçegler olaryň görnüşindäki agzalan barlyklarynyň başlangyçlaryndan başga beýleki başlangyçlara eýe däldir. Olaryň diňe tebigy barlyklara we adamyň erki bilen döredilen zatlara mahsusdygy sebäpli, ýagny maddalardan aýrylanlarynda başlangyçlary bolýar. Şonuň üçin bu ylym olara maddadan daşary garaýar. Bu ylmyň olarda maddy däl halda bar zatlary ulanmaýandygy sebäpli biz ilkinji nobatda sanlardan başlaýarys, soňra ölçeglere, soňra sanlar we ölçegler mahsus bolan başga zatlara, meselem optika, asman jisimleri bolan hereket ediji ölçeglere, soňra saz ylmyna, soňra agyrlyklar baradaky ylma we oýlap tapyjylyk usullary baradaky ylma geçýäris. Şeýlelikde, öwreniji ilki bilen maddasyz düşünip we hyýala getirip boljak zatdan başlaýar, soňra düşünmek we hyýala getirmek üçin az mukdarda madda mätäç bolunýan zada, soňra düşünmek, hyýala getirmek we aň ýetirmek üçin madda mundan has köpräk mätäç bolunýan zada geçýär. Netijede, ol sanlar we ölçegler mahsus zada aň ýetirmek üçin gitdigiçe madda köp mätäç bolýar. Ol soňra saza, soňra agyrlyklar baradaky ylma we oýlap tapyjylyk usullary baradaky ylma geçmek üçin şeýle mätäçlige sezewardyr. Soňra ol aň ýetirmesi kyn ýa-da diňe

madda sebäpli bar bolýan zatlary ulanmaga mejburdyr. Beýle ýagdaýda ol «näme?», «näme üçin?», «nähili?» diýen sowallara jogap bermek üçin başga esaslary çykarmaga mejbur bolýar. Bu esaslar indiki esaslar ýa-da iki görnüşiň arasynda ýerleşýän esaslar ýa-da barlygynyň başlangyçlarynda diňe «näme?» diýen sowal bar esaslaryň arasynda ýerleşýän esaslar ýa-da dört başlangyjy bar esaslar bolup biler.

Öwrenijiniň tebigy başlangyçlary beýan etmekden başlamagy gerek. Olary beýan edenden soňra oňa barlygyň dört sany başlangyçly barlyklary bolan barlyklara aň ýetirmäge girişmegi zerur. Beýle barlyklar bolsa barlyklaryň diňe maddada akyl bilen aň ýetirip boljak görnüşindedir. Madda bolsa «tebigy barlyk» diýlip atlandyrylýar. Beýle ýagdaýda öwreniji bu jynsyň içine girýän hemme zatlary we matematikanyň başlangyçlaryndan bolan hususy kadalary, ýagny ilkinji sebäpleri almalydyr. Ol şeýle hem ilkinji düşünjelerden alýan zatlaryna garamaly we olardan özüniň bilýän zatlaryny saýlap almalydyr. Şonda ol bu ylymda öwrenmegiň başlangyçlaryny düzüp biler. Beýle ýagdaýda ol älemi düzýän jisimlere, jisimlerde bar bolan jisimleriň görnüşlerine we älemiň gurşap alýan zatlaryna garamaga girişýär. Umuman, bular duýulýan zatlaryň[1] görnüşleridir ýa-da özleri üçin duýulýan zatlaryň görnüşleridir. Olar: asman jisimleri,[2]

---

[1] اَلاشْيَـاءُ المَـحْـسـُوسَـة Al-eşýa al-mahsusa – duýulýan jisimler, duýulýan zatlar.

[2] الاجسام السمائية Al-ejsam as-sema’iýýa – asman jisimleri.

ýer, suw, howa, şulara meňzeş ot, buglar we beýleki zatlar, ýerüsti we ýerasty magdan daşlaryň jisimleri, ösümlikler, aňly jandar we aňsyz jandarlardyr. Ynsana bu görnüşleriň her biriniň barlygyny we barlygynyň başlangyçlaryny bilmek ylmy berlendir. Gözlenilýän maksatlaryň her biri barada aýdylanda, onda oňa «bu barlyk näme zat?», «ol nähili barlyk?», «ol barlyk näme üçin bar bolýar?» diýen sowallara jogap tapmak ylmy berlendir. Ol diňe iň ýakyn başlangyçlary bilmek bilen çäklenmeýär, eýsem olaryň başlangyçlarynyň başlangyçlaryny, ol başlangyçlaryň başlangyçlarynyň başlangyçlaryny bu görnüşe mahsus gutarnykly jisim başlangyçlary bilen aň ýetirmegi kämil etmek üçin alýar.

Bu ylmyň öz içine alýan zatlaryny öwrenmegiň başlangyjy galapyn barlygyň başlangyjyna deň däldir.[1] Öwrenmegiň başlangyjy barlygyň başlangyjyna aň ýetirmäge alyp barýar. Munuň özi tebigy zatlaryň her bir görnüşini öwrenmegiň başlangyçlarydyr. Ol zatlaryň barlyklarynyň başlangyçlary babatda indiki gelýän başlangyçlarydyr. Degişli görnüşiň barlygynyň başlangyçlary olary öwrenmegiň başlangyçlarynyň barlygynyň sebäpleridir. Öwreniji her bir görnüşiň ýa-da bu başlangyçlardan gelip çykýan zatlaryň görnüşiniň başlangyçlaryna aň ýetirmäge çalyşýar. Eger bu başlangyçlar iň ýakyn başlangyçlar bolsa, emma bu başlangyçlar başga başlangyçlara eýe bolsa,

[1] مَا يَحْتَوِى Mä ýehtewi – deň däldir, öz içine almaýar.

onda öwrenmegiň başlangyçlary hökmünde şol iň ýakyn başlangyçlar ulanylýar. Öwreniji ol iň ýakyn başlangyçlardan olaryň başlangyçlaryna aň ýetirmäge girişýär, soňra bu başlangyçlar belli bolansoň, olardan bu başlangyçlaryň başlangyçlaryna aň ýetirmäge girişýär. Ol bu işi bu görnüşdäki iň uzaklaşan başlangyçlaryna ýetýänçä dowam etdirýär. Eger biz öwrenmegiň başlangyçlaryndan barlygyň başlangyçlaryna geçsek, onda barlygyň başlangyçlary mälim bolýar. Ýöne başlangyçlara beren bu birinji mälim zatlarymyzdan bu başlangyçlardan gelip çykýan başga hem nämälim zatlar bardyr. Bu barlyklaryň başlangyçlaryna hem öwrenmegiň başlangyçlarynyň üsti bilen düşünýäris. Olardan bolsa indiki gelýän zatlara aň ýetirmäge geçýäris. Şeýle ýagdaýda bu zatlara degişlilikdäki başlangyçlar öwrenmegiň we barlygyň başlangyçlaryna öwrülýär.

Biz duýulýan jisimleriň her bir görnüşine we her görnüşiň her bir toparyna aň ýetirmek işinde hem şu ýol bilen gidýäris. Öwreniji asman jisimlerine garap bolansoň, olaryň barlygynyň başlangyçlaryny öwrenýär. Olaryň barlygynyň başlangyçlaryna garamak ony hem tebigy, hem tebigy däl, ýöne barlygy boýunça tebigylykdan, tebigylyk dällikden hem has kämil, jisim däl we jisimlerde däl zatlara garap geçmäge mejbur edýär. Beýle ýagdaýda ol başga derňewe we başga ylma geçmeli, üns merkezini ylahy zatlara gönükdirmeli bolýar. Ol özleşdirmegiň hem öwrenmegiň tertibi babatda iki ylmyň – fizika bilen

ylahyýetiň arasyna, barlygyň derejesi babatda bolsa tebigy zatlardan ýokary düşýär. Ol haýwanlaryň barlygynyň başlangyçlaryny öwreniş derňewiniň barşynda ruha garamaly ýa-da akyl başlangyçlaryna göterilmeli bolýar. Aňly jandaryň başlangyçlaryny öwrenmek we hökmanylyk sebäpli «ol nähili barlyk?»; «ol barlyk nämäniň üsti bilen bar bolýar?»; «ol nähili barlyk?»; «ol nämeden bar bolýar?»; «ol näme üçin bar bolýar?»; «ol nähili bar bolýar?» diýen sowallara garamaly bolýar. Soňra ol akyla we aň ýetirilýän zatlara aralaşýar. Şonda ol hökmanylyk sebäpli «akyl näme?»; «akyl nämäniň üsti bilen bar bolýar?»; «ol nähili bar bolýar?»; «ol näme üçin bar bolýar?» diýen sowallara garamaly bolýar. Ol muny soňra asman jisimlerinden pesde ýerleşýän barlyklaryň jisim däl başlangyçlaryna geçmeklik üçin öwrenýär. Onuň derňewiň barşynda öwrenmäge girişen maddy däl jisimleri asman jisimlerine degişlidir. Ol ruh we akyl baradaky meseleden soňra olaryň üsti bilen bar bolýan başlangyçlara, uzaklaşan maksatlara we adamyň bar bolmagynyň iň beýik kämilligini öwrenmäge girişýär. Ol adama mahsus tebigy başlangyçlary öwrenýär. Ýöne oňa bu zatlary öwrenmegi özüniň bar bolmagyna sebäp bolýan kämilligi gazanmaga ýeterlik däldir. Oňa adamyň munuň üçin akyl başlangyçlaryna mätäçdigi mälim bolýar. Ol akyl başlangyçlarynyň üsti bilen bu kämilligi gazanmaga ymtylanda öwreniji başga ylahy däl görnüş bilen galtaşýar. Adam bu görnüşiň öz içine alýan zatlaryny, ýagny akyl başlangyçlaryndan alýan

zatlaryny öwrenýär. Akyl başlangyçlarynyň üsti bilen ol fizika aň ýetirmegiň berýän kämilligini gazanýar. Beýle ýagdaýda oňa akyl başlangyçlarynyň adama özüniň barlygynyň maksady bolan kämilligi bermeýändigi aýan bolýar. Şeýle hem ol şol bir wagtda bu akyl başlangyçlarynyň köpsanly tebigy zatlaryň we özüne tebigatyň berýän başga zatlarynyň başlangyçlarydygyny bilýär. Çünki ynsan özüne mahsus has beýik kämilligi akyl başlangyçlaryny özleşdirmek bilen gazanýar. Ol bu beýik maksada barlygynyň mazmunlara bölünmeginiň üsti bilen ymtylýar. Onuň beýle kämillige ymtylmagy köpsanly tebigy zatlary ulanmak bilen bu zatlary özüniň ukybynyň has beýik kämilligi gazanmakdaky hereketleri üçin peýdaly bolýança dowam edýär. Beýle ýagdaýda ol bu ylymda her bir adamyň has beýik kämilligiň diňe belli bir ülüşini alýandygyny, onuň alan bu kämillik ülüşiniň köp ýa-da az bolýandygyny düşündirýär. Çünki ol hemme kämilliklere ýekelikde, köp adamlaryň kömegini almazdan[1] gowşup bilmeýär. Ynsan tebigaty boýunça başga bir adam ýa-da başga adamlar bilen özüniň ymtylýan zadynda[2] baglanyşygy bardyr. Islendik adam hem şeýle ýagdaýdadyr. Şonuň üçin her bir adam özüne elýeterli kämilligi gazanmakda beýleki adamlaryň töweregini gurşap almagyna we olar bilen birleşmäge mätäçdir. Şu mazmun ýaly adama tebigaty

[1] دُونَ مُعَاوَنَةِ نَاس كَثِيرِينَ Duna mu‘awunati nas kesirin – köp adamlaryň kömegini almazdan.

[2] فِيمَا يَنْبَغِى اَنْ يَسْعَى Fimä ýanbagy an ýas‘a – ymtylýan zadynda.

boýunça gaçybatalga gözlemek[1] we özüniň görnüşiniň beýleki wekilleriniň gurşap almagynda goňşuçylykda ýaşamak mahsusdyr. Şonuň üçin hem ol «ysnyşykly jandar» ýa-da «raýat jandary»[2] diýlip atlandyrylýar. Bu ýerde adamyň olaryň üsti bilen kämillige ymtylýan başga ylmy we düşünjeleri, şeýle hem hereketleri we aýratynlyklary ýüze çykýar. Mundan raýat baradaky meseleleri, akyl başlangyçlaryny, şeýle hem ynsanyň kämillige ymtylmakdaky hereketlerini derňeýän başga ylym döreýär. Soňra öwreniji ylahy zatlara garamakdan öwrenişe başlaýar we munda hem fizikada ulanan usullaryna eýerýär. Ol ylahyýetde öwrenmegiň başlangyjy hökmünde ilki ilkinji sebäplerden degişli görnüşe laýyk tapan zatlaryny, soňra ilkinji sebäplerden subut edilen zatlary ulanýar. Beýle zatlary bu görnüşde ulanmagyň ýokarda agzalan tertibi degişli görnüşdäki barlyklaryň her zadyna aň ýetirmek üçin ulanylýar. Öwreniji olaryň hiç biriniň asla maddada bolup bilmejekdigini düşünýär. Oňa olaryň her biri üçin «ol zat näme?»; «ol nähili bar bolýar?»; «ol haýsy täsirden bar bolýar?»; «ol näme üçin bar bolýar?» diýen sowallaryň jogaplaryny öwrenmek gerekdir. Ol öwrenmegi bu başlangyçlaryň hiç biri bolmadyk barlyga ýetýänçä, ýagny «onuň barlygy näme zat?»; «ol näme zatdan bar bolýar?»; «ol näme üçin bar bolýar?» diýen sowallar ýüze çykmaýan barlyga ýetýänçä

---

[1] أَنْ يَـأْوِى An ýa’wi – gaçybatalga gözlemek, ýagny zulumdan gaçyp, ýaşaýyş rahatlygyny gözlemek.

[2] اَلحَـيَوَانُ المَـدَنِـى Al-haýawan al-medeni – raýat jandary.

dowam edýär. Bu ýagdaý – hemme ýokarda agzalan barlyklaryň ilkinji başlangyjydyr. Bu başlangyç hut özi sebäpli, özi özünden we özi üçin bar bolýar. Onuň bar bolmagynyň usullary düýbünden kemçiliklerden mahrumdyr. Öwreniji ilki bu barlygy özleşdirýär. Soňra bu barlyk başga barlygyň başlangyjy we sebäbi bolsa, onda ol barlyklarda bolup geçýän zatlary derňeýär. Ol bu derňewi barlygyň derejesi boýunça iň öňde gelýän zatdan başlaýar we netijeden has uzaklaşan sebäpleriň üsti bilen barlyklar hakyndaky düşünjäni alýar.

Munuň özi ilkinji başlangyç mahsus bolan barlyklara ylahyýet tarapyndan garamakdyr. Ilkinji başlangyçdan soň gelýän başlangyçlar jisimler we jisimlere girýän zatlar däldir, eýse ylahy başlangyjyň mazmunydyr. Mundan soň ynsan baradaky ylma girişilýär we adamyň bar bolmagynyň maksadyny öwrenilýär. Bu bolsa adamyň almaly hökmany kämilligidir, ýagny «ol näme zat?»; «ol nähili bar bolýan zat?» diýen sowallaryň jogaplaryna aň ýetirmek kämilligidir. Soň ol ynsanyň bu kämillige ýetmegine ýardam berýän hemme zatlary öwrenýär ýa-da olardan kämilligi gazanmak üçin peýdalanýar. Bu zatlar – nygmatlar, eşretler we ýagşy işlerdir. Şeýle hem ol bu zatlary kämilligi gazanmaga päsgelçilik berýän zatlardan tapawutlandyrýar. Bu zatlar bolsa şer, ýetmezçilik we ýaramaz işlerdir. Ol beýle zatlaryň her biri barada «näme?», «nähili?», «nämeden?», «näme üçin?», «haýsy zat üçin?» diýen sowallaryň

jogaplaryny öwrenýär. Bu oňa zatlaryň biri-birinden tapawutly aň ýetirilýän zatlar bolmagy üçin gerekdir. Ine, şu ylym raýat meseleleri baradaky ylymdyr, ýagny şäher birleşmelerindäki şäher ýaşaýjylarynyň her biriniň tebigat tarapyndan kesgitlenen mukdarda bagtlaryny gazanmakda ýardam berjek zatlar baradaky ylymdyr. Öwreniji şäher birleşmeleriniň we şäherdäki ýaşaýjylaryň birleşmelerinden alýan zatlarynyň jemini älemiň jeminde jisimleriň birleşmesinde bolşy ýaly düşündirýär. Ol şeýle hem şäheriň we halkyň düzýän jemini älemiň düzülşi ýaly düşündirýär.

Älemde haýsydyr bir başlangyç bar bolup, onuň yzyndan tertip boýunça başga başlangyçlar gelýär. Bu başlangyçlardan barlyklar gelip çykýar. Ol başlangyçlardan soň tertip boýunça başga barlyklar gelýär. Soň şeýle tertip iň soňky barlyklara çenli dowam edýär. Şäheri ýa-da halky öz içine alýan jem barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Bu ýerde hem haýsydyr bir ilkinji başlangyç bardyr. Ondan soň başga başlangyçlar gelýär. Bu başlangyçlardan soň şäher ýaşaýjylary, bu ýaşaýjylardan soň bolsa başga ýaşaýjylar gelýär. Beýle ýagdaý raýat we adam barlygy boýunça tä soňky ýaşaýjylara çenli dowam edýär. Netijede, şäheri düzýän jem älemi düzýän jeme meňzeşdir. Munuň özi nazary kämillikdir. Sen bu kämilligiň dört görnüşi öz içine alýandygyny bilýänsiň. Bu görnüşleriň üsti bilen şäher ýaşaýjylary we halklar has beýik bagty gazanýarlar. Mundan soň bu dört

görnüşiň halklarda we şäherlerde işjeň bar bolmagyny nazary kadalara esaslanyp, üpjün etmeklik galýar.

Bu nazary kadalarda dört görnüşiň üsti bilen işjeň bar zatlar halklar we şäherler üçin kesgitlenýärmikä? Eger aň ýetirilýän zatlar kadalarda aň ýetiriji zatlar hökmünde bolsa, ol kadalarda zatlar ýöne şeýle kesgitlenendir. Eger ol zatlar kadalarda aň ýetirilýän zatlar we barlyklar hökmünde berlen bolsa, onda ol zatlar nazary ylymlarda işjeň barlyklar hökmünde kesgitlenendir. Meselem, ol kadalarda gurluşyk sungaty haýsydyr bir aň ýetirilýän zat hökmünde, gurluşyk we gurluşykçy bilen baglanyşykly zat düşünje hökmünde berlen bolsa, onda bu sungatyň ynsanyň eýýäm barlyga we gurluşyk sungatyna eýe bolanlygydyr. Eger gurluşykçy haýsydyr bir aň ýetirilýän zat hökmünde berlen bolsa, onda ol haýsydyr bir barlyk hökmündedir. Nazary ylymlarda bu zatlaryň hemmesi berilýär. Zat akyl bilen düşünilýän zat, akyldan daşary zat, aň ýetirilýän zat bolup biler. Ynsan beýle zatlara düşünmäge ymtylýar. Ýöne onuň ymtylmasy köplenç nazary ylma däl-de, eýsem maddy barlyk hökmündäki amaly düşünjä daýanýar. Çünki beýle aň ýetirilýän zatlar özlerine mahsus hallardan we tötänliklerden mahrumdyr we olar ruhdan daşarda bar bolýandyr. Hemişe bir halda bir görnüşe degişli tötänlikler düýbünden üýtgemeýär we başga hala geçmeýär. Tersine, hemişe bir halda bolmadyk bir görnüşe degişli bolmadyk tötänlikler üýtgeýär. Şunuň ýaly bir halda bir görnüşe degişli aň ýetirilýän zatlary

ruhdan daşarda almaly bolsa, onda olar hökmanylyk sebäpli hallar we tötänlikler bilen baglydyr. Hallara we tötänliklere bolsa ol zatlar bilen baglanyşykda bolmak, eger olara ruhdan daşardaky işjeň bar bolmaklyk berlen bolsa mahsusdyr.

Munuň özi görnüşi boýunça bir we hemişe bar aň ýetirilýän mazmunlar üçin hem, erke esaslanan aň ýetirilýän mazmunlar üçin hem umumydyr. Emma ruhdan daşardaky bar aň ýetirilýän mazmunlar tebigatda döreýär we tebigat boýunça tötänlikler bilen baglanyşyklydyr. Ruhdan daşarda bar bolup bilýän aň ýetirilýän mazmunlar barada aýdylanda bolsa, onda olaryň barlygy hallar we tötänlikler bilen baglanyşykly bolup, olar has uzaklaşan erke degişlidir. Olar tötänlikler we hallar bilen baglanyşykda bar bolup bilýär. Erke görä bar bolmak mahsus zatlar ilkibaşdan mälim bolup biler. Şonuň üçin ol ýa-da bu erke esaslanan aň ýetirilýän mazmunlarda ruhdan daşary işjeň halda barlyk bolsa, onda ilki bilen onuň barlygy bilen baglanyşyklylyk mahsus halyny bilmeklik gerek. Çünki bu, mazmunlar sany boýunça bir, görnüşi ýa-da jynsy boýunça bir däl bolýar. Beýle ýagdaýda birleşmek mahsus bolan tötänlikler we hallar olarda hemişe çalyşýar, köpelýär, azalýar. Düýbünden üýtgemeýän we şekili özgermeýän zatlar baradaky kanun bilen gurşalmaýan sazlaşykda biri-biriniň içine girýär. Olaryň käbiri üçin kanun işläp bolmaýar, beýleki biri üçin bolsa kanun işläp bolýar. Ýöne bu

kanun çalyşýan we üýtgeýän sözler bilen kesgitlenen kanundyr.

Olardan düýbünden kanun işläp bolmaýanlary – hallary ýygy-ýygydan üýtgeýän mazmunlardyr, olardan kanun işläp bolýanlary bolsa seýrek üýtgeýän mazmunlardyr. Olardan barlyk hökmünde bolýanlary Erkini mälim edijiniň erkine görä bolýarlar. Olaryň Onuň erkine görä bolmaklary hem mümkindir. Beýle ýagdaý olara päsgelçilik berýän gapma-garşylyklar sebäpli ýüze çykýar. Olaryň käbiri tebigy, beýleki biri bolsa erke esaslanan zatdyr we başga biriniň erkine görä ýüze çykýandyr. Bu erke esaslanan aň ýetirilýän mazmunlar biri-birinden diňe bir dürli wagtda däl, eýsem şol bir wagtda hem tapawutlanýarlar. Olar öz tötänlikleri we hallary boýunça has irki wagtda ýa-da has giçki wagtda biri-birine gapma-garşydyr. Dürli ýerlerde Olaryň barlygynyň hallary biri-birinden tapawutlanýar. Munuň özi tebigy zatlarda açyk görünýär. Muňa mysal edilip adam alynsa, onda ol ruhunyň daşynda işjeň halda bar bolýan bolsa, oňa haýsydyr bir wagt mahsus bolan tötänlikler we hallar beýleki has ir wagtdaky ýa-da has giç wagtdaky tötänliklerden we hallardan tapawutlanýarlar. Onuň dürli mekandaky hallary barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Meselem, baýlyk, paýhaslylyk we şulara meňzeş zatlar erke esaslanan we aň ýetirilýän düşünjelerdir. Onuň bir ýurtdaky tötänlikleri we hallary beýleki ýurtdaky tötänliklerinden we hallaryndan tapawutlanýar. Muňa garamazdan hemme ýagdaýlarda aň ýeti-

rilýän «adam» diýen düşünje şol bir ýagdaýda galýar. Erke esaslanan zatlar barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Işjeň halda olaryň bir wagtdaky tötänlikleri başga wagtdaky tötänliklerinden tapawutlydyr.

Bir halka mahsus tötänlikler başga halka mahsus tötänliklerden tapawutlanýar. Tötänlikler bir halkda bir günde, ikinji halkda bir aýda, üçünji halkda bir ýylda, dördünji halkda bir asyrda, bäşinji halkda birnäçe asyrda üýtgeýär. Eger tötänlikleriň birine erke esaslanmak miýesser bolsa, onda ony ruhuň daşynda işjeň halda almak üçin Erkini mälim ediji gerek bolýar. Ol bu tötänlikleriň belli bir wagt aralygynda we ýeriň belli ilatly böleginde nähili üýtgeýändiklerini bilmelidir. Eger öwreniji olary bilýän bolsa, onda olaryň arasynda erke görä haýsysynyň bir günde, haýsysynyň bir aýda, haýsysynyň bir ýylda, haýsysynyň bir asyrda, haýsysynyň uzak wagtyň dowamynda, belli bir ýerde, köp ýa-da az mukdarda üýtgeýändigini, haýsysynyň hemme halklar üçin umumydygyny, haýsysynyň bir halk üçin umumydygyny, haýsysynyň bir şäher üçin umumydygyny, gysga wagtlyk ýa-da uzak wagtlyk umumydygyny, haýsysynyň peýdasy boýunça gysga wagtyň içinde umumydygyny bilmelidir.

Aň ýetirilýän mazmunlaryň tötänlikleri we hallary älemde bütindünýä üçin umumy, bir halk üçin umumy, şäherlileriň bir topary üçin umumy ýa-da bir adam üçin umumy zatlaryň bolup geçmegine laýyklykda üýtgeýär.

Barlyklar tebigy bolup geçýän barlyklara we erke görä bolup geçýän barlyklara bölünýär. Erke görä bolup geçýän barlyklara nazary ylymlar bilen däl-de, eýsem adaty (amaly) düşünjeler bilen aň ýetirilýär. Şonuň üçin olar mundan başga ukyba mätäç bolmaýar. Olara düşünjäni tapawutlandyrýan barlygyň mazmuny boýunça aň ýetirilýär. Olar özlerine üýtgeýän tötänlikleriň mahsusdygy sebäpli erk bilen baglanyşyklydyr. Olar beýle baglanyşygyň üsti bilen erke görä belli bir wagtda, belli bir ýerde, belli bir ýagdaýlarda işjeň halda bolýar.

Barlygyň mazmunynyň we ukybynyň üsti bilen aň ýetirilýän mazmunlara mahsus tötänlikler ýüze çykarylýar we aň ýetirilýän mazmunlarda üýtgemek mahsus bolan tötänlikler tapawutlandyrylýar. Erke görä ýekelikde bar bolmak mahsus bolan zatlary belli bir wagtda, köp ýa-da az ýerde, belli bir ýagdaýlarda işjeň etmek isleseler, onda işjeňlik pikir ukyby bolar.

Pikir ukybynyň[1] mowzugy bolup hyzmat edýän zatlar ahyrky maksat gazanylanda peýda babatda seljerilýär. Olary seljerýän adamyň wezipesi ahyrky maksady kesgitlemekden, ony birinji oruna çykarmakdan, bu maksady gazanmaga ýardam berýän zatlary öwrenmekden we bu wezipäni ýerine ýetirmekden ybaratdyr.

Iň kämil pikir ukyby ol zatlarda soňky maksady gazanmak ugrunda peýdaly zatlar seljerilende ýüze

[1] قـوةٌ الفِـكْـرِيَّـة Kuwwat al-fikriýýa – pikir ukyby, pikir güýji.

çykýar. Munuň özi hakyky mertebe, şer we hyýaly mertebe bolup biler. Eger seljerilýän zatlar mertebe gazanmakda has peýda berýän bolsa, onda olar ajaýyp we ýagşy zatlardyr. Eger olaryň ahyrky maksatlary şer bolsa, onda pikir ukyby bilen seljerilýän zatlar şer, erbet we biderekdir. Eger maksatlar hyýaly mertebeler bolsa, onda gazanylýan zatlar hem hyýaly zatlardyr.

Pikir ukyby aşakdaky ýaly bölünýär. Pikir mertebesi – mertebe babatda has köp peýdany ýüze çykarýan zatdyr. Maksatdaky has köp peýdany şer görnüşinde ýüze çykarýan pikir ukyby pikir mertebesi däldir we ony başga hili atlandyrmak gerek. Eger pikir ukyby has köp hyýaly peýdany ýüze çykarýan bolsa, onda bu ukyp hyýaly mertebe ukybydyr. Pikir mertebeleriniň arasynda halklar üçin umumy, halk üçin umumy ýa-da şäher üçin umumy has köp peýdany ýüze çykarýanlary hem bar. «Mertebe öz maksadynda has köp peýdalydyr» diýen jümle bilen «has peýdaly we has ajaýyp» diýen jümläniň arasynda tapawut ýokdur. Şeýle pikir mertebesi raýat pikir mertebesidir. Bu umumy mertebe uzak wagtlap galyp ýa-da uzak wagtlap bar bolup biler, şeýle hem ol gysga wagt aralygynda ýüze çykyp biler.

Halklar üçin, halk üçin ýa-da şäher üçin umumy, iň ajaýyp zatlary ýüze çykarýan pikir mertebesi adamlarda uzak wagtlap saklanýar ýa-da gysga wagtda täzelenýär. Ol raýat pikir mertebesidir. Eger ol hemişe halklar, halk ýa-da şäher üçin umumy zady ýüze çykarsa, onda ol asyrlaryň dowamynda ýa-da uzak wagt

aralygynda täzelenýär. Beýle mertebeler kanunlary işlemäge ukyplydyr.

Gysga wagt aralygynda üýtgeýän zatlary tapawutlandyrýan pikir ukyby halklarda, bir halkda ýa-da bir şäherde wagt babatda yzygiderli ýüze çykýan wakalary dolandyrmagyň ol ýa-da beýleki görnüşlerini tapawutlandyrýan ukypdyr. Bu ikinji mertebe birinji mertebäniň yzyndan gelýär. Şäheriň haýsydyr bir toparynda ýa-da maşgala agzasynda iň peýdaly, iň ajaýyp ýa-da mertebe maksadyndaky iň peýdaly zady ýüze çykarmak ukyby diňe bu topara degişli pikir mertebesidir. Meselem, maşgala pikir mertebesi hem-de harby pikir mertebesi. Olar hem öz gezeginde uzak wagt aralygynda çalyşýan pikir ukyplaryna we gysga wagt aralygynda çalyşýan pikir ukyplaryna bölünýär.

Mertebe mundan kiçi böleklere hem bölünip biler. Meselem, bir wagtda haýsydyr bir sungatyň tötänliklerinde ýa-da aýratyn bir tötänliklerde ýüze çykýan iň peýdaly, iň ajaýyp mertebe. Pikir mertebesi sungatlaryň ýa-da kärleriň bölümlerine laýyklykda bölünýär. Bu ukyp şeýle hem adamyň özüne ýardam berýän ýagdaýlarda iň peýdaly, iň ajaýyp zady ýüze çykarmak üçin yzarlaýan maksadyna görä ýüze çykýar. Şeýle hem ol mertebe maksadyndaky başgalara degişli iň peýdaly, iň ajaýyp zadynda hem ýüze çykýar. Ine, öwüt beriji pikir ukyby şunuň ýalydyr. Olaryň ikisi hem bir adamda jemlenip biler ýa-da dürli adamlarda bolup biler.

Iň peýdaly we iň ajaýyp zady haýsydyr bir mertebe maksady üçin ýüze çykarýan mertebäniň özi üçin islenilýän mertebe başga biri üçin islenilýän mertebe ýa-da hakyky mertebe bolup bilýändigi mälimdir. Haýsydyr bir mertebeli zady başga üçin isleýäniň düşünjesine görä, ol zat islenilýän mertebe ýa-da hakyky mertebe däldir. Çünki beýle ýagdaýda ol bu mertebäniň hakyky mertebedigine ýa-da hakyky mertebe däldigine garamazdan, başga biri üçin isleýär. Onuň düşünjesine görä, ol mertebe özi üçin islände hakyky mertebe bolýar. Ýagşy mertebe diňe hakyky mertebedir.

Eger adam özi üçin mertebe islese, beýle mertebe hakyky mertebe bolar, şeýle hem ol ýagşy mertebe bolup biler. Ýöne onuň düşünjesine, ahlagyna, amallaryna görä hakyky mertebe ýagşy mertebe bolup bilmez. Onuň mertebesi, ahlagy, amallary pikirlenmek ukybyna laýyk gelýär. Eger ol pikir mertebeleriniň üsti bilen iň peýdaly we iň ajaýyp zady derňese, meselem halklar, halk ýa-da şäher üçin umumy we diňe uzak wagt aralygynda täzelenýän iň peýdaly we iň ajaýyp zady derňese, onda beýle ahlak mertebeleri onuň pikir ukybyna laýyk bolmalydyr. Eger onuň pikir mertebeleri diňe hususy häsiýetli iň peýdaly, iň ajaýyp zatlar we hususy ýagdaýlar bilen çäklense, onuň ahlak mertebesi muňa laýyk bolmalydyr. Ahlak mertebesi onuň pikir ukybynda agdyklyk etse we güýçli bolsa, şonça onuň pikir metebelerinde ahlak mertebesi bilen

sazlaşyk agdyklyk edýär we beýleki mertebelerden ahlak mertebesi güýçli gelýär.

Pikir mertebesiniň üsti bilen halklar üçin, halk üçin ýa-da şäher üçin maksatlarda we ýagdaýlarda diňe uzak wagt aralygynda täzelenýän umumy zatlardan iň peýdaly we iň ajaýyp zadyň tapawutlandyrylýandygy üçin pikir mertebesi kämil agdyklyga we iň uly güýje eýedir. Munuň yzyndan wagt babatdan umumy bolan maksatdaky gysga wagtda çalyşýan iň peýdaly we iň ajaýyp zady tapawutlandyrýan pikir mertebesi gelýär. Muňa onuň bilen baglanyşykly ahlak mertebeleriniň laýyk gelýändigi düşnüklidir.

Mundan soňra şäher durmuşynyň bir tarapy bilen çäklenýän mertebeler, ýagny harby, gurply ýa-da beýleki mertebeler gelýär. Ahlak mertebeleri hem şular ýalydyr.

Soňra her sungat bilen onuň tötänliklerine laýyklykda her bir öý bilen, her bir adam bilen baglanyşyklylykda adama ol ýa-da beýleki ýagdaýlarda, ol ýa-da beýleki sagatda, ol ýa-da beýleki günde bolup geçýän pikir mertebeleri gelýär. Munuň bilen baglanyşykly bolan ahlak mertebeleri hem şuňa meňzeşdir. Diýmek, iň uly güýje eýe bolan kämil mertebäni öwrenmegimiz gerekdir. Ol kämil mertebäniň nähilidigini bilmek üçin «Kämil mertebe hemme mertebeleriň jemimikä?», «Hemme mertebeleriň güýjüne eýe bolan birnäçe mertebelerden ybarat iň güýçli mertebemikä?», «Adam kämil mertebäniň amallaryny berjaý etse, onda beýleki mer-

tebeleriň amallaryny terk etmelimikä?» diýen sowallaryň jogaplaryny tapmalydyr. Özündäki mertebeleriň amallaryny doly berjaý etmek islese, onda ol hemme mertebelere eýe bolmaz. Beýle ýagdaýda ol özünde bar bolan hususy mertebeleri ulanar. Hut ahlak mertebelerinde hemme halklarda, şäherlerde, bir halkda, şäheriň bir etrabynda ýa-da her etrabyň böleklerinde bar bolan mertebeleriň amallaryny ulanar.

Kämil mertebe başda durujydyr we başga mertebäniň başda durmagyny gidirijidir. Mundan soň ahlak mertebesine şäheriň durmuşynyň her böleginde güýji boýunça meňzeş mertebe gelýär. Meselem, goşun başlygy esgerler üçin umumy bolan iň peýdaly we iň ajaýyp pikir ukybyna eýe bolmak bilen bir hatarda ahlak mertebesine hem eýe bolmalydyr. Eger ol ahlak mertebesiniň amallaryny kämil etmek islese, onda esgerlere mahsus mertebeleri ulanýar. Meselem, onuň batyrlygy esgerleriň başarjaň hereketlerindäki hususy batyrlygyna laýyk bolmalydyr. Şäher üçin serişdeleri gazanýan adam barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Bu ýerde iş serişdeleri gazanmak maksadyndaky peýdaly we iň ajaýyp zady ýüze çykarmaga gönükdirilmelidir. Beýle ýagdaýda iş serişdesini gazanýan dürli adamlara mahsus ahlak mertebelerini ulanmalydyr. Ylymlaryň ýagdaýlary hem şunuň ýaly bolmalydyr.

Özünden öňde hiç bir ylym gelmeýän başda durujy ylym – hemme ylymlaryň amallaryny ulanmak bilen amallaryny tamamlaýan ylymdyr. Bu ylym özüniň

maksadyny doly gazanmak üçin hemme ylymlary talap edýär. Beýle ylym başda durujy we ylym güýji boýunça iň uly güýçlüsidir. Bu ylma laýyk ahlak mertebesi güýji boýunça iň uly güýje eýe mertebedir.

Iň peýdaly we iň ajaýyp hemme zatlaryň umumy ýa-da haýsydyr bir halkda iň peýdaly we iň ajaýyp bolýandygy mälimdir. Şunuň ýaly mertebäniň maksatlary hem mertebe we eşret maksatlary hökmünde umumy manyda ýa-da haýsydyr bir halkda ýa-da hakykatda bolýar. Haýsydyr bir halkyň wekillerindäki iň ajaýyp zady diňe şol halka mahsus ahlak mertebeleri ýüze çykaryp biler. Beýleki mertebeler hakynda aýdylanda hem ýagdaý şeýledir.

Iň uly güýçli we iň pes güýçli hususy mertebeler barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Iň uly güýçli pikir mertebesi bilen iň uly güýçli ahlak mertebesi biri-birinden aýrylyşmazdyr. Iň esasy nazary mertebä diňe nazary mertebe eýerip biljekdigi mälimdir. Çünki esasy nazary mertebe özüniň nazary mertebesini düzýän aň ýetirilýän mazmunlaryna baglanyşyksyz tötänliklerden tapawutlydyr. Pikir mertebesine eýe kişi aň ýetirilýän mazmunlaryň üýtgeýän hallaryny we tötänliklerini tapawutlandyrýar. Bu zatlara aň ýetirmek özüňe düşünmekden we özüňi bilmekden ybaratdyr. Şonuň üçin, eger ol: «Pikir mertebesi nazary mertebeden aýratyndyr» diýen pikire düşse, ýüze çykarjak zadyny ýüze çykaryp bilmez. Nazary mertebe, esasy pikir mertebesi, esasy ahlak mertebesi we esasy sungat aýrylyşmazdyr. Bolmasa, olar bozuklyga düşerdiler,

kämil bolmazdylar we başda durmak maksadyna eýe bolmazdylar. Ahlak mertebesini diňe nazary mertebe özüni aň ýetirýän mazmunlara öwrenden soň bardygy sebäpli, pikir mertebesi ahlak mertebesinden öň gelýär. Pikir mertebesi ahlak mertebesiniň tötänliklerini ýüze çykarýar. Ahlak mertebesi baradaky düşünje pikir mertebesi bilen bu tötänlikleriň sazlaşmagyndan ýüze çykýar. Pikir mertebesiniň ahlak mertebesinden öň gelýändigi sebäpli, pikir mertebeli kişi ahlak mertebelerini we ahlak mertebelerinden aýratyn mertebeleri ýüze çykarýar. Pikir mertebesi ahlak mertebesinden aýrylyşan ýagdaýynda ol hem eşretlerden ybarat mertebeleri ýüze çykarmaga ukyplydyr. Pikir mertebesi ahlak mertebesinden aýratyn bar bolsa, onda adam bu hakyky mertebäni özi üçin we başga zat üçin nähili gazanmak islär? Eger ol mertebe eşrete eýe mertebe bolmasa, onda adam maksat edinmän, ony nähili ýüze çykaryp biler? Diýmek, eger pikir mertebesi ahlak mertesinden aýrylyşan bolsa, onda pikir mertebesi bilen ahlak mertebesini ýüze çykaryp bolmaz. Eger pikir mertebesi akyl mertebesinden aýrylyşmadyk bolsa, onda olar bilelikde bar bolýar. Emma pikir mertebesi ahlak mertebesini nähili ýüze çykarýar we onuň bilen nähili sazlaşýar? Eger ahlak mertebesi pikir mertebesinden aýrylaşmadyk bolsa, onda pikir mertebesiniň ony ýüze çykarmagy hökman. Eger pikir mertebesi ony ýüze çykarmaýan bolsa, onda ol ahlak mertebesinden aýrylykda bar bolýar. Şonuň üçin ol eşret bolýar ýa-da pikir mertebesi bilen pikir

mertebesiniň ýüze çykarýan ahlak mertebesinden tapawutly haýsydyr bir başga mertebe bilen birleşýär. Eger ahlak mertebesi erke esaslansa, pikir mertebesini ýüze çykarýar. Beýle ýagdaýda ýene birinji şübhe döreýär. Diýmek, hut pikir mertebesi ahlak mertebesini[1] ýüze çykarýar. Beýle ýagdaýa eşret we mertebe maksady bolan adam ymtylýar. Bu mertebe tebigatdan bar bolan tebigy mertebe, tebigatdan bar bolan tebigy pikir mertebesi bilen birleşen mertebe we erke esaslanan ahlak mertebeleri bilen ýüze çykarylýan mertebe bolar.

Erke esaslanan mertebe ynsan mertebesidir.[2] Ynsan beýle mertebäni erke esaslanan beýleki zatlary gazanmak bilen pikir mertebesini gazanýar. Ýöne bu tebigy mertebäniň[3] nähilidigine, onuň erke esaslanan başga mertebä meňzeşdigine ýa-da meňzeş däldigine garap geçmek gerek. Biz onuň aňsyz jandarlarda ýüze çykýan erke esaslanan mertebä[4] we onuň aýratynlyklaryna meňzeşdigini nygtamalydyrys. Meselem, ýolbarsdaky batyrlyk, tilkidäki mekirlik, möjekdäki çalasynlyk, gargadaky ogurlyk etmek we şuňa meňzeş aýratynlyklar. Her adam tebigatdan ol ýa-da bu mertebe bilen ol ýa bu aýratynlyk bilen baglanyşykly hereketleri beýle hereketlere gapma-garşy hereketleri etmäge garanyňda, ýeňillik bilen

---

1 اَلفَضِيلَةُ الخُلُقِيَّة Al-fazylat al-hulkyýýa – ahlak mertebesi.
2 اَلفَضِيلَةُ الاِنْسَانِيَّة Al-fazylat al-insäniýýa – ynsan mertebesi.
3 اَلفَضِيلَةُ الطَبِيعِيَّة Al-fazylat at-tabi‘iýýa – tebigy mertebesi.
4 اَلفَضِيلَةُ الاِرَادِيَّة Al-fazylat al-iradiýýa – erke esaslanan mertebe.

etmekde ruhuň güýjüne eýedir. Adam hemme zatdan öňürti, eger bir zat päsgelçilik bermeýän bolsa, özüne ýeňil bolan zady etmäge ýykgyndyr. Eger adam tebigat boýunça bir zada, meselem howply ýagdaýda dogumlylyga we howpdan gaýtmazlyga ýykgyn edýän bolsa we birnäçe gezek bu aýratynlygy gaýtalasa, onda bu aýratynlyk onuň erke esaslanan aýratynlygydyr. Bu aýratynlyga meňzeş birinji aýratynlygy bolsa, onuň tebigy aýratynlygydyr.

Eger hususy pikir mertebeleri sazlaşykda bolmak häsiýetli hususy ahlak mertebeleriniň ýagdaýy şeýle bolýan bolsa, onda uly pikir mertebeleri bilen sazlaşykda bolmak häsiýetli bolan umumy ahlak mertebeleriniň ýagdaýy hem şeýledir. Şonuň üçin ol tebigatdan uly mertebe bilen we uly tebigy pikir ukyby bilen gatnaşykdaky tebigy pikir ukyby bolan mertebelere meýillidir. Mertebäniň başga derejeleri barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Netijede, islendik adamda sungat, ahlak we pikir mertebeleri uly güýje eýe däldir.

Diýmek, hökümdar diňe erkine görä däl-de, eýsem tebigata görä hem hökümdardyr. Şeýle hem onuň hyzmatkärleri ilki bilen tebigat boýunça, soňra erkleri boýunça hyzmatkärlerdir. Olar muňa tebigat boýunça taýýarlanandyrlar, soňra kämilleşendirler. Eger ýagdaý şeýle bolsa, nazary mertebe, uly pikir mertebesi, uly ahlak mertebesi, ylma esaslanan uly sungat diňe bu zatlara meýilli adamlarda bardyr. Beýle adamlara örän uly güýje eýe bolan beýik hil aýratynlyklary

mahsusdyr. Eger bu garalan zatlar bir adamda jemlenýän hususy mertebeler bolsa, onda halklardaky we şäherlerdäki hususy mertebelere garamalydyrys. Uly ukyba eýe kişiler bu hususy mertebeleri halklara we şäherlere bermek ukybyna hem eýedirler. Beýle mertebeleri iki ýol: okuw we terbiýe ýoly bilen gazanyp bolar.

Okuw – halklaryň we şäherlileriň mertebelere eýe bolmaklarydyr. Terbiýe – halklaryň we şäherlileriň ylma esaslanan ahlaklara we sungatlara eýe bolmak usulydyr. Okuw söz bilen amala aşyrylýar. Terbiýede bolsa halklara we şäherlilere ylma esaslanan aýratynlyklardan gelip çykýan hereketleri berjaý etmäge höwes döredýärler. Muny beýle etmekden hereketler bilen baglanyşykly aýratynlyklary adamlaryň ruhlaryna ornaşdyrmak we adamlarda olara yhlas döretmek maksadyny yzarlaýarlar. Haýsydyr bir zady etmäge höwesi oýarmak käwagt sözüň üsti, käwagt bolsa işleriň üsti bilen amala aşyrylýar.

Nazary ylymlar ymamlar, hökümdarlar ýa-da nazary ylymlary özleşdirmäge ukyply adamlar tarapyndan okadylyp bilner. Bu iki topar[1] ýokarda gürrüň edilen köp usul bilen okadylýar. Olar başda her bir nazary ylmyň ilkinji başlangyçlary we ilkinji ylymlary barada ylym alýarlar. Soňra başlangyçlaryň görnüşlerini we olaryň tertiplerini ýokarda aýdylyp

[1] 1-nji topar – ymamlar, hökümdarlar; ikinji topar – nazary ylymlary özleşdirmäge ukyply adamlar.

geçilşi ýaly özleşdirýärler. Olaryň ruhlary ýaşlyklaryndan başlap özleriniň ynsan tebigatlarynyň derejelerine laýyklykda edep-terbiýe alýar. Olar ýaş wagtlaryndan okuwa başlap, Eflatunyň beýan ediş tertibine laýyklykda, mantyk usullaryny hemme nazary ylymlarda ulanmagy endik edinýärler. Olar edep-terbiýäniň dürli görnüşlerini endik edinmek bilen iň ýokary derejelere ýetýärler we hökümdar bolup, dolandyrmagyň bir görnüşini ýöretmäge mynasyp bolýarlar. Olar ýedi-sekiz ýaşdan başlap ýuwaş-ýuwaşdan tä beýik derejä ýetýänçäler dolandyryşyň hususy usulynyň basgançaklaryny[1] geçýärler. Olaryň okuw usuly şeýledir. Olar özleriniň nazary aň ýetirmelerinde umumy düşünjeler bilen çäklenmeýän saýlama adamlardyr.

Nazary zatlary köpçüligi ynandyrmak usuly bilen okatmak gerek. Köp nazary ylymlara hyýalyň üsti bilen aň ýetirilýär. Beýle ylymlary ynsan köp zatlara, ýagny has uzaklaşan başlangyçlara we maddy däl başlangyçlara akyly bilen aň ýetirenden soň özleşdirýär. Ilki bilen köpçülik olara aýdyň görnüşde aň ýetirmelidir, soňra olary köpçüligiň wekilleriniň ruhlarynda ynandyrmak usuly bilen berkitmelidir. Saýlama adamlar mundan ol ýa-da beýleki halk üçin, hemme halklar, hemme şäher ýaşaýjylary, käbir şäherliler, halklar we şäherlileriň käbir toparlary üçin

---

[1] مَـرَاتِـبُ اَلرِيَـاسَـاتِ الجُزئِـيَّـةِ Meratib ar—riýasat al-jüz’iýýa – dolandyrmagyň hususy usulynyň basgançaklary.

haýsysyny almalydygyny saýgarýarlar. Bu zatlaryň hemmesini adamlaryň nazary mertebelere eýe bolmaklaryndaky pikir ukyby bilen tapawutlandyrmak mümkin.

Amaly mertebeler we amaly sungatlar barada aýdylanda, onda olar adamlaryň özlerine häsiýetli işlere bolan endiginiň üsti bilen özleşdirilýär. Munuň özi iki usul bilen gazanylýar: 1. Ynandyryjy sözleri,[1] duýga täsir ediji sözleri,[2] işleri ruhlarda berkidiji we adamlara işlere meýletin meýil etdiriji sözleri sözlemek bilen. Işleri adamlaryň ruhlarynda berkitmek dilewarlyk sungatlaryny[3] ulanmak ukyby we endikleri bilen baglanyşyklydyr. 2. Meýletin, ýagny öz islegleri bilen paýhasa ýaraşmaýan, sözi diňlemeýän, tabyn bolmaýan, boýun egmeýän şäherlilere we halklara mejbur etmek usulyny ulanmak bilen. Şeýle hem bu usul amaly ylymlary başda öwrenip, soňra olary terk edip, özleşdirmäge garşylyk görkezýän adamlar üçin ulanylýar.

Diýmek, mertebä eýe bolanlaryň mertebesi, hususy ylymlara dahylly hökümdarlygy dolandyryş ylmynyň bolsa hökümleri bardyr. Bu sebäpden halklary we şäheriň ýaşaýjylaryny edebe salmakda hökümdaryň ulanýan ýörite adamlary bolmalydyr.

Beýle adamlaryň iki topary bar: birinji topar edebe meýletin tabyn adamlar, ikinji topar bolsa güýç bilen

---

[1] اَلاقَـاوِيـلُ الإقْـنَـاعِـيَّـة Al-akawil al-ikna‘iýýa – ynandyryjy sözler.

[2] اَلأَقَـاوِيـلُ الإنْـفِـعَـالِـيَّـة Al-akawil al-infi‘aliýýa – duýga täsir ediji sözler.

[3] اَلصـنَـايِـعُ المَـنْـطِـقِـيَّـة As-sanaýi‘ al-mantykyýýa – dilewarlyk sungatlary.

edep berilýän adamlar. Muňa maşgalabaşy we halypa, çagalar, ýigdekçeler mysal bolup biler. Hökümdar maşgalabaşynyň maşgala agzalarynyň terbiýeleýjisi, mugallymy, çagalaryň hem ýigdekçeleriň halypasy, mugallymy bolşy ýaly, maşgala agzalarynyň we halklaryň terbiýeleýjisi hem mugallymydyr. Olaryň her biri käbir adamlara mähribanlygyň we ynanjyň üsti bilen, başga bir adamlara bolsa mejbur etmegiň üsti bilen terbiýe berýär. Bu babatda hökümdar hem edil şonuň ýaly hereket edýär. Güýç bilen terbiýe bermek we meýletin terbiýe bermek dürli göwrüme we dürli güýje eýe bolup, terbiýe berilýän adamlaryň barlygynyň mazmunyna baglydyr. Hökümdarlaryň halklaryň we şäherleriň halypasy we terbiýeçisi hökmündäki güýji hem serişdeleriniň güýji çagalary, ýigdekçeleri terbiýelemegiň, şeýle hem maşgala agzalaryny terbiýelemegiň güýji bilen deňeşdirilende has uludyr we halklaryň çagalara, ýigdekçelere we maşgala agzalaryna berýän edeplerine garanyňda has agdykdyr.

Meýletin terbiýelemek sungaty has uly güýje mätäçdir. Güýç bilen terbiýelemek barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Hususan, terbiýe bermegiň bu usuly adamyň barlygynyň sebäbi bolan bagty gazanmaga eltýän haýsydyr bir işi etmegi talap edilende, tabyn bolmaýan halklaryň we şäherleriň üstünden ýeňiş gazanmakda goşuna başarnykly ýolbaşçylyk etmekden, ýaragy we esgerleri ulanmakdan ybaratdyr.

Hemme barlyklar adamyň barlyklardaky mahsus derejesine görä ýetip boljak iň beýik kämilligi gazanmagy üçin niýetlenendir. Mundan adama degişli bolan ülüş «iň beýik bagt» diýlip atlandyrylýar. Haýsydyr bir adamyň ynsan jemgyýetinde eýeleýän derejesine görä degişli ülüşine eýe bolmagy onuň üçin iň beýik bagtdyr.

Maksat üçin ýaşaýan şahs adyl şahsdyr. Bu maksady yzarlaýan hususy sungat adalatly we mertebeli sungatdyr. Halklary we şäherleri meýletin okatmak üçin ulanylýan Adamlar mertebä we dilewarlyk sungatyna eýe adamlardyr. Hökümdaryň aň ýetirilýän nazary, ylymlara garaşyk etmek endigi bolmalydyr. Beýle ylymlary özleşdirmek ygtybarly delilleriň üsti bilen gazanylýar. Ol ylymlaryň her birinden ynandyrmagyň mümkingadar usullaryny gözleýär we olaryň her birinden haýsy usuly ynandyrmak üçin ulanyp boljakdygyny derňeýär. Ol muny özüniň kadalaryň özlerini ulanmak bilen däl-de, eýsem kadalara ynandyrmak ukybynyň üsti bilen edip biler. Ol kadalardan göçme manyly kadalary hem ulanyp biler. Beýle nazary kadalar hemme halklaryň hyýallaryna täsir ýetirmelidir we ynanjyň üsti bilen özleriniň tassyknamalaryny tapmalydyr. Kadalar hemme halklar we şäherler üçin ynanjyň üsti bilen umumy häsiýete eýe bolmalydyr. Soň ol hususy amaly mertebeler we sungatlar bilen baglanyşykly işleri toparlara bölmelidir, mertebelere we sungatlara ynandyryjy we adamlary bu işlere meýil etdiriji

usullary ulanmalydyr. Beýle ýagdaýda meseläniň mazmunyna degişli söz hem, duýga täsir edýän ahlaga degişli söz hem ulanylýar. Bu usullar bilen sözlenilen sözler şäherlileriň ruhlaryny ýesir edýär, tabyn edýär, olaryň ruhlaryny ýumşadýar we köşeşdirýär. Muňa gapma-garşy ýagdaýda şäherlileriň ruhlaryny berkidýän, güýçlendirýän, rehimsiz edýän we ýigrenç döredýän söz ulanylýar. Beýle sözleri ol özüne meňzeş we gapma-garşy hökümdar üçin, özüniň peýdalanýan adamlary we kömekçileri üçin, mertebeli adamlar we olara gapma-garşy adamlar üçin ulanýar.

Ol köşeşdiriji we tabyn ediji sözi gerek ýerinde, muňa gapma-garşy ýagdaýda bolsa, ruhlary berkidýän, rehimsiz edýän sözleri ulanýar. Beýle sözler oňa özüniň garaýyşyna garşydaşlar bilen göreşmäge we ynam bilen hereket etmäge ýardam berýär. Şeýle hem ol olaryň garaýyşlaryny we hereketlerini paş edýän, bozuklyklaryny we edepsizligini ýüze çykarýan sözleri ulanýar. Ol iki hili sözden peýdalanýar: 1. Ýatlamazdan we ýazga geçirmezden wagtal-wagtal we belli günlerde ulanylýan sözler; 2. Ýazga geçirmek we ýatlamak mümkin sözler. Ýazgylaryň her biri garaýyşlaryň we hereketleriň beýanyny berýär we olary ündeýär. Ol beýle sözüň üsti bilen adamlara ündeýän zadyny saklamaga, berkitmäge we ony adamlaryň ruhlaryndan öçürmezlige çalyşýar. Ol gapma-garşy garaýyşlara we hereketlere eýerýän Adamlara ýörite niýetlenen sözi ulanýar.

Ylymlar bilen terbiýe berýän adamlaryň üç görnüşi bolýar: ylmy saklaýan adamlar; ylymlaryň degişli görnüşindäki düşnüksizligi beýan etmäge, ylma gapma-garşy gelýän zatlary ýa-da garşy çykýan adamlary paş etmäge ukyply adamlar; ylymlary okatmaga ukyply adamlar. Olar ylymlar bilen, terbiýe bermegiň üsti bilen birinji başyň halklar we şäherler jähetden maksatlaryny amala aşyrmagyna ýardam berýärler.

Hökümdar halklaryň her birine ynsan tebigatyna mahsus aýratynlyklara görä garaýar. Soňra hemme halklar üçin umumy zatlary ýüze çykarmaklyga geçýär, ýagny hemme halklaryň, her toparyň, her halkyň aýratynlygy bolup biljek mahsus zada garap geçýär. Oňa haýsy işleriň we aýratynlyklaryň haýsy halka mahsusdygy baradaky düşünjesiniň bolmagy zerurdyr. Hökümdar beýle düşünjäniň üsti bilen adamlary bagta gönükdirmek maksadyny yzarlaýar. Ol adamlaryň sanyny takmynan kesgitleýär. Ol beýle işe nazary we amaly mertebeleri ösdürmek üçin haýsy ynançlary ulanmalydygyny bilmek üçin mätäçdir. Ol halklary toparlara bölmekden soňra ol ýa-da bu halk üçin haýsy zadyň laýykdygyny kesgitleýär. Ol haýsydyr bir toparyň nazary ylymlary özleşdirip biljekdigine ýa-da özleşdirip bilmejekdigine, adamlaryň nämäni ýagşy özleşdirýändigine, ýa-da hyýaly amaly ylymlary ýagşy özleşdirýändigine garaýar. Adamlar nazary ylymlary özleşdirmek bilen dört görnüşli ylma eýe bolýarlar: 1. Nazary mertebe. Nazary mertebe arkaly akylyň we

ygtybarly delilleriň üsti bilen barlyklara aň ýetirilýär. 2. Ynanç arkaly barlyklara aň ýetirmek: 3. Ylmyň öz içine alýan mazmunyny ynanjyň üsti bilen tassyklamak; 4. Bu üç görnüş ylymdan ol ýa-da beýleki halk üçin saýlanyp alnan ylym. Bu dört görnüşli ylym halklar üçin zerur düşünjeleri öz içine alýar. Olaryň üsti bilen degişli halklar kämilleşýärler we bagt gazanýarlar.

Şonuň üçin hökümdar halky bagta getirýän ol ýa-da bu ylym üçin derejeleri, adamlaryň ol ýa-da bu gatlagyny, ol ýa-da bu adamy kesgitlemelidir. Ol degişli halky nämäniň üsti bilen terbiýelemelidigini we bu işde nähili serişdäni ulanmalydygyny bilmelidir. Degişli halky terbiýelemek üçin onda serişdäni nähili ulanmalydygyny bilýän bir adam ýa-da adamlaryň topary bolmalydyr. Olar adamlaryň bähbitlerini goramaga we gapma-garşylyklary paş etmäge ukypply bolmalydyr. Degişli halka muny öwretmelidir. Olar beýle işiň üsti bilen birinji başyň halk jähtden maksatlarynyň amala aşmagyna ýardam bermegi yzarlamalydyrlar. Hut olary halklary meýletin terbiýelemek üçin ulanmak bolar. Halklary terbiýelemek üçin ynanylan adamlaryň her biri hususy mertebä we pikir mertebesine eýe bolsalar ýagşydyr. Olar bu mertebeler arkaly hökmanylyk ýüze çykan ýagdaýynda uruşda goşuny başarnykly ulanyp bilerler. Çünki olaryň her birinde barlygyň mazmuny terbiýäniň ol ýa-da bu görnüşi bilen sazlaşýar. Eger bu hili aýratynlyklar bir adamda sazlaşmaýan bolsa, onda

terbiýe berýän kişä mejbury terbiýe bermek üçin beýle ukyba eýe bolan adam goşmaça berilmelidir.

Adatça, her bir halky terbiýelelemek ynanylan adamyň özüniň ygtyýaryndaky halky meýletin ýa-da güýç bilen terbiýelemekde ulanýan adamlary bolýar. Ol bu işde ulanýan adamlaryny barlygyň ol ýa-da beýleki görnüşli terbiýesine degişli mazmunlara görä iki ýa-da bir topara birleşdirýär. Bir topar ýa-da iki topar öz gezeginde böleklere, bölekler bolsa bölekleriň böleklerine, tä iň ownuk böleklere ýa-da iň kiçi terbiýeleýji güýje çenli bölünýär.

Bu toparlarda derejeler olaryň her biriniň wekilleriniň pikir mertebelerine görä paýlanylýar. Ol ýa-da bu bölekde ulanylýan ol ýa-da bu pikir mertebesi barada aýdylanda, onda bir mertebe bir bölekde köp, beýleki bölekde bolsa az bolup biler. Eger iki topar hem her halkda we her şäherde bar bolsa, onda olardan aşak gidýän tertipde başga bölekler döreýär. Adamlaryň we şäherleriň olaryň üsti bilen alýan dört sany ynsançylyga degişli zatlaryň hem-de olara beýik bagty berýän zatlaryň usullary we tärleri hem şeýledir.

Bu ylymlaryň arasynda birinji ylym ygtybarly barlygy delilleriň üsti bilen mazmun hökmünde berýän ylymdyr. Bu ylymda barlygyň özüne garalýar, barlyk ynandyrylýar ýa-da ol hyýaly görnüşde görkezilýär. Bu halklardaky we şäherlerdäki sowatsyz adamlary okatmagy ýeňilleşdirmek maksady bilen edilýär. Çünki halklarda we şäherlerde sowatly adamlar we sowatsyz adamlar bardyr. Sowatsyz adamlar – umumy

maglumatlar bilen nazary düşünjeleri çäklenýän adamlardyr. Sowatly adamlar – umumy maglumatlar bilen nazary düşünjeleri çäklenmeýän, sowatsyz adamlaryň bilýän zatlaryny ynamly, jikme-jik we barlanan delilleriň üsti bilen bilýän adamlardyr. Şonuň üçin özüni sowatsyz adamlaryň düşünjelerindäki hökmanylyk we umumylyk bilen çäklenmeýän adam diýip hasaplaýan adam özüni öz işinde hünärment saýýar. Ol bu çäk bilen çäklenmeýär we umumy düşünjäni hökmany zat hasaplaýar. Bu sebäpden ol ylmy çuňňur öwrenýär we sungaty soňuna çenli barlaýar. Raýat işlerine ýolbaşçylyk etmek ukyby ýok we hiç bir sungata eýe däl adamlaryň her biri «aram adam» diýlip atlandyrylýar. Beýle adam diňe şähere hyzmat etmek sungatyna eýedir. Sowatly adam – raýat meselelerine ýolbaşçylyk etmäge we haýsydyr bir sungata ukyply adamdyr. Bu sebäpden oňa şäherde haýsydyr bir işe ýolbaşçylyk etmek tabşyrylýar. Özüni sungata eýe we sungatyň üsti bilen haýsydyr bir ýolbaşçy wezipäni eýelemäge laýyk hasaplaýan ýa-da özüni haýsydyr bir mertebä eýe diýip we mertebesini şäherde ýolbaşçy käre laýyk diýip hasaplaýan adam özüni «sowatly adam» diýip atlandyrýar. Meselem, barly gatlakdan gelip çykýan adamlar we baýlar şeýledir. Sowatly adamlaryň gatlagyna has kämil sungata eýe bolmak üçin ýolbaşçy wezipäni eýeläp biljek her bir adam degişli edilýär.

Iň sowatly adam birinji baş bolmalydyr. Ol adamlaryň hökmany, umumy diýip hasaplaýan

düşünjeleri bilen düýbünden çäklenmeýär. Ol birinji başa mahsus bolan aýratynlyga, kärine we iň sowatly adamlyga mynasypdyr. Raýat häkimiýetine eýe her kişi häkimlik arkaly birinji başyň maksatlaryna ýardam bermäge ymtylýar. Ol soňuna çenli barlanan düşünjelere eýerýär. Ol «Garaýyşlar we sungatlar birinji başa hyzmat etmeli» diýip hasaplaýar we özüniň bu düşünjesini bu maksada gönükdirýär. Onuň beýle düşünjesinde: «Umumy düşünje hökmany» diýen pikire eýerýär. Ol nazary ylymlarda hem şu pikire esaslanýar.

Bu ýerden sowatly adam birinji baş we özünde ygtybarly delilleri bolan aň ýetirilýän mazmunlary öz içine alýan ylma eýe adamdyr. Galan adamlar bolsa garamaýak halkdyr we halk köpçüligidir. Diýmek, ynandyryş usuly we hyýaly düşünjeler halklardaky we şäherlerdäki garamaýak halk we halk köpçüligi okadylanda ulanylýar. Zatlaryň mazmunlaryna akyl bilen aň ýetirmekdäki ygtybarly deliller usuly bilen bolsa saýlantgy adamlaryň hasabyna girýän adamlar okadylýar. Beýle ylym başda durmak bilen öňde birinji bolup gelýän we iň kämil ylymdyr. Beýleki esasy ylymlar bu ylymlaryň başda durmagynda, ondan soň tertip boýunça ýerleşýärler. Men «beýleki ylymlar» diýip ikinji ylymlara, birinji we ikinji ylymlardan gelip çykýan ylymlara bolsa, «üçünji ylymlar» diýip düşünýärin. Bu ylymlar birinji ylymdan soň gelýär we olar maksady, ýagny aňyrbaş bagty we ynsanyň gazanyp biläýjek soňky kämilligini tamamlamak üçin

ulanylýar. Aýdylşyna görä, gadymyýetde bu ylym Yrakda keldanylarda bolupdyr, soňra ol müsürlilerde ýüze çykypdyr, soň ýunanlylara, siriýanlylara, olardan araplara geçipdir. Bu ylmyň hemme mazmuny ýunan dilinde beýan edilipdir, soňra ol siriýanly diline, soňra arap diline terjime edilipdir. Bu ylma eýe bolan ýunanlylar ony «kämil ylym», «beýik parasat» diýip, oňa eýe bolmagy, onuň aýratynlygyny bolsa «pelsepe» diýip atlandyrypdyrlar. Olar «beýik parasaty söýýän we ony ileri tutýan»[1] diýen söz bilen bu ylma eýe bolan pelsepeçini atlandyrypdyrlar. Olar ony hemme mertebeleri öz içine alýar diýip hasaplapdyrlar. Şonuň üçin ony «ylymlaryň ylmy», «ylymlaryň enesi»,[2] «parasatlaryň parasaty», «sungatlaryň sungaty» diýip atlandyrypdyrlar. Olar «sungat» diýip hemme mertebeleri, parasaty we parasatyň görnüşlerini öz içine alýan sungata düşünipdirler. Çünki «parasat» diýip örän uly sungata düşünilýär. Sungatyň ulanylýan islendik böleginde hetdenaşa beýik sungatyň ýüze çykmagy köpçülik üçin elýetmezdir. Pelsepe şeýle hem «ynsan parasaty» diýlip atlandyrylýar. Bu sungata has ökde adamy «akyldar» diýip, garaýyşlary täsirli we çalt netije çykarýan örän ökde adam «özüniň meşgul bolýan mowzugy boýunça akyldar» diýlip atlandyrylýar. Ýöne parasat sözüň doly manysynda bu ylmy we oňa eýe bolmagy öz içine alýar.

---

[1] اَلمـُحِـبّ ُ وَ المـُؤثـّرُ الحِـكـْمـَـةِ العـُظـْمـَـى Al-muhibbu wel-muwessir al-hikmet al-uzma – beýik parasaty söýýän we ony ileri tutýan adam.

[2] اُمّ ُ العـُلـُـوم Umm al-ulum – ylymlaryň enesi.

Nazary ylymlar özbaşdak bolsa we öwrenenler olary beýleki ylymlarda ulanmaga ukyply bolmasalar, onda nazary ylymlar kämil bolmaýar. Kämil pelsepeçi nazary ylymlara we olary ulanmak ukybyna eýedir. Eger pelsepeçi bilen ýagdaý sözüň doly manysynda şeýle bolýar diýlip garalsa, onda onuň bilen birinji başyň arasynda tapawut ýokdur. Çünki nazary ylymlaryň düşünjelerini beýleki ylymlarda ulanmaga ukyply kişi olary işjeň hala getirmäge ukyplydyr. Pelsepeçiniň muňa ukyby näçe uly bolsa, onda ol şonça-da kämildir. Kämil pelsepeçi sözüň doly manysynda ilki nazary ylymlara eýe bolan, soňra ygtybarly ylmyň üsti bilen amaly mertebeleri gazanan, soňra bu iki görnüş mertebäni şäherlere we halklara her biri üçin mümkin usul bilen berýän kişidir. Nazary we ygtybarly delilleri ulanmak bilen, hyýallara meýletin güýç bilen täsir etmek bilen amaly mertebeleri almak ukybynyň bardygy üçin pelsepeçi hem birinji baş bolýar. Diýmek, her bir öwrenmek iki sany zatdan: öwrenýän zadyňy beýan etmekden we onuň manysyny ruhda suratlandyrmakdan, beýan etmek zatdan we ruhda suratlandyrylan manydan netije çykarmakdan ybaratdyr. Zatlary açyklamak iki hili bolup biler: birinjisi, zadyň özüne aň ýetirmek; ikinjisi, şol zada meňzeş zady hyýala getirmek. Netije iki ýol bilen – ygtybarly deliliň üsti bilen ýa-da ynanjyň üsti bilen çykarylýar. Eger barlyklara aň ýetirmekde ýa-da olary öwrenmekde barlyklaryň manysyna gönümel aň ýetirilse we ygtybarly delilleriň üsti bilen netije

çykarylsa, onda beýle aň ýetirmäni öz içine alýan ylym pelsepe ylmydyr. Meňzeş zatlary hyýala getirmek bilen we ynanjyň üsti bilen «Barlyklar hyýaldaky zatdyr» diýen netije çykarylýar. Beýle ýagdaýda bu ylmyň öz içine alýan düşünjelerini gadymkylar «hakyky düşünje» diýip atlandyrypdyrlar. Eger aň ýetirilýän zatlara öz-özlerine garalýan ynanç usuly bilen aň ýetirilse, onda muny «taglymat» diýip atlandyrmak gerek. Gadymkylaryň düşünjesine görä, taglymat – pelsepä eýermekdir. Pelsepe we taglymat ikisi hem şol bir zatlary öz içine alýar we olaryň ikisi hem barlyklaryň ahyrky esaslaryny öňe sürýär. Olar ilkinji başlangyçlar we ilkinji sebäpler barada, şeýle hem ynsanyň barlygynyň ahyrky maksadyny, ýagny aňyrbaş bagty gazanmak we ahyrky maksady gazanmak barada düşünje berýärler. Pelsepe zatlaryň hemmesini aň ýetirilýän barlyklar ýa-da düşünjeler görnüşinde berse, taglymat olary hyýaldaky suratlandyrmalar görnüşinde berýär. Pelsepe aň ýetirilýän mazmunlar görnüşindäki ahyrky ilkinji esaslary we ikinji maddy däl başlangyçlary berýär. Taglymat olaryň maddy başlangyçlaryny raýat başlangyçlaryna meňzedýär. Şeýle hem taglymat ylahy işleri raýat başlangyçlaryna meňzetmek bilen berýär. Onda tebigy güýçleriň hereketleri we olaryň başlangyçlary özlerine meňzeş güýçlere meňzedilýär. Munuň özi Eflatunyň «Timawus» atly kitabynda erke esaslanan aň ýetirilýän mazmunlaryň duýulýan mazmunlara meňzedilip berlişi ýalydyr. Meselem, maddany – howa, tümlüge we

suwa; barlygyň ýoklugyny – tümlüge; ynsanyň işlerindäki maksatlar bolan aňyrbaş bagtyň derejelerini – diňe düşünjede maksatlar bolan eşrete; bagty – diňe düşünjede şunuň ýaly bolan zatlara; barlygyň derejelerini – olaryň wagt derejelerine meňzedilýär. Muny zatlaryň özlerine ýakyn meňzeşlik gazanmagy üçin edilýär. Pelsepäniň ygtybarly delilleriň üsti bilen berýän hemme zatlaryna taglymat ynanç berýär.

Pelsepe wagt jähetden taglymatdan öň gelýär. Erke degişli aň ýetirilýän mazmunlaryň işjeň bolmagy – işjeňlik üçin şertleriň döredilmegidir. Eger beýle şertler döredilse, onda olaryň kanunlara birleşdirilmelidigi düşnüklidir. Kanun çykaryjy kanunlaryň işjeň bolmagynyň we aňrybaş bagty gazanmagyň şertlerini düşündirmäge artyk ukyply adamdyr. Ol aňyrbaş bagta eltýän ýa-da akyl bilen aň ýetirilýän şertleri düşündirip we bu zatlary aň ýetirilýän mazmunlar edip biler. Beýle zatlar sebäpli kanunçylyk diňe pelsepä eýe bolmak bilen iň esasy zada öwrülýär. Diýmek, kanun çykaryjy hyzmat ediji däl-de, eýsem başda durujy adamdyr. Bu sebäpden oňa pelsepeçi bolmak hökmanydyr.

Pelsepeçi nazary mertebelere eýe bolmak bilen, mümkinçilige görä ol mertebeleriň başgalarda döremegine ýardam berýär. Ol pikir mertebesine eýe bolmazdan, erk bilen baglanyşykly işjeň mazmunlary gazanylýan kadalary we şertleri düşündirip bilmez. Pikir mertebesi amaly mertebesiz bar bolup bilmez. Şeýle hem ol diňe adamlary ýagşy ynandyrmak bilen

we zatlary hyýala başarjaň bermek bilen pikir mertebesini beýleki adamlarda döredip biler.

Diýmek, «ymam», «pelsepeçi», «kanun çykaryjy» düşünjeleri şol bir manyny aňladýan zatlardyr. Ýöne «pelsepeçi» ady nazary mertebäniň barlygyna delildir. Şonuň üçin onuň nazary mertebesi hemme manylarda aňyrbaş kämillige eýedir. «Kanun çykaryjy» ady amaly aň ýetirilýän mazmunlaryň şertleri jähetden ýagşy ylmyň bardygyna we şertleri halklaryň we şäherleriň arasynda düşündirmäge, döretmäge ukybyň bardygyna delildir. Amaly aň ýetirilýän mazmunlaryň aň ýetirmek arkaly bar bolýandyklary sebäpli hemme zatdan öň nazary mertebäniň bar bolmagy zerur, şeýle hem yzdaky zadyň bar bolmagy sebäpli öňdäki zadyň bar bolmagy zerurdyr.

«Hökümdar» ady häkimiýetiň we kuwwatyň bardygyna delildir. Doly kuwwat güýji boýunça örän kuwwatlylygy aňladýar. Onuň bir zadyň üstünden kuwwatlylygy diňe onuň özüne daşky gatnaşykdaky zatlar arkaly amala aşyrylýar. Eger sungat, tebigat we mertebe örän uly güýje eýe bolsa, kuwwat onuň özünde hem bolup biler. Munuň özi diňe uly aň ýetiriş ukybynda, uly pikir ukybynda, mertebäniň hem sungatyň uly güýjünde mümkindir. Tersine bolan ýagdaýda ol doly kuwwata eýe bolup bilmez. Eger ol mundan soň hem öňki halynda galmagyny dowam etdirse, ýagny doly kuwwatda bolmazlygynda galsa, onda onuň kuwwaty gitdigiçe kemeler. Eger onuň ukyby diňe aňyrbaş bagt bolmaýan eşretlerde ýüze

çyksa, onda hem onuň kuwwaty gitdigiçe kemeler we kämil bolmaz. Hut şonuň üçin sözüň doly manysyndaky hökümdar pelsepeçi, şeýle hem kanun çykaryjydyr.

Arap dilinde «ymam» sözi öňbaşçy we ýolbaşçy adam hökmünde düşündirilýär. Ol öz-özünden ýolbaşçy bolýar ýa-da yzarlaýan maksadyna görä ýolbaşçy bolýar. Eger ýolbaşçylygynda işlere, mertebelere we ylymlara eýermese, onda ol sözüň doly manysynda ýolbaşçy bolmaz. Onuň sungatlaryň, maksatlaryň we işleriň hiç birinde öz maksadyndan başga maksady yzarlamaýandygy sebäpli, onuň mertebesi güýji boýunça iň uly mertebedir, pikiri güýji boýunça iň uly pikirdir, ylmy güýji boýunça iň uly ylymdyr. Ol öz maksadyny amala aşyrmak üçin özündäki güýçler bilen bir hatarda başgalaryň güýçlerini jemlemeli bolýar. Bu bolsa nazary ylymlar, pikir mertebesi we pelsepä girýän zatlar bar bolmazdan mümkin däldir.

Nazary ylymlarda subut edilen zatlar köpçüligiň ruhunda şöhlelenmelidir. Hyýaly zatlardan düzülen netije köpçüligiň ruhunda şöhlelenjek amaly zatlary döretmelidir. Köpçüligiň islegi mundan başga zady berjaý etmäge meýilli bolmasa, onda kanun çykaryjynyň ruhundaky nazary we amaly zatlar – pelsepedir, köpçüligiň ruhundaky zatlar – dindir. Çünki kanun çykaryjynyň aňy ygtybarly ylymlar, köpçüligiň aňy bolsa ruhlarynda hyýala getirmegiň we ynanjyň üsti bilen berkeýär. Ýöne kanun çykaryjy bu zatlary

hyýalyň we ynanjyň üsti bilen däl-de, eýsem ygtybarly hakykatyň üsti bilen berýär. Ol özündäki zatlary hyýaly we ynanjy arkaly ruhunda berkitmek üçin ulanmaýar. Eger bu zatlar onda din üçin bar bolsa, onda oňa olary hyýallara bermek we ynandyrmak galýar. Çünki olar kanun çykaryjydan özge pelsepeçilerde din üçindir. Hakyky pelsepe[1] şunuň ýalydyr we hakyky pelsepeçi[2] hem şunuň ýalydyr.

Emma batra pelsepesi[3], ýalan,[4] hakyky däl[5] we ygtybarsyz pelsepeçi[6] barada aýdylanda, onda ol ylymlary öň olara taýýarlyksyz halda öwrenip başlaýar. Ylymlary öwrenmäge girişmek isleýän kişi tebigaty boýunça nazary ylymlara meýilli bolmalydyr. Bu şertleriň beýanyny Eflatun «Syýasat» atly kitabynda beripdir. Ynsana barlyklaryň mazmunlary barada ýagşy düşünjesiniň we hyýala getirmesiniň bolmagy zerurdyr. Onuň ylymlary özleşdirmegiň gidişinde özüne erk edip bilmegi we durnukly bolmagy gerek. Ol özüniň tebigaty boýunça hakykaty söýmelidir. Onuň goraýjysy we adalatly bolmalydyr, özbaşdaklygy we özüni gowy görmekligi ýüze çykarmaly däldir, iýmek-

---

1 اَلفَلْسَفَةُ بِالْحَقِيقَةِ Al-falsafa bil-hakyka – hakyky pelsepe.

2 اَلفَيْلَسُوفُ بِالحَقِيقَةِ Al-faýlasuf bil-hakyka – hakyky pelsepeçi.

3 اَلفَلْسَفَةُ البَتْرَا Al-falsafat al-batra – Batra pelsepesi – Bu söz «Pater» («ata») diýen ýunan sözünden gelip çykýar. Bu «buthananyň atasy» diýip atlandyrylan pelsepe II-ŇIII asyrlarda rowaçlyk tapýar. Ol hristian dininiň esaslaryny we pelsepesini beýan edýär.

4 اَلفَيْلَسُوفُ الزُور Al-faýlasuf az-zur – ýalan pelsepeçi.

5 اَلفَيْلَسُوفُ النَبْهَرِج Al-faýlasuf an-nebherij – hakyky däl pelsepeçi.

6 اَلفَيْلَسُوفُ البَاطِل Al-faýlasuf al-batyl – ygtybarsyz pelsepeçi.

içmekde horan bolmaly däldir. Tebigaty boýunça keýpi-sapany, dirhem-dinarlary we şulara meňzeş zatlary ýigrenmelidir. Ol adamlaryň halamaýan zatlaryndan özüni saklamalydyr. Edepli bolmalydyr, ýagşy zada ýeňillik bilen berilmelidir. Ýaramaz zada we adalatsyzlyga ýykgyn etmeli däldir, uly paýhasyň eýesi bolmalydyr. Mundan başga ol özüniň tebigatyna we adatlaryna görä terbiýelenen bolmalydyr. Özüniň dinine garaýyşlary boýunça dürs ynançda bolmalydyr. Diniň hökümlerini berjaý etmelidir, göreldeli işlere eýermelidir. Köpçüligiň ykrar eden ýagşy ahlaklaryna ters hereket etmeli däldir. Eger ýigide şeýle ahlak hilleri mahsus bolup, ol pelsepäni öwrenmäge girişse we ony öwrense, onda ol ýalan, hakyky däl we ygtybarsyz pelsepeçi bolmaz.

Ygtybarsyz pelsepeçi ylmyny başgalara özüniň mümkinçiliklerine görä nazary ylymlary bermäge has beýik kämilligi bolmadyk adamdyr. Hakyky däl pelsepeçi nazary ylymlary ýoýmazdan öwrenýär. Ýöne haýsydyr bir dine degişli we köpçüligiň ykrar eden ýagşy işlerini etmeýän, tersine özüniň islegine we keýpi-sapasyna eýerýän adamdyr. Ýalan pelsepeçi nazary ylymlary öwrense hem, tebigaty boýunça beýle ylymlara meýilsiz adamdyr. Ýalan we hakyky däl pelsepeçiler nazary ylymlarda ilkibaşda kämilleşýän hem bolsalar, soňra olardan daşlaşýarlar. Mertebeleriň adamlary kämilleşdirýän ýaşyna ýetenlerinde, olaryň ylymlarynyň güni, Eflatunyň aýdyşy ýaly, Yraklytusyň (Geraklyň) gününe meňzäp, doly öçýär. Çünki ýalan

pelsepeçiniň tebigaty we hakyky däl pelsepeçiniň endigi ýaşlyklaryndan başlap özleriniň erklerinden üstün gelýär we gazanan zatlaryny saklamaga päsgelçilik berýär. Olar gazanan zatlaryny unudýarlar, ýuwaş-ýuwaşdan tä ylymlarynyň ody öçýänçä ylymlardan daşlaşýarlar. Netijede, olar pelsepäniň miwelerini ýogmAýarlar.

Ygtybarsyz pelsepeçi pelsepäniň yzarlaýan maksatlaryny duýmaýan adamdyr. Ol diňe nazary ylymlary ýa-da olaryň bölegini öwrenýär, pelsepäniň maksady pikir edilýän bagtydyr. Bu ýerden onuň maksady adamlaryň «eşret» diýip atlandyrýan bagt bilen baglanyşyklydyr. Ol aň ýetirmesini şuňa esaslandyrýar we şunuň üsti bilen maksadyny ýetmek isleýär. Onuň munuň üsti bilen maksada ýeten wagty hem bolýar, ýöne ol ýeten derejesinde saklanýar. Bu sebäpden oňa maksada ýetmek kyn düşýär. Muňa garamazdan, ol özüni ylymlary özleşdiren adam hasaplaýar. Ine, ygtybarsyz pelsepeçi şunuň ýalydyr. Hakyky pelsepeçi bolsa biziň ýokarda häsiýetlendirişimiz ýaly adamdyr. Eger ol özüni pelsepede ýüze çykaryp bilmese, onda ol hakyky pelsepeçiniň derejesine ýetmeýär. Beýle pelsepeçi özüniň mazmuny boýunça däl-de, eýsem oňa eýerilmeýändigi ýa-da eýermek hökmany däldigi sebäpli peýdasyzdyr.

Hökümdar ýa-da ymam özüniň mazmuny we sungaty boýunça özüne tabyn bolýan ýa-da erkine boýun sunýan adamlary tapýandygyna ýa-da

tapmaýandygyna, maksatlaryna ýetmekde özi bilen hyzmatdaşlyk edýän adamlary tapýandygyna ýa-da tapmaýandygyna garamazdan, hökümdar ýa-da ymam bolmaklygynda galýar. Şunuň ýaly tebip hem öz mazmuny boýunça syrkawy tapýandygyna ýa-da tapmaýandygyna, öz kärinde ulanýan gurallaryny tapýandygyna ýa-da tapmaýandygyna, baýdygyna ýa-da garypdygyna garamazdan, tebip bolmaklygynda galýar. Şeýle hem öz işlerini amala aşyrmak we maksatlaryna ýetmek üçin ulanýan serişdeleri we adamlary bolmasa-da, ymam ymamlygynda, pelsepeçi pelsepeçiliginde, hökümdar hökümdarlygynda galýar.

Pelsepe bize şu görnüşde ýunanlardan, ýagny Eflatun bilen Arastudan geldi. Olaryň her biri bize diňe pelsepäni däl, eýsem oňa bolan ýoly, pese düşen we ýiten halatynda ony düzlemegiň ýoluny görkezdi. Biz ilki bilen Eflatunyň pelsepesini we onuň derejelerini beýan etmekden başlaýarys. Ilki Eflatunyň pelsepesiniň birinji bölümine girişip, soňra tertip boýunça onuň pelsepesiniň ahyrky bölümine baryp ýetýäris. Biz Arastuwyň beren pelsepesi bilen hem şeýle edýäris. Biz onuň pelsepesiniň birinji bölüminden başlaýarys. Şeýdip olaryň beren zatlaryndaky maksatlarynyň birdigi duşnükli bolýar. Iki alymyň hem şol bir pelsepäni – Eflatunyň pelsepesini, onuň bölümlerini birinji bölümden ahyrky bölüme çenli beýan etmäge çalyşdylar.

Allatagala hakyky taryplar bolsun! Onuň ýagşy bendesi we ilçisi Muhammede, şeýle hem onuň asylly neberesine alkyşlar bolsun!

# BÄŞINJI MAKALA

## MESELELERIŇ MAZMUNLARY

### Rehimdar we Mähriban Taňrynyň ady bilen!

**Birinji mazmun.** Ylym umumy düşünjelerden (meselem, gün, aý, akyl we ruh baradaky düşünjelerde bolşy ýaly) we tassyklama gelinýän düşünjelerden ybarat ylma (meselem, «Asmanlar – tebigatyna görä,[1] biri beýlekisiniň içinde ýerleşen töwerekler ýalydyr»[2] diýen we «Älem ýaradylan zatdyr» diýen tassyklamada bolşy ýaly) bölünýär.

Käbir düşünjeler özlerinde öňde gelýän başga düşünjeleriň bardygy sebäpli kämildir. Meselem, uzynlyk, in we çuňluk baradaky düşünjeler öňde gelmese, soňra jisim hakynda düşünjäni alyp bolmaz. Ýöne käbir düşünjeleriň özlerinden öňden gelýän beýleki düşünjelere mätäçdigi her bir düşünje jähetden

---

[1] بِـكَوْن Bi kewn – tebigatyna görä, gurluşyna görä, düzülşine görä.

[2] كَاَلاَكَـرِّ بَـعْـضُـهَـا فِـى جَـوْفِ بَـعْـض Kel-ekerri ba‘zuhä fi jewfi ba‘z – biri beýlekisiniň içinde ýerleşen töwerekler ýaly.

ýagdaýyň şeýle bolmalydygyny aňlatmaýar. Muňa garamazdan, biz beýleki düşünjeler bilen baglanyşykly düşünjelere we beýleki düşünjeler bilen baglanyşykly däl düşünjelere garap geçmelidiris. Meselem, hökmanylyk, barlyk, mümkinlik baradaky düşünjeler özlerinden öň gelýän düşünjelere mätäç däldir. Çünki olar anyk, dürs we aňda durnuklaşan düşünjelerdir. Haýsydyr bir adam beýle düşünjeleri aňlatmak islese, onda ol muny olara aňyny gönükdirip, söz bilen aňladyp biler. Ýöne munuň özi onuň düşünjelerden has mälim düşünjeleri aýtmak isländigini aňlatmaýar.

**Ikinji mazmun.** Käbir tassyklamalara haýsydyr bir başga tassyklamalara düşünmezden düşünip bolmaz. Meselem, älemiň ýaradylan zatdygyny aýtmak islesek, onda mundan öň hökman älemiň haýsydyr bir düzümden ybaratdygyny, soňra şol düzümiň hemmesiniň ýaradylandygyny tassyklamak gerekdir. Beýle tassyklama öňünden gelýän we olar sebäpli güýje eýe bolýan başga tassyklamalara esaslanmaýan tassyklamalara hökmany ýagdaýda salgylanmalydyr. Şeýle tassyklamalar akylyň netije çykarmagyna zerur ilkinji we anyk tassyklamalardyr. Meselem, biri-birine gapma-garşy sözlerden çykarylan iki sany netijäniň hemişe biri hakyky, beýlekisi bolsa ýalan bolýar ýa-da bitin zat özüniň böleginden uly bolýar. Bizi beýle ýollar bilen aň ýetirmäge we ygtybarly düşünjä eltýän ylym – mantyk ylmydyr. Onuň maksady – biziň agzan ýollarymyza aň ýetirmekden, ýagny kämil zatdan

kämil däl zady, ygtybarly tassyklamany[1] ygtybarlylyga ýakyn tassyklamadan,[2] dürs düşünjäni şübheli düşünjeden tapawutlandyrmakdan ybaratdyr. Düşünjelerden we tassyklamalardan biz diňe kämil düşünjelere we şübhe döretmeýän tassyklamalara bil baglap bilýäris.

**Üçünji mazmun.** Biz şeýle aýdýarys: «Barlygyň iki görnüşi bar. Ol görnüşleriň birine mazmunlaryndan hökmany ýagdaýda barlyklary gelip çykmaýan zatlar degişlidir. Bu görnüşiň zatlary «barlygy mümkin zatlar»[3] diýlip atlandyrylýar. Beýleki görnüşe bolsa mazmunlary hemişe we hökmany ýagdaýda öz barlyklaryndan gelip çykýan zatlar degişlidir. Bu görnüşiň zatlary «barlygy hökmany zatlar»[4] diýlip atlandyrylýar.

Eger barlygy mümkin zatlar bilen iş salyşsak, onda biziň «olar bar bolmaýar» diýen çaklamadan ugur almagymyz ugursyz bolmaz. Barlygy mümkin zat özüniň bar bolmagy üçin ol ýa-da bu sebäbe mätäçdir. Ol zat ýüze çykansoň, hökmany barlyga öwrülýär. Bu ýerden barlygy öz-özünden mümkin zadyň[5] başga bir

---

[1] اَلتَـصْـدِيـقُ اليَـقِـينِــى At-tasdik al-ýakyni – ygtybarly tassyklama.

[2] قَـرِيبٌ مِـنَ اليَـقِينِــى Karibun minel-ýakyn – ygtybarlylyga ýakyn tassyklama.

[3] مـُمْكِـنُ الـوُجـُـودِ Mümkin al-wujud – barlygy mümkin zatlar.

[4] وَاجِـبُ الـوُجـُـودِ Wajib al-wujud – barlygy hökmany zatlar. Bu ýerde Allatagala göz öňünde tutulýar.

[5] مُـمْـكِـنُ الـوُجـُـودِ لِـذاتِــهِ Mümkin al-wujud li zatihi – öz-özünden barlygy mümkin zat.

zat üçin hökmany bar bolýandygy[1] hakynda netije çykarmalydyr. Bu bar bolmak mümkinçiligi hemişelikdir ýa-da bir zadyň bir wagtda bar bolmagy, beýleki zadyň bolsa şol wagtda bar bolmazlygydyr.

Barlygy mümkin zatlaryň sebäp-netije hatary tükeniksiz dowam edip we sepleşýän töweregi düzüp bilmez. Ol hatar haýsydyr bir barlygy hökmany zada, ýagny ilkinji barlyga esaslanmalydyr.

**Dördünji mazmun.** Barlygy hökmany zat şeýle zatdyr. Eger: «ol bar bolmaýar» diýip çaklasaň, onda seniň bu çaklamaň hökmany esassyz bolar. Onuň bar bolmagynyň sebäpleri ýokdur. Ol başga bir zat sebäpli bar bolmaýar. Ol zatlaryň bar bolmaklarynyň ilkinji sebäbidir. Diýmek, hökmany barlygyň bar bolmagy barlygyň başlangyjydyr. Ol islendik kemçilikden halasdyr. Şeýlelikde, onuň barlygy kämildir. Ol hökmany ýagdaýda iň bir kämil sebäplerden – Magdadan, şekilden, hereketden we maksatdan azat barlykdyr.

**Bäşinji mazmun.** Hökmany barlygyň, meselem jisimiňki ýaly barlygy ýokdur. Sen: «ol barlykdyr» diýip hem bilersiň. Ýöne barlyk üçin kesgitleme hökmünde zat hyzmat edýär. Zat şeýle hem jisimiň kesgitlemesidir. Şeýlelikde, hökmany barlyk barada onuň barlygynyň sebäbiniň hökmanylykdygyny aýtmak bolar.

[1] وَاجِبُ الوُجُودِ لِغَيْرِهِ Wajib al-wujud li gaýrihi – başga bir zat üçin hökmany barlyk.

Netijede, hökmany barlyk jynsa, görnüş tapawudyna, kesgitlemä we subutnama eýe däldir. Tersine, onuň özi hemme zada subutnama bolup hyzmat edýär. Ol öz-özünden üýtgemeýän we hemişelik haýsydyr bir zat hökmünde bar bolýar. Ol bar bolmazlykdan azatdyr. Onuň bar bolmagy güýç bilen baglanyşykly däldir. Bu ýerden onuň barlygy ýoklukda bolmaýandygy, özüniň üýtgemeýän barlygy üçin hiç zada mätäç bolmaýandygy we bir haldan başga hala geçmeýändigi gelip çykýar.

Ol özüniň hakyky barlygynyň hiç zada bagly bolmaýandygy jähetden hem, ululyk we mukdar taýdan mahsus bolan zatlardan tapawutlylykly bolan bölünmezlik jähetden hem ýeke-täkdir. Ony mukdara hem, wagta hem, mekana hem degişli etmek mümkin däl. Ol jisim däldir. Ol mazmunynyň özi üçin Özinden başga zatlardan düzülmeýändigi jähetden hem ýeke-täkdir. Beýle ýagdaýda onuň barlygy başga zada bagly bolardy. Şeýle hem onuň mazmuny haýsydyr bir düşünjeler bilen, ýagny madda, şekil, jyns we görnüş tapawudy bilen aňladylyp bilinmezdi.

Onda gapma-garşylyk ýokdur. Ol päk haýyrdyr. Ol päk akyl, päk aň ýetirilýän we päk aň ýetirijidir. Bu zatlaryň hemmesi birleşip, haýsydyr bir ýeke-täk zady düzýär.

Ol parasatly, diri, hemme zada kuwwaty ýetiji we erkleriň eýesidir. Ol beýik derejeli gözellige, kämillige

we şana eýedir. Ol özünde çäksiz şatlygy duýýar. Ol Ilkinji aşykdyr[1] we Ilkinji magşukdyr.[2]

Hemme beýleki zatlaryň barlygy Ondan gelip çykýar. Çünki barlyklaryň hemmesinde Onuň barlygynyň yzy[3] bardyr. Olar diňe şeýle ýagdaýda bar bolup bilýärler. Hemme barlyklar belli bir tertipde Onuň barlygynyň yzyny özünde götermek bilen döre-derler.

**Altynjy mazmun**. Her bir zat Ondan barlyk alyp, belli bir topara girýär we şol derejäni düzýär. Eger Onda biziň ymtylmalarymyz ýaly ymtylmalar bar bolsady, onda zatlaryň barlygy başgaça kesgitlenerdi. Ol hiç bir zada ymtylmaýar. Çünki zatlar tebigy ýol bilen däl-de, eýsem Onuň erki we karary boýunça Ondan emele gelýär. Ol özüne we zatlara aň ýetirýär. Zatlar Ondan degişli barlyk alyp, tertibe salnan hatary düzýärler. Şeýlelikde, ylym Oňa aň ýetirmegiň serişdesi bolup hyzmat edýän zatlaryň bar bolmagynyň sebäbidir. Onuň zatlary bilmek ylmy wagt bilen baglanyşykly ylym däldir.[4] Onuň ylmy hemme zatlara hemişelik barlyk berýändigi we olary bar bolmazlyk-dan aýyrýandygy jähetden hemme zatlaryň bar bolmaklarynyň sebäbidir. Ýöne munuň özi Onuň bar zatlara umumy bolmazlykdan soň täze barlyk[5]

---

1 اَلعَـاشِـقُ الاولُ Al-aşik al-awwal – Ilkinji aşyk, Hudaý.

2 اَلمَـعْـشُـوقُ الاولُ Al-ma‘şuk al-awwal – Ilkinji magşuk, Hudaý.

3 اَثَـرُ وُجُـودِهِ Eseru wujudihi – Onuň (Taňrynyň barlygynyň) yzy.

4 عِـلْـمُـهُ بِـالاشْـاءِ لَـيْسَ عِـلْـمًا زَمَـانِيًا Ilmuhu bil-eşýa leýs ilman zamaniýýan – Onuň ylmy wagt bilen baglanyşykly ylym däldir.

5 وُجُـودٌ مُـجَـدَّد Wujudun mujedded – täze barlyk, täzeden berlen barlyk.

berýändigini aňlatmaýar. Ol ilkinji döremegiň sebäbidir. Döretmek işiniň maksady – zadyň geljekde bar bolmagyny saklamakdan ybaratdyr. Zadyň barlygynyň sebäbi zadyň özünde däldir. Şeýlelikde, bu zadyň barlygy Döredijiden[1] beýleki sebäplere bagly däldir. Zatlar dörediji hökmünde Oňa deň gatnaşykdadyr. Onuň bilen döretmek işiniň arasynda şärik ýokdur. Çünki ilkinji ýaradyş beýleki ýaradylan zatlaryň bar bolmaklarynyň sebebidir. Onuň işlerinde kemçilik ýokdur. Zatlaryň döredilmeginiň çeşmesi Onuň özündedir.

Ýe**dinji mazmun.** Hökmany barlygyň ýaradan zatlarynyň biri – ýekelikde özüne meňzeýän başga zat bolmadyk birlik sandaky birinji akyldyr. Ilkinji döredişde tötänlik sebäpli köplük sanlar hem döreýär. Çünki ilkinji ýaradyşyň özi mümkin barlykdyr. Ýöne ol Ilkinjiniň erki jähetden hökmany barlykdyr. Birinji akyldaky köplük san Ozaldan bar barlykdan gelip çykýar. Çünki birinji akyla bar bolmagyň mümkinçiligi mahsusdyr. Akyl Ozaldan bar barlykdan barlyk alýar.

**Sekizinji mazmun**. Birinji akyldan onuň hökmany barlykdygy we Ozaldan bar barlygy bilýändigi sebäpli başga akyl ýüze çykýar. Bu akyla, ýokarda aýdylşy ýaly, köplük san mahsusdyr. Şeýle hem birinji akyldan onuň mümkin barlykdygy we özüniň barlygyny bilýändigi sebäpli öz maddasy we şekili bilen beýik asman we ruh ýüze çykýar. Onuň beýik asmany we

[1] اَلمـُبْـدِع Al-mubdi‘ – Dörediji, Hudaý.

şekili başga iki sany, ýagny ýene bir asmanyň we ýene bir ruhuň bar bolmagynyň sebäbidir.

**Dokuzynjy mazmun.** Ikinji akyldan ýene başga bir akyl we ýene beýik asmandan pesde ýerleşen başga bir asman ýüze çykýar. Bu akyl we bu asman biziň başda birinji akyl babatda aýdyşymyz ýaly, tötänlikler sebäpli köp sanyň ýüze çykýandygy üçin ikinji akyldan döreýär.

Şunuň ýaly tertipde bu akyldan ýene bir akyl we ýene bir asman gelip çykýar. Bizde bu akyllar barada diňe umumy düşünjeler bar. Maddadan mahrum bolan işjeň akyllaryň hatary asmanlaryň sany tamamlanýan asmandaky işjeň akylda tamam bolýar. Bu akyllar biri-birine geçip, tükenmez hatary[1] düzýärler. Olaryň dürli görnüşleri bolýar. Olaryň her biri aýratynlykda bir görnüşdir. Agzalan akyllaryň iň soňkusy bir tarapdan ýerdäki ruhlaryň bar bolmaklarynyň sebäpleri bolup, başga tarapdan bolsa asmanlaryň üsti bilen dört sany başlangyjyň sebäbi bolup hyzmat edýär.

**Onunjy mazmun.** Başlangyçlardan hökmAnylyk bilen ösümlikleriň, aňsyz jandarlaryň we aňly jandarlaryň ruhlarynyň mazmunynyň kabul etmegi üçin dürli gatnaşykdaky dürli garyndylar emele gelýär. Bu mazmun älemiň we durnukly hem hereketsiz merkeziň daşyndan aýlanýan asmanlaryň ilkinji çeşmesidir. Şonuň üçin bu asmanlaryň aýlanmaklaryndan we biri-birine gal taşmaklaryndan belli bir tertipde bu dört başlangyç emele gelýär.

---

[1] سَبِيلٌ بِلا نِهَايَةِ Sebilun bila nihaýa – tükenikmez hatar.

Her bir akyl özünde döreýän tertibe salnan bähbitleri bilýär. Şeýlelikde, ol akyl özünden hökmanylyk bilen döremeli bähbitleriň bar bolmaklaryna sebäpkärdir.

Asman jisimlerine[1] umumy we hususy zatlar baradaky ylym mahsusdyr. Olarda hyýalyň üsti bilen bir haldan beýleki hala geçmek[2] mümkinçiligi bar. Bu hyýal arkaly madda bilen baglanyşykly hyýal döreýär. Madda bilen baglanyşykly hyýal hereketiň sebäbidir. Aýratyn hyýaly zatlardan madda bilen baglanyşykly yzygiderli hereket döreýär. Bu özgermeler hem öz gezeginde dört başlangyjyň we älemde döreýän hem ýok bolýan zatlaryň özgermelerine sebäpkärdir.

**On birinji mazmun.** Asman jisimleriniň haýsydyr bir ýeke zada dahyllygy, ýagny özleriniň döredýän aýlawly hereketine dahyllylygy dört başlangyjyň ýeke haldaky birinji madda dahyllylygynyň sebäbidir. Olaryň hereketlerdäki tapawudy bolsa dört başlangyçdaky tapawudyň sebäbi bolýar. Olaryň bir haldan beýleki hala geçmegi dört maddanyň üýtgemeginiň[3] we döreýän zatlaryň döremeginiň hem ýok bolýan zatlaryň ýok bolmagynyň sebäbidir. Asman jisimleriniň dört başlangyç bilen umumy aýratynlygynyň ýok bolmagyna garamazdan, olar maddadan we şekillerden ybaratdyr. Ýöne asman jisimleriniň we beýleki jisimleriň maddalary dört başlangyjyň maddalaryndan

---

[1] اَلاجْـرَامُ السَـمَـاوِيَّـة Al-ajram as-semäwiýýa – asman jisimleri.

[2] اَلاِنْـتِـقَـالُ مِـنْ حَـال اِلَـى حَـال Al-intikalu min halin ilä hal – bir haldan beýleki hala geçmek.

[3] تَـغَـيّـُرٌ Tagaýýur – üýtgemek.

we olardan düzülen maddalardan tapawutlydyr. Şeýle hem asmanlaryň we asman jisimleriniň şekilleri dört başlangyjyň şekillerinden tapawutlydyr. Emma olara madda babatda aýratynlyk mahsusdyr. Ýagdaýyň şeýle bolmagy sebäpli birinji madda şekilsiz halda, onuň şekili bolsa maddadan mahrum halda bar bolup bilmeýär. Tersine, birinji madda barlyk bolmak üçin şekile mätäç bolýar. Birinji madda we şekil biri-biriniň barlygynyň sebäbi däldir. Olaryň her biriniň barlygy üçin haýsydyr bir sebäp bardyr.

**On ikinji mazmun.** Asmanyň hereketi – hereket edýän jisimleriň ýagdaýyny üýtgedýän hereketdir. Üýtgeýän hereket – hereket edýän jisimleriň ýerini üýtgedýän hereketdir.

Sada jisimlere[1] mukdar[2] we hil hereketi,[3] şeýle hem göni hereket[4] mahsusdyr. Göni hereketiň iki görnüşi[5] bolýar: olaryň biri merkezden daşlaşýan hereketdir,[6] beýlekisi bolsa merkeze ymtylýan hereketdir.[7] Çylşyrymly jisimleriň[8] hereketi olarda ol ýa-da bu sada jisimleriň agdyklyk etmegi[9] bilen baglanyşyklydyr. Beýle jisimler dört maddadyr.

---

[1] اَلاجْسَامُ البَسَايِط Al-ajsam al-basaýyt – sada jisimler.
[2] اَلحَرَكَةُ الكَمِّيَّة Al-hereket al-kemmiýýa – mukdar hereketi.
[3] اَلحَرَكَةُ الكَيْفِيَّة Al-hereket al-keýfiýýa – hil hereketi.
[4] اَلحَرَكَةُ المُسْتَوِيَّة Al-hereket al-mustawiýýa – göni hereket.
[5] ضَرْبَان Zarban – iki görnüş.
[6] حَرَكَة مِنَ الوَسَطِ Hereketun minel-wasat – merkezden daşlaşýan hereket.
[7] حَرَكَة اِلَى الوَسَطِ Hereketun ilel-wasat – merkeze ymtylýan hereket.
[8] اَلاجْسَامُ المُرَكَبَّة Al-ajsam al-murakkebe – çylşyrymly jisimler.
[9] غَلَبَة Galaba – agdyklyk etmek.

**On üçünji mazmun.** Hereketiň we hereketsizligiň başy daşdan ýa-da erkden gelip çykmaýan bolsa, hereketiň beýle başyna «tebigat» diýilýär. Hereketiň beýleki görnüşleri erkli ýa-da erksiz amala aşyrylýar. Hereketiň erkli amala aşyrylýan ýagdaýyna «ösümlikleriň ruhy» diýilýär. Hereketiň erksiz amala aşyrylýan ýagdaýdaky başyna bolsa hereketlere meňzeş ýa-da meňzeş däl bolmaklaryna garamazdan, «haýwanlaryň ruhy» diýilýär. Hereket wagt bilen baglanyşyklydyr. Wagtyň çägine «pursat» diýilýär. Hereketiň wagt jähetden başlangyjy we ahry ýokdur. Şeýlelikde, bir tarapdan hereketlendiriji bolmaly, ikinji tarapdan bolsa hereketleniji bolmaly. Eger hereketlendiriji şol bir wagtda hereketleniji bolsa, onda ol başga hereketlendirijä mätäç bolardy. Çünki bu ýagdaýda hereketleniji hereketlendiriji bilen aýyrylmaz baglanyşyklydyr. Hiç bir zat öz-özünden hereketlenip bilmez. Eger ýagdaý şeýle bolsa, onda takeniksiz hatar hem bolup bilmez. Beýle ýagdaýda biz özünden herekete gelmeýän hereketlendirijä dolanyp gelmeli bolarys. Tersine bolan ýagdaýda hereketlendiriji we hereketleniji zatlaryň sansyz jübütini kabul etmeli bolardyk. Beýle zat bolsa bolup bilmez. Özi hereketde bolmadyk hereketlendiriji bir bolmalydyr. Oňa ululyk, maddylyk, bölünmek we köplük häsiýetli däldir.

**On dördünji mazmun.** Gurşap alýan üst we gurşalyp alynýan üst «mekan» diýip atlandyrylýar. Boşluk ýokdur. Giňişlikde taraplar asman jisimleri tarapyndan kesgitlenilýär. Çünki olar hemme zady gurşap alýar we olaryň merkezi bolýar. Tebigy dartyş

mahsus jisimlerde mejbury dartyş döremeýär. Aýlawly çyzyga dartyş mahsus jisimde göni çyzyga dartyş döremeýär. Her bir üýtgeýän jisime göni çyzyga görä hereket mahsus däldir. Asman çägi bolsa özüniň tebigaty boýunça aýlawly çyzyga görä herekete ymtylýar.

**On bäşinji mazmun.** Ululyk, san we belli tertip mahsus zatlar tükeniksiz işjeň bolup bilmeýär. Şeýle hem aralyk boşluga ýa-da doldurylan boşluga tükeniksiz gidip bilmeýär. Çünki tükeniksiz barlygyň bolmagy mümkin däl. Şeýle hem wagt bilen baglanyşykly aýlawly hereketden hereket üznüksiz bolup bilmeýär. Göni herekete haýsydyr bir tarapa ugur alanda hem, aýlananda hem, aýlanan wagty burç emele getirende hem yzygiderlilik mahsus däldir.

**On altynjy mazmun.** Her bir jisimiň ymtylýan ýörite mekany bolýar. Eger jisim sada jisim bolsa, onda onuň mekanynyň we şekiliniň şol bir görnüşde bolmagy we olarda tapawudyň bolmazlygy gerek. Togalak jisim hut şunuň ýalydyr. Şonuň üçin dört ýönekeý jisimiň her biriniň togalak şekili bolýar. Her bir jisime özbaşdak hereket üçin öz başlangyjy mahsusdyr. Jisimleriň görnüşleriniň tapawudy olaryň başlangyçlaryndaky tapawutdan ybaratdyr. Älemi düzýän sada jisimleriň umumy mekanlary bolýar. Ýöne jisimleriň her biriniň iki mekany ýokdur. Älem ýeketäk togalagy emele getirýän ýönekeý jisimlerden düzülýär. Älemden daşarda hiç zat ýokdur. Diýmek, älem haýsydyr bir ýerde ýerleşmeýär we boşluk ýa-da doldurylan giňişlik bilen tamamlanmaýar. Her tebigy

jisim özüniň mahsus mekanyna ýetmek bilen diňe mejbury herekete getirilýär. Ol jisim özüniň mekany bilen aýrylyşanda, mekany boýunça hereket edýär.

**On ýedinji mazmun.** Asman çäginiň tebigaty özboluşlydyr. Asman jisimi sowuk hem, gyzgyn hem, agyr hem, ýeňil hem däldir.[1] Asman çägine hiç zat ötmeýär. Onda göni hereketiň başlangyjy hem, onuň hereketinde gapma-garşylyklar hem ýok. Asman çägi Özinden haýsydyr bir başga zadyň döremegi üçin bar bolmaýar.

Ine, oňa şunuň ýaly barlyk mahsusdyr. Asman çäginiň hereketi özüniň çeşmesi hökmünde tebigaty däl-de, eýsem ruhy bolýar. Onuň hereketi arzuw, gahar ýaly zatlaryň üsti bilen däl-de, eýsem akyla meňzedilýän[2] we maddadan mahrum bolan dartylyş arkaly ýüze çykýar. Asman jisimleriniň her birine maddy däl özboluşly akyl mahsusdyr. Ol bu akyla meňzemäge ymtylýar. Bu jisimleriň hemmesiniň ymtylmagy şol bir görnüşdäki zada gönükdirilip bilinmez. Bu jisimleriň her biriniň beýleki zadyň söýýän zadyndan tapawutly özüniň söýýän zady bardyr. Ýöne olaryň hemmesi üçin umumy söýgüli zat, ýagny birinji söýülýän zat bardyr.

Olaryň her biriniň hereketlendiriji güýji[3] hökmany ýagdaýda tükeniksizdir.[4] Ahyrky güýjüň haýsydyr bir

---

[1] وَلا بَـارِدٌ وَ لا ثَـقِيـلٌ وَ لا خَـفِـيفٌ We lä bärid wlä sakyl we lä hafif – sowuk hem däl, agyr hem däl, ýeňil hem däl.

[2] تَـشْـبِـيهٌ Teşbih – meňzedilmek.

[3] اَلقُـوةُ المـُحـَرِّكَـة Al-kuwwat al-muharrka – hereketlendiriji güýç.

[4] بِـلا نِـهـَايـَة Bilä nihaýa – tükeniiksiz.

jisimi tükeniksiz wagtyň dowamynda hereketlendirmegi ýa-da ahyrky jisimiň tükeniksiz hereket etmegi mümkin däldir. Şeýle hem haýsydyr bir başga jisimiň barlygynyň sebäbi bolmagy ýa-da jisimiň ruhuň hem akylyň sebäbi bolmagy mümkin däldir.

**On sekizinji mazmun**. Dört başlangyçdan düzülen jisimlerde diňe bir herekete ymtyldyrýan güýç däl, eýsem ýylylyk,[1] sowuklyk we çyglylyga, gurulyga döz gelmäge ymtyldyrýan güýçler hem bar. Olarda ýene işjeň we gowşak güýçler, meselem, dile we agza täsir edýän tagam bilmek güýji, burna täsir ediji ysgamak güýji hem bar. Şeýle hem olarda gatylyk, ýumşaklyk, gödeklik we şepbeşiklik bar. Bu güýçleriň hemmesi olarda dört güýçden ilkinji güýçler hökmünde döreýär.

Özüniň tebigaty boýunça gyzgynlygyň beýik derejesi bilen tapawutlanýan jisim otdur, sowuklygyň beýik derejesi bilen tapawutlanýan jisim suwdur, özüniň akyjylygynyň beýik derejesi bilen tapawutlanýan jisim howadyr, özüniň dykyzlygynyň beýik derejesi bilen tapawutlanýan jisim ýerdir. Bu döremegiň we ýok bolmagyň esasynda bar bolýan dört maddanyň biri beýlekisine geçýär.[2] Döreýän we ýok bolýan zatlar Garöndylar arkaly ýüze çykýar. Garyndylar dürli gatnaşykda bolýar. Olar zatlary özleriniň esaslaryny düzýän ol ýa-da bu şekili kabul etmäge ymtyldyrýarlar.

---

[1] حَرَارَة Harara – ýylylyk.

[2] اِسْتِحَالَة بَعْضِهَا اِلَى بَعْض Istihala ba‘zihä ilä ba‘z – bir zadyň beýleki zada geçmegi.

**On dokuzynjy mazmun.** Bu şekillerden duýulýan hil aýratynlyklary ýüze çykýar. Bu hil aýratynlyklary ýok bolýar we başga biri bilen çalşyrylýar. Şekiller bolsa nähili görnüşde bolan bolsalar, şol görnüşde hem galýar. Dört garyndydan alynýan zatlar öz güýçlerini saklaýar we ýok bolmaýar. Garöndynyň hakyky tebigaty dört sany hil aýratynlyklarynyň üýtgemeklerinden, gapma-garşy hallaryň biri-birine geçmeklerinden ybaratdyr. Gapma-garşylyklar güýç we özara täsir sebäpli döreýär. Netijede, aralyk hil ýüze çykýar. Bu zatlaryň hemmesinde Beýik döredijiniň[1] parasaty bardyr. Çünki ol esaslary ýaratdy, olary dürli garyndylara goşdy, olaryň her birine özboluşly görnüş berdi, her garyndyny deňagramlykdan uzakda etdi we her bir garynda kämillikden uzak sebäp ýaratdy. Ol adamlary deňagramlyga has ýakyn garynda eýe etdi. Ol munuň üsti bilen adamlaryň akylly ruhy kabul etmäge ukyply bolmagyny isledi. Ösümlikleriň her birine hem belli bir ruh mahsusdyr. Bir ruh degişli görnüşiň şekilidir. Bu ruh güýçleri döredýär we görnüşi oňa hyzmat edýän agzanyň üsti bilen kämillige ýetirýär. Haýwanlaryň hemme görnüşleri barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir.

**Ýigriminji mazmun.** Adamzat hemme haýwanlardan özboluşly aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Çünki onda ruh bar. Ruhdan beden agzalarynyň üsti bilen hereket ediji güýçler döreýär. Mundan başga hem onda beden agzalary gatnaşmazdan

[1] اَلبَـارِى Al-bari – Dörediji, Hudaý.

hereket edýän güýç bar. Bu güýç akyldyr. Ýokarda agzalan güýçlere iýmitlendiriji güýç,[1] ösüş güýji[2] we köpelmek güýji degişlidir. Ol güýçleriň her birine hyzmat edýän öz güýji bolýar. Kabul ediji güýçlere daşky güýçler we içki güýçler degişlidir. Bulara hyýal ediji güýç, çaklaýjy güýç, ýatlaýjy güýç we pikirleniji güýç girýär. Hereket ediji güýçler: höwesiň güýji, gaharyň güýji we beýleki güýçlerdir. Olar göwräniň agzalaryny herekete getirýärler. Biziň sanap geçen güýçlerimiziň her biri belli bir agzanyň üsti bilen hereket edýär. Ýagdaýyň mundan başga hili bolmagy hem mümkin däldir. Bu güýçleriň hiç biri maddadan aýyrylyp bar bolup bilmeýär.

**Ýigrimi birinji mazmun.** Beýle güýçlere amaly ruh hem degişlidir. Amaly ruh adamlara mahsus işleri ýüze çykarýar.

Ruhuň güýçlerine aň ýetiriji akyl hem degişlidir. Bu akyl arkaly ynsan kämilligi gazanýar we işjeň akyl bilen bagly mazmuna öwrülýär. Bu akyl bir halda maddy akyl, başga bir halda güýç bilen baglanyşykly akyl, beýleki bir halda gazanylan akyl bolýar.

Bu aň ýetirilýän zady kabul edýän güýçler sada mazmundyr we olar maddy däldir. Bu mazmun güýç bilen bagly haldan işjeň hala geçýär we kämil akyla öwrülýär. Bu akyl kämil akyl arkaly işjeň hala eýe bolýar.

---

[1] قـوةُ الغـاذِيـَّة Kuwwat al-gaziýýa – iýmitlendiriji güýç.
[2] قـوةُ المـُرَبـِيـَّة Kuwwat al-murabbiýýa – ösüş güýji.

Akyl tarapyndan kabul edilýän zatlar haýsydyr bir bölünýän zatda bolup bilmeýär. Ruhuň mazmuny maddadan aýratynlykda bar bolup bilmeýär. Ol jisimiň ölüminden soň[1] saklanmaýar. Onda dargap gitjek güýç ýokdur. Ol ýok bolan mazmundyr. Ol hakyky tebigaty bolan adamdyr. Mazmunyň güýçleri agzalara paýlanýar. Şekil beriji şekili kabul edip biljek haýsydyr bir ukyply zat ýüze çykanda şekili döredýär. Bu haýsydyr bir zat bolsa jisimdir. Ol bar bolanda mazmun ýüze çykýar. Ol mazmun tendir. Ruh teniň böleklериниň birinde ýerleşýär. Ýüregiň jümmüşi ruh üçin birinji mekandyr. Ruh göwreden öň bar bolup bilmeýär. Muny Eflatun hem tassyklaýar. Şeýle hem ruh bir göwreden başga göwrä geçip bilmeýär. Munuň ruhuň geçmegi baradaky düşünjäniň tarapdarlary tassyklaýarlar.

Göwräniň ölüminden soň hem ruh eşret we azap görýär. Bu hallar dürli ruhlarda dürli hili bolýar we gazanylyşyna bagly bolýar. Bu hallar hökmanylyk we adyllyk bilen kesgitlenilýär. Munuň özi tene keseliň gelmegi we adamyň öz tenine seredişine meňzeýär.

Işlerdäki üstünlik Beýik Taňrynyň erkine baglydyr. Şowlulyk Taňrynyň erkine görä ynsana ýaran bolýar.

Beýik Taňrynyň işi hemme zatlara ýaýylýar. Her bir kiçijik bölejik hem Taňry bilen baglanyşyklydyr. Her bir barlyk Beýik Taňrynyň ýardamy bilen gurşalandyr we Onuň takdyryna degişlidir. Şer hem Onuň takdyryna degişlidir. Şer ýüpe daňylan mal

[1] بَعْدَ مَوْتِ البَدَن Ba‘da mewt al-beden – jisimiň ölüminden soň.

ýalydyr. Adam ýüpi çekse, şer onuň yzy bilen geler we şer ýüze çykar. Döremek we ýok bolmaklyk mahsus ynsana haýyr-şer häsiýetlidir. Eger tötänlikden ýüze çykýan şer bolmadyk bolsa, eşretler hem bolmazdy. Zatlaryň gazanylmagyndan ybarat beýik eşretler kiçijik şer sebäpli miýesser bolmasa, onda şer has köp bolardy.

# ALTYNJY MAKALA

## HIKMETLERIŇ ESASLARY

### Rehimdar we Mähriban Taňrynyň ady bilen!

**Birinji esas.** Biziň daş-töweregimizdäki zatlaryň her birine mazmun we düýp many mahsusdyr. Mazmun we düýp many bir düşünje däldir. «Mazmun» «düýp many» düşünjesine dahylly däldir. Eger mazmun şol bir wagtda düýp many hem bolsa, onda adamyň mazmuny baradaky düşünje onuň düýp mAny-sy baradaky düşünje bilen bir zat bolardy. Beýle ýagdaýda adam barada anyk düşünje alynmazdy we onuň barlygyna aň ýetirilmezdi. Netijede, umumy düşünje hakökaty düşündirýän tassyklamany talap ederdi.

**Ikinji esas.** Zatlaryň düýp manysy hem öz gezeginde olaryň mazmunyna dahylly däldir. Tersine bolan ýagdaýda düýp many düzüji başlangyç bolardy. Düýp many bolmasa, mazmun baradaky düşünje kämil bolmazdy we düýp manyny pikir arkaly hem

mazmundan aýryp bolmazdy. Eger adamyň mazmuny maddylyk we aňlylyk bilen deň gelse, onda Adamyň jisimdigi, aňly zatdygy we onuň nähili barlykdygy hakynda şübhe dörärdi. Hakykatda ýagdaý beýle däldir. Biz duýgudan ýa-da akyldan gelip çykýan delil peýda bolýança şübhelenýäris. Zatlaryň barlygy we düýp manysy düzüji başlangyçlara degişli däldir. Olar hökmany tötänliklere degişlidir. Ýöne olar mazmundan soň dörän[1] tötänliklere girmeýärler.

Her bir tötänlik tebigaty boýunça hökmany tötänlikdigi ýa-da başga zadyň yzyndan gelen tötänlikdigi sebäpli mazmuna degişlidir. Ýöne barlygy ýok zadyň yzyndan bir zadyň gelmegi mümkin däldir. Şonuň üçin bir zat döremezden öň ony zatlaryň mazmunyna degişli diýip, hasaplamak nädürsdir. Şeýle hem zat döränden soň onuň barlygy ýüze çykdy diýip, döremegi ol zadyň mazmunyna degişli etmek hem dürs däldir. Munuň özi mazmunyň zadyň özünden öň dörändigini aňladardy. Şeýle hem barlyk özünde goýlan tötänliklere degişli diýip, hasaplamak dürs däldir. Çünki beýle tötänlikler diňe eýýäm bar zatlara degişlidir. Zat dörände onuň tötänlikleri hem şertli ýagdaýda döreýär. Çünki haýsydyr bir zada mahsus zat sebäpleri talap edýär. Mahsuslyk – zatdan Gelip çykýan zadyň sebäbidir. Hökmany sebäp netijäni hem hökmany edýär. Sebäp bar bolmakdan öň hökmany

[1] اَللَّوَاحِقُ Al-lawahik – soň dörän zatlar. Bu ýerde bu söz «soň dörän tötänlikler» manyda gelýär.

bolup bilmeýär. Şonuň üçin mazmuny we barlygy bir zatda tapawutlanýan zatlaryň şertli mazmuny ýokdur. Diýmek, zadyň mazmunynyň başy mazmundan başga bir sebäbiň netijesi bolýan hökmany tötänlikden, hökmany däl tötänlikden, zadyň özünden ýa-da başga zatdan döreýär. Hususy düýp many zadyň mazmunyndan gelip çykmaýandygy sebäpli bu iki düşünje biri-birinden tapawutlydyr. Mazmuny düýp manysyndan tapawutlanýan we düýp many üçin düzüji başlangyç däl her bir zat özüniň düýp manysyny başga bir zatdan alýar. Biz şeýle usul bilen mazmuny hususy düýp manysyndan tapawutlanmaýan başlangyja çykýarys.

**Üçünji esas.** Şertli mazmunyň bar bolmagy öz-özünden mümkin däldir, ýogsa mazmun bolup bilmez. Ýöne ol barlyk hökmany däldir. Tersine bolan ýagdaýda ol barlyk şertli bolmazdy. Şeýlelikde, şertli mazmun kesgitlemesi boýunça ilkinji sebäpleriniň bar ýagdaýynda mümkin barlykdyr. Beýle mazmun özüniň ilkinji sebäpleri jähetden hökmany bolsa hem, üýtgeýjidir. Çünki Beýik Taňrynyň mazmunyndan başga mazunlar üýtgeýji we heläk bolujydyr. Aýat: «Diňe ol heläk bolujy däldir».[1]

**Dördünji esas.** Şertli mazmun öz-özünden bar bolmaýar. Onuň barlygy başga zatdan döreýär. Öz-özünden bar bolýan zatlar özbaşdak bar bolmaýan zatlaryň öňünden gelýär. Şertli mazmunlara ilki

[1] Gurhanyň 28-nji («Kasas») süresiniň 88-nji aýaty.

ýokluk, soňra bolsa barlyk mahsusdyr. Ol geçen zamanda däl-de, eýsem häzirki zamanda döredilendir.[1]

**Bäşinji esas.** Islendik mazmun baradaky düşünje köp zatlar üçin ulanylýar.[2] Beýle ýagdaý zadyň mazmunyna degişli däldir. Tersine bolan ýagdaýda ol belli bir zada degişli bolup bilmezdi. Zadyň barlygy haýsydyr başga bir zatdan gelip çykýar. Şonuň üçin hem onuň barlygy şertlidir.

**Altynji esas.** Başga agzalar bilen umumy mazmuny bar agzanyň barlygy bu mazmunyň barlygyna laýyk däldir. Barlyk bu agzanyň özüne diňe özbaşdak mahsusdyr. Barlyk daşky sebäbe görä bar bolýar. Bu ýerden barlyk şertlidir.

Ýe**dinji esas.** Görnüş tapawudy toparyň mazmunyna girmeýär. Eger ol toparyň mazmunyna giräýse hem, diňe aýratyn mazmunda bar bolup biler. Men bu ýerde toparyň tebigatynyň hakykatdan hem görnüş tapawudynda bolmaýandygyny aýtmak isleýärin. Bir görnüş tapawudynda diňe şol görnüş tapawudynda ýüze çykýan barlyklar bardyr. Meselem, jandar barlyk jähetden sözüň doly mAnysynda akylly ýa-da akylsyz jandar bolup biler. Ýöne jandaryň mazmuny oňa akyl bilen baglanyşyklykda berilmeýär.

**Sekizinji esas.** Hökmany barlyk öz-özünden görnüş tapawudyna bölünmeýär. Eger onda görnüş tapawutlary bolsady, onda bu görnüş tapawutlary onuň

---

[1] Ýagny, ol zat baky döredilen däldir. Ol özüniň döredilmeginden öň bar bolan sebäp bilen şertli döredilendir.

[2] ÝaŸgny, umumy düşünje köpsanly hususy düşünjeleri öz içine alýar.

barlygynyň düzüji başlangyjy bolardy we onuň barlygyna girerdi.

Hökmany barlyk dürli sanlar bilen tapawutlanýan köp zatlara degişli bolmaýandygy jähetden bölünmeýär. Tersine bolan ýagdaýda bu barlyk şertli barlyk bolardy. Bu hem birinji tassyklamamyzyň peýdasyna delildir.[1]

Hökmany barlyk mukdar babatda hem, umumylyk jähetden hem böleklere bölünmeýär. Tersine bolan ýagdaýda bölekleriň her biri hökmany barlyk bolardy. Netijede, hökmany barlyklaryň ýa-da mümkin barlyklaryň sany köpelerdi. Soňky ýagdaýda, ýagny olaryň sany köpelen ýagdaýynda bölek bitinden öň bar bolardy we bitin bölekden soň dörärdi.

**Dokuzynji esas.** Hökmany barlygyň özüniň jynsy hem, tapawudy hem, görnüşi hem, meňzeşi hem ýokdur. Hökmany barlygyň düzüji başlangyjy hem, esasda goýlan zady hem ýokdur. Onuň esasda goýlan zat jähetden şärigi hem, gapma-garşylygy hem ýokdur. Ol aýan zatdyr.

**Onunjy sebäp.** Hökmany barlyk her bir zadyň gelip çykyşynyň[2] sebäbidir. Ol öz mazmunynda aýan zatdyr. Oňa hemme zat üçin umumylyk mahsusdyr. Beýle umumylygyň mahsusdygyna garamazdan oňa köplük sanda bolmak häsiýetli däldir. Ol umumylygy Özünden alýar. Ol umumylygy Özüni bilmekden soň

---

[1] Bu ýerde hökmany barlygyň öňünden hiç bir zadyň gelmeýändigi baradaky tassyklamanyň peýdasyna delil bolýandygy göz öňünde tutulýar.

[2] فَيْضٌ Faýz – gelip çykyş, emanasiýa.

we Özi üçin bilýär. Onuň Özüne bolan gatnaşykda umumylyk çäklidir. Ol Özüniň ýekeligindäki umumylykdyr. Ol anyklyk bilen hem, ýaşrynlyk bilen hem bardyr. Ol öz-özünden hemme zada eýedir. Ol öz-özüne hem, özünden başga zatlara aň ýetirýär. Hökmany barlyk üçin hemme zatlar deňdir. Ol bu deňlikde ýeke-täkdir. Ol hakökatdyr. Onuň şeýledigine şek-şübhe ýokdur. Çünki ol hökmanydyr. Ol ýaşryndyr, başga hili däldir. Muňa garamazdan Ol aýan. Ol şol bir wagtda hem aýandyr, hem ýaşryndyr. Ol özüniň meňzeşi ýok ilkinjidir. Ýaşrynlygy barada pikir edip görseň, onda sen Onuň aýanlygyny bilersiň. Tersine, aýanlygy barada pikir edip görseň, onda sen Onuň ýaşrynlygyny bilersiň.

**On birinji esas**. Zady hökmany ediji sebäp bilinse, onda zadyň özi hem aýan bolar. Eger sebäpler tertip boýunça ýerleşseler, onda olaryň soňkusy hökmany sebäp görnüşinde hususy we özbaşdak zat bolar.

Şeýlelikde, hemme umumy we hususy zatlar ilkiji sebäbiň aýan bolmagy arkaly aýandyrlar. Ilkinji sebäp barlyklaryň mazmunlaryna aň ýetirmeýär. Çünki barlyklara wagt içinde bar bolmak we üýtgemeklik mahsusdyr. Şeýle hem Ol zatlara Özüniň ýaradan tertibine görä we bir zada beýleki zatdan soň aň ýetirýär.

**On ikinji esas.** Taňrynyň ilkinji ylmy özüniň düýp manysynyň güýjünden ýüze çykýar we ol bölünmeýär. Taňrynyň ikinji ylmy onuň düýp manysyndan gelip çykýar. Taňrynyň ylmy köpelse hem, köplük onuň

düýp manysyna goýulmaýar. Tersine, ylym onuň düýp manysynda ýüze çykýar. Aýat: «Taňry bilmezden hiç bir agaçdan bir ýaprak gaçmaz»[1] Şu ýerden galam Lowhuň[2] ýüzi boýunça tä Kyýamat gününe çenli ýörär we özüniň ylgawyny şol günde ýazdyrar.

**On üçünji esas.** Eger Onuň ýeke-täkligine pikir nazaryňy aýlasaň, onda ol tükeniksizlige düşüp, sen haýranda galarsyň. Eger onuň tükeniksizligi barada soralsa, onda sen pikir nazaryňyň onuň täkliginiň kölegesine hem ýetip bilmän, umumylyk köl ýegesinde galandygyny aýdarsyň. Galam bolsa sahypadan sahypa geçip, Lowhda ýaradylan zatlaryň işlerini ýazmagy tä Kyýamat gününe çenli dowam etdirer.

**On dördünji esas.** Her bir tükeniksiz däl zadyň mekany bardyr. Tükeniksiz däl zada sen isledigiňçe mysal taparsyň.

**On bäşinji esas.** Üns merkeziňi gönükdirseň, onda sen onuň täkligine aň ýetirip bilersiň. Taňrynyň älemi älemlere bölünýär. Olaryň biri emr älemidir. Onda galam Lowhuň ýüzi bilen ýöreýär. Bu älem ruh we söz äleminiň çäginde tamamlanýar. Soňra Arşyň, Kürsüň we asmanlaryň älemleri gelýär. Ondaky hemme zatlar Taňryny taryplaýarlar. Soňra başlangyçlar älemi bolan ýaradylan zatlaryň älemi gelýär. Bu älem emr älemine tarap ymtylýar. Ondaky şahslaryň hemmesi Kyýamat güni emr älemine bararlar.

---

[1] Gurhanyň 6-njy («Engam») süresiniň 59-njy aýaty.

[2] Lowh – ýedi gat asmandan aňyrda ýerleşen bir giňişligiň ady.

**On altynji esas**. Üns merkeziňi ýaradylan zatlaryň älemine gönükdirseň, onda sen Taňrynyň sungatlarynyň alamatlaryny görersiň. Ol alamatlary hyýalyňdan ötürseň, saňa barlyk we pikir älemi aýan bolar. Sen Taňrynyň barlygynyň öz-özünden hökmany barlykdygyna aň ýetirersiň. Eger ýaradylan zatlaryň äleminden ötseň, onda barlyklar we pikir älemine çykarsyň we baryp onda duşlärsiň. Sen çykmakda şeýle zadyň şeýledigi düşlemekde beýle zadyň beýledigi bilen tanyşarsyň. Aýat: «Biz olara öz alamatlarymyzy gözýetimlerde we olaryň özlerinde görkezeris. Onsoň olara Taňrynyň hakdygy aýan bolar. Eýse, saňa öz Taňryň hemme zada güwädigi ýeterlik dälmi?»[1]

**On ýedinji esas.** Hakyky zady we hakyky däl zady bilseň, Haky bilersiň. Batyl (bozuk) zady bilseň, batyl däl zady bilersiň. Batyl zady bilmeseň, Haky bilmersiň. Sen pikir nazaryňy Haka aýlagyn. Çünki Hak özüne pikir nazaryny aýlamaýanlary söýmeýär.

**On sekizinji esas.** Hakyň bölünmeýän hakykatdygy baradaky söz köplere mälim dälmidir? Ol meňzeşlik jähetden hem, meňzeş dällik babatda hem hiç bir zat bilen şärik däldir. Ol mukdar jähetden hem, çäk jähetden hem bölünmeýän mazmundyr. Onuň mazmuny bilen düýp manysynda tapawut ýokdur. Onuň içi hem, daşy hem özgermeýär. Sen öz mysalyňa we Hakyň mysalyna pikir nazaryny aýlasaň, onda bu syra

[1] Gurhanyň 41-nji («Fussylat») süresiniň 53-nji aýaty.

aň ýetirersiň. Bu syra aň ýetirseň Haka hem aň ýetirersiň.

**On dokuzynjy esas.** Duýgy utgaşýan duýgy ýa-da utgaşmaýan duýgy bolup biler. Meselem, lezzet utgaşýan duýgy, ezýet bolsa utgaşmaýan duýgydyr. Her bir duýgy başga duýgy bilen utgaşyp biler. Meselem, lezzet isleg we islegden gelip çykýan duýgy bilen, gahar üstün gelmek duýgusy bilen, gorky umyt bilen utgaşýar. Her bir aşygyň magşugy bolýar. Hakyň magşugy Haky duýmak bilen kämillik gazanýar.

**Ýigriminji esas.** Ruh Ilkinji hakykaty duýmak bilen rahatlanýar. Çünki Päk we Mukaddes bolup Ilkinji hakykaty duýmak aňrybaş lezzetdir.

**Ýigrimi birinji esas.** Rahatlyk tapan ruh Hak bilen birleşmekden ýaşryn lezzet tapýar. Ol Haky görüp, özünden çykýar. Ol özüne gelende Haky ýene küýsäp hasrata duşýär.

**Ýigrimi ikinji esas.** Lezzete ýykgyn edýän her bir kişiden lezzet gaçýar. Sagdyn adam saglygyň gadyryny bilmeýär. Agyrynyň sebäbini bilýän kişi ol sebäpden häzir bolýar. Meselem, ot sebäpli agyra sezewar bolan kişi otdan, sowuk sebäpli agyra sezewar bolan kişi bolsa sowukdan häzir bolýar.

**Ýigrimi üçünji esas.** Eger sen öz özüňi bedeniňde däl ýaly duýsaň, özüň özüňden çyksaň, onda saňa söýünji bolsun! Çünki sen beýle ýagdaýda perişdeler älemindesiň. Sen gulaklaryň eşitmedik seslerini eşidersiň, gözleriň görmedik zatlaryny görersiň, adamlaryň kalbyna gelmejek duýgulary başdan geçirersiň.

**Ýigrimi dördünji esas.** Hakyň hakykatyna aň ýetiren kişi hakykat bilen aýwrylişmaz ýa-da ejiz gelip, ony terk eder we bu iki halyň arasynda bolar. Ejiz gelip, ony terk eden kişä hem syrlar aýan bolar. Aýat: «Elbetde Taňry ýagşy amal edijileriň azabyny zaýa etmeýär».[1]

**Ýigrimi bäşinji esas.** Taňry hem aşyk, hem magşukdyr. Onuň barlygynyň kämilligi islendik barlygyň kämilliginden has kämildir. Şonuň üçin yşkyň mazmuny Ondan gelip çykýar.

**Ýigrimi altynjy esas.** Asman aýlanmak bilen, ýer daşlary bilen, suw sili bilen, ýagyş guýmagy bilen Taňra ybadat edýär. Oňa ybadat etmeýän barlyk ýokdur.

**Ýigrimi ýedinji esas.** Sendäki ruh emr äleminiň mazmunydyr. Ol surat bilen şekillenmeýär. Onuň alamaty ýok. Ol hereket bilen rahatlygyň arasynda bolýar. Ol öten zatlara hem aň ýetirýär. Ol perişdeler äleminde ybadat edýär. Seniň ruhuň öz Taňryň emrinden, bedeniň bolsa Onuň ýaratmagyndan bar bolýandyr.

**Ýigrimi sekizinji esas.** Pygamberlik ruhuna mukaddeslik mahsusdyr. Onuň ýaradylan zatlaryň älemine degişli bolan dogabitdi ukyby hem bardyr. Ol dürli keramatlary görkezip bilýär. Perişdeler oňa Allatagaladan habarlary getirýärler.

---

[1] Gurhanyň 9-njy («Toba») süresiniň 120-nji aýaty.

**Ýigrimi dokuzynjy esas.** Perişdelere hem ylymlar mahsusdyr. Ýöne olaryň ylymlary kagyza we kalplara ýazylmaýar. Olaryň ylymlary diňe mazmunlaryna laýykdyr. Mukaddes ruh perişdeler bilen oýalykda, pygamberleriň ruhlary bolsa olar bilen düýşde habarlaşýar.

**Otuzynjy esas.** Adamyň mazmuny ýaşryn we aýan bölege bölünýär.[1] Aýan bölege duýgyny kabul edýän jisim,[2] onuň agzalary we düzümleri girýär. Duýgy ol jisimiň üsti bilen daşdan duýýar. Anatomiýa bilen adamyň içki düzümi bilinýär. Ýaşryn bölüm barada aýdylanda bolsa, onda ol adamyň ruhy güýçlerini öz içine alýar.

**Otuz birinji esas.** Ynsanyň ruhy güýçleri iki topara: adamyň işine wekilçilik edýän ruhy güýçleriň toparyna we duýga Wekliçilik edýän ruhy güýçleriň toparyna bölünýär. Adamyň işi üç zat bilen: ösümlik, haýwan we adam bilen baglanyşyklydyr.

**Otuz ikinji esas.** Ösümlik bilen baglanyşykly işiň ösümligi saklamak, ony ösdürip ýetişdirmek we ony köpeldip, hemişelik bar etmek maksadyny yzarlaýar. Bu işiň üstünden adamyň ruhy güýçleriniň biriniň hökümi ýöreýär. Käbir adamlar ony «ösümlik güýji»[3] diýip atlandyrýarlar. Biziň bu meselä içgin

---

[1] اَلمُنْقَسِمُ اِلَى سِرّ وَ عَلَن Al-munkasym il sir we alan – ýaşryn we aýan bölege bölünen.

[2] اَلجِسْمُ المَحْسُوسُ Al-jism al-mahsus – duýgyny kabul edýän jisim, duýujy jisim.

[3] قُوةُ النَبَاتِيَّة Kuwwat an-nebatiýýa – ösümlik güýji.

garamagymyzyň zerurlygy ýok. Haýwan güýjüniň[1] wezipesi şeýledir: islegler bilen baglanyşykly peýdaly zatlary almak we gorky bilen baglanyşykly zyýanly zatlary aýyrmak. Bu güýji gahar dolandyrýar. Ine, adamyň güýçleri şunuň ýalydyr.

**Otuz üçünji esas.** Adamyň işi ýagşy we peýdaly zady saýlamak bilen dünýewi durmuşymyzda maksada ymtylmaga gönükdirilendir. Köplenç ýagdaýda oýlanmazlyk adalatdan üstün gelýär. Akyl adamy maksatlaryna ýetirýär. Akyl tejribäniň we adamlaryň özara gatnaşygynyň üsti bilen gazanylýar. Ol ylym bilen bezelýär. Ilkinji akyl dürs haldadyr. Aň ýetirmek mumda goýlan yzyň mysaly ýalydyr. Mum ilkibaşda möhür bilen jynsdaş däldir. Soňra oňa möhüri basýarlar. Mum möhüri berk gujagyna gysýar. Soňra möhüri mumdan aýyrýarlar. Muma möhüriň eýesiniň ady we möhürdäki şekiliň sudury geçýär. Onsoň mum möhür bilen jynsdaş bolýar. Aň ýetirmek hem şunuň ýalydyr. Ol başda aň ýetirilýän zadyň şekili bilen jynsdaş däldir. Aň ýetirmek aň ýetirilýän zadyň şekiline eýe bolandan soň, göýä olarda tanyşlyk açylan ýalydyr. Munuň özi duýgynyň duýulýan zadyň şekilini kabul edişi we ony aňa berşi ýalydyr. Duýulýan zat aradan aýyrylsa hem, şekil aňda şekillenýär.

**Otuz dördünji esas.** Haýwanyň aň ýetirmesi[2] bedeniň daşky we içki bölekleri bilen amala aşyrylýar.

---

[1] قُـوةُ الحَـيَـوَانِـيَّـة Kuwwat al-haýawaniýýa – haýwan güýji.

[2] اَلاِدْرَاكُ الحَـيَـوَانِــى Al-idrak al-haýawani – haýwanyň aň ýetirmesi.

Daşky aň ýetirme[1] bäş duýgy bilen,[2] içki aň ýetirme bolsa haýwanlarda endige görä gazanylýar.

**Otuz bäşinji esas.** Daşky duýgularyň her biri duýulýan zatdan onuň hil aýratynlygyna görä şekil alýar. Eger duýulýan zat güýçli bolsa, şekilini uzak wagtlap saklaýar. Meselem, göz güne dikilende onda günüň şekili galýar. Göz günden aýyrylsa hem, günüň şekili onda uzak wagtlap saklanýar. Käwagt gün gözüň görejine zyýanly täsir edýär. Gulak barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Gulak güýçli sesden başga tarapa öwrülse-de, ýürege düşüji ses onda uzak wagtlap saklanýar.

Ys tagam biliş duýgulary barada aýdylanda hem şunuň ýalydyr. Beýle ýagdaý ys biliş duýgusynda has anyklyk bilen ýüze çykýar.

Göz – görülýän zadyň heniz göz onuň garşysynda duran wagty suraty çekilýän aýna mysalydyr. Görülýän zat gözden ýitse we ol zat ýiti bolmasa, onda onuň şekili hem gözden ýitýär.

Gulak – iki sany çaknyşýan jisimiň howanyň tolkunlaryny urýan çukurdyr. Bu sebäpden biz eşidýäris.

Syzmak – bir zada galtaşmak bilen ýüze çykýan her bir üýtgeşmäni kabul edýän ýa-da özüne täsir edýän zady duýujy güýçdür. Ysgamak we tagam bilmek barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir.

---

[1] اَلاِدْرَاكُ الظَّـاهِـرِ Al-idrak az-zahir – daşky aň ýetirme.

[2] اَلخَـمْـسُ المَـشَـاعِـر Al-hams al—meşa‘ir – bäş duýgy, ýagny ys biliş, tagam biliş, eşidiş, görüş we syzyş.

**Otuz altynjy esas.** Daşky duýuş ag zalarynyň yzynda duýgy bilen ýüze çykarylýan keşpleri tutmak üçin göýä duzak ýa-da tor ýaly bolup durýan güýçler ýerleşýär. Olara «şekil emele getiriji güýç»[1] diýip atlandyrylýan güýç degişlidir. Bu güýç duýulýan zatlaryň şekillerini, olar duýulýan çäkden ýitenlerinden soň hem, olar bilen baglanyşygy bolmadyk ýagdaýynda hem, berkidýär. Olar duýgynyň çäginden ýitseler hem şekil emele getiriji güýçde saklanýar.

Olara degişli bolan ýene bir güýç «Çaklaýyş güýji»[2] diýlip atlandyrylýar. Bu güýç arkaly duýgy bilen kabul edip boltajak zatlar düzülýär. Meselem, goýunyň çaklaýyş güýji şeýledir. Goýun möjegiň şekilini duýan wagtynda çaklaýjy güýçde mömegiň duşmanlygy we erbetligi barada düşünje, möjegiň özi bolmazlygyna garamazdan, döreýär.

Olara degişli bolan ýene bir güýç «saklaýjy güýç» diýlip atlandyrylýar. Bu güýç çaklama bilen gazanylýan zatlaryň hazynasydyr. Şekil emele getiriji güýç bolsa duýgular bilen kabul edilýän zatlaryň hazynasydyr.

Olara degişli bolan ýene bir güýç «pikirleniji güýç» diýip atlandyrylýar. Onuň hökümi şekil emele getiriji we saklaýjy güýçleriň hazynalaryna ýöreýär. Bu güýç beýleki iki güýjüň hazynalaryny birleşdirýär we olary biri-birinden aýyrýar. Pikirleniji güýç diýlip adamyň

[1] قُـوةٌ مـُصـوِّرَة Kuwwatun musawwira – şekil emele getiriji güýç.
[2] قـُوةُ الوَهـْم Kuwwat al-wehm – çaklaýyş güýji.

ruhy we akyly ondan peýdalanan ýagdaýynda atlandyrylýar. Eger ol çaklamany ulansa, onda oňa «çaklama güýji» diýilýär.

**Otuz ýedinji esas.** Daşky duýgular arassa düşünjeleri kabul etmeýär, emma maddy esasda zatlar ýitensoň olary aňda berkidýär. Meselem, duýgular Zeýdi arassa düşünje hökmünde däl-de, eýsem hakyky adam hökmünde, oňa diňe mukdar, hil, mekan, hal we beýleki aýratynlyklary ulanyp boljak düşünje hökmünde kabul edýärler. Eger hallar «adam» sözüniň hakyky manysyna girse, onda olar hemme adamlar üçin umumy bolardy. Ýöne duýgy bu keşp baradaky düşünjäni duýulýan zat ýitende ýitirýär. Ol keşbi diňe maddada ýa-da madda bilen baglanyşykly zatda bilýär.

**Otuz sekizinji esas.** Çaklama we içki duýgy arassa düşünjeleri kabul etmeýär, eýsem olary maddy esasdaky zatlar bilen gatyşdyrýar. Ýöne duýulýan düşünjeler ýitensoň, olary aňda berkedýär. Adam baradaky arassa düşünjäni içki kabul etmede çaklama we hyýala getirme berýär. Ýöne oňa daşdan kabul edilmegine garamazdan, goşmaça zatlary,[1] mukdar, hil, mekan, hal ýaly düşünjelerden düzülen goşundylary goşýarlar. Içki duýgular adam baradaky hyýaly mazmuny duýmaga çalyşýar. Ýöne olar muňa ukyply däldirler. Içki duýgular diňe adamyň daşky duýgularyndan alnan gatyşyk keşbini aňda berkidip

[1] زَوَايِدُ Zawaýid – goşmaça zatlar.

bilýär. Olar muňa duýulýan zatdan aýyrylsalar hem ukyplydyrlar.

**Otuz dokuzynjy esas.** Munuň tersine, adamyň ruhy öz çäginde hakyky mazmundaky düşünjä aň ýetirip bilýär. Ruh düşünjäni hemişe ýüze çykyp durýan tötänliklerden azat edýär we düşünjäni hususy zatlar üçin umumy edýär. Munuň özi ruha mahsus güýç arkaly gazanylýar. Bu güýç «nazary akyl» diýlip atlandyrylýar. Bu ýerde ruh aýna, akyl bolsa onuň ýylpyldysynyň mysaly ýalydyr. Düşünjeler ruhda Taňrynyň gudratynyň güýji bilen yz galdyrýar. Munuň özi aýnanyň ýüzünde ýylpyldysynyň pos bilen zaýalanmadyk ýagdaýynda döreýän şekilleriň mysalyna meňzeýär. Ruh özünde höwes etmek, gahar, duýgy, hyýala getirme jähetden bir kemçilik bolmasa özünden pes tarapa meýil etmeýär. Ruh beýle zatlardan ýüz dönderse, onda ol emr älemine gidýär, beýik şalyga ýetýär we beýik lezzete ýetýär.

**Kyrkynjy esas.** Mukaddes ruh özünden pes tarapa ymtylmaýar. Ol daşky duýgularda däl-de, eýsem içki duýgulara täsirini ýetirýär. Ol adamyň bedeninden çykyp, älemiň jisimlerine geçýär. Ol aň ýetirilýän zatlar baradaky düşünjäni adamlar duýmazdan perişdeleriň ruhlaryndan alýar.

**Kyrk birinji esas.** Adaty adamlaryň gowşak ruhy içki duýgulara meýilli bolup, käte daşky duýgulary, käte bolsa içki duýgulary ýitirýär. Eger ol haýsydyr bir içki duýga esaslansa, onda ol beýleki duýgulary ýitirýär. Içki duýgular mahsus haýsydyr bir güýç bilen

birleşse, onda ol beýleki güýçlere ýat bolýar. Meselem, gulak gözi gorkuzýar. Gorky peşewi saklaýar, pikirlenme ýatlamadan aýyrýar we ýatlama pikirlenmä päsgelçilik berýär. Mukaddes ruha hiç bir zat päsgelçilik bermeýär.

**Kyrk ikinji esas.** Içki duýgular bilen daşky duýgularyň umumy serhedinde şekilleri jemleýji güýç ýerleşýär. Bu güýç arkaly duýgynyň hakyky manysynda çalt hereket edýän zatlaryň sudury şekillendurilýär. Onda keşpler saklansa hem, duýulýan zatlar ýitip, ýok bolýar. Meselem, ol güýjüň üsti bilen göni çyzygy ýa-da töweregi, olaryň eýýäm ýokduklaryna garamazdan, şekillendirýär. Ýöne beýle şekil uzak saklanmaýar.

Şeýle hem bu güýç uky wagtynda gelýän ýaşryn şekilleriň[1] ýerleşýän ýeridir. Şeýlelikde, biziň hemme aň ýetirýän zatlarymyz olaryň içden ýa-da daşdan gelýändiklerine garamazdan, bu güýçde şöhlelenýär. Bu güýçde şöhlelenýän düýşde ýa-da huşda görülýän zatlardyr. Eger güýje daşky duýgular eýe bolsa, onda ol güýç içki duýgulara meşguldyr. Daşky duýgular ony boşatsa, onda ol hemişe duýýan içki duýgularyň ygtyýaryna geçýär. Onda adamyň içki dünýäsinde ýüze çykýan zatlaryň keşpleri çekilýär we olar gönümel berilýän zatlara öwrülýär. Meselem, biz olary düýşde görýäris. Ýöne käwagt içki güýçleri haýsydyr bir zat güýmeýär we olary meşgullandyrýar. Beýle ýagdaýda

[1] اَلصُّورَةُ البَـاطِنَـة As-surat al-batyna – içki şekiller.

ol güýçler güýçli herekete gelip, adamy özleriniň ygtyýaryna alýarlar. Bu ýerde iş iki hili bolup geçýär: akyl güýçleriň hereketine deň bolup, olaryň hereketiniň joşgunyny saklaýar ýa-da akyl munuň üçin örän gowşak bolup, olara goňşy bolmakdan daşlaşýar. Akyl örän gowşak bolsa ýa-da hyýala getirmek adamdan üstün gelse, onda hyýalda muňa täsir ediji güýç ýüze çykýar. Şol wagt hyýalda hyýal edilýän zadyň keşbi çekilýär we keşp görülýän keşbe öwrülýär. Meselem, adamda içki howp ýa-da gorky üstün gelse, onda ol adamlaryň seslerini eşidýär we olaryň özlerini görýär.[1] Käwagt içki duýgular örän güýçli, daşky duýgular bolsa örän gowşak bolýar. Beýle ýagdaýda adamyň ruhunda beýik şalykdan gelip çykýan haýsydyr bir zat joşýar we ol nätanyş zady habar berýär. Meselem, ukuda duýgular köşeşenlerinde, duýuş agzalary rahatlykda bolanynda adam düýş görýär we keşpler hyýalda görnüp, ýitýär. Käwagt huş düýşi bolşy ýaly saklaýar we adam düýşi ýormaklyga mätäç bolmaýar. Käwagt hyýal ediji güýç herekete meňzemek bilen düýşden çykyp, haýsydyr bir düýşdäki meňzeş ýagdaýa goşulýar. Adam käwagt düýşüniň ýorulmagyna mätäç bolýar. Düýş ýormak – düýşdäki zadyň şahalar boýunça köklerini kesgitlemekdir.[2]

**Kyrk üçünji esas.** Duýulýan beýle zatlara akyl bilen aň ýetirmek mahsus däldir. Çünki akyl bilen aň

---

[1] Bu ýerde göze görünmek barada gürrüň gidýär.

[2] Bu ýerde düýşe görä geljek barada habar bermegi göz öňünde tutulýar.

ýetirilýän zatlary duýgy bilen duýmak häsiýetli däldir. Duýgy bilen duýmak beden agzalary gatnaşmazdan amala aşyrylmaýar. Beden agzalary duýulýan zatlary olaryň tötänlikleri bilen kabul edýär. Akyl bilen aň ýetirmek beden agzalary arkaly berjaý edilmeýär. Çünki beden ag zalary bilen şekillendirilýän zat haýsydyr bir hususy zatdyr. Köp şekillendirmeleri öz içine alýan umumy zatlar bolsa haýsydyr bir bölünýän, ýagny hususy zatlara girmeýär. Tersine, aň ýetirilýän zatlary, ýagny bölünmeýän we ýer tutmaýan haýsydyr bir jisim däl mazmunlary kabul edýär. Ol mazmunlaryň endige gatnaşygy ýokdur, olara duýgy bilen aň ýetirilmeýär. Çünki ol emr älemine degişlidir.

**Kyrk dördünji esas.** Duýgynyň mekany – döredijilik älemidir, akylyň mekany – emr älemidir. Döredijilikden, emrden, duýgudan we akyldan ýokarda ýaşryn barlyk Ilkinji barlykdyr. Onuň ýaşrynlygy bilen aýanlygynyň arasynda tapawut ýokdur. Munuň özi Günüň açyk görülşiniň we el bilen onuň öňi ýapylanda, gözi gamaşdyrmaýandygynyň mysaly ýalydyr.

**Kyrk bäşinji esas.** Her bir çäk görnüşden we bölümden düzülýär. Meselem, adama «aňly jandar» diýip aýdylmagynda «jandar» sözi görnüşi, «aňly» sözi bolsa bölümi aňladýar. Hallar dürlüdir. Meselem, suw buz halda ýa-da buz däl halda, eşik ak halda ýa-da gara halda bolup biler.

**Kyrk altynjy esas.** Ol öz-özünden bar bolýandygy we beýleki barlyklaryň Onuň mazmunyndan gelip çykýandyklary jähetden Ilkinjidir. Ol ilkinji

barlykdygy babatda hem Ilkinjidir. Ol hemme zadyň ilkinji sebäbi we başlangyjydygy babatda bolsa Ilkinjidir. Ol şol bir wagtda hemme zadyň ilkinji sebäbi we başlangyjy babatda hem Ahyrkydyr. Ol ahyrky maksatdygy babatda Ahyrkydyr. Ol maksat – bagt we seniň diliňdäki «Men suwy içmedim» diýen sözüň ýalydyr. Saňa biri: «Üýtgemek – goşulmakdyr» diýip aýtsa, sen oňa: «Sen bu sözüň üsti bilen näme aýtmak islediň?» diýersiň, Ol saňa: «Men mundan dürslük isledim» diýer. Sen ýene: «Dürslük näme?» diýip sorarsyň. Ol: «Dürslük bagt we ýagşylykdyr» diýip jogap berer. Sen mundan soň oňa nähili sowal berseň hem, ol saňa şol bir jogaby aýdar. Çünki bagt we ýagşylyk başga zat üçin däl-de, eýsem diňe Onuň üçin gözlenilýändir. Sebäbi Ol ilkinji hakykatdyr. Her bir zat Onuň erkine görä bu hakykaty gözläp, hereketde bolýar. Onuň gudratyny ökde bilýänleriň derejesinde saňa beýan etmeli bolsa, onda bu ýerde sözümiz uzaga çeker. Ol ilkinji Magşukdyr. Şonuň üçin Ol her bir maksadyň ahyry we her bir pikiriň başlangyjydyr. Ol her zamanda zamanlaryň bolmagy babatda Ahyrkydyr. Bu ýerden Ol her bir zady başdan ahyryna çenli gözleýjidir. Ol ýoklugyň ýoklugyndan üstün geliji we mazmunlaryň hakyky sebäbidir. Ol her zady dogry ýola gönükdirijidir. Goý, bizi Özüniň dogry ýoluna gönükdirendendigi we özüniň rehmeti bilen adamlary jandarlaryň ýagşysy edendigi üçin Oňa taryplar bolsun!

# ÝeDINJI MAKALA

## PELSEPEÇILERIŇ DÜRLI SOWALLARYNA BERLEN JOGAPLAR

### Rehimdar we Mähriban Taňrynyň ady bilen!

**Birinji sowal.** Jisimlerde reňkler nähili döreýär we olar haýsy jisimlerde döreýärler?

Jogap: Reňkler birleşýän we bölünýän jisimlerde döreýär. Ýere degişli däl jisimlerde hiç hili reňk ýokdur. Reňkler başlangyçlarda we ýönekeý jisimlerde azdyr.

Gadymy akyldarlaryň az sanlysynyň diýäýmeseň, köpüsiniň bu meselä garaýyşlary, ine şeýledir. Gadymy akyldarlar ýere gara reňkiň we oda ýagtylyk bermek güýjüniň mahsusdygyny, şeýle hem çylşyrymly jisimlerde başlangyçlaryň gatyşmaklary sebäpli reňkleriň ýüze çykýandyklaryny nygtapdyrlar. Çylşyrymly jisimde oduň reňki we ak reňk, ýer jisimlerinde bolsa gara reňk agdyklyk edýär.

**Ikinji sowal.** Reňk näme?

Jogap: Reňk – jisimiň ýagtylygyny şekillendirýän çäkdir. Reňk jisimiň ýüzünde döreýär. Jisimiň iki sany çägi bolýar: birinji çäk üstdür. Üst arkaly ol jisim bolýar; ikinji çäk arkaly jisim reňki ýüze çykarýar.

**Üçünji sowal.** Gatyşmak näme?

Jogap: Gatyşmak işdir we iki sany hiliň biri-birine täsiridir.

**Dördünji sowal.** «Jyn» düşünjesi jähetden adamlaryň garaýyşlary nähili we jyn näme?

Jogap: Jyn janly, akylsyz we ölmeýän jandardyr. Bu kesgitleme bölünmegiň netijesinde ýüze çykýan kesgitlemeden gelip çykýar. Adamlar bu kesgitlemäni «adam» düşünjesi bilen deňeşdirip, oňa kesgitli we anyk baha berýärler. Bu düşünjä görä, adam janly, akylly, we ölýän barlykdyr. «Janly barlyk» düşünjesi akylly we ölýän barlyga, akylly we ölmeýän barlyga, akylsyz we ölýän barlyga, akylsyz we ölmeýän barlyga bölünýär. Akylly we ölýän barlyk – adamdyr, akylly we ölmeýän barlyk – perişdedir, akylsyz we ölýän barlyk – haýwandyr, akylsyz we ölmeýän barlyk – jyndyr.

Bu ýerde soraýjy bu jogaba garşylyklaýyn şeýle sowal berdi: «Bu jogaba Gurhanda ýazylan zat ters gelýär. Onda şeýle diýilýär: «Jynlaryň bir topary Gurhany üns bilen diňläp: «Hakykatdan hem biz

ajaýyp sözi eşitdik»[1] diýdiler. Eýse, akylsyz jandar nähili diňläp we sözläp biler?»

Jogap: Bu sözde asla gapma-garşylyk ýokdur. Diňlemek we geplemek ukyby hemme janly zatlara mahsusdyr. Çünki olar janlydyrlar. Geplemek we söz aýtmak akylly sözi aňladýan pikir anyklamasy däl-de, eýsem ondan başga haýsydyr bir zatdyr.

Jandarlaryň köpüsiniň gepläp bilmeýändikleri adamlaryň hemmesine mälimdir. Olar dilsiz bolsalar hem, janlydyrlar. Bogunlara bölünen sesi çykarmak adama mahsusdyr. Çünki ol şeýle janly jandardyr. Her bir janly jandarda beýleki görnüşleriň seslerine meňzemeýän sesler bolýar. Adama mahsus bolan boguna bölünen sesler başga ýaradylan zatlaryň seslerinden tapawutlydyr. Biziň jynlaryň ölmeýändigi baradaky sözümizi şu aýat tassyklaýar: «Ol: «Eý, Taňrym! Maňa Kyýamat gününe çenli möhlet ber!» diýdi. Allatagala bolsa: «Hakykatdan hem, sen beýle möhlet berilmäge mynasyp» diýdi.

**Bäşinji sowal.** «Seýrek» we «dykyz» düşünjeler näme? Olar nähili hal? Olar haýsy düşünjä[2] dahylly?

Jogap: Olaryň ikisi hem «hal» düşünjesine degişlidir. «Seýrek» jisimiň bölekleriniň biri-birinden ýerleşmek babatda daşlaşandyklaryny aňladýar. Ol bölekleriň arasynda başga bir jisimiň böleklerini hem tapmak bolýar. «Dykyz» düşünjesi munuň tersine

---

[1] Gurhanyň 72-nji («Ïyn») süresiniň 1-nji aýaty.

[2] مَقُولَة Makula – düşünje, kategoriýa.

bolup, jisimiň bölekleriniň biri-birine ýerleşmek babatda ýakynlaşanlyklaryny aňladýar.

**Altynjy sowal.** «Büdür-südür» we «ýylmanak» düşünjeleri näme we olar haýsy düşünjelere degişli?

Jogap: Olaryň ikisi hem hal düşünjesine degişlidir. Bu iki düşünjäniň ikisi hem üstki bölekleriniň tutýan belli bir halyny[1] aňladýar. Meselem, «büdür-südür» düşünjesi üstki bölekleriň ýokarda hem, aşakda hem ýerleşmeýändigini,[2] «ýylmanak» düşünjesi bolsa üstki bölekleriň ýokary çykmaýandygyny aňladýar.

Ýe**dinji sowal.** «Gatylyk» we «ýumşaklyk» düşünjesine haýsy dykyzlyk degişli?

Jogap: Dykyzlygyň bölekleriniň arasynda belli bir kanunlara laýyklykda özara birleşme we bitişme ýüze çyksa, onda jisimde gatylyk döreýär. Eger bu böleklerde birleşme hem, belli kanunlar hem ýok bolsa, onda jisimde ýumşaklyk döreýär. Gatylyga yzy kyn kabul etmek we ony tiz döretmek, ýumşaklygy bolsa yzy ýeňillik bilen kabul etmek we ony kynlyk bilen döretmek mahsusdyr.

**Sekizinji sowal.** Huş ýagşymy ýa-da akyl?

Jogap: Akyl ýagşydyr. Çünki huşuň işi köplenç sözlerde bolýar, ýagny ol işini hususy we şahsy maksatlara gönükdirýär. Ýöne onuň beýle işi galapyn maksatlara getirmeýär we olar kanagatlanma we peýda bermeýär. Netijede, ynsan maksadyna ýetmeýär we ol

---

[1] وَضْعُ اَجْزَاءِ سَطْح Waz‘u ejza’i sath – üstki bölekleriniň haly, ýagdaýy.

[2] مَا لا رُفِعَ وَ مَا لا حُفِضَ Mä lä rufi‘a we lä hufiza – ýokarda hem, aşakda hem ýerleşmeýän zat, ýagny ýokary göterilmedik hem aşak çökmedik zat.

göýä biderek wagt geçiren ýaly bolýar. Akyl bolsa munuň tersine, umumy düşünjeleri we esaslary gollanma edinýär. Onuň işi kesgitlenilýär, çäklendirilýär we umumylyga ýöriteleşdirilýär. Kim akylyň işine ymtylsa, onda ol baý netije alýar. Adama iş ýöretmek usuly babatda netije çykarmak, tertibe salmak we netijelere garamak mahsusdyr. Eger adamyň hemme zada ýetmekdäki ynamy hususy zatlara esaslansa, onda onuň huşy ýalňyşmakdan we azaşmakdan mahrum däldir. Çünki zatlary tapawutlandyryjy alamatlar islendik jähetden deň we meňzeş däldir. Şeýle hem onuň iş salyşýan we huşunda saklaýan zatlarynyň bir görnüşe degişli bolmazlygy hem mümkindir. Eger onuň bir zat babatda düşünjesi umumy bolsa, onda ol umumy netijeleri çykarar we bir zady beýleki zada degişli eder. Bu ýerden akylyň huşdan ýagşylygy aýandyr.

**Dokuzynjy sowal.** Älem ýok bolujymy ýa-da pany däl? Eger ol baky bolsa, onuň döremegi we ýok bolmagy beýleki jisimleriň döremegi we ýok bolmagy ýalymy? Onuň döremegi we ýok bolmagy nähili bolup geçýär?

Jogap: «Döremek» düşünjesi sözüň hakyky manysynda düzülmegi ýa-da şoňa meňzeş düşünjäni, «ýok bolmak» bolsa bozulmagy ýa-da şoňa meňzeş düşünjäni aňladýar. Bu mesele «döremek» sözüniň ýerine «jemlenmek» sözüni we «ýok bolmak» sözüniň ýerine «aýyrylmak» sözüni ulanmak bilen aňsat çözülýär.

**Onunjy sowal.** Köp böleklerden döreýän zat özüniň düzülmegi üçin köp wagty talap edýär. Şeýle hem köp böleklere bölünýän zat özüniň bölünmegi üçin köp wagty talap edýär. Az böleklerden düzülmek üçin az wagt gerek bolýar. Iň az wagt zatlaryň iki bölekden düzülmegi ýa-da olaryň iki bölege bölünmegi üçin gerekdir.

Bir bölekden ybarat zat düzülmäge we bölünmäge mätäç däldir.

Düzülmek we dargamak diňe wagt jähetden bolup geçýär. Wagt başlangyçdyr. Wagtyň başlangyjy öz gezeginde düýbünden ýeke-täkdir. Diýmek, zadyň başlangyjy zadyň özünden başga haýsydyr bir zatdyr.

Iki başlangyçda bolup geçýän düzülmek we dargamak diňe arassa pursatda[1] ýüze çykýar. Iki bölekden köp zatda bolup geçýän düzülmek we dargamak wagtyň içinde ýüze çykýar. Bu wagtyň dowamlylygy ýa-da gysgalygy bölekleriň sanyna baglydyr.

Älemiň bölekleri haýwanlar, ösümlikler we şulara meňzeş zatlardyr. Olar ikiden köp zatdan dörän zatlardyr. Diýmek, olaryň döremekleri we dargamaklary belli wagtyň dowamynda özleriniň böleklerinde we başlangyçlarynda bolan göwrüme görä ýüze çykýar.

[1] اَلزَمَانُ المحْضُ Az-zaman al-fahs – arassa pursat, ýagny düzülmegiň ýa-da dargamagyň bolup geçýän arassa wagty.

Ýöne hemme älem öz mazmunynda diňe iki bölekden, ýagny oňa aýratyn mahsus bolan maddadan we şekilden ybaratdyr. Şonuň üçin älemiň döremegi öňde beýan edişimiz ýaly göz açyp-ýumasy salymda we wagtdan daşarda bolup geçdi. Şunuň ýaly-da älemiň ýok bolmagy wagtdan daşarda bolup geçýär. Döremeklik mahsus bolan hemme zatlaryň şeksiz ýok boljakdyklary aýandyr. Şeýlelikde, biz älemiň öz jeminde döreýän we üýtgeýän zatdygyny düşündirdik. Ýöne onuň döremegi we ýok bolmagy wagtdan daşarda bolup geçýär. Emma älemiň bölekleri munuň tersine wagt içinde döreýär we ýok bolýar. Allatagala (goý, Oňa taryplar bolsun!) ýekedir, hakykydyr we hemme zady ýaradyjydyr. Onda döremek hem ýok bolmak hem ýokdur.

**On birinji sowal.** Umumy zatlar nähili bar bolýar?

Jogap: Bir zadyň hakykatda bar bolmagy bilen bar bolýan hemme zatlar ikinji bir zat üçin hem bardyr. Diýmek, olaryň tötänlikler bilen baglanyşykly barlyklary bardyr.

Umumy zatlar, ýagny köptaraply aýratynlyklary bolan zatlar ýeke zatlaryň bar bolmaklary sebäpli bar bolýar. Şonuň üçin olaryň bar bolmaklary tötänlikler bilen baglanyşyklydyr. Ýöne men bu mazmunda köp-taraply aýratynlyklary bolan zatlaryň özleriniň tötänlikleriniň bolýandyklaryny göz öňünde tutýaryn. Bu ýerden umumy mazmundaky düşünjeleriň hem tötänliklerdir. Şonuň üçin men diňe: «Olaryň hakyky

barlyklary tötänlikler bilen baglanyşyklydyr» diýip tassyklaýaryn.

**On ikinji sowal.** «Nähili?» düşünjesi we öňde agzalan «Nähili?» düşünjesi şol bir zatlarmy ýa-da aýry-aýry zatlar? Eger olar şol bir zatlar bolsa, onda näme üçin olar bir ýagdaýda düşüjäniň özi üçin, ýene bir ýagdaýda düşünjä degişli zat üçin ulanylýar?

Jogap: Olaryň ikisiniň hem düşünjelerde umumy bölegi bardyr. Ýöne olar düşünjelerde biri-birinden tapawutlanýarlar. Umumy bölek – olaryň tötänliklerdäki umumy at[1] görnüşindäki ülüşleridir. Olaryň düşünjelerdäki tapawudyny Arastu «Düşünjeler»[2] («Katyguryýas») atly kitabynda beýan etdi. Ol bu ýerde «nähili?» diýen düşünjäni beýan edýär, şeýle hem hil barada çykaran birnäçe netijesini berýär. Soňra ol düşündirişini dowam etdirip, şeýle diýýär: «Mazmuna hal düşünjesi babatda umumylyk mahsusdyr. Meselem, rahatlyk şunuň ýalydyr. Rahatlyk şekile gapma-garşy mazmunyň ýoklugyndan başlaýar we şekili kabul edip, özüniň ýoklugyny terk edýär». Ol şeýle mazmunyň nähili güýç bilen baglanyşykly haldan işjeň hala geçýändiginiň gysgaça beýanyny berýär. Rahatlyk haly özgermäge sezewardyr. Şekilde özgerme bar bolsa ýa-da özgermede şekil bar bolsa, onda şekil

---

[1] اِسمٌ مُشتَرِكٌ Ismun müşterik – umumy at, ortak at, omonim.

[2] قاطيغورياس «Katyguryýas» bu söz «kategorias» diýen latyn sözüniň arapçalaşan görnüşidir. Onuň «tassyklama» diýen manysy bar. Pelsepe ylmynda ol zatlaryň has mahsus düşünjelerini aňladýan adalga hökmünde ulanylýar. Biz bu adalgany türkmen dilinde «düşünje» diýen söz bilen berýäris.

barlyga eýedir we ol «özgermäge degişli hil» diýip, tiz ýok bolýan hil bolsa «özgerme» diýlip atlandyrylýar.

Arastu bu usulyň köp zatlar üçin umumydygyny ýüze çykarypdyr we bu usulyň umumylyk arkaly ýokary görnüşdigini kesgitläpdir. Ol özgermegi hile degişli etdi. Çünki özgermäge degişli hil hiliň bir görnüşidir.

**On üçünji sowal.** Iki manyly atlar näme?

Jogap: Atlar iki görnüşe bölünýär. Birinji görnüş: işleri atlandyrýan, ýöne manylaryň birini aňlatmak göz öňünde tutulmaýan mälim atlar. Olar umumy we sazlaşýan atlardyr. Ikinji görnüş: işleri atlandyrýan we mälim manylary aňlatmak göz öňünde tutulýan atlar.

Ikinji görnüş atlar hem öz gezeginde iki topara bölünýär: Birinji topar. Mälim manyly işleri atlandyrýan, ýöne beýle atlandyrylmalar bilen bu manyda öň hem, soň hem gelmeýän atlar. Ikinji topar. Mälim manyly işleri atlandyrýan, ýöne beýle atlandyrylmalar bilen bu manyda öň hem, soň hem gelýän atlar. Ine, iki manyly atlar şeýledir. Meselem, mazmuny we tötänligi, güýji we işi, gadagan etmegi we buýurmagy we şulara meňzeş manylary aňladýan atlar.

**On dördünji sowal.** Tötänlik «öň» we «soň» diýen düşünjelerde umumy görnüşlere nähili düşünje berýär?

Jogap: «Näçe?» we «nähili?» diýen düşünjeler mazmunlary boýunça tötänliklerdir. Tötänlikler özleriniň beýle düşünjelerini kesgitlemekde mazmunlaryna mätäçdir. Ýöne mazmun kesgitlenende

ýa-ha mazmun bilen mazmunyň arasynda, tötänlik bilen tötänligiň arasynda ýa-da mazmun bilen tötänligiň arasynda gatnaşyk bolup biler. Beýle ýagdaýda gatnaşygyň mazmunyny kesgitlemekde bir mazmun ýa-da bir zat däl-de, eýsem birnäçe zat gereklidir.

Zada öz mazmunyny kesgitlemek üçin başga zadyň mazmunyny kesgitlemäge görä zatlaryň az mukdary gerekli bolýar. Mazmunyny saklamak üçin başga zatlara mätäç zada zatlaryň köp mukdary zerur.

**On bäşinji sowal.** Mazmuna nähili düşünje berilýär we mazmun «öň» we «soň» düşünjeleri jähetden näme?

Jogap: Ilkinji mazmunlar ýa-da şahslar[1] barlyklarynda özlerinden başga hiç zada mätäç däldirler. Ikinji mazmunlar, meselem jynslar we görnüşler barlyklarynda şahslara mätäç bolýarlar. Diýmek «mazmun» düşünjesi şahslardan öň gelýär. Ol umumy düşünjelere garanyňda «mazmun» diýlip atlandyrylmaga has mynasypdyr.

Netije çykarmagyň başga usuly şeýledir, ýagny mazmunlaryň umumy düşünjeleri hemişelik we hakykydyr. Şahslar bolsa üýtgeýärler we ýok bolýarlar. Şonuň üçin mazmunlar şahslara garanyňda «mazmunlar» diýlip atlandyrylmaga has mynasypdyr.

[1] اَلاشْخَاصُ Al-aşhas – şahslar, ýagny agzalar. Bu ýerde barlyklaryň agzalary.

Iki usulda hem mazmunyň «öň» we «soň» düşünjelerine täsir edýändigi düşnüklidir. Şonuň üçin «mazmun» sözi iki manyly sözdür.

**On altynjy sowal.** Her bir netije üçin başlangyçlar nähili döredilýär? Olary nähili usul bilen tapmaly we bu işde nämä üns bermeli?

Jogap: Her bir netijede düşünje we mowzuk bardyr. Olar iki sany gapma-garşylykdyr ýa-da netijäniň iki sany bölegidir. Zatlar baradaky düşünjeler zadyň jynsy, tapawudy, häsiýetlendirmesi, tötänligi, çägi, alamaty we nämedigi ýaly ýedi bölege bölünýär.

Şu ýedi sany bölek zatlara degişlidir. Olaryň birleşmeginden ýigrimi sekiz sany sazlaşyk döreýär. Soňra olardan iki sany sazlaşyk aýrylyp taşlanýar. Çünki bu iki sazlaşyk inkär ediji umumy tassyklamadyr. Eger ol ikisi zyňylmasa, onda olar gaýtalanardy. Şeýlelikde, ýigrimi alty sany sazlaşyk galýar. Olar düşünjäniň düşünjesi şahsyň düşünjesi bilen ýa-da düşünjäniň şahsy düşünjäniň düşünjesi bilen ýa-da düşünjäniň düşünjesi şahsyň şahsy bilen ýa-da düşünjäniň şahsy şahsyň şahsy bilen baglanyşykda bolar ýaly ýüze çykýar.

Eger netijäniň şahsy bu görnüşleriň biri bolsa, onda şahsyň şahsy bilen hataryny emele getirýär. Çünki ol ýeke zatlardan ybaratdyr. Pelsepeçiler bu ýagdaý barada az söz açýarlar.

Eger aň ýetirmäniň şahsy onuň ýeke zady bolsa, onda ony görnüşe geçirmelidir. Eger ol bu görnüşe geçse, onda ikinji şekiliň ulanylmalydygy ýa-da ikinji

keşbiň şekili bolan zadyň ulanylmalydygy aýan bolýar. Eger düşünjäniň we netijäniň düşünjesiniň tapawudyna garalsa, onda ol ikinji şekildir. Inkär ediji we tassyklaýjy hususy netijeler barada aýdylanda hem ýagdaý şunuň ýalydyr. Munuň özi üçünji şekilde ýa-da şekili üçünji şekil bolan şekilde ýüze çykýar. Eger ýagdaý şeýle bolmasa, onda iki şekil hiç hili ulanylmazdy. Akyldar Arastu dört sany netijäniň, ýagny tassyklaýjy umumy netijäniň we tassyklaýjy hususy netijäniň, inkär ediji hususy netijäniň we inkär ediji umumy netijäniň bardygyny belleýär.

**On ýedinji sowal.** «Adam barlykdyr» diýen sözlem düşünjemi ýa-da düşünje däl?

Jogap: Bu mesele[1] gadymy we olardan soňky pelsepeçileriň arasynda jedel mowzugyna degişli meseledir. Olaryň biri: «Bu sözlemiň düşünjesi ýokdur» diýýär, beýleki birleri bolsa onuň düşünjesiniň bardygyny tassyklaýarlar. Meniň pikirime görä, bu iki netijäniň ikisi hem dürsdür. Ýöne olaryň dürslügi belli bir nukdaýnazar bilen baglanyşyklydyr. Diňe üýtgeýän hallary öwrenýän tebigat öwrenijiniň pikirine görä, bu sözlemiň düşünjesi ýokdur. Çünki zatlaryň barlygy zadyň özi bolan haýsydyr bir zatdyr, düşünje bolsa, bu ýerde barlyk ýa-da ýokluk barada kanagatlanarly pikir bermelidir. Beýle nukdaýnazardan garalýan bu sözlemiň düşünjesi ýokdur. Eger bu sözleme mantyk alymy garasa, onda ol ony iki sany özara baglanyşykly

[1] قَضِيَة Kazyýýa – mesele, ýunança «problema».

aňlatmadan düzülen sözlem hökmünde derňär. Beýle ýagdaýda aňlatma hakyky ýa-da hakyky däl bolup biler. Beýle nukdaýnazardan garalsa, bu sözlemiň düşünjesi bardyr. Şeýlelikde, iki pikir hem dürsdür. Ýöne olaryň her biri belli bir nukdaýnazardan dürsdür.

**On sekizinji sowal.** Gapma-garşylyklar hakynda. Ak reňk gara reňkiň ýoklugymy ýa-da bu beýle däl?

Jogap: Aklyk garalygyň barlygyny aňlatmaýar. Islendik gapma-garşylyk özüniň gapma-garşylygynyň ýoklugy däldir. Ýöne gapma-garşylyklaryň islendik birinde beýlekisiniň ýoklugy goýlandyr. Çünki jisim bir gapma-garşylykdan beýleki gapma-garşylyga geçýär.

**On dokuzynjy sowal.** «Özgerme» we «hereket» düşünjeleri barada. Sowal: Eger bu iki düşünjäniň biriniň beýlekisiz bar bolmagy mümkin däl bolsa, ýagny hereketi özgerme bilen baglanyşyksyz göz öňüne getirip bolmasa, onda olar «gatnaşyk» düşünjesine degişlimi ýa-da degişli däl?

Jogap: Ýok. Her bir zat iki zadyň biri-birine gatnaşykda bolmagy üçin hökman bar bolmaýar. Meselem, öýkensiz dem alynmaýar, gündiz gün dogandan soň düşýär. Mazmunsyz tötänlik, dilsiz bolsa söz ýokdur.

Ýöne bu zatlaryň hemmesi «gatnaşyk» düşünjesine däl-de, eýsem hökmany netijä degişlidir. Hökmany netijäniň bir bölegi tötänlige, beýleki bölegi bolsa mazmuna degişlidir. Meselem, gündiziň barlygy mazmun jähetden günüň dogmagy bilen baglanyşyklydyr.

Ýöne Zeýt gidende, Amryň gelmegi tötänlik bilen baglanyşyklydyr. Şeýle hem bu ýerde hökmanylygyň kämilligi we kämil dälligi bilen baglanyşykly hökmanylyk bar.

Kämillik bilen baglanyşykly hökmanylyk – bir zadyň başga zat arkaly[1], ol başga zadyň bolsa ýene birinji barlyk arkaly bar bolmagydyr. Olaryň ikisi hem biri-biriniň üstüni ýetirýär. Meselem, kaka we ogul, iki we ýarym. Ýöne degişlilik bilen baglanyşykly hökmanylyk haýsydyr bir zadyň başga zat arkaly bar bolmagyna garamazdan, birinji barlyk ikinji barlyga mätäç däldir. Meselem, birlik we ikilik. Ikilik birliksiz bar bolup bilmeýär. Ýöne birlik bar bolsa hem ikiligiň bar bolmazlygy mümkindir.

**Ýigriminji sowal.** «Hereket» düşünjesi we «özgerme» düşünjesi biri-birine hökmany ýagdaýda degişli edilýärmi? Olaryň biri bar bolsa, onda beýlekisi hem bar bolmalymy?

Jogap: Ýok. Çünki biz köplenç herekete özgermesiz gabat gelýäris. Beýle hal olardan täsiri kabul etmelisiniň beýlekisiniň täsirini kabul etmedik ýagdaýynda ýüze çykýar. Ýöne özgerme bar bolsa, onda hereket hem bardyr.

Ýene şeýle sowal berýärler: Näme üçin akyldar[2] ol ikisini bir düşünjä birleşdirmän, tersine olary iki sany

---

[1] وُجُودُ شَيْءٍ بِوُجُودِ شَيْءٍ آخَر Wujud aş-şeý’in bi wujud aş-şeý’in ahar – bir zadyň başga zat arkaly bar bolmagy.

[2] Bu ýerde akyldar diýlip Arastu göz öňünde tutulýar.

beýik sada görnüşe[1] böldi? Eger «hereket» düşünjesi şeýle bolsa, onda ol täsire sezewar dälmi?

Jogap: On sany düşünje biri-birine degişli edilse, onda olaryň islendigi sada düşünjä degişli däldir. Çünki düşünje özündäki ýa-da özünden daşardaky düşünje jähetden başga düşünjä degişlidir. On sany aýratynlykdan diňe dört sany düşünje, ýagny «mazmun», «näçe?», «nähili?», «hal» düşünjeleri sada düşünjelerdir. Muňa gapma-garşy «haçan?», «nirede?», «eýe bolmak» düşünjeleri «mazmun» düşünjesi bilen başga düşünjäniň arasynda ýerleşýär. Bu düşünjeler biri-biri bilen doly ýa-da bölekleýin sazlaşýarlar. Ýöne «gatnaşyk» düşünjesi on düşünjäniň diňe ikisiniň arasynda ýa-da iki düşünjäniň biriniň arasynda ýüze çykýar. Şonuň üçin bu düşünje dürli düşünjeleriň bir ýa-da birnäçe gatnaşyklaryna degişlidir. Arastu beýle ýagdaý barada başgaça söz aýdýar. Bolmasa, oňa gatnaşygyň aýratynlygyň bir görnüşidigini düşündirmek gerek bolardy. Ol munuň tersine gatnaşygyň hemme görnüşlerde ýüze çykýandygyny belleýär.

**Ýigrimi birinji sowal.** «Gatnaşyk» düşünjesi mazmun bilen baglanyşykly görnüşlere bölünýärmi ýa-da bölünmeýär? Eger ol beýle toparlara bölünýän bolsa, onda olar haýsylar? Biri beýlekisine barmaýan mazmunlar toparyny ب «b» harpy bilen, biri beýlekisine barýan mazmunlar toparyny ا «a» harpy bilen,

[1] جِنْسَيْن عَالِيَيْن بَسِيطَيْن Jinseýni aliýeýni basytaýni – iki sany beýik sada görnüş.

başga mazmuna baryp, emma onda galmaýan mazmunlar toparyny د «d» harpy we başga mazmuna baryp, onda galýan mazmunlar toparyny bolsa ذ «z» harpy bilen belläliň. Şeýle bölünişde görnüşler sözüň üsti bilen däl-de, eýsem düşünjäniň üsti bilen ýüze çykýar.

Jogap: Bu ýerde sanalan görnüşler käbir adamlaryň «gatnaşyk» düşünjesiniň görnüşleri barada çaklaýyşlary ýaly döremeýär. Şeýle hem hil düşünjesi[1] «Düşünjeler» («Katyguryýas») atly kitapda beýan edilşi ýaly, dört sany düşünjä, ýagny hal düşünjesine,[2] eýe bolmak düşünjesine,[3] güýç[4] we güýçsüzlik düşünjesine,[5] , hala we şekile özgermek we olara özgermezlik düşünjesine bölünmeýär. «Näçe?» düşünjesine beýleki düşünjelerde berilýän zatlara bölünmek, ýagny sana, wagta, üste, çyzyga we giňişlige bölünmek mahsus däldir. Çünki görnüşleriň hallary özara tapawudyň döremegi arkaly üýtgeýär.

Jyns bolsa dogry bölünişde diňe iki görnüşe bölünýär. Soňra iki görnüşiň her biri başga iki bölege bölünýär. Bu iş şunuň ýaly usul bilen tä görnüşiň bir görnüşine barýança dowam edýär. Ol bölekler bolsa her bir aýratyn düşünjäniň sanawyna girýär. Olar ikiden köpdür. «Gatnaşyk» düşünjesiniň bölünmegi

---

[1] اَلكَـيْـفُ Al-keýfe – «hil» düşünjesi.

[2] اَلحَـالُ Al-hal – «hal» düşünjesi.

[3] اَلمِلْـكَـة Al-milke – «eýe bolmak» düşünjesi.

[4] اَلقُـوة Al-kuwwa – «güýç» düşünjesi.

[5] اَللاقُـوة Al-lä kuwwat – «güýçsüzlik» düşünjesi.

barada şeýle söz aýdylsa ýagşy bolar: «Gatnaşyk birnäçe düşünjäniň görnüşleriniň arasynda döreýär». Ýöne beýle ýagdaýda görnüşleriň gatnaşygyny ýokarda görkezilen usul bilen we görnüşleri döredýän tapawutlaryň sanawyny bermek bilen derňemek mümkin däldir. Biz beýle tapawutlary özümiziň «Düşünjeler» atly kitaba ýazan şerhimizde beýan edipdik.

**Ýigrimi ikinji sowal.** «Hereket» düşünjesiniň kesgitlemesi nähili?

Jogap: Hereketiň kesgitlemesi ýokdur. Çünki ol göçme manyly sözlere degişlidir. Hereketiň üsti bilen mekanyň üýtgemegi hem, döremekde we ýok bolmakda bir haldan başga hala geçmek hem aňladylýar. Ýöne şeýle hem güýç bilen baglanyşykly haldan işjeň hala geçmegi hem aňlatmak mümkin. Ýene: «Hereket umumy manyly sözlere degişlimi ýa-da ol köp manyly sözlere degişli, ýa-da akyldar Arastuwyň «Düşünjeler» («Al-makulat») atly kitabynda beýan edýän alty sany düşünjesiniň jynsymy? Eger jyns bilen baglanyşykly bolsa, onda ol beýik düşünjä degişli bolmazmy?

Jogap: «Hereket» sözi köpmanyly sözlere degişlidir. Çünki başga sözlere garanyňda haýsydyr bir beýleki düşünjelere, şeýle hem «öň» we «soň» düşünjelerine mätäç däldigi babatda «köpmanyly

sözler»[1] diýlip atlandyrylmaga has haklydyr. Şeýle «hereket» düşünjesi mekan jähetden hem, haly özgertmek jähetden hem has hukukly ulanylýar. Akyldar özgermäniň mazmunyndaky hiliň artmak we peselmek tarapa üýtgemegini kesgitleýär. Bu iki üýtgeme mazmunyň özüniň «näçe?» düşünjesiniň çäginde bolup geçýär. Ol şeýle hem mekanyň üýtgemegini we mazmunyň öz mekanynda üýtgemegini kesgitleýär, üýtgemegi ýokarda sanalan düşünjelere degişli edýär we olary bir düşünje bilen «hereket» diýip atlandyrýar. Şeýlelikde, mekanyň üýtgemegi «hereket» diýlip atlandyrylmaga has mynasypdyr we hereket oňa öňden hemradyr. Diýmek, hereket «öň» we «soň» düşünjelerinde aýdylan pikire tabyn atdyr. Ýöne hereket oňa tabyn jyns däldir. Çünki onuň bir bölegi «nähili?» düşünjesine, beýleki bölegi bolsa «nirede?» düşünjesine degişlidir. Bu üç jynsy öz içine alýan hiç bir jyns ýokdur.

**Ýigrimi üçünji sowal.** «Deňeşdirme barada kitap» («Kitab al-kyýas») atly eserde ulanylýan «düşünje» we «mowzuk» diýen atlar näme?

Jogap: Olaryň ikisi hem göçme atlara degişlidir. Pelsepeçiler jisimiň bir böleginiň ilki döreýändigini, beýleki böleginiň bolsa bu bölekde döreýändigini nygtaýarlar. Olar bu sebäpden bu düşünjäni öz sungatlaryna girizdiler we ony «mowzuk» diýip, oňa

---

[1] اَلاسْمَاءُ المَعَانِى السِعَةِ Al-esma al-ma‘ani as-si‘a – köp (giň) manyly atlar.

degişli tötänligi bolsa «düşünje» diýip atlandyrdylar. Olar mantyk sungatyny esaslandyranlarynda çykarylan netijäniň mowzuk bilen we oňa degişli many bilen meňzeşdigini bildiler we mowzuk, tötänlik barada oýlanmazdan olara «mowzuk» we «düşünje» diýip at berdiler. Olar bu iki düşünjäni käwagt «mowzuk», käwagt bolsa «tötänlik» diýip hem atlandyrýarlar. Mantykda netije we garalýan zat «mowzuk», «düşünje» sözleriniň üsti bilen düşündirilýär.

**Ýigrimi dördünji sowal.** Düşünjelerdäki tapawutlar jynsa we görnüşe degişlimi, olar jynsdan we görnüşden daşarda ýerleşýärmi ýa-da olar başga düşünjä degişlimi?

Jogap: Tapawut her jynsa, her görnüşe, şol jynsa we şol görnüşe degişli böleklere bölünýär. Käwagt seniň aňyňa tapawudyň öz jynsynyň düşünjesinden başga düşünjä degişlidigi baradaky pikiri guýýandyrlar. Meselem, saňa mazmun barada täsirli we akylyňa ornaşyjy söz açýandyrlar. Sen beýle ýagdaýda mazmunda iki sany tapawut bar diýip oýlanýansyň. Ýöne olar iki sany tötänlikli mazmundyr. Ýagdaý seniň oýlanyşyňdan düýbünden başga hilidir. Çünki bu ýerde tapawut duýgy bilen we akyl bilen baglanyşyklydyr. Ýöne ol akylly we duýujy bolup bilmez.

Käbir adamlar «Duýgy we akyl bilen baglanyşykly zadyň iki görnüşi bar» diýip oýlaýarlar. Ýöne hakykatda iş beýle däldir. Tersine bu şol bir görnüşdir. Ol duýujy, janly we akylly jisimdir. Eger janly we akylly görnüşi «akylly» diýen bir at bilen aňladylsa,

onda haýsydyr meniň görkezişim ýaly ýagdaý bolup geçýär: Adam görnüşleriň birini bilse, onda ol görnüş baradaky düşünjesini aýtmaga meýilli bolýar we bitin zady diňe bölekleri bilen aňladýar. Çünki tapawutda tapýan zadymyz bu görnüşi döredýär. Beýle tapawut iki manyly zada degişlidir.

**Ýigrimi bäşinji sowal.** «Deň» we «deň däl» düşünjeleri «näçe?» düşünjesine, «meňzeş» we «meňzeş däl» düşünjeleri «nähili?» düşünjesine mahsusmy?

Jogap: Meniň pikirime görä, bu aňlatmalaryň hemmesi «näçe?» we «nähili?» düşünjeleriniň birine mahsusdyr. Çünki mahsus zat, meselem, gülmek, oturmak we şulara meňzeş zatlar ýaly diňe bir zatdyr. Biz haýsydyr bir zadyň mazmunyny düzýän mahsus bir zady «häsiýetlendirme» diýip atlandyrýarys. Diýmek, «deň» we «deň däl» düşünjeleri «näçe?» düşünjesine, «meňzeş» we «meňzeş däl» düşünjeleri bolsa «nähili?» düşünjesine mahsusdyr. Biziň «meňzeş we meňzeş däl» diýen umumy aňlatmamyz «nähili?» düşünjesi üçin häsiýetlendirme bolar.

**Ýigrimi altynjy sowal.** «Eýe bolmak» düşünjesi barada näme aýtmak bolar? Onuň häsiýetlendirmesi nähili? «Eýe bolmak» düşünjesi bölekde we bitinde özgermek sebäpli mekandan üýtgemäge laýyk zat bilen mazmunyň arasyndaky gatnaşygy aňladýar. Munuň özi düşünjä degişli hemme zady umumylaşdyrýan dürs düşünjemi ýa-da däl?

Jogap: Bu dürs häsiýetlendirmedir. Eger: «Onuň ylmy, sesi we reňki bar» diýilse, bu at onuň üçin umumy at bolar. «Umumy barlygyň» üsti bilen her bir zat mazmuna eýedir. Diýmek, «eýe bolmak» düşünjesi olaryň üstünden hökümini ýöredýär. Bu düşünje mazmun bilen bitinde we bölekde mazmuna laýyk zadyň arasyndaky gatnaşygy aňladýar. Meselem, ýüzük, köwüş, eşik. Diýmek, «eýe bolmak» düşünjesi «nirede?», «haçan?» düşünjeleri jähetden iki zadyň arasynda döreýän jynsa degişlidir.

«Eýe bolmak» düşünjesi, ýagny sesiň, ylmyň we reňkiň bar bolmagy «nähili?» ýa-da şuňa meňzeş başga bir düşünjä degişlidir.

Akyldar barlygyň mazmunyny derňeýär we barlygyň öz mazmunynda bar mazmuny anyklaýar. Bu mazmun tötänlikler bilen birleşýär, soňra ol ikisi birinji mazmuny bilelikde taşlaýarlar. Birinji mazmun özbaşdak barlygyny dowam etdirýär. Akyldar ikinji barlygy «tötänlikleri ýaýradyjy» diýip kesgitleýär. Mundan soň ol tötänlikleri derňeýär we olaryň sanyny anyklaýar. Ol mazmunlaryň sanynyň näçedigini hem kesgitleýär. Ol bu mazmuna «näçe?» diýen düşünjäni berýär.

Soňra ol mazmunyň başga hallara üýtgeýän hallarynyň bardygyny anyklaýar. Meselem, ol mazmunlaryň reňkiniň, güýjüniň we häsiýetli aýratynlygynyň bardygyny kesgitleýär. Mazmunyň her bir hadysasy bu ýerde aýdylşy ýaly, başga bir mazmunyň hadysasyna meňzeş ýa-da meňzeş däldir.

Şeýlelikde, ol jynsyň hilini, ýagny onuň «nähili?» düşünje jähetden hilini kesgitleýär we ony mazmun düşünjesine degişli edýär.

Soňra bir mazmunyň başga mazmuna gatnaşygynyň bardygyny, ýagny atlandyryşda we düşünjede gatnaşygynyň bardygyny düşündirýär. Söz aýdylanda bir mazmun bilen başga mazmun baglanyşýar. Birinji mazmuny bilmek bilen ikinji mazmuna geçilýär. Çünki sözde iki mazmun goşulyp, bir mazmuna öwrülýär. Beýle ýagdaýda mazmun sözde aýdylan zada öwrülýär. Beýle ýagdaýa kakasy bilen ogluny, dost bilen egindeşini, hojasy bilen guluny we şulara meňzeş mysallary getirse bolar. Akyldar muny hem jyns hökmünde kesgitleýär we ony düşünjä degişli edýär.

Soňra ol mazmunyň wagty bilen gyzyklanyp, onuň wagt jähetden aýratynlygyny anyklaýar. Biz hem mazmunyň bar bolýan wagtyny görkezýäris. Ol muny hem jyns hökmünde kesgitleýär we ony «haçan» düşünjesi bilen aňladýar.

Soňra akyldar mazmunyň belli mekanda barlykdygyna aň ýetirýär. Ol mazmunyň ýerleşýän mekanyny düşündirýär. Ol muny hem jyns hökmünde kesgitleýär we ony «nirede?» diýen düşünjä degişli edýär.

Soňra ol mazmunyň dürli hallarda bolup bilýändigini kesgitleýär. Ol mazmunyň käbir bölekleriniň onuň gurşap alýan giňişliginde bir halda bolýandygyny, soňra bu bölekleriň mekanynyň üýtgeýändigini, olaryň biri-biri bilen mekanlaryny we

hallaryny çalyşýandyklaryny anyklaýar hem ony jyns hökmünde kesgitläp, ony «hal» düşünjesine degişli edýär.

Soňra ol özbaşdak bir mazmunyň beýleki mazmunlara täsir edýändigini anyklaýar. Bu düşünjäni jynsa degişli edýär we ony «hereket» düşünjesi hökmünde kesgitleýär. Soňra ol mazmunlaryň tutuş ýa-da bölekleýin başga mazmun bilen ýapylýandygyny we mekanyň üýtgemegi bilen mazmunyň hem üýtgeýändigini kesgitleýär. Ol bu düşünjäni jynsa degişli edýär we ony «eýe bolmak» düşünjesine öwürýär. Adamyň elindäki ýüzügiň ýa-da onuň egnindäki eşigiň «degişlilik» düşünjesi jähetden oňa degişlidigine garamazdan, onuň bedenine tutuş ýa-da bölekleýin galtaşýar we mekanyň üýtgemegi bilen özüniň mekanyndan üýtgeýär. Ýöne bu ýagdaý «eýe bolmak» düşünjesine degişli edilýär.

Netijede, düşünjäniň on sany görnüşine hem şunuň ýaly aýratynlyk mahsusdyr.

**Ýigrimi ýedinji sowal.** Zada we onuň gapma-garşylygyna bir wagtda degişli bolan deliller biri-birine täsir etmek babatda deňmi? Delil getirilende zat üçin we onuň gapma-garşylygy üçin güýji we dürslügi boýunça deň delili tapyp bolýarmy ýa-da tapyp bolmaýar?

Jogap: Eger bu sowala sada dil bilen «hawa» ýa-da «ýok» diýip jogap berilse, onda ol jogap dürs bolmaz. Iň dürs jogap – zatlaryň arasyndaky tapawudy anyklamakdyr. Bu ýerde beýle düşünje arkaly zatlaryň

bir görnüşe ýa-da dürli görnüşe degişlidiklerini anyklamaga üns merkezi gönükdirilmelidir.

Netijede, biz şeýle tassyklaýarys: Işler hökmany zatlara we mümkin zatlara bölünýär. Hemme ylymlar bu iki pikire daýanýar we bu iki pikirden ugur alýar. Hemme zat barada pikir aýtmak mümkin zada degişlidir. Pikir aýtmak anyk, hem kanagatlandyryjy zatlara, çaklama we däplere esaslanýar. Bu zatlaryň hemmesi mümkin zadyň çäginden daş çykmaýar. Şonuň üçin delilleriň biri-biri bilen deňdigini tassyklamak ugursyz zatdyr. Deliller deň güýje, dürslüge we özüne çekijilige eýe bolup biler. Bu jähetden delil gapma-garşylygyň peýdasyna deňdir.

Eger ylmyň meseleleri hökmanylyga degişli bolsa, onda olar hökmany zatlara ýa-da hökmany däl zatlara degişlidir. Beýle ýagdaýda pikir aýtmak üçin gerekli bolan delil dürs we täsirlidir. Munuň tersine, gapma-garşylygyň delili esassyz, ýalan we gowşakdyr.

**Ýigrimi sekizinji sowal.** Hyýal adamyň aňynda nähili döreýär we adamyň daşardan kabul eden şekili nähili zadyň hakyky şekiline gabat gelýär?

Jogap: Aňdaky düşünje – adamyň daşardan kabul edýän zatlaryndan ybaratdyr. Soňra akyl zady hyýaldan geçirýär we zadyň şekilini ruhda şöhlelendirýär. Daşardan kabul edilen zatlaryň ruhdaky şekilleri hakykatda bar boluşlaryna doly gabat gelýär. Çünki akyl iň bir ajaýyp zatlaryň biridir. Diýmek, adamyň hyýalyndan geçirýän şekilleri iň ajaýyp şekillerdir.

**Ýigrimi dokuzynjy sowal.** Zatlaryň şekili näçe usul arkaly alynýar?

Jogap: Zatlaryň şekili bilen sazlaşygy üç usul arkaly amala aşýar: 1. Şekiliň duýguda alynmagy arkaly; 2. Şekiliň akylda alynmagy arkaly; 3. Şekiliň jisimde alynmagy arkaly. Muňa otda taplanýan demir mysal bolup biler. Demre oduň şekili, ýagny ýalyn geçýär. Beýle ýagdaý demriň ody kabul edýändigi we demriň oduň eýesi bolýandygy sebäplidir. Demre geçýän şekile şeýle hem oduň düzümindäki başga zatlar girýär.

Zadyň şekili duýgy arkaly şekil bolýandygy sebäpli duýgy bilen sazlaşýar. Ýöne duýgy haýsydyr bir haldaky däl-de, eýsem diňe madda bilen baglanyşykly şekili kabul edýär.

Şekil diňe akyl bilen diňe ol maddadan mahrum halda sazlaşýar. Şekil maddadan mahrum däl hem madda bilen birleşen haldaky we esasda goýlan zat arkaly akyl bilen sazlaşmaýar.

Gysgaça aýdylanda, duýgy bilen baglanyşykly zat pikir bilen baglanyşykly zat däldir. Duýgy bilen baglanyşykly zat diňe akyl bilen baglanyşykly keşplerden düzülýär. Keşpler – zatlaryň hakyky görnüşiniň aňdaky şekillenmesidir.

Jisimiň çägi hökmünde hyýala getirilýän sada çyzyk jisimden daşarda däldir. Tersine, akyl arkaly pikiri edilýän haýsydyr bir zatdyr.

«Zatlaryň şekili akyla girýär we duýgy bilen kabul edilýän zatlar şäriksiz aň ýetirilýär» diýip oýlaýarlar.

Hakykatda ýagdaý beýle däldir. Olaryň arasynda aralyk zatlar bolýar. Munuň özi şeýle bolup geçýär: duýgy duýulýan zady kabul edýär, soňra aňa duýulýan zadyň şekili gelýär. Duýgy şekili aňa ýetirýär we şekil aňda şekillendirilýär. Aň ilki şekile hyýalda şekillenmek ukybyny, soňra bolsa tapawutlandyrmak ukybyny berýär. Tapawutlandyrmak ukyby şekili düzedýär we ony arassalaýar. Bu arassalanan şekil akyla gelýär we onuň mülküne girýär.

**Otuzynjy sowal.** Nämälim däl zatlary kesgitlemek üçin näme we näçe mukdar gerekli?

Jogap: Nämälim zady kesgitlemek üçin hökmany mukdar iki sany mälim zatdyr. Eger anyk garalsa we derňelse, onda nämälim zady ikiden az ýa-da ikiden köp mälim zatlardan ugur almazdan kesgitlemek mümkin däldir. Çünki nämälim zady kesgitlemek üçin üç ýa-da ondan köp zatdan ugur alynsa, onda bu jähetden mälim zadyň biri artykmaç bolar. Diýmek, üç sany mälim zadyň biri taşlanandan soň, nämälim zat iki sany has mälim zat arkaly kesgitlener. Ýa-da üçünji mälim zat beýleki iki mälim zat üçin hökmany netije bolar. Beýle ýagdaýda iki sany has mälim zadyň biri taşlanar we nämälim zat üçin beýleki has mälim zat we üçünji mälim zat galar. Ýöne bir zat özüniň üsti bilen, şeýle hem ol diňe bir zat arkaly anyklanylyp bilinmez.

**Otuz birinji sowal.** Güýç, aýratynlyk we erkin hereketler baradaky düşünje nämeden ybarat?

Jogap: Adamdaky güýçler, aýratynlyklar we erkin hereketler onuň bu dünýäde bar bolmagyna sebäp

bolýan maksada ýetmegine ýardam berýär ýa-da päsgelçilik döredýär. Adamy bu maksatdan gapdala sowýan güýçler, aýratynlyklar we erkin hereketler – şerdir. Adama bu maksada ýetmäge ýardam beýän güýçler, aýratynlyklar we erkin hereketler – haýyrdyr. Ine, ynsan şeriniň we haýrynyň kesgitlemesi şunuň ýalydyr. Arastu «Dilewarlyk» («Al-hytaba») atly kitabynda olaryň ikisine şeýle kesgitleme berýär: Haýyr – ynsanyň öz mazmuny üçin saýlap alýan zadydyr. Haýyr onuň başga zat üçin ileri tutýan zadydyr. Şeýle hem haýyr aň we duýgy mahsus bolan her bir adamyň güýçli islegli zadydyr. Şer bolsa haýyra gapma-garşy zatdyr.

**Otuz ikinji sowal.** Erk bilen ygtyýaryň arasyndaky tapawut nämeden ybarat?

Jogap: Ygtyýar – adamyň saýlap almagy ileri tutýan zadydyr. Erk bolsa munuň tersine, mümkin däl zatlara gönükdirilip bilner. Meselem, ynsan özüniň erkine görä ölmek islemeýär. Erk – ygtyýar bilen deňeşdirilende umumydyr. Çünki her bir ygtyýar hem erkdir. Ýöne her bir erkde ygtyýar ýokdur.

**Otuz üçünji sowal.** Ruh näme?

Jogap: Arastuwyň kesgitlemegine görä, ruh –güýç we işjeňlik bilen baglanyşykly janly hem tebigy jisimi ilkinji maksada ymtyldyryjy kämil mazmundyr.

**Otuz dördünji sowal.** Mazmun näme?

Jogap: Mazmun iki bölege bölünýär: hyýaly mazmun[1] we şekil bilen baglanyşykly mazmun.[2] Jisim hem iki bölege bölünýär: tebigy jisim we emeli jisim. Tebigy jisimler hem iki topara bölünýär: Birinji janly jisimleriň topary, meselem haýwan; ikinji jansyz jisimleriň topary, meselem başlangyçlar. Emeli jisimler, meselem kürsi, eşik we şulara meňzeş zatlardyr.

**Otuz bäşinji sowal.** Madda näme?

Jogap: Madda – hemme barlyklaryň içinde iň beýik we iň ähmiýetli zatdyr. Eger oňa şekili kabul etmek ukyby mahsus bolmasa, onda ol hakyky barlyga eýe bolup bilmezdi we güýç bilen baglanyşyksyz barlyk bolardy. Ýöne madda şekili kabul edip, mazmun bolsa gyzgynlygy, sowugy, gurulygy, çyglylygy kabul edip, başlangyçlara öwrülýär. Soňra başlangyçlardan täze zatlar we düzümler döreýär.

**Otuz altynjy sowal.** Çäkler näme?

Jogap: Çäkleriň her biri gutarnyksyzdyr. Çäk özüniň jeminde – özünden soň mazmuny, zatlary, boşlugy, dolulygy ýok kesgitli zatdyr. Kesgitlilik çäkleriň hakykatdan barlygynyň delilidir. Çünki hakyky bar zat kesgitlidir. Eger kesgitli däl bolsa, onda ol güýç bilen baglanyşykda bar bolardy. Hakykatda bar asman jisimleri «köp» diýen düşünjä ýa-da haýsydyr bir kämillige eýe däldir. Eflatun Sokrat barada şeýle

[1] جَـوْهَـرٌ هُـيُـولانِـى Jewherun huýulani – hyýaly mazmun.
[2] جَـوْهَـرٌ صُورِى Jewherun suri – şekil bilen baglanyşykly mazmun.

ýazypdyr: Sokrat şägirtleriniň aňyny şeýle söz bilen synapdyr: «Eger barlyk kesgitli bar bolmasa, onda ol güýç we işjeňlik bilen baglanyşykda bar bolmazdy».

**Otuz ýedinji sowal.** «Ylym – gapma-garşylyklaryň birini öwrenmekdir» diýen söz dürsmi? Eger bu söz dürs bolsa, onda ol nähili derejede dürs?

Jogap: Bu sowal jedelli meseledir. Jedelli meseleler bolsa galapyn mümkin zatlara degişlidir. Ýöne mümkin zada hemişe birtaraplaýyn garalýar. Hemme taraplaýyn garalýan zat jähetden onuň käbir derejede dürslügi barada netije çykarýarlar. Eger başga tarapdan garalsa, onda bu hem dürsdür. Kim meseläni düşündirmek islese, onda iki gapma-garşylygyň ikisini hem göz öňünde tutmalydyr. Beýle ýagdaýda onuň iki gapma-garşylyk baradaky düşünjesi şol bir düşünje bolmaz. Gara reňk barada bilmek şeýledir: Gara reňki bilmek ak reňkden başga zady bilmekdir. Adalatly zady bilmek adalatsyz zady bilmekdir. Eger gapma-garşylyklaryň birine garalsa, onda onuň özüniň gapma-garşylygyna garşylyklaýyndygy belli bolar. Beýle ýagdaýda oňa garamak haýsydyr bir gatnaşyga görä gönükdirilendir. Çünki gapma-garşylyk özüniň gapma-garşylygynyň garşysynda durýandygy sebäpli degişlilik düşünjesine degişlidir. Degişli zat bolsa şeýledir: degişli edilýän zady we degişli edýän zady bilmek şol bir zatdyr. Çünki olaryň birine beýlekisiz aň ýetirip bolmaýar. Bu jähetden iki gapma-garşylygy bilmek şol bir zatdyr. Käbir adamlar: «Iki gapma-garşylygy bilmek şol bir zatdyr» diýen söz jähetden:

«Iki gapma-garşylygyň birini bilýän kişi olaryň beýlekisini hem bilýändir» diýip oýlaýarlar. Olar öz sözlerinde: «Beýle bilmek hemme zatlary bilmek jähtden deňdir» diýip aýratyn belleýärler.

Eger ol adamlardan: «Siz näme üçin iki gapma-garşylygy bilmek şol bir zatdyr diýip tassyklaýarsyňyz?» diýip soralsa, onda olar: «Iki gapma-garşylygyň arasyndaky tapawut örän uludyr. Has köp tapawutly zat has az tapawutly zat üçin hakyky güýje eýedir» diýip jogap berýärler.

Meniň pikirime görä, ikinji deliller gowşakdyr, birinji deliller bolsa has dürsdür.

**Otuz sekizinji sowal.** «Biri-birine gapma-garşy bolujy» düşünjesi näme?

Jogap: Gapma-garşy iki sany zat şol bir mowzukda, şol bir gatnaşykda we şol bir wagtda bolup bilmeýär. Gapma-garşy zatlar dört hili bolýar: 1. «Kaka we ogul» düşünjesi ýaly düşünjelere degişli edilýän gapma-garşylykly zatlar; 2. «Deň we deň däl» düşünjesine degişli edilýän gapma-garşylykly zatlar; 3. «Eýe bolmak we mahrum bolmak» düşünjesine degişli edilýän gapma-garşylykly zatlar; Meselem, görüş we kör bolmak ýaly. 4. Tassyklama we inkär etme.

**Otuz dokuzynjy sowal.** Umumy mazmunlar näme?

Jogap: Tassyklaýjy we inkär ediji umumy mazmunlar iki topara bölünýär: 1. Mowzuklaryndan mälim bolan mazmunlaryň topary; 2. Mowzugyndan daşarda asla mälim bolmaýan mazmunlaryň topary.

Beýle mazmunlardan daşardaky başga zatlaryň mowzuklary başga mazmunlardyr. Olar tötänlikleriň umumy mazmunlarydyr.

**Kyrkynjy sowal.** Agzalaryň mowzugy näme?

Jogap: Agzalaryň mowzugy iki topara bölünýär: 1. Mowzuklaryndan mälim bolýan we mowzuklaryndan daşardaky zatlardan agzalary mälim bolmaýan topar. Beýle agzalaryň her biri mazmunyň agzasydyr we umumy düşünjedir. Olaryň umumylygy agzalary arkalydyr. Bu agzalar «birinji mazmunlar» diýlip, olaryň umumy düşünjeleri bolsa «ikinji mazmunlar» diýlip atlandyrylýar. Umumy mazmunlar mazmun bolmaga has mynasypdyr. Çünki olar umumy özleriniň düşünjelerine garanyňda has kämil barlykdyr. Olar özleriniň üsti bilen barlyk gazanmak üçin öňden kesgitlenýär. «Öň» düşünjesi barlygynda başga bir gatnaşyga görä bölünmeýän düşünjedir. Çünki ol barlygynda mowzuga mätäç däldir. Sebäbi ol mowzukda ýerleşýär. Toparyň mazmunlary hem mazmunlar bolmaga has mynasypdyr. 2. Mowzugyndan daşarda nämedigi mälim bolmaýan agzalaryň topary. Olar hususy tötänliklerdir. Bu ýerde berilýän tötänlik öňde «Giriş» («Isagujy») atly kitapda berilýän tötänlige görä has umumydyrlar. Çünki bu ýerdäki tötänlik iki görnüşde hem bardyr.

**Kyrk birinji sowal:** Biri-birine gapma-garşy iki manyly netije näme?

Jogap: Biri-birine gapma-garşy netijäniň üç görnüşi bolýar: 1. Iki şahsy netije ýa-da iki sany umumy däl

netije; 2. Iki sany gapma-garşy goýlan netije ýa-da muňa degişli netije; 3. Gapma-garşy ýa-da gapma-garşy däl netije.

Umuman, biri-birine gapma-garşy goýlan netijeler mümkin zada degişlidir. Olara degişli zat düýbünden hakykydyr.

Galan netijeler iki sany gapma-garşy netijeden ybaratdyr. Olar ygtybarlylyk we ygtybarsyzlyk jähetden deň mukdarda ülüşlere bölünendir.

Gapma-garşy tassyklama we inkär etme iki sany gapma-garşy netijä garanyňda has umumydyr. Bu ýerde ygtybarly we ygtybarsyz mazmun ýok wagtynda deň bölünendir.

Şeýle usul bilen «hawa» we «ýok» düşünjeleriniň gapma-garşylyklaryny ýüze çykarmak mümkin. «Hawa» we «ýok» düşünjeleri biri-biri bilen, eger olaryň esaslarynda goýulýan zatlary ýok bolsa, deň dereje özara baglanyşykdadyr. «Hawa» we «ýok» düşünjeleri «Zeýt – ak» we « Zeýt – ak däl» düşünjelerinde, şeýle hem «adam haýwandyr» we «adam haýwan däldir» düşünjelerinde we «bu san deň» we «bu san deň däl» düşünjelerinde bolup biler.

Diýmek, düşünjeleri gapma-garşy netijeler gapma-garşydyr we olar iki ýa-da birnäçe umumy zada eýedir.

«Her bir san täkdir» we «Her bir san jübütdir» diýen tassyklaýjy we inkär ediji aňlatmalar hem bolup biler. Eger tassyklanylýan we inkär edilýän zatlar hakykata laýyk gelse dürs, hakykata laýyk gelmese dürs däldir.

Şeýlelikde, tassyklaýjy düşünjeler bilen baglanyşykly meseleleri gapma-garşylyk hökmünde kabul etmäge hökmanylyk ýokdur. Tersine, ol düşünjeler diňe gapma-garşy tassyklamalardyr.

Şeýle hem netijede gapma-garşy düşünjäniň ýüze çykmagyna hökmanylyk ýokdur. Çünki düşünjäni kabul etmek üçin gerekli esas zerur. Sebäbi tassyklamak we inkär etmek mümkinçiligi biri-birine gapma-garşydyr. Gapma-garşylykdan bolsa degişli netije çykarylýar. Meselem, geometriýada «bu zat uly», «bu zat kiçi» ýa-da «bu zat deň» diýip aýdylýar.

**Kyrk ikinji sowal. «**Arassa däl atlar» näme?

Jogap: «Arassa däl atlaryň» üç görnüşi bolýar: Birinji görnüş: ýokluk manyly atlar, meselem, «ol nadan» we «ol kör». Ikinji görnüş: barlyklardaky bir zady inkär ediji umumy manyly atlar. Beýle ýagdaýda barlykdaky inkär edilýän zat ol barlygyň özünde ýa-da barlygyň jynsynda we görnüşinde bardyr. Özi hem ol inkär edilýän zat hökmany ýa-da mümkin haldadyr. Mysal üçin biz: «san täk däl» diýýäris. Bu gytaklaýyn tassyklamadyr. Üçünji görnüş: ýokarda gürrüňi edilen manylara garanyňda has umumy manylardyr. Beýle ýagdaý barlykda bir zat inkär edilende ýüze çykýar we şol bir wagtda ol zat barlyga tutuşlygyna ýa-da bölekleýin degişli bolmaýar. Meselem, Taňry barada: «Ol zat däldir», asman barada: «Ol agyr hem, ýeňil hem däldir» diýip aýdýarlar.

Biziň çykarýan arassa däl netijämiz hökmany barlyk barada bolmalydyr. Eger bir zat bar bolsa we

onda bir zat inkär edilse, onda onuň güýji gytaklaýyn tassyklamanyň güýjüne eýe bolar we aňlatmada ony gytaklaýyn tassyklama bilen kabul edilýändigi jähetden tapawut bolmaz.

Eger zatlardan bir zat ýüze çyksa, onda ýagdaý ýüze çykmazlygy inkär etmegi talap edýär. Eger inkär etme çykarylan netije sebäpli ýüze çyksa, onda ony üýtgetmek gerekdir. Gytaklaýyn tassyklama bu netije üýtgedilýänçä gereklidir. Eger bizden Sokratyň akyldardygy ýa-da akyldar däldigi soralsa, onda bu sowalyň aňyrsynda onuň akyldar däldigi baradaky düşünjäniň ýatandygy aňlanylýar.

Bu ýerde aýdylan zatlar dykgat bilen derňelen ylmy gözegçilikleriň netijesidir. Olara äsgermezlik bilen garamak işe uly zyýan ýetirýär. Bu sebäpden bu netijä aň ýetirmek üçin köp türgenleşmek gerek. Inkär etme «arassa däl atlara» garanyňda, has umumy häsiýete eýedir. Çünki inkär etme zatlary özlerinde bar we mahsus däl aýratynlyklardan mahrum edýär. «arassa däl at»[1] adyň zat üçin ulanylmagy ony özüne hökmany bolan zatdan aýyrýar. Biz, meselem «bu tikinçi başarjaň we ökde» diýýäris. Ýöne işine ökde däl kişä hem hakykat we ýalan deň derejede mahsusdyr. Çünki inkär etme zady bir zatdan mahrum etmekdir.

«Arassa däl at» munuň tersine, zady özünde hökmany bolmaly zatdan mahrum edýär.

---

[1] Arassa däl at – diňe bir zat aňlatmak üçin ulanylmaýan at, göçme manyly zatlary aňlatmak üçin ulanylýan atlar.

**Kyrk üçünji sowal.** Meňzedilmek näme?

Jogap: Meňzedilmek – bir zadyň özüne meňzeş hususy zatda ýa-da özüne meňzeş mälim barlykda ýüze çykmagy, soňra ol bir zadyň hususy zada geçmegi we oňa özüniň hilini bermegidir.

Beýle ýagdaý iki sany hususy zadyň umumy düşünje bilen gurşalandygy sebäpli bolup geçýär. Umumy düşünje hususy zatlaryň ikisine hem degişlidir. Ýöne umumy düşünje olaryň birinjisinde has anyk we has aýdyň ýüze çykýar. Olaryň ikinjisinde bolsa umumy düşünje aýdyň ýüze çykmaýar. Şeýlelikde, ikinji zat birinji zada meňzedilse, onda birinji zatda meňzeşlik bardyr. Jisim bir zady gurşap alýandyr. Gurşap alýan zat bolsa ýaradylan zatdyr. Diýmek, jisim hem ýaradylan zatdyr, meselem, asman jisimdir. Her jisim ýaradylan zatdyr. Asman hem ýaradylan zatdyr.

Biri-biriniň yzyndan gelýän köp sebäplerden bir netije çykarmak mümkin. Beýle ýagdaý «her jisim çylşyrymlydyr» diýen söze degişlidir. Ýöne her bir çylşyrymly jisime täzeden döräp, jisimden aýrylmaýan zatlar hem degişlidir. Beýle ýagdaýda jisimden hiç haçan aýrylmaýan täzeden dörän zat hiç haçan jisimden, jisim bolsa ol zatdan azat bolup bilmeýär.

Täzeden döremek bilen baglanyşykly her bir zat ondan hiç wagt aýrylmaýar, özünden öň dörän zatdan öň gelip bilmeýär we jisime degişli bolýar. Ýöne täzeden dörän zatdan öň gelip bilmeýän her bir zadyň barlygy beýle zadyň barlygyna laýyk gelýär. Diýmek,

her bir jisime täzäni döredijiniň barlygy bilen laýyk gelýän zadyň barlygy degişlidir. Barlygy täzeden döremek bilen laýyk gelýän zat barada onuň barlygynyň ýoklukdan ýüze çykandygyny aýtsa bolar. Ýöne bu döreýişde ýüze çykýan hemme zatlar barada: «Ol täzeden döredi» diýip aýdýarlar. Diýmek, jisimdigi sebäpden älem hem täzeden dörän zatdyr. Jedel usulynda jisimiň täzeden döremek bilen umumy sebäbiniň bardygyny nygtalýar. Muny umumy sebäbe görä jisimi kesgitlemek üçin edilýär. Bu bolsa sözüň hakyky manysynda meňzeşlikdir.

## SEKIZINJI MAKALA

## ARASTUWYŇ «YLAHYÝET» KITABYNDAKY MAKSATLARYNYŇ BEÝaNY

### Rehimdar we Mähriban Taňrynyň ady bilen!

Ikinji mugallym[1] şeýle aýtdy: Arastuwyň «Ylahyýet baradaky kitap» («Kitab fi mä mä ba‘da at-tabi‘a») atly eseriniň esasynda ýatan mowzugy beýan etmegi we ol kitabyň aýratyn bölümlerini seljermegi niýet edinýäris. Çünki köp adamlarda bu kitap barada esassyz düşünje bar. Eseriň mazmunynda Ýaradyjy, akyl, ruh we bulara degişli meseleler baradaky taglymat, şeýle hem ylahyýet we Taňrynyň birligi baradaky taglymat beýan edilýär. Ylahyýet baradaky taglymat we Taňrynyň birligi baradaky taglymat – bu ikisi şol bir zatdyr diýip hasaplaýarlar.

[1] اَلمـُعـَلـِّمُ الثـَّـانِــى Al-mu‘allim as-sani – ikinji mugallym. ýagny Abu Nasr Faraby. Birinji mugallym – Arastu. Adatça kätipler göçürilýän kitabyň ýazaryny mälim etmek maksady bilen şeýle giriş sözüni getirýärler.

Biz beýle pikir edýän adamlaryň köpüsiniň dogry ýoldan azaşýandyklaryny we ondan başga tarapa gyşarýandyklaryny görýäris. Çünki bu kitabyň «lam» harpy bilen bellenen on birinji bölüminden başga bölümleriniň hemmesi beýle pikirden mahrumdyr. Biz on birinji bölümde bu mesele boýunça başga pikiriň beýan edilýändigini bilýäris.

Biz gadymy pelsepeçileriň bu kitaba ýazan kämil şerhlerini (düşündirişlerini) tapmaýarys. Bizde diňe Isgenderiň[1] «lam» harpy bilen şertli belgilenen[2] on birinji bölüme şerhi we Semistosyň[3] bu bölüme beren şerhi bar. «Ylahyýet» atly kitabyň beýleki bölümleri barada aýdylanda, onda olara şerh berilmändir ýa-da berlen şerhler ýitirilipdir.

Eger Arastuwyň yzyna eýeren has giçki pelsepeçileriň[4] kitaplary barada aýtsak, onda bu kitaba

---

[1] ŸBu ýerde II-III asyrlarda ýaşan we täze eflatunçylyk (neoplatonizm) taglymatyny esaslandyran ýunan pelsepeçi alym Aleksandr Afrodisi göz öňünde tutulýar.

[2] اَلمَرْسُومُ بِحَرْفِ اللام Al-mersum bi harw al-lam – «lam» harpy bilen şertli belgilenen. Faraby bu ýerde Arastuwyň «Ylahyýet baradaky kitap» atly eseriniň latyn elipbiýiniň «lambda» harpy bilen belgilenen on birinji bölümini göz öňünde tutýar. «Lambda» harpy latyn elipbiýinde on birinji harpdyr. Diýmek, bu bölümden öň kitabyň on sany bölümi bar.

[3] Bu ýerde IŇ asyrda ýaşan täze eflatunçylyk (neoplatonizm) taglymatynyň wekili Femistiý göz öňünde tutulýar.

[4] Has giçki pelsepeçiler – bu ýerde «peripatetikleriň mekdebi» diýlip atlandyrylýan pelsepeçi alymlaryň topary göz öňünde tutulýar. «Peripatetikas» sözi ýunança «gezelenç edýän adam» diýmegi aňladýar. Arystuwyň öz şägirtlerine gezelenç edip ýören ýerinde sapak berendigi sebäpli olara şeýle at galypdyr. Bu mekdep Arastu tarapyndan biziň eýýamymyzdan öňki 335-nji ýylda esaslandyrylýar. Gadymy döwrüň uly ylym ojagy bolan bu mekdep müň ýyldan gowrak ýaşaýar.

kämil şerh ýazan Isgender Afrodisä ýüzlenmegimiz gerek. Biziň öz öňümizde goýýan wezipämiz Arastuwyň öz işiniň her bölüminde nähili maksatlary yzarlandygyny düşündirmekden ybaratdyr.[1]

Biz käbir ylymlaryň hususydygyny, beýleki ylymlaryň bolsa umumydygyny tassyklaýarys.

Biz «hususy ylymlar» diýip hususy zatlary derňeýän ylymlary atlandyrýarys. Hususy ylymlar hususy zatlary we olara mahsus bolan tötänlikleri derňemek bilen çäklenýär.

Beýle ýagdaý hususy barlyklary, ýagny jisimdäki hereketi, üýtgemeleri we rahatlyk halyny we jisimiň başlangyçlaryny hem tötänliklerini öwrenýän fizika ylmyna degişlidir. Şeýle hem beýle ýagdaý göwrümleri we göwrümleriň arasyndaky gatnaşyklary öwrenýän geometriýa ylmyna hem degişlidir. Bu ylym beýle aýratynlyklary öwrenmek bilen öz hususyýetine eýe bolýar.

Şeýle hem hasap ylmy sanlary, tebipçilik ylmy bolsa adam bedeniniň sagdyn we sagdyn däl halyny öwrenýär. Beýleki hususy ylymlara hem bu ýagdaý degişlidir. Olaryň arasynda hiç bir ylym hemme ylma degişli zady öwrenmeýär.

Umumy ylymlar bolsa hemme barlyga mahsus zatlary, meselem ilki barlygy, birligi, barlygyň görnüşlerini we gatnaşyklaryny, soňra hususy

---

[1] Arystuwyň «Ylahyýet» atly kitaby on dört bölümden ybaratdyr. Faraby onuň on iki bölümini, ýagny makalasyny seljerýär.

ylymlaryň her biriniň mowzuklaryna degişli bolmadyk zatlary, güýç hem işjeňlik bilen baglanyşyklygy we şulara meňzeş zatlary öwrenýär. Umumy ylym hemme barlyk üçin umumy başlangyçlara garaýar.

Umumy ylym diňe bir bolup biler. Eger: «Ol iki bolýar» diýilse, ol ikisiniň her biriniň özüniň derňeýän aýratyn mowzugy bolmaly. Çünki mowzuklaryň her biri haýsydyr bir ylmyň, ýagny hususy ylmyň mowzugyny öz içine almaly däldir. Beýle ýagdaýda munuň özi gapma-garşylyklary ýüze çykarardy. Şeýlelikde, umumy ylym diňe birdir.

Bu ylma barlygyň ilkinji başlangyçlary baradaky taglymat, ýagny ylahy ylym degişlidir. Onuň ylmyň hemme barlygyň bar bolmagyny kesgitleýän bölegi bolmagy gerek. Onuň mowzugy tebigy ylymlara ýörite degişli däldir. Ol fizika ylmyna görä has beýikde durýar we has özbaşdakdyr. Şeýlelikde, ylahyýet ylmy tebigat ylmyndan has beýik hem bolsa, öwrenilmek jähetden ondan soň gelýär. Ine, şunuň üçin ol hökmany ýagdaýda «tebigatdan soň gelýän ylym» diýip atlandyrylýar.

Fizika barada aýdylanda, ol tebigat baradaky ylymdan ýokarda bolmagyna garamazdan, ony «ylahyýet ylmy» diýip atlandyryp bolmaz. Çünki fizika ylmynyň öwrenýän zatlary maddadan azat hem bolsa, bu azatlyk hyýalydyr. Fizikanyň öwrenýän zatlary bolsa tebigatda bardyr.

Ylahyýet ylmynyň öwrenýän zatlarynyň tebigy zatlarda hiç hili hakyky barlygy hem, hyýaly barlygy

hem ýokdur. Şonuň üçin: «Diňe hyýalyň güýji olary tebigy zatlardan aýyrdy» diýip aýdyp bolmaz. Tersine, olaryň tebigaty we barlygy hyýalydyr. Olar tebigy zatlardan hyýaly halda göz öňüne getirilýän hem bolsa, olar özleriniň mazmunlary boýunça beýle däldir, ýagny olar mazmunlary boýunça tebigy zatlar bilen baglanyşykly we olardan azat däldir.

Şeýlelikde, tebigy zatlarda bar zatlar, başga sözler bilen aýdylanda, hemme tebigy we tebigy däl zatlara degişli zatlar maddadan hakyky aýyrylan zatlar ýa-da maddadan hyýaly aýrylan zatlardyr.

Hemme ylymlaryň arasynda beýle at bilen atlandyrylmaga diňe bir ylym – ylahyýet ylmy mynasypdyr.

Bu ylmyň birinji mowzugy umumy barlykdyr, ýagny ýeke barlykdyr. Ýöne biri-birinden gelip çykýan gapma-garşylyklar üçin netijäniň ýeke bolýandygy sebäpli bu ylymdaky derňewiň mowzugy barlygyň ýoklugy we köplük baradaky düşünjeleri öwrenmeklige bölünýär.

Zatlar baradaky düşünjeleri esaslandyrmakdan ugur almak bilen bu ylym zatlaryň içindäki görnüşleri, meselem barlygyň aýratynlyklary baradaky on sany kesgitlemä, şeýle hem ýeke-täk barlygyň görnüşlerine garaýar. Meselem, görnüşde ýeke we özbaşdak barlyk, jynsda ýeke-täk barlyk, gatnaşykda ýeke-täk barlyk we barlygyň her biriniň bölekleri.

Beýle ýagdaý ýoklugyň we köplügiň görnüşlerine, şeýle hem barlygyň güýje, işjeňlige, kämillige we

kämil dällige eýe bolmagynyň görnüşlerine, sebäpleriň we netijeleriň görnüşlerine, ýekeligiň mazmun, meňzeşlik, bir görnüşlilik, deňlik taýdan aýratynlyklaryna, ýoklugyň we köplügiň aýratynlyklaryna degişlidir.

Bu umumy ylym ýokarda agzalan hususy ylymlaryň her biriniň usulyýetini beýan edýär we olaryň bölümlerine garaýar. Biz aşakda bu ylmyň bölümleriniň garaýan meseleleriniň sanawyny (Arastuwyň «Ylahyýet» atly kitabynyň makalalarynda berlişi ýaly) berýäris:

**Birinji makala:** girişi we kitaba ýazylan sözbaşyny öz içine alýar. Şeýle hem bu bölümde aýratyn sebäpler we birinji sebäpler barada söz açylýar.

**Ikinji makala:** mowzukda ýüze çykýan kyn meseleler, olaryň kynlygynyň sebäpleri we gapma-garşy delilleriň ýerleşiş tertibi beýan edilýär. Bu bölümde aýdylýan zatlar derňewiň maksadyna düşünmegi ýeňilleşdirmäge gönükdirilýär.

**Üçünji makala:** ylmyň öwrenýän zatlaryny, ol zatlaryň aňladýan manylaryny we manylaryň morfologik derňewini berýär.

**Dördünji bölüm:** ylymda berilýän aýratyn zatlar üçin ulanylýan düşünjeleriň aňladýan manylaryny, ol manylara sinonimlerden gelip çykýan goşmaça girizilýän manylary we sözüň iki manylygy baradaky düşünjäni öz içine alýar.

**Bäşinji makala:** üç sany nazary ylymlaryň, ýagny fizika, matematika we ylahyýet ylymlarynyň arasyndaky düýpli tapawut barada söz açylýar we

beýle ylymlaryň diňe üçdügi açylyp görkezilýär. Ylahyýet ylmyna bu ýerde anyk kesgitleme berilýär. Bu ylym öz-özünden bar bolýar diýip aýdylýan barlyga ýüze çykýan tötänliklere görä däl-de, eýsem ol barlygyň mazmunyna görä garaýar. Soňra jedel we deňeşdirmek usullaryna garalyp geçilýär.

**Altynjy makala:** öz-özünden bar mazmuna düýpli düşündiriş we kesgitleme berýär. Onda mazmunyň böleklerine, ýagny madda we şekile, şeýle hem bu iki bölegiň jemine we beýleki zatlara garalyp geçilýär. Soňra makalada çylşyrymly hadysanyň çäklerini nähili kesgitlemelidigi, haýsy zatlaryň hakyky bardyklary, haýsy zatlaryň hyýaly bardyklary we başga meseleler barada söz açylýar.

Ýe**dinji makala:** öňde gelýän makalalarda aýdylan zatlary jemleýär. Soňra onda Eflatunyň pikirlerini derňemegiň netijeleri berilýär. Şeýle hem bu ýerde maddy we maddy däl zatlar barada düýpli düşünje berilýär. Eger zat bar bolsa, onda onuň mazmuny hem bardyr.

**Sekizinji makala: ýe**kelik, köplük we gapma-garşylyk baradaky düşünjeleri seljerýär.

**Dokuzynjy makala:** güýç, işjeňlik, ileri tutmak baradaky düşündirişlere düşündiriş berýär.

**Onunjy makala:** bu makala ylymlaryň bölümlerindäki tapawutlara bagyşlanylýar.

**On birinji makala:** barlygyň we mazmunyň esaslary baradaky düşünjäni beýan edýär. Arastu ilkinji barlygyň öz-özünden bardygyny nygtaýar. Mazmun

sözüň doly manysynda öz-özünden bar bolýan barlygyň barlygynyň mazmunydyr. Soňra bu makalada maddy däl barlykdan gelip çykýan düşünjelere garalyp geçilýär we maddy däl barlykdan maddy barlygyň gelip çykýandygy delillendirilýär.

**On ikinji makala:** bu makala fizikanyň we matematikanyň esaslaryna bagyşlanylýar.

Ine, bu kitabyň we onuň makalalarynyň gysgaça beýany şeýledir.

# DOKUZYNJY MAKALA

## «AKYL» SÖZÜNIŇ MANYLARYNYŇ BEÝaNY

### Rehimdar we Mähriban Taňrynyň ady bilen!

«Akyl» sözi dürli manylarda ulanylýar. Birinji many köpçüligiň adam barada «ol akylly» diýip aýtmagydyr. Ikinji many mütekellimleriň[1] özleriçe düşünip, hemişe jedelleşýän manysydyr. Olar öz dillerinde[2]: «Bu many akylyň tassyklaýan zadyna degişlidir» ýa-da «Bu many akylyň inkär edýän zadydyr» diýýärler. Üçünji many Arastuwyň «Subutnama» («Al-burhan») atly kitabynda berilýän manydyr. Dördünji manyny ol «Ahlak» («Al-ahlak») atly kitabynyň altynjy makalasynda beýan edýär. Bäşinji many onuň «Ylahyýet»[3] atly kitabynda berilýär.

---

[1] المُتَكَلِّمُ Al-mutekellim – mütekellim, kelam ylmynyň alymy.

[2] عَلَى اَلْسِنَتِهِمْ Alä alsinetihim – öz dilerinde, ýagny özleriniň dini pelsepä esaslanýan taglymatynda.

[3] فِيمَا بَعْدَ الطَبِيعَةِ Fimä ba‘da at-tabi‘a – bu jümläniň gönümel manysy «tebigatdan daşardaky zat barada» diýmekdir. Faraby tebigatdan daşardaky

**Birinji many.** Köpçüligiň ynsana ulanýan manysy barada aýdylanda, onda olar «ol akylly» diýip aýtmak islänlerinde, bu söze akyl hökmünde düşünýärler. Şeýlelikde, olar käwagt ynsany «akylly» diýip atlandyrýarlar, käwagt bolsa ony beýle atlandyrmakdan saklanýarlar. Adamlar: «Akylly adam dine mätäçdir» diýip aýdýarlar. Din olaryň düşünjelerine görä mertebedir.[1] Olar mertebeli we haýyr işleri edýän, şer işlerden saklanýan adamy bu at bilen atlandyrýarlar.

Olar «akylly adam» sözüni şer işleri etmäge üşükli adam üçin hem ulanýarlar we beýle adamy «mekir», «hilegär» we şulara meňzeş sözler bilen atlandyrýarlar.

Haýry haýyr etmek üçin ýüze çykaryjy we şeri şerden saklanmak üçin ýüze çykaryjy paýhas – hakykatdan hem akyldyr. Adamlar «akyl» sözünden Arastuwyň «akyl» sözüne beren düşünjelerindäki haýsydyr bir manyny göz öňünde tutýarlar. Diýmek, meselem biri kimdir birini «akylly adam» diýip atlandyrsa, onda ol adamyň etmeli iş bilen etmesiz işi tapawutlandyrmak ukyby bardyr.

Üşüginiň ýetmegine görä şer işi edýän adamyň akyllydygy jähetden beýle adamy adamlaryň öz düşünjelerine görä «akylly adam» diýip atlandyrmaklaryndaky ýa-da ony beýle atlandyrmakdan saklanmaklaryndaky düşünjeleriniň dürsdügini ýa-da dürs däldigini barlap görmek üçin üns

zat hökmünde Taňryny göz öňünde tutýar. Şol sebäpli bu jümlä «ylahyýet» diýen many berilýär.

[1] فَضِيلَة Fazyla – mertebe.

merkezini ýokardaky mysala çekeliň. Eger özüniň üşüginiň ýetişine görä şer işi edýän adamyň «hilegär», «mekir» we şulara meňzeş atlar bilen atlandyrylmaga laýykdygy jähetden adamlardan soralsa, onda olar oňa beýle häsiýetli atlaryň berilmeginiň dürslügini inkär etmezler.

Şeýlelikde, olaryň bu düşünjelerinden şeýle netije çykarylsa dürs bolar: Akylly adam – aňly, paýhasly we mertebeli adamdyr. Ol özüniň hilini haýyr işleri etmäge we şer işleri etmekden saklanmaga gönükdirýär. Akylly adam, ine şeýledir.

Adamlar bu meselä düşünmek babatda iki topara bölünýär: Birinji toparyň adamlary: «Dinsiz we üşügine görä şer işi edýän adam – «akylly adam» diýip atlandyrylmaga mynasypdyr» diýip hasaplaýarlar. Ikinji toparyň adamlary bolsa «Hemme işi etmekde üşügini ýüze çykarýan adam – «akylly adam» diýip atlandyrylmaga mynasypdyr» diýip hasaplaýarlar.

Eger adamlardan: «Siz şer işi etmäge üşügi ýetýän ýaramaz adamy «akylly adam» diýip atlandyrýarsyňyzmy?« diýip soralsa, onda olar muňa jogap bermekden saklanarlar ýa-da ony «akylly adam» diýip atlandyrmagy inkär ederler. Köpçülik «akylly bolmak» sözüni «akylly adam» diýen manyda ulanmaga endik edipdir. Arastuwyň düşünjesine görä, akyl – gerekli wagtda laýyk ýagdaýda etmäge mynasyp üşükdir.

**Ikinji many.** Mütekellimleriň hemişe jedelleşýän we olaryň her biriniň özüçe düşünýän sözi bolan

«akyl» sözi barada aýdylanda, onda olar: «Bu many akylyň tassyk edýän zadydyr»; «Bu many akylyň inkär edýän zadydyr»; «Muny akyl kabul edýär» ýa-da «Muny akyl kabul etmeýär» diýýärler. Olar bu söze köpçüligiň aňyna laýyk mana düşünýärler. Munuň şeýledigine eger olaryň kitaplarynda bu sözi ulanmak bilen ýazýan tassyklamalaryna kem-kemden girişilse, düşnükli bolar.

**Üçünji many.** Arastuwyň «Subutnama» kitabynda ulanýan «akyl» sözüniň manysy barada aýdylanda, onda ol bu söze diňe adamyň ruhunyň ukybyna düşünýär. Ol ukybyň üsti bilen adam umumy, hakyky we hökmany başlangyçlar barada ylym alýar. Ynsan deňeşdirme ulanmak ýa-da pikirlenme arkaly däl-de, eýse dogabitdi ukybyň üsti bilen tebigaty boýunça ýa-da çagalygyndan başlap, ukybyň özüne nireden gelendigini özi bilmezden ygtybarly ylym alýar. Bu ukyp ruhuň hiç hili pikirlenmezden ýa-da oýlanmazdan ilkinji başlangyçlar barada düşünje alýan haýsydyr bir bölegidir. Ilkinji başlangyçlar hakynda ygtybarly ylym almak we ilkinji başlangyçlaryň aýratynlyklary barada biz öňde aýdyp geçipdik. Bu başlangyçlar nazary ylymlaryň esaslarydyr.

**Dördünji many.** Arastu «Ahlak» kitabynyň altynjy makalasynda berýän «akyl» sözüne ruhuň şol bölegi diýip düşünýär. Ruhuň bu bölegi gaýtalanmagyň hasabyna bir zada bolan endige we bir görnüş iş tejribesine eýe bolýar. Wagtyň geçmegi bilen ol başlangyçlar hakynda ygtybarly ylym alýar, şeýle hem

etmeli-etmesiz işler barada netijä gelýär. Arastu özüniň «Ahlak» kitabynyň altynjy makalasynda ruhuň bu bölegini «akyl» diýip atlandyrýar. Adamyň şeýle ýol bilen bu bölekde eýe bolýan netijesi – akylly we oýlanyşykly adama mahsus derejede etmeli-etmesiz zatlarydyr.

Bu netijeler amaly pikirlenmeleriň üsti bilen geçirilýän derňewlere, «Subutnama» atly kitapda berilýän ilkinji başlangyçlara we özleriniň üsti bilen derňew geçirilýän zatlara degişlidir. Nazaryýetçi alymlar başlangyçlaryň kömegi bilen öwrenmeli we biperwaý garamasyz aň ýetirilýän zatlary derňeýärler. Şeýle hem bu netijeler akylly we oýlanyp bilýän adama etmeli-etmesiz zatlary derňemekde gollanma bolup hyzmat edýär.

Arastuwyň «Ahlak» atly kitabynyň altynjy makalasynda berýän akyly adamyň ömrüniň dowamynda köpelýär. Bu gürrüňi edilýän netije bu bölekde wagtyň geçmegi bilen bekeýär. Ol bölekde öň ýok düşünjeler oňa hemişe gelip goşulýar. Adamlar Arastuwyň «akyl» diýip atlandyran bu bölegi bilen tapawutlanýarlar. Bu nukdaýnazardan olar biri-birinden öňe düşmäge çalyşýarlar. Bir görnüş zat jähetden düşünjelerde kämillige ýeten mertebeli adamlardyr. «Mertebeli adam» düşünjesi – bir zat baradaky düşünjesi jedelsiz we barlanmazdan kabul edilýän adam üçin ulanylýar. Onuň delillere esaslanmaýan görkezmeleri hem kabul edilýär.

Adam beýle hil aýratynlygyna diňe garranda eýe bolýar. Çünki ruhuň bu bölegi uzak wagtyň dowamynda kemala gelýän tejribä mätäçdir. Hil aýratynlygy bolsa diňe uzak wagtyň dowamynda gazanylýar. Şeýlelikde, uzak wagtyň dowamynda ruhuň şol böleginde ýokarda gürrüňi edilen netijeleri bekeýär.

Mütekellimler özara jedelleşýän «akyl» sözüniň manysy jähetden: «Ol hut Arastuwyň «Subutnama» atly kitabynda getirilýän manysyndadyr» diýip hasaplaýarlar. Ýöne olaryň delil hökmünde getirýän sebäplerine içgin garalsa, onda ol sebäpleriň hemmesi köpçüligiň ulanýan zatlarydyr. Şonuň üçin olar düşünjelerini aňladanlarynda bir sebäplere, amal edenlerinde bolsa başga sebäplere esaslanýarlar.

**Bäşinji many**. Arastuwyň «Ruh barada kitap» atly eserinde berýän «akyl» sözüniň manysy barada aýdylanda, onda ol akyly dört bölege bölýär: 1. Güýç bilen baglanyşykly akyl; 2. Iş bilen baglanyşykly akyl; 3. Gazanylan akyl; 4. Işjeň akyl.

Güýç bilen baglanyşykly akyl – ol bir zadyň ruhudyr ýa-da zadyň ruhunyň bölegidir, ruhuň ukyplarynyň biridir ýa-da barlyklaryň mazmunlaryny we şekillerini maddadan mahrum hala öwürmek bilen öz şekillerine öwürmäge ukyply ýa-da taýýar ukypdyr.[1]

[1] قُوةٌ مِنْ قُوىَ النَفْس اَوْ شَيْءٍ مَا ذاتهُ مُعِدة اَوْ مُسْتَعِدة لِاَنْ يَنْتَزِع مَاهِيَاتِ المَوْجُودَاتِ كُلِّهَا وَ صُوَرِهَا Kuwwatun min kuwan-nefsi aw şeý’in mä zatuhu mu‘iddatun aw musta‘iddatun li an ýantazi‘a mähiýat al-mewjudati küllihä

Maddy däl şekiller barlyklary bilen baglanyşykly maddalardan aýrylmaýarlar. Ýöne olar güýçleriniň mümkinçiliklerine görä akylyň şekillerine öwrülýärler. Maddadan mahrum şekiller aň ýetirilýän zatlaryň mazmunydyr. Olaryň atlary barlyklaryň mazmunynda şekiller bolmak üçin maddadan mahrum mazmunyň adyndan gelip çykýar. Şeýlelikde, güýç bilen baglanyşykly akyl – şekilleriň döreýän esasyndaky zadydyr. Eger sen haýsydyr bir maddany, meselem mumda onuň üstüne we çuňlugyna laýyk edilip yz galdyrylypdyr diýip alsaň, onda beýle ýagdaýda şekil tutuş maddany gurşap alýar we hemme madda tutuşlygyna şekile öwrülen ýaly bolýar we onda dolulygyna orun alýar. Bu mysalyň üsti bilen mazmundaky zatlaryň şekilleriniň nähili döreýändigine aň ýetirmäge ýakyn bolarsyň. Çünki mazmun esasda goýlan zat ýa-da şekiller üçin gap ýaly bolýar. Ýöne mazmun jisim bolan maddadan tapawutlanýar we madda şekiliň suduryny kabul etse hem, mazmun (akyl) taýdan manysyny kabul etmeýär.

Bu mazmunyň özboluşlylygy onuň aň ýetirilýän mazmunlardan aýrylyşmaýandygyndan we mazmunyň şekillere öwrülýändiginden ybaratdyr.

Beýle ýagdaýda şekiliň yzy inedördül ýa-da togalak muma tutuşlygyna girip, onuň uzynlygyny, inini we çuňlugyny eýelär ýaly yz galdyrýar. Beýle

we suwarihä – barlyklaryň mazmunlaryny we şekillerini maddadan howaýy hala öwürmek bilen öz şekillerine aýlamaga ukyply ýa-da taýýar ukyp.

ýagdaýda mum bu yzyň şekili bolar. Onuň mazmuny yzyň şekiliniň mazmuny bilen goşulyşýar.

Bu mysal barlyklaryň şekilleriniň Arastuwyň «Ruh baradaky kitap» atly eserinde «güýç bilen baglanyşykly akyl» diýip atlandyran mazmunyna ornaşmagyny görkezýär. Akyl tä barlyklaryň şekillerini alýança güýç bilen baglanyşykly akyldyr. Ýöne onda biziň ýokarda görkezişimiz ýaly şekiller ornaşsa, onda akyl iş bilen baglanyşykly akyla öwrülýär.

Eger beýle akylda maddadan mahrum aň ýetirilýän mazmunlar ornaşsa, onda olar iş bilen baglanyşykly aň ýetirilýän mazmunlara öwrülýär. Olar maddadan mahrum bolmazlaryndan öň güýç bilen baglanyşykly aň ýetirilýän mazmunlardy. Maddadan mahrum bolanlaryndan soňra olar iş bilen baglanyşykly aň ýetirilýän mazmunlara we akylyň mazmunynyň şekillerine öwrülýär. Şeýlelikde, bu mazmun iş bilen baglanyşykly aň ýetirilýän mazmunlaryň üsti bilen iş bilen baglanyşykly akyla öwrülýär. Diýmek, aň ýetirilýän mazmunlar we iş bilen baglanyşykly akyl şol bir zatdyr. Netijede, biziň kesgitlemämiz şeýle bolar: akyl bilen baglanyşykly mazmun – aň ýetirilýän mazmunlaryň şekillere öwrülmegidir. Çünki mazmunyň özi şekile öwrülýär. Diýmek, ol iş bilen baglanyşykly pikir mazmunydyr, iş bilen baglanyşykly pikirlenmedir we iş bilen baglanyşykly aň ýetirilýän mazmundyr.

Güýç bilen baglanyşykly aň ýetirilýän mazmunlar iş bilen baglanyşykly mazmunlar bolmazlaryndan öň

ruhdan daşdaky maddy şekiller görnüşindedir. Iş bilen baglanyşykly aň ýetirilýän mazmunlara öwrülmek bilen olaryň barlygy maddy şekillerdäki ýaly bolmaýar. Iş bilen baglanyşykly mazmunlara öwrülenlerinde olara özünde bar bolmaklyk mahsus däldir. Maddy şekilleriň barlygy mekan, wagt, hal, san, maddy hil, hereket we özgeriş baradaky düşünjeler bilen baglanyşyklydyr. Aň ýetirilýän mazmunlar iş bilen baglanyşykly mazmuna eýe bolanlarynda bu düşünjeleriň köpüsi olardan başga tarapa gyşarýar we mazmunlar başga hili barlyklara öwrülýär. Soň bu düşünjeleriň ýa-da olaryň köpüsiniň manysyna öňküsinden başga hili manyda düşünmeli bolýar.

Munuň mysaly şeýle düşünje bolup biler: Eger mekan düşünjesini nähili düşündirmelidigi barada oýlansaň, onda sen düşünjeleriň arasyndan oňa degişli zady düýbünden tapmarsyň ýa-da oňa özüňçe düşünersiň we özge hili many berersiň.

Aň ýetirilýän mazmunlar iş bilen baglanyşykly mazmunlara ornaşanlarynda olar älemdäki barlyklaryň birine öwrülýärler we olara degişli bolýar.

Barlyklaryň hemmesiniň tebigatynda akyl bilen aň ýetirilmek we aňyň mazmunyndaky şekiller görnüşinde ornaşmak ukyby bardyr. Beýle ýagdaýda olar iş bilen baglanyşykly barlyklardyr. Munuň özi şol bir wagtda iş bilen baglanyşykly akyldyr. Olara aň ýetirilýän barlyklar bolmaga hiç bir zat päsgelçilik bermeýär.

Emma her zadyň özüniň şekili bardyr. Bu sebäpden iş bilen baglanyşykly akyl diňe bu şekil arkaly beýle

aýratynlyga eýedir. Akyl islendik başga bir aň ýetirilýän mazmun üçin güýç bilen baglanyşykly zatdyr. Onda entek iş bilen baglanyşykly mazmun ornaşmaýar. Eger ol ikinji aň ýetirilýän mazmuny ornaşdyrýan bolsa, onda ol birinji we ikinji aň ýetirilýän mazmunlar jähetden iş bilen baglanyşykly akyldyr. Eger ol aň ýetirilýän mazmunlar jähtden iş bilen baglanyşykly akyla ýa-da barlyklaryň birine öwrülse, onda barlyga aň ýetirmek we iş bilen baglanyşykly akyl bolmak bilen özüniň daşyndaky zada we özüne aň ýetirýär.

Şeýlelikde, onuň özüne aň ýetirýändigi aýan boldy. Çünki onuň mazmuny iş bilen baglanyşykly akyldyr. Aň ýetirmezden öň iş bilen baglanyşykly aň ýetiriji ukyba eýe bolmagyna garamazdan ol özüne aň ýetirmek bilen özüniň barlygyndan tapawutlanýan hiç bir zat almaýar. Iş bilen baglanyşykly zatlara aň ýetirmek onuň özündäki barlygyň iş bilen baglanyşykly akyla we bu zadyň aň ýetirilişiniň tersine aň ýetirilýän mazmuna öwrülmegine getirýär. Birinji gezek zatlaryň özleriniň maddasyndan mahrum bolmaklary üçin we zatlaryň güýç bilen baglanyşykly aň ýetirilýän zatlar bolmaklary üçin aň ýetirilýär. Soňra olara ikinji gezek aň ýetirilýär we olaryň barlygy öňküsinden başga hili bolýar. Çünki barlyk maddadan mahrum bolýar. Barlyklaryň maddadan mahrum bolmaklary arkaly olar iş bilen baglanyşykly aň ýetirilýän mazmunlara öwrülýärler.

Iş bilen baglanyşykly akyl iş bilen baglanyşykly mazmunlara eýe bolanda, biziň iş bilen baglanyşykly hasaplaýan akylymyz gazanylan akyla öwrülýär.

Eger aň ýetirilmäniň gidişinde maddy däl şekiller we öň beýle halda däl barlyklar alynsa, onda aň ýetirilmede olar barlyga eýedir. Başga sözler bilen aýdylanda, olar özlerinde öňdäki barlyga aň ýetirilişe gelip ýetmänkä, aň ýetiriş başlanýar.

Biziň: «Bu zat birinji aň ýetirilýän zat boldy» diýen tassyklamamyz maddadaky şekilleriň maddada aýrylýandyklaryny barlygyň öňki barlygyndan başga barlyga eýe bolýandygyny aňladýar.

Eger zatlaryň maddy däl şekilleri bar bolsa, onda akylyň mazmuny maddadan şekilleriň aýrylmagyna düýbünden mätäç däldir. Çünki mazmun olary öň maddadan aýrylan görnüşde tapýar we olaryň mazmunyna, şeýle hem özüniň iş bilen baglanyşykly akyl bolan mazmunyna aň ýetirýär. Iş bilen baglanyşykly akyl maddy däl şekilleri olara aň ýetirmek üçin öz içine alýar. Olaryň barlygy aň ýetirilýän bolandygy sebäpli ikinji gazanylan akyla öwrülýär. Muňa biz şeýle düşünýäris: onuň aň ýetirilýändigine aň ýetirişden öň gazanylan akyl bilen aň ýetirildi. Muňa şeýle düşünmek gerek: maddy däl şekillerden ybarat zat özünde aň ýetirilmezden öň barlygyny saklaýar. Biz zada aň ýetirenimizde hem şeýle ýagdaý ýüze çykýar. Akylyň bizden daşarda iş bilen baglanyşykly aň ýetirmedigi baradaky kesgitleme we iş bilen baglanyşykly akylyň biziň özümizdäki aň

ýetirmedigi baradaky kesgitleme şol bir zatdyr. Akyl maddada ýok maddy däl şekilleri aňladýar. Biz: «Iş bilen baglanyşykly akyl biziň özümizde bar» diýip aýdýarys. Şekilleriň älemde bardygy barada hem şeýle sözi aýtmak bolar.

Şekilleriň hemmesi ýa-da köpüsi diňe iş bilen baglanyşykly aň ýetirilýän mazmunlar hökmünde ornaşdyrylanlaryndan we gazanylan akylyň peýda bolmagyndan soňra doly aň ýetirilýän bolup bilerler. Beýle ýagdaýda olar aň ýetirilip, hemmesi akylyň şekillerine öwrülýärler. Çünki bu akyl gazanylan akyldyr.

Gazanylan akyl bu şekiller üçin esasda goýlan zat we iş bilen baglanyşykly akylyň şekilidir. Iş bilen baglanyşykly akylyň özi öz gezeginde iş bilen baglanyşykly gazanylan akylyň esasynda goýlan zady we maddasydyr. Iş bilen baglanyşykly akyl öz gezeginde güýç bilen baglanyşykly mazmunyň şekilidir.

Mundan soň şekiller aşak gaýdýan tertipde kem-kemden jisimlere we maddy şekillere kem-kemden aşak gaýdýan tertipde ýaýraýarlar. Olar öň az-azdan ýokary göterilýän we kem-kemden maddadan aýrylyp, maddy däl hala öwrülýärler.

Hiç haçan asla maddy bolmadyk we hiç haçan maddy bolmajak düýbünden maddy däl şekiller kämillik basgançagyna we maddadan bölünmek derejesine tabyn bolsalar, onda olaryň barlyklarynda haýsydyr bir tertip bardyr. Şeýlelikde, gazanylan akyl bu basgançakdaky iň kämil däl mazmunyň gutarnykly görnüşidir. Soňra şekiller aşak gaýdýan tertipde tä

mazmuna we ruhuň iň pes derejede ýerleşýän ukybyna ýetýänçä aşak düşýär. Mundan soňra tebigat gelýär. Soňra basgançak barlygyň pes şekilleri başlangyçlara çenli peselýär. Olaryň esasynda goýlan zat iň pes zat bolup, ol ilkinji maddadyr.

Arastuwyň «Ruh baradaky kitap» eseriniň üçünji makalasynda berýän işjeň akyly hiç haçan madda bolmadyk we madda bilen asla baglanyşygy bolmadyk haýsydyr bir maddadan mahrum şekildir. Bu akyl haýsydyr bir görnüşde iş bilen baglanyşykly akyldyr. Beýle akyl gazanylan akyla örän ýakyndyr. Ol güýç bilen baglanyşykly akyly iş bilen baglanyşykly akyla öwürýär. Ol güýç bilen baglanyşykly aň ýetirilýän mazmunlary degişli aň ýetirilýän iş bilen baglanyşykly mazmunlara öwürýär.

Işjeň akylyň güýç bilen baglanyşykly akyla gatnaşygy günüň göze güýç bilen baglanyşykly gatnaşygy ýalydyr. Göz garaňkyda güýç bilen baglanyşykly görüşe eýedir. Garaňkylyk bolsa güýç bilen baglanyşykly durulykdyr, şeýle hem iş bilen baglanyşykly durulygyň ýoklugydyr. Durulyk bolsa garşydaky ýagtylanmanyň çeşmesinden çykýan ýagtylykdyr. Ýagtylyk göze, howa ýa-da şulara meňzeş zatlara ornaşanda, diňe göz ýagtylyk alýar. Ol iş bilen baglanyşykda görüji bolýar, şeýle hem reňkler iş bilen baglanyşykly görülýän zatlardyr.

Biz gözüň iş bilen baglylykda görüji bolýandygyny ýagtylygyň we durulygyň ornaşýandygy ýa-da ýagtylygyň ornaşmagy bilen gözüň görülýän zatlaryň

şekillerine eýe bolýandygy üçin däl-de, eýsem munuň netijesinde gözüň iş bilen baglylykda görýändigini tassyklaýarys.

Göz günüň şöhleleri we beýleki şöhleler bilen galtaşanda iş bilen baglylykda görüji bolýar. Oňa galtaşýan howa bolsa iş bilen baglanyşyklykda durudyr. Beýle ýagdaýda güýç bilen baglylykdaky görülýän zat iş bilen baglylykda görülýän zada öwrülýär.

Esaslar sebäpli öň güýç bilen baglylykda görmäge eýe göz iş bilen baglylykda görüjidir. Güýç bilen baglylykdaky görülýän zat iş bilen baglylykdaky görülýän zada öwrülýär. Bu ýerde esaslar günüň üsti bilen göze gelýän durulykdyr.

Akylyň işiniň bu manysy barada aýdylanda bolsa, onda ol güýç bilen baglanyşyklykda şuňa meňzeş zatlary we iş bilen baglylykda görüji bolşundaky durulyga meňzeş zatlary berýär. Gazanylan akyl hem göze şunuň ýaly zatlary berýär. Netijede, güýç bilen baglanyşyklykdaky aň ýetirilýän mazmunlar iş bilen baglanyşyklykdaky aň ýetirilýän mazmunlara öwrülýär. Günüň şöhleleriniň göze ýagtylyk berip, ony iş bilen baglanyşyklykda görüji edişi ýaly, munuň üsti bilen güýç bilen baglanyşyklykda görülýän zatlaryň iş bilen baglanyşyklykda görülýän zatlar boluşlary ýaly, güýç bilen baglanyşykdaky gazanylan akyl hem iş bilen baglanyşykdaky akyla öwrülýär. Şu sebäbe görä güýç bilen baglanyşyklykdaky aň ýetirilýän zatlar iş bilen baglanyşykdaky aň ýetirilýän zatlara öwrülýärler.

Işjeň akyl gazanylan akylyň bir görnüşidir. Ol barlyklaryň özlerinden ýokarda we akylda ýerleşen ýok bolmaýan maddy däl şekilleridir. Ýöne olaryň iş bilen baglanyşykdaky barlygynyň akyldaky tertibi başga hilidir. Munuň sebäbi iş bilen baglanyşykly akyldan aşakda ýerleşen zatlar tertibe düzülýär we bu akyl has kämil zadyň öňünden gelýär. Şonuň üçin biz galapyn ýagdaýlarda barlygy has kämil däl zatlardan barlygy has kämil zatlara aralaşýarys. Muny Arastu «Subutnama» atly kitabynda düşündirýär. Biz has belli zatdan has az mälim zada barýarys.

Öz-özünden iň kämil barlyk bize has az mälimdir. Başga sözler bilen aýdylanda, bizde ol zat barada has az ylym bardyr.

Şeýlelikde, biz şunuň ýaly netijä gelýäris: iş bilen baglanyşykly akyldaky barlyklaryň tertibi işjeň akylda kesgitlenen tertibe gapma-garşydyr. Çünki işjeň akyl ilki bilen iň kämil barlyklara aň ýetirýär. Madda birleşen şekiller işjeň akylda mahrumdyr. Ýöne olar maddada bolandyklary, soňra maddadan mahrum bolandyklary üçin däl-de, eýsem hemişe onda bolandyklary üçin işjeň akylda maddadan mahrum bolýar. Işjeň akyla mahsus şekiller ilkinji maddanyň we beýleki maddalaryň şekillerini birleşdirýär.

Biz şekillerden ybarat barlyklaryň döremegini birinji maksat diýip, olaryň döremeklerini bolsa maddada bolup geçmeli diýip hasaplaýarys. Madda we şekiller işjeň akylda aýrylyşmazdyr, şekiller bolsa maddada bolanlarynda maddadan aýyrylyşýar.

Işjeň akylyň bölünmeýändigi ýa-da onuň mazmunynyň bölünmeýän zatlardan düzülýändikleri jedelsizdir. Işjeň akyl madda özündäki zatlara meňzeş zatlary berýär. Madda bolsa olary aýry-aýrylykda kabul edýär. Arastu «Ruh baradaky kitap» atly eserinde bu meseläniň hem beýanyny berýär.

Allatagala hakyky taryplar bolsun! Onuň ýagşy bendesi we ilçisi Muhammede, şeýle hem onuň asylly neberesine alkyşlar bolsun!

# ONUNJY MAKALA

## MADDY DÄL MAZMUNLARYŇ KESGITLENILIŞI WE OLARYŇ GAPMA-GARŞYLYKLARYNYŇ BEÝaNY

**Rehimdar we Mähriban Taňrynyň ady bilen!**

Maddy däl mazmunlar hakykatlarynyň derejelerine görä toparlara bölünýär: Birinji topar. Barlygynyň sebäbi ýok barlyk. Ikinji topar. Işjeň akyllar. Işjeň akylyň köp görnüşleri bar. Üçünji topar. Asman jisimleriniň güýçleri. Bularyň hem köp görnüşleri bar. Dördünji topar. Ynsan ruhlary. Olar şahslaryň umumy sypatlarynyň bardygy sebäpli köp görnüşlere bölünýär.

Ynsanyň ruhunyň dört görnüşi bolýar: Birinji görnüş. Jisim däl ruh. Ol inkär edilýän manydyr. Beýle many inkär etmegiň hakykatlary gapma-garşy bolmasa, onda inkär etmäniň umumydygy sebäpli tassyklanylmaýar.

Ikinji görnüş. Ölmeýän we ýok bolmaýan ruh. Bu ruhda ölümiň güýjüniň we ýok bolmagyň güýjüniň bar

bolmagy hökmanydyr. Eger bu hökmanylyk dürs bolsa, onda barlyk güýjüniň we panylyk güýjüniň jemlenmegi we aýyrylyşmagy dürsdür. Barlyk we ýokluk bilelikde bar we ýok bolup biler.

Ýönekeý jisimler iş bilen baglanyşykda bolsa, onda olarda güýç hem, mekan hem galmaz. Beýle ýagdaý iki mekanly çylşyrymly jisimler üçin dürsdür. Mekanlaryň biri iş bilen baglanyşykda ýok bolar, beýlekisi bolsa maddada galar.

Özünden bar barlyga döremek hem, ýok bolmak hem mahsus däldir. Çünki onuň özüne mahsus aýratynlyklary, maddanyň hem özüne mahsus aýratynlyklary bar.

Üçünji görnüş. Özi özüne aň ýetirýän barlyklar. Barlygyň öz-özüne aň ýetirmeginiň dürli görnüşi bar. Öz-özüne aň ýetirýän zat – ruh we onuň barlyklarydyr. Onuň barlyklary dürlüdir. Birinjisi, ol öz-özüne we özüniň barlygyna degişli zatlara aň ýetirýän barlyk. Eger ol özüniň barlygyna degişli zatlara aň ýetirmese, onda onuň öz-özüne aň ýetirmegi kämil bolmaz. Ruhuň özüniň barlygyna degişli zatlara aň ýetirmegi onuň erki bilen baglanyşyklydyr.

Dördünji görnüş. Ruhlaryň her biriniň maddany gurşap alýan bagtdan ýokardaky bagtydyr. Bular maddy däl mazmunlary subut ediji delillerdir.

Deliller maddy däl mazmunlary subut ediji delil ýa-da işiň başynda bir zada delil bolup, onuň soňunda başga ikinji zadyň delili bolup bilýär. Soňky deliliň üsti bilen sebäbi ýok barlygyň maddy däldigi subut edilýär.

Beýle delil soňra başga bir deliliň ulanylmagyna mätäçdir. Beýle delil maddy dälligi mümkin mazmunlardan tä sebäbi ýok mazmunlara çenli bolan mazmunlar üçin ulanylýar. Emma iki tarapyň we ortanyň ýagdaýyny kesgitlemek hökmanydyr. Ikinji tarap netije,[1] birinji tarap bolsa sebäpdir. Birinji tarap bilen orta kesgitlenilýär. Orta gutarnykly ýa-da gutarnyksyz bolup biler. Sebäbi ýok barlyklaryň ortasynyň gutarnyksyz bolmagy hökmanydyr. Sebäbi ýok barlykda iki tarapyň biri sebäp, beýlekisi bolsa netijedir. Netijesiz sebäbiň bolmagy dürs däldir. Eger onuň barlygy birleşse, barlygyň aralygy sebäp jähetden özi özünden bar barlygyň iki aralygyna öwrüler.

Döremek özi özünden bar mazmunyň netijesiniň bar bolmagyna päsgelçilik bermeýär. Çünki döremek hem sebäp bilen baglanyşyklydyr. Umuman, döremekde ýoklugyň iş edijä täsiri ýokdur, ýagny öňden ýoklugyň gelmeginde ýa-da öňde başga barlygyň ýoklugy oňa täsir etmeýär. Tersine, bu täsir oňa onuň özi özünden edilýär. Özi özünden täsir edilmedik zadyň sebäbi ýokdur. Sebäbiň ýoklugy onuň maddy dälliginiň delilidir.

Eger barlyk jisim bolsa, onda onuň maddasy we şekili bolardy. Madda we şekil ikisi onuň barlygynyň iki sany sebäbi bolardy. Sebäbi ýok barlygyň özüniň sebäbi bolmazlygy hökmanydyr. Eger ol jisim bolsa, onda onuň mazmuny bolardy. Eger mazmuny bar

---

[1] مَعْلُولٌ Ma‘lul – netije.

bolsa, onda onuň üç sany haly bolardy: Birinji hal. Barlygy hökmany edýän ýoklugyň ýa-da özi özünden bar barlygyň sebäbi bolardy. Ikinji hal. Sebäbi ýok barlygyň bu mazmunyna degişli zatlary ýokdur. Ol barlykdan gelip çykýan netijedir. Üçünji hal. Özi özünden bar barlyk bu mazmun bilen berk baglanyşyklydyr. Beýle halda onuň iki sany barlygy we işjeň akyllarynyň bäş sany delili bardyr. Bu iki barlyk bilelikdäki barlykdyr. Birinji barlyk ikinji barlyga görä hökmany barlykdyr. Olaryň biriniň özlük bolmagy hökmanydyr. Birinji barlyk hemme jähetden özlükdir. Iki barlygyň birinjisi maddy däldir.

Jisimleriň we maddy däl zatlaryň delilleri köpdür. Birinji delil maddy dälligiň birinji barlykdan gelip çykmagy üçin dürs däldir. Çünki jisimiň şekili barlygyň maddasy arkaly iş edýär. Jisimiň şekiliniň maddada bar bolmagy hökmanydyr. Her işiň çeşmesi barlykdan soň gelýär. Bu ýerden jisimiň maddasy birinji sebäp bolup geler. Soňra şekiller, maddalar we maddy däl zatlar geler. Ýöne birinji barlygyň şekilleriniň maddasy ikinji barlygyň maddasynyň şekilleri üçin däldir. Jisimiň şekili barlygyndan soň iş edýär. Jisimiň barlygy agzasynyň barlygy ýaly däldir. Diýmek, barlygyň iki sany haly bardyr, ýagny jisim bilen baglanyşykly barlygyň haly we agza bilen baglanyşykly haly. Eger sebäp başga jisimiň barlygynyň sebäbi bolsa, onda onuň maddasynyň we şekiliniň bar bolmagynyň sebäbiniň bolmagy hökman. Ýöne ol jisimiň şekili bilen barlygynyň arasyndaky sebäp bol-

maz. Iki barlygyň bir sebäbi bolmagy dürs däldir. Sebäbiň ol iki sebäpden soňky barlygyň, ýagny jisim bilen halyň özgermeginiň sebäbi bolmagy dürs däldir. Çünki ol maddy däl zadyň sebäbidir.

Ikinji delil jisim maddadan we şekilden düzülýär. Madda şekilden däl-de, eýsem şekil maddadan gelip çykýar. Iki madda bar bolsa, onda şekilde üç sany deliliň bolmagy hökman. Sebäp maddy däl zadyň birinji netijesi bolsa, onda sebäp jisim bilen baglanyşyklydyr. Madda bolsa jisimiň we maddy däl zadyň sebäbidir. Ýöne beýle ýagdaý mümkin däldir.

Üçünji delil asman jisiminiň barlygynyň sebäbidir. Boşlugyň ýoklugy sebäpdir. Asman jisimlerinde boşlugyň bolmagy mümkin däldir. Mümkin dälligiň sebäbi ýokdur. Her bir asman jisimi maddy däldir.

Dördünji delil ynsanyň ruhlary maddy däldir. Olaryň sebäbiniň hem maddy däl bolmagy hökmanydyr. Eger jisimiň şekili maddy däl barlygyň sebäbi bolsa, onda oňa gapma-garşy barlyk bardyr. Adam ruhunyň şekiliniň gapma-garşylygy ýokdur.

Bäşinji delil ynsanyň ruhlary güýçden çykyp, aň ýetirmedäki akyla tarap ymtylýar. Akyl hyýal edilýän we duýulýan zatlaryň hemmesini delillendirýär. Umuman, güýç bilen baglanyşykly jisimler aň ýetirilýän zatlardyr. Ol aň ýetirilýän zatlar bolmaklary birinji işiň güýji bilen, ikinji işiň güýji bolsa aň ýetirilýän zatlar bilen baglanyşyklydyr. Biziň akylymyz güýçden göni üçünji işe çykyp bilmeýär. Munuň üçin akylyň kämilligi gereklidir. Şonuň üçin

akylyň göni üçünji işe çykmagy dürs däldir. Aň ýetirilýän zatlaryň arasynda iň peýdalysy iş bilen baglanyşykly akyldyr.

Altynjy delil ebedi hereketiň hereketlendirijisiniň maddy däl bolmagy hökmanydyr. Asman ruhlarynyň delilleriniň subutnamasy üç sanydyr. Birinji subutnama. Ruhlardan gelip çykýan tebigy hereketiň haly tebigy däl bolsa hem, ol tebigy hala eýerýär. Beýle ýagdaý tebigy däl halyň hereketiniň ýüze çykmagy bilen baglanyşyklydyr. Ikinji subutnama. Aýlawly hereketde ikinji tebigy hereketiň rahatlyk halyny tapmagy dürs däldir. Eger rahatlyk halyny tapsa, onda ol göni hereket bolar we hereket göni ýollara ymtylar. Üçünji subutnama. Tebigy hereket gözlenilýän zatlardan gaçmaýar. Aýlawly hereket bolsa munuň tersine, olardan gaçýar. Diýmek, tebigy dällik ruh bilen baglanyşykly ygtyýardyr. Akylyň ýönekeý bolmagy dürs däldir. Ýogsa, hereketleriň bölekleri bolmazdy, hereket başga hereket bilen kesgitlenilmezdi we kesgitlenilmeýän zadyň barlygy bar bolardy. Şeýle hem gözlenilýän maddy däl zadyň duýgy, arzuw, gahar bilen baglanyşykly bolmagy dürs bolmaz. Emma deliliň subutnamasy ynsanyň ruhunda däl-de, eýsem onuň duýgy bilen baglanyşykly bolan agzalaryna degişli edilerdi. Duýgy bilen baglanyşykly agzalardan we beýleki maddy zatlardan işler peýda bolýar. Diýmek, ruh maddy zat däldir. Sözüň doly manysynda ol maddy barlygy ýok zatdyr we mazmundyr.

Bu deliller ruhuň maddy däldigine güwä geçýär. Ruh aň ýetirilýän zatlara we «ak reňk ak däldir» diýen ýaly manydan daşardaky zatlara aň ýetirýär. Her bir aň ýetirilýän zada we jisimdäki bar zada, aň ýetirijiniň üsti bilen birinji, ikinji, üçünji we indiki aň ýetirmeler bilen eýe bolunýar. Jisime öz barlygynda şekil, hal we mukdar mahsusdyr. Jisim aň ýetirilýän zada eýe bolsa, onda mukdara hem, şekile hem, hala hem eýedir. Çünki ol ikinji aň ýetirilýän zat bolmakdan çykýar. Ruh özi özünden duýýar. Eger ruh agzada bolsa, onda ol diňe agza bilen bilelikde aň ýetirýär. Üçünji aň ýetirmede ruh gapma-garşylyklara aň ýetirýär.

Akyl garrylykda kuwwatlanýar. Maddy däl akyl maddanyň ýok bolmagy bilen ýok bolýar. Ruh barada aýdylanda, onda bu jähetden onuň ýagdaýy munuň tersinedir. Onuň jisimden aýyrylmakdan soň maddy däl bagty bardyr. Ýagşy ruhlar kämil bagta gowuşýar. Sen ruhuň ýönekeýdigini, kämilligi kabul edýändigini we kämilliginiň dowamlydygyny bildiň. Gadymy pelsepeçileriň düşünjesine görä, ýönekeý jisim akyla baranda ýörite mekanda bolýar. Eger maddy akyl iş bilen baglanyşykly akyldan aýrylyşmasa, onda maddy zat bilen bilelikde hem mälim, hem mälim däl bolýar. Bu ýagdaý maddy däl zat bilen birleşmek üçin taýýarlanýan iş bilen baglanyşykly ikinji akylyň kämilligi we akylyň maddylykdan aýrylmakdan soňra iş bilen birleşmegidir. Maddy akyl mukaddes bolmak bilen işe taýýarlanýar we iş bilen baglanyşykly kämil akyla öwrülýär. Maddy akyl özi bilmezden, ýagny

pikiri we hyýaly ulanmazdan iş bilen baglanyşykly akyl bilen birleşýär. Umuman, ruhuň bedendäki iş bilen baglanyşykly akyla eýe bolmagy hökmanydyr. Çünki akyl bedeni ulanýar. Ikinji barlyklara duýgyny we gan aýlanyşyny ulanmaklyk mahsus däldir.

# ON BIRINJI MAKALA

## ÝYLDYZLAR BARADA DÜRS WE DÜRS DÄL KESGITLEMELER

### Rehimdar we Mähriban Taňrynyň ady bilen!

Abu Yshak Ybraýym ibn Abdylla Bagdady şeýle aýdýar: «Meniň ýyldyzlaryň hökümlerini[1] öwrenmäge bolan höwesim örän güýçlüdi. Bu sebäpden bu ugurdan ýazylan kitaplary erjellik bilen okaýardym. Alymlaryň kitaplarda goýberen säwliklerine gabat gelýändigime garamazdan, men olara ynam edýärdim. Beýle säwlikler alymlaryň bu nukdaýnazardan ylymlarynyň kämil bolmazlygy we ýyldyzlary öwrenmäge meşgul hasapçylaryň, gözegçileriň ýörite gurallary başarjaňlyk bilen ulanyp bilmezlikleri sebäpli ýüze çykýandygyna göz ýetirdim. Men beýle säwlikleri anyklamak üçin köp kitaplary dördüm we bu işe kän

[1] Ýyldyzlaryň hökümi – ýyldyzlaryň häsiýetlerine we hereketlerine görä pal atmak, ýagny astrologiýa. Farabynyň nygtamagyna görä, bu iş paýhasa we ýyldyzlar ylmyny bilmeklige esaslanmalydyr.

wagtymy sarp etdim. Ýöne öňümde başga düşnüksizlikler peýda boldy. Beýle ýagdaýy anyklamak üçin uzak wagtlap hasap hem derňew işine meşgul boldum we gurallarda ýyldyzlara gözegçilik etdim. Bu işe içgin girişdigimçe, şonça tolgunma sezewar boldum. Kalbyma şypa gözläp, gadymy akyldarlaryň we hakykat eýeleriniň kitaplaryny gözläp tapdym we olary dörüp çykdym. Ýöne olaryň ýyldyzlaryň hökümleri jähetden aýdan sözleri mende kanagatlanma döretmedi. Maňa olaryň sözleri ygtybarly bolup görünmeýärdi. Bu sebäpden men şübhä düşýärdim. Meniň günlerim şeýle çykgynsyzlyk bilen uzalyp gidiberdi. Günlerde bir gün men Abu Nasr Muhammet ibn Muhammet Faraby Tarhanynyň şägirt-leriniň birine gabat geldim we oňa özümiň ýagdaýymy düşündirdim. Ol meni ussady bilen duşurmaga ylalaşdy. Netijede, maňa onuň bilen duşuşmak miýesser etdi. Ol maňa dikanlap bakyp, bu ylmyň belli bir mukdardaky tozunyň ýüzüme oturandygyny aňdy. Men ondan gadymy alymlaryň mezhebinde ýyldyzlaryň hökümlerinden nämäniň dürs bol-ýandygyny we nämäniň bu jähetden dürs däldigini düşündirmegini soradym. Ol soragyma jogap bermäge başlady we maňa bu ylmyň düýp mazmunyny we hakykatyny düşündirdi. Ol şu rysaladaky zatlary gaý-talap-gaýtalap aýdyp berdi. Men soňra onuň sözlerini özüne gaýtalap aýdyp berdim. Bir gün bolsa ol maňa birnäçe warakdan ybarat rysalany getirip berdi. Onda ussadyň öz haty bilen ýazylan aşakdaky bölümler

bardy. Ussat rysalany birnäçe günüň dowamynda taýýarlan eken we ony bölümlere bölen eken. Ol ony adaty rysala görnüşinde düzen eken. Men rysalany başdan-aýak gözden geçirdim we onda gözleýän sowallaryma kanagatlanarly jogaplary tapdym. Men bu işe uçursyz şatlandym we ussatdan örän minnetdar boldum. Şu nusgany men şol risaladan göçürip aldym. Seniň ony üns bilen okap, yhlas bilen özleşdirmegiň zerur.

Abu Nasr şeýle ýazypdyr:

**Birinji bölüm.** Ylymlar we sungatlar biri-birinden artykmaçlygy boýunça üç topara bölünýär: 1. Mowzugynyň hormaty bilen beýleki ylymlardan artykmaç ylymlar.
2. delilleriniň derňewi bilen beýleki ylymlardan artykmaç ylymlar; 3. Ähmiýeti bilen beýleki ylymlardan artykmaç ylymlar. Soňky topara şerigat ylymlary we olar bilen baglanyşykly sungatlar degişlidir. Delilleriniň derňewi bilen beýleki ylymlardan tapawutlanýan ylymlara geometriýa girýär. Mowzugynyň hormaty bilen beýleki ylymlardan artykmaç bolan ylymlara ýyldyzlar ylmy degişlidir. Bu üç toparyň hemmesi ýa-da ikisi bir ylymda, ýagny ylahyýet ylmynda jemlenýär.

**Ikinji bölüm.** Ynsanyň aňy köplenç ýagdaýda bir ylma düşünmek jähetden ösendir. Birden köp ylma düşünmek jähetden aýdylanda bolsa, onda birinji ylym

oňa beýleki ylymlardan has düşnükli, beýleki ylymlar bolsa birinji ylma garanyňda az düşnüklidir. Ol beýleki ylymlary kämil özleşdirmeýär ýa-da onuň olara höwesi az bolýar, olar onuň aňyna agram berýärler ýa-da ol olara az mätäç bolýar. Bu sebäpli ylymlar umumy, hususy, netije berýän ýa-da netije bermeýän ylymlar bolup biler.

**Üçünji bölüm.** Eger iki sany meňzeş zat bolsa, soňra üçünji bir zat ýüze çyksa, onda hyýal üçünji zady ol iki zadyň ikisiniň hem sebäbi diýip oýlaýar. Ýöne beýle kesgitleme her iki sany meňzeş zat üçin nädürsdir. Çünki iki sany meňzeş zadyň her biriniň özüniň tötänlikleri, özüniň özlügi we özüniň hyýalda düzülýän deňeşdirme aýratynlyklary bolýar. Diýmek, bu deňeşdirme aýratynlygynyň iki sany deňeşdirme aýratynlygyndan düzülmegi hökmanydyr. Meselem, «ynsan zatdyr» we «ynsan jandardyr» diýen düşünje barada aýdylanda, onda ol zat jandar ýa-da zatdyr. Ynsan hem jandardyr. Ýöne munuň özi hemme ýagdaýda dürs däldir. Meselem, «aýy akdyr, emma ol jandardyr» we «mermer akdyr, ýöne ol jandar däldir».

**Dördünji bölüm.** Älemiň işleri birdir. Ýöne onuň işleriniň iki görnüşi bolýar: Birinji görnüşli işler. Özlerinden sebäpler döreýän işler. Beýle işlerde otdan we günden döreýän gyzgynlyk bar. Gyzgynlyk goňşy, gapma-garşy we şulara meňzeş jisimlerde döreýär. Ikinji görnüşli işler. Sebäpleri ýok ylalaşýan işler. Meselem, ynsanyň günüň dogan wagtyndaky ýa-da ýaşan wagtyndaky ölümi we diriligi. Her bir işiň çägi

bellidir. Çünki iş hasaplanýar, bilinýär we kesgitlenilýär. Şeýle hem işe sebäp goýulýar. Ylalaşýan işleriň her birinde hasaplanylmaga, bilinmäge, kesgitlenilmäge we sebäp goýulmaga ýol ýokdur. Taraplaryň biriniň we asman jisimleriniň sebäpleri bardyr. Taraplaryň biriniň sebäbi hususy sebäp, asman jisimleriniň sebäbi bolsa umumy sebäpdir.

**Bäşinji bölüm.** Eger älemde ylalaşýan işler ýok bolsa, onda olaryň belli sebäpleri hem bolmazdy. Eger umyt we howp aradan göterilse, onda adamyň işlerinde nyzam hem, syýasat hem bolmazdy. Eger howp we kanagat bolmasa, onda hiç kim ertiriniň aladasyny etmezdi, tabyn adam hojaýynyna boýun sunmazdy, hojaýyny tabyn adamynyň aladasyny etmezdi we hiç kim başga birine ýagşylyk etmezdi.

**Altynji bölüm.** Her bir mümkin zat ýa-da gazanmagy mümkin bolan zat taraplaryň biriniň bar bolmagydyr. Eger mümkin zady gazanmak uzaga çekse, onda ylmyň başlangyjyny öwrenip bolmazdy. Şonuň üçin mümkin zat taraplarda uzak saklanylmaýar.

Ý**edinji bölüm.** Mümkin işleriň bar bolmagy ýa-da ýoklugy deňdir. Barlyk ýa-da ýokluk ikisiniň hiç biri biri-birinden ýagşy däldir. Eger olaryň iki deňeşdirmesi bar bolsa, onda olaryň diňe biri netije bererdi. Beýle ýagdaýda ol ikisiniň biri tassyklanylýan, beýlekisi bolsa inkär edilýän zat bolar. Sebäbi deňeşdirme zady we onuň gapma-garşylygyny ýüze çykarýar. Olary bilmek peýda bermeýär. Olary bilmegiň diňe zadyň barlygyny ýa-da ýoklugyny bilmek jähetden

peýdalydyr. Ýöne aň gapma-garşy tarapa meýillidir. Çünki ynsanyň aňy owalbaşdan barlygyň we ýoklugyň birine şübhelenýär. Iki sany mümkin gapma-garşy zadyň birini tassyklamaýan, beýlekisini bolsa inkär etmeýän pikir boş pikirdir.

**Sekizinji bölüm.** Köplenç ýagdaýda mümkin işlerden tejribeler üçin peýda bardyr. Emma beýle ýagdaý seýrek ýagdaýda mümkindir. Deň ýagdaýda mümkin işler barada aýdylanda, onda tejribe üçin olaryň peýdasy ýokdur. Zerur ýagdaýda taýýarlyk we tejribe ulanylmaýar. Kim munuň tersine aýdýan bolsa, onda onuň akyly dürs däldir. Jisimler bolsa seýrek ýagdaýda we deň ýagdaýda mümkin bolan işlerden peýdalanýarlar.

**Dokuzynji bölüm.** Adamlar: «Işler we tebigy täsirler hökmanydyr» diýip oýlaýarlar. Meselem, oduň gyzdyrmagy, suwuň çyglandyrmagy, buzuň doňdurmagy. Ýöne ýagdaý beýle däldir. Mümkin zat köplenç iş üçin bar bolýar. Beýle zat iki manynyň[1] jemlenmegi bilen alynýar. Olaryň biri iş edijidir, beýlekisi bolsa işi kabul ediji. Eger iki many jemlenmese, onda işe hem, täsire hem eýe bolunmaýar. Meselem, ot ýakyp, emma ony kabul ediji tapmasa, onda gyzdyrma bolup geçmeýär. Şuňa meňzeş beýleki işlerde hem ýagdaý şeýledir. Iş ediji we işi kabul ediji işe taýýar bolsa, onda iş kämildir. Eger iş edilende

[1] Iki many – ýagny mümkin bolmagyň we mümkin bolmazlygyň bir ýere jemlenmegi.

päsgelçilik berýän tötänlik ýüze çyksa, onda işler we täsir hökmany bolar.

**Onunjy bölüm.** Mümkin işler näbelli bolsa, onda her bir näbelli zat «mümkin» diýlip atlandyrylar. Ýöne ýagdaý beýle däldir. Çünki bu meseläniň ters tarapy deňlik jähetden dürs däldir. Emma hususylyk we umumylyk jähetden hem dürs däldir. Näbelli zadyň mümkinçiligi iki jähetden mümkindir: Olaryň biri zadyň özünde mümkin bolmagy, beýlekisi bolsa zadyň näbelli bolmagyna goşmaça zatlardyr. Bu many säwligiň sebäbidir. Köp adamlar mümkin zady näbelli zatdan tapawutlandyrmaýarlar we mümkin zadyň tebigatyny bilmeýärler.

**On birinji bölüm.** Tejribesiz adamlar mümkin zady näbelli zat diýip oýlaýarlar. Mümkin zady derňäp, ol barada maglumatlara eýe bolan, onuň sebäplerini kesgitlän we hakykatyna düşenen adam üçin ol zat mükin zada öwrülýär. Çünki onuň bu jähetden düşünjesi ygtybarlyga eýedir. Ol mümkin zadyň tebigaty boýunça näbelli zatdygyna aň ýetirýär we ony mümkin zat hasaplaýar. Derňew we barlag işleri onuň ylmyny artdyrýar. Taraplaryň biriniň tebigatyna mümkinçilik mahsusdyr. Çünki taraplaryň biri tebigaty boýunça bar bolmaýar we barlyk jähetden kesgitlenilmeýär.

**On ikinji bölüm.** Şärikli atlar uly säwliklere sebäp bolýar. Zat barada kesgitleme atda şärikligiň ýoklugyna garalyp çykarylýar. Beýle kesgitleme ýyldyzlara degişli kesgitleme hökmünde kabul edilýär. Biziň «ýyldyzlaryň hökümleri» diýen sözümiz umumydyr. Şeýle hem bolsa ol mukdar, hasap ýaly zerurydyr

we «nähili?» düşünjesine girýän täsirler ýaly köplenç ýagdaýda mümkin barlykdyr. Ol mümkin hala çaklama, hal, oňlamak we hasaplamak bilen degişli edilýär. Asman jisimleri we aralyklary barada gepleýän adam ýyldyzlar barada kesgitleme aýdýar. Meselem, bir kişi «Asman jisimleriniň barlygy bakydyr. Bu ýagdaý hökmanydyr. Günüň hem, ýyldyzlaryň hem mümkin mekanlary bardyr. Çünki bu mekan gyzgyn haldadyr. Beýle ýagdaý köplenç ýagdaýda mümkin barlyga girýär» diýip sözlese, onda ol ýyldyzlaryň hökümlerinden söz açýar. Bir kişi: «Pylan ýyldyz pylan ýyldyz bilen ylalaşsa ýa-da bitişse, onda käbir adam baýar ýa-da pylan-pylan hadysa bolup geçer» diýip aýtsa, onda ol ýyldyzdaryň hökümleri bilen baglanyşykly kesgitleme aýdar. Beýle kesgitleme oýlanma, hasap we tebigat bilen baglanyşyklydyr. Baky tebigat üçin berilýän kesgitlemeler dürli-dürlüdir. Olar zerury we deliller bilen baglanyşykly ylymlara mätäçdirler.

**On üçünji bölüm.** Beýik derejeli jisimler pes derejeli jisimlere özleriniň täsirlerini ýetirýär. Pes derejeli jisimler beýik derejeli jisimleriň täsirini kabul edýärler we özlerinden gyzgynlyk çykarýarlar. Aý we Zöhre ýagtylyk berýär.

**On dördünji bölüm.** «Beýik derejeli jisimler özünden ýagtylyk berýärmi ýa-da olary başga jisimler ýagtyldýar?» diýen düşünje jähetden gadymy adamlar dürli pikirde bolupdyrlar. Olaryň käbiri: «Älemdäki jisimleriň arasynda Günden başga ýagtylyk berýän jisim ýok. Başga hemme ýyldyzlar ondan ýagtylyk alýarlar»

diýipdirler we bu sözüň dürslügi üçin Aýy we Zöhräni delil getiripdirler. Çünki ol ikisi Günden ýagtylyk alýar. Olar göz bilen Günüň arasynda ýöreýärler. Olaryň beýleki biri bolsa: «Hemme ýyldyzlar özlerinden ýagtylyk berýär. Ýyldyzlar biri-birine galtaşmak bilen ýagtylyga eýedirler. Galtaşmagyň täsiri arkaly olarda ýagtylyk döreýär» diýipdirler.

**On bäşinji bölüm.** Ýyldyzlar ýagtylygyny Günüň ýagtysy bilen jemlänlerinde jisimlere dürli täsir ýetirýärler. Bu täsir köp ýa-da az, güýçli ýa-da gowşak, artyk ýa-da kem bolup biler. Täsiriň mukdary dürli wagtyň dowamynda kabul edilýär. Çünki jisimler täsiri kabul etmek jähetden biri-birinden tapawutlanýarlar. Jisimler bu aýratynlygy sebäpli barlykdyr.

**On altynji bölüm.** Sebäpler daş ýa-da ýakyn sebäpler bolup biler. Ýakyn sebäpler işleriň köpüsinde mälim, aň ýetirilýän we kesgitli bolýar. Meselem, howanyň ýylylygy günüň ýagtysynyň ýaýramagy sebäplidir. Daş sebäpler aň ýetirilýän, mälim we kesgitli sebäplere öwrülýär. Şeýle hem olar nämälim sebäpler hem bolup biler. Aýyň ýagtylyk bilen dolmagy bolsa, mälim we aň ýetirilýän sebäplerdir. Ýylylygyň ýaýramagy dowamlydyr. Ýylylyk ýere ornaşyp, ösümlikleriň ösmegine we haýwanlaryň semremegine sebäp bolýar. Ynsan we beýleki zatlar ýylylyga hem onuň täsirine mätäçdir.

**On ýedinji bölüm.** Älemiň işlerindäki örän daş sebäpler daşlyk sebäpli anyk bolmaýar. Çaklanylyşyna görä, beýle işler biri-biri bilen ylalaşýarlar. Olar mümkin we nämälim işlerdir. Gün käbir ýerlerde köp

çygy asmana göterýär. Netijede, asmana çyg göterilýär, ümür we bulutlar döreýär, köp ýagyn ýagýar we çyglylyk güýçli bolup, çüýreme döreýär. Käbir adamlar pal atmak bilen jisimleriň hallaryny bilmäge çalyşýarlar. Pal jisimiň halyndaky hökmanylyga we tötänlige esaslanýar. Pal akyla salgylananda we tötänlik bilen gabat gelende dürs bolup biler.

**On sekizinji bölüm.** Älemiň işleri, ynsanyň hallary köp we dürlüdir. Olar haýyr ýa-da şer, halanylýan ýa-da halanylmaýan, ýagşy ýa-da erbet, peýdaly ýa-da zyýanly bolup biler. Her bir hala gapma-garşy hallar bardyr. Älemiň, haýwanlaryň hereketleri, guşlaryň sesleri, adamlaryň sözleri, ýyldyzlaryň hereketleri we beýleki işleri köpdür. Olar ýokarda agzalan hallar bilen ýagdaýlaryň arasynda ýüze çykýar. Olar öz aralarynda sazlaşýarlar ýa-da sazlaşmaýar. Akyl öz işlerinde olara daýanýar. Akyly gowşak adamyň hökmanylyk ýa-da tejribesizlik sebäpli akyly gowşak bolup biler. Meselem, çaganyň akyly hökmanylyk sebäpli, nadanyň akyly bolsa tejribesizlik sebäpli gowşakdyr. Şeýle hem akylyň gowşaklygy tebigylyk ýa-da tötänlik sebäpli bolup biler. Akylyň tötänlik sebäpli gowşak bolmagy ynsanda haýsydyr bir ruhy derdiň ýüze çykmagy sebäpli döreýär. Meselem, çakdanaşa nebis arzuwynyň, gaharyň, gorkynyň, şatlygyň, gaýgynyň we şulara meňzeş zatlaryň ýüze çykmagy sebäpli akyl wagtlaýyn gowşak bolup biler.

**On dokuzynjy bölüm.** Beýik derejeli jisimleriň beýleki jisimler üçin hereket etmekleri we olaryň guşlaryň sesleri, haýwanlaryň hereketleri, agzalaryň

yrgyldyly hereketleri we beýleki işler bilen sazlaşygy iki sany täsir arkaly baglanyşykly bolup biler. Ol täsirleriň biri beýik derejeli jisimleriň biri-birine edýän täsiridir; ol täsirleriň beýlekisi bolsa beýik derejeli jisimleriň pes derejeli jisimlere edýän täsiridir. Şonuň üçin olar pes derejeli jisimleriň özgermelerine, döremeklerine we ýok bolmaklaryna, biri-birine golaýlaşmaklaryna we biri-birinden daşlaşmaklaryna täsir ýetirýär. Asman jisimleriniň soňkusy durnukly, ýönekeýdir we ýok bolýan däldir.

**Ýigriminji bölüm.** Zatlar biri-biri bilen sazlaşýan, sazlaşmaýan, güýçli sazlaşýan ýa-da gowşak sazlaşýan zatlar bolup biler. Şeýle hem olaraň sazlaşygy tebigy sazlaşyk ýa-da tebigy däl sazlaşykdyr.

**Ýigrimi birinji bölüm.** Bir zadyň gönüligi, egriligi, kämilligi we kämil dälligi başga zadyň beýle aýratynlyklaryna täsir ýetirýär. Beýle düşünjeler «nähili?» düşünjesi bilen aňladylýar.

**Ýigrimi ikinji bölüm.** Aý adamlaryň gözleriniň öňünde bir ýerden başga bir ýere ýöreýär. Aýyň şekili olaryň gözlerinden Günüň şöhlesinde ýitýär. Aý bilen Ýeriň arasyna Günüň düşmegi bilen Aý tutulýar. Adamlaryň düşünjesine görä, Aýyň tutulmagy bilen Ýeriň patyşalarynyň biri ölýär. Eger bu düşünje dürs bolsa, onda Günüň öňüni bulutlaryň tutmagy bilen bir adam öler ýa-da ol ýerde bir uly tebigy hadysa bolup geçer. Ýöne beýle düşünje akyldarlaryň ygtybarly sözi däl-de, eýse degişmeçileriň degişme häsiýetdäki ýaňsylama sözüdir.

**Ýigrimi üçünji bölüm.** Alymlar jemlenip, beýik derejeli jisimleriň özlerine täsirleri we düzümleri kabul etmeýändikleri baradaky netijede ylalaşypdyrlar. Çünki olaryň tebigatlarynda gapma-garşylyk ýokdur. Olar beýik derejeli jisimleriň biriniň bagtlydygy, beýlekisiniň betbagtdygy barada kesgitleme çykarypdyrlar. Bu jähetden olaryň biriniň hereketi haýal, beýlekisiniň hereketi bolsa tizdir. Olaryň hereketleri tötänlikleriniň bardygy sebäpli göni däldir. Bu sebäpden olaryň biriniň tebigatyndan gelip çykýan zat beýleki biriniň tebigatyndan gelip çykýan zada meňzeşdir.

**Ýigrimi dördünji bölüm.** Eger ýyldyzlaryň her biriniň, meselem Myrryhyň (Marsyň) reňki ganyň reňkine meňzese, onda olaryň her biriniň reňki hem ganyň reňkine meňzeşdir. Şeýle hem olar bilen sazlaşýan pes derejeli jisimleriň her biriniň reňki gyzyldyr. Her haýal ýa-da tiz hereket edýän beýik derejeli jisimler bilen sazlaşýan pes derejeli jisimiň hereketi haýal ýa-da tiz bolar.

**Ýigrimi bäşinji bölüm.** Ýyldyz toparlarynyň hereketlerini görmek jähtden gözüň nazary kördür. Ol beýle işden ejiz gelýär. Çünki göz nazary göni hereket edýär, ýyldyzlar topary bolsa aýlawly hereket edýär.

**Ýigrimi altynjy bölüm.** Zuhal (Saturn) iň haýal hereket edýän asman jisimidir. Çünki onuň aýlanýan aralygy beýleki ýyldyzlaryň aýlanýan aralyklaryndan has uzakdyr. Aý hem haýal hereket edýän asman jisimleriniň biridir. Çünki ol Ýere iň ýakyn ýerleşen asman jisimidir.

**Ýigrimi ýedinji bölüm.** Aý beýleki asman jisimleriniň işlerini kesgitlemekde ýyldyzçy alymlara mysaly delildir. Olar şeýle aýdýarlar: «Pynhan işler Aýyň şöhlesi doly jemlenende aýan bolýar. Çünki beýle halda Aýyň şöhlesi kämil, deňeşdirme jähetden artyk hem, kem hem bolmaýar».

**Ýigrimi sekizinji bölüm.** Ýyldyzlaryň gyzgynlygynyň, sowuklugynyň, gurulygynyň, çyglylygynyň Güne baglydygy baradaky düşünje alymlaryň jedellerine sebäp bolupdyr. Olar beýle düşünjäniň ýyldyzlaryň Güne ýakynlygy ýa-da daşlygy bilen baglydygyny tassyklaýarlar. Olar Güni soltan, beýleki ýyldyzlary oňa ýakynlygyna görä soltanyň ýakyn adamlarynyň mysaly bilen deňeşdirýärler.

**Ýigrimi dokuzynjy bölüm.** Bu deliller tejribä esaslanýar. Şonuň üçin sen olara ynam bilen gara we ýyldyzlaryň doguşlary hem olardaky özgermeler baradaky kesgitlemelerde bu delilleri esas edin! Onda ýyldyzlar barada dürs we dürs däl çaklamalaryň we hasaplamalaryň esaslaryny taparsyň.

**Otuzynjy bölüm.** Adamlar ykballaryny ýyldyzlar baradaky kesgitlemeler bilen baglanyşdyrýarlar we işlerinde ol kesgitlemeleri yrym edinýärler. Ynsanyň doglan wagtyndan başlap tä ömrüniň ahyryna çenli ahlagynyň nähili boljakdyny ýyldyzlaryň hallaryna görä kesgitleýärler. Adamlar sapara çykanlarynda, urşa gidenlerinde ýa-da beýleki möhüm işlerinde ýyldyzlaryň hökümlerine garaýarlar. Eger ýagdaý şeýle bolsa, onda olaryň bu sungata ähmiýet bermekleri üç zat bilen, ýagny pikirlenmek, gyzyklanmak we gazanç

etmek bilen baglanyşyklydyr. Ýöne her işde paýhasly bolmak we çem gelen sözden häzir bolmak ýagşydyr.

# ON IKINJI MAKALA

## PARASATLY SÖZLERIŇ ÝYGYNDYSY

### Rehimdar we Mähriban Taňrynyň ady bilen!

1. Hemme bar zat özleriniň ýüze çykarýan hökmanylygy sebäpli Beýik ýaradyjynyň mazmunyndan gelip çykýar. Olar Oňa gapma-garşy däldir. Ýaradyjy zatlary Özi üçin ýaradandygyny bilýär. Çünki zatlary ýaratmak Onuň özüniň islegidir. Sebäbi Ol zatlary başga zat üçin däl-de, eýsem Özi üçin ýaratdy. Çünki Ol Özüne aşykdyr. Onuň maksady hem başgalar üçin däl-de, eýsem Özi üçindir. Sebäbi maksat daşky bir zada meýilli ýagdaýda gazanylýan zatdyr. Şeýle sowal berilýär: «Ýaratmak näme üçin gerekli boldy?». Muňa şeýle jogap berilýär: «Sebäbi muny Onuň özi isledi». Şeýlelikde, maksat hereket edijiniň öň ýok ýagdaýyň sebäbi bolmagydyr. Kämil hökmany barlygyň özi özünde öň ýok aýratynlyga wagtyndan öň eýe bolmagy mümkin däldir. Çünki beýle ýagdaýda ol bu jähetden kämil bolmazdy. Şeý-

lelikde, sen Özünden hökmany bar mazmunyň erkiniň nämedigini bildiň. Ol Onuň ýardamy we razylygydyr.

2. Her bir işjeň akyl özünden soň gelýän akyldan beýikdir. Işjeň akyllaryň jemi maddy zatlardan beýikdir. Maddy zatlaryň arasynda asman jisimleri tebigat dünýäsinden beýik hasaplanýar. Biz «beýik zat» diýip, öz mazmuny boýunça öňde gelýän zada düşünýäris. Yzda gelýän zadyň öňde gelýän zatsyz bar bolmagy mümkin zat däldir. Zadyň öz barlygynda we geljekde bar bolmagynda mätäç zadyny pelsepeçiler «birinji kämillik» diýip, zatlaryň geljekde bar bolmagy we barlygy üçin mätäç däl zadyny «ikinji kämillik» diýip atlandyrýarlar.

3. Ruha – aň ýetirmek, duýga – duýmak, duýulýan zada – üýtgemek mahsusdyr. Muňa duýgynyň duýulýan zat tarapyndan edilýän täsiri kabul etmegi delildir. Beýle ýagdaýda şekillerden aň ýetirilýän zat ruha degişlidir. Netijede, ruh duýulýan zatlara duýgy arkaly, aň ýetirilýän şekillere bolsa duýulýan şekilleriň üsti bilen aň ýetirýär. Ruh bu şekilleriň aň ýetirijiligini olaryň duýujylygy arkaly ulanýar. Beýle ýagdaýda ruhuň şekillere aň ýetirmegi duýulýan zada deňdir. Tersine bolan ýagdaýda duýulýan zat ruh arkaly aň ýetirilýän zat bolmazdy. Ruh aň ýetirilýän şekillere aň ýetirmekdäki kämil dälliginiň we hökmanylygynyň netijesinde duýulýan şekillere mätäçdir. Şeýlelikde, ruh aň ýetirilýän şekilleriň üýtgeýän sebäpleri arkaly aň ýetirýär.

Adamyň ylma eýe bolmagy duýgular arkaly amala aşyrylýar. Umumy düşünjelere aň ýetirmeklik zatlaryň bölekleriniň üsti bilen bolup geçýär. Adamyň ruhy güýç bilen baglanyşyklykda aň ýetirmäge ukyplydyr. Meselem, çaganyň ruhy özi üçin esaslara we başlangyçlara eýe bolmaga meýillidir. Çagada beýle meýil duýgularyň kömegine ýüzlenmezden ýüze çykýar. Ol meýil onda öňünden kesgitlenilmezden we aň ýetirmezden döreýär. Onda beýle meýliň döremeginiň sebäbi onuň bu meýle ýykgynlygyndadyr. Eger ruh jisimden mahrum bolsa we aň ýetirilýän zatlary kabul etmäge ýykgyn etse, onda aň ýetirilýän zatlar hökmanylyga görä jisimleriň güýçleriniň gatnaşmagy bilen döreýär we olar onuň üçin artykmaç bolýar. Aň ýetirilýän zatlar onda öňünden kesgitlenilmezden we aň ýetirmezden ýüze çykýar. Beýle ýagdaý çaganyň başlangyçlara eýe bolmagynda bolup geçýär. Duýgular adamyň ruhunyň duýgularyň üsti bilen ylma eýe bolmak ýolunyň mazmunydyr.

4. Ruh madda bilen baglanyşykly wagtynda özüniň maddy däl zatlaryna hem, haýsydyr bir başga hil aýratynlyklaryna hem, özündäki hiline hem aň ýetirip bilmeýär. Çünki ruh özi özüne ýüzlenip hem, özüne goşulýan zatlardan aýyrylyp hem bilmeýär. Ol özüne goşulýan zada öz içine çuň aralaşmaga we öz halyndan haýsydyr bir zada aň ýetirmäge päsgelçilik döredýär. Ruh bu päsgelçilige güýmenende özüniň mazmunyna, halyna we özüne mahsus hil aýratynlyklaryna aň ýetirýär.

5. Bedeniň güýçleri[1] ruhuň öz-özi we özüniň kabul edýän zatlary bilen galmagyna päsgelçilik berýär. Çünki ruh hyýaly zatlary kabul edýär. Ol aň ýetirilýän zatlary bedeniň güýçlerine meýillidigi sebäpli kabul etmeýär. Bedeniň güýçleri ruhdan üstün gelýär. Şeýle hem bu güýçleriň aň ýetirilýän zatlar bilen sazlaşmaýandyklary sebäpli ruh olary bilmeýär. Bu aň ýetirilýän zatlar duýgy bilen baglanyşykly kabul edilmeleriň esasynda döreýär. Çünki ruh olara ynanýar. Bu sebäpden ruha aň ýetirilýän zatlaryň hakyky barlygy ýok bolup görünýär.

6. Adam[2] zatlaryň hakykatlaryny[3] kesgitläp bilmeýär. Biz zatlar barada diňe olaryň aýratynlyklaryny, sypatlaryny we tötänliklerini bilýäris. Biz olaryň her birini döredýän we olaryň hakyky tebigatlaryna delil bolýan görnüş tapawutlaryny bilmeýäris. Bu zatlar aýratynlyklara we tötänliklere eýedir. Meselem, biz Ilkinjiniň hakyky tebigatyny hem, Onuň akylyny hem, Onuň ruhuny hem, asmanyň çäklerini hem, ody hem, howany hem, suwy hem, topragy hem, şeýle-de olaryň tötänlikleriniň hakyky tebigatyny hem bilmeýäris. Munuň mysaly mazmunlaryň hakyky tebigatyny bilmeýändigimiz hem bolup biler. Biziň mazmun hakynda bilýän hemme zadymyz – zadyň aýratynlygynyň barlygydyr, has

---

[1] اَلقُوَى البَـدَنِـيَّة Al-kuwal-bedeniýýa – bedeniň güýçleri.

[2] اَلبَشَـرُ Al-beşer – adam, adamzat.

[3] حَـقَـايِـقُ الاشْـيَـاءِ Hakaýyk al-eşýa – zatlaryň hakykatlary, zatlaryň hakyky tebigatlary.

dogrusy ol haýsydyr bir esasdaky barlykdyr. Ýöne onuň hakyky tebigaty munuň bilen çäklenmeýär. Şeýle hem biz jisimiň hakyky tebigatyny bilmeýäris. Biz diňe onuň jisimlik häsiýetiniň, ýagny oňa uzynlygyň, inliligiň we çuňlugyň mahsusdygyny bilýäris. Şeýle hem biz haýwanyň hakyky tebigatyny bilmeýäris. Biz diňe onuň kabul etmek we hereket etmek ukybyna eýe bolan haýsydyr bir zatdygyny bilýäris. Ýöne haýwanlaryň hakyky tebigaty kabul etmek we hereket etmek ukyby bilen çäklenmeýär. Bu ukyp olaryň haýsydyr bir sypatyna ýa-da aýratynlygyna delildir. Onuň hakyky görnüş tapawudy barada aýdylanda, onda biz ony bilmeýäris. Şonuň üçin zatlaryň barlygynyň mazmuny jähetden gapma-garşy düşünjeler ýüze çykýar. Çünki her bir adam haýsydyr bir aýratynlygy kesgitlemek bilen başga biriniň kesgitlän aýratynlygyna baha berende özüniň kesgitlän aýratynlygyny öňe sürýär. Hakykatdan hem, haýsydyr bir aýratyn zady kesgitlemek bilen biz ol aýratynlygyň birnäçe häsiýetden ybaratdygyny bilýäris. Soňra biz başda bilen zadymyz arkaly bu zadyň başga haýsydyr bir aýratynlygyny kesgitleýäris. Soňra biz ol zadyň barlygyny anyk kesgitleýäris. Ruha aň ýetirmek işi hem beýleki zatlara aň ýetirmekdäki ýaly orun tutýar. Biz zatlaryň anyk barlygyny olaryň mazmunyna görä däl-de, eýsem öň aň ýetiren zatlarymyza, olaryň tötänliklerine ýa-da olaryň aýratynlyklaryna bolan gatnaşyklaryna görä kesgitleýäris. Muňa ruh mysaldyr. Biz jisimiň hereket edýändigini bilýäris. Biz bu

hereketde herekete getirijini kesgitlemek bilen, bu hereketiň beýleki jisimleriň hereketlerinden tapawutlydygyny görýäris. Şeýlelikde, bu jisim beýleki herekete getirijilere mahsus däl aýratyn herekete getirijä we aýratyn häsiýete eýedir. Aýratynlyk yzyndan aýratynlyga garamagy dowam etdirmek bilen ruhuň anyk barlygyna aň ýetirmäge çenli baryp ýetýäris. Biz şeýle-de Ilkinji barlygyň hakyky tebigaty hakynda bilmeýäris. Biz Ol hakynda diňe Onuň hökmany bar bolmalydygyny bilýäris. Bu Onuň sypatlarynyň biridir. Ýöne bu Onuň hakyky tebigaty däldir. Bu sypata görä biz Onuň özi özünden barlykdygyny we beýleki sypatlaryny bilýäris.

7. Sada barlygyň bölekleri kesgitleme boýunça şeýledir. Ýöne olar düzüm boýunça başga hilidir we olar biziň oýlanyşymyz ýalydyr. Çünki olar iň sada mazmuna deňdir. Şonuň üçin olar sada mazmunyň bölekleridir. Biz Ilkinji barlyk barada daşardan alynmadyk başlangyç bilimleri, ýagny Onuň özi özünden hökmany barlyk bolýandygyny bilýäris. Biz barlygy hökmany barlyga we mümkin barlyga bölýäris. Soňra hökmany barlygyň özi özünden barlyk bolmalydygyny, zadymyzyň üsti bilen bolsa onuň hökmany barlyk hökmünde özi özünden ýeke bolmalydygyny bilýäris.

8. Kesgitleme böleklerden düzülýär. Kesgitlenilýän zat bolsa sada mazmun bolanda böleklerden düzülmän hem biler. Beýle ýagdaýda akyl onuň ornuny çalşyryjy haýsydyr bir jynsy we onuň ornuny çalşyryjy haýsydyr

bir görnüşi oýlap tapýar. Çylşyrymly zat barada aýdylanda, onda jyns madda, görnüş bolsa şekile deňdir.

9. Bar bolmak barlygyň mazmunynyň aýyrylmaz aýratynlyklarynyň biridir. Ýöne barlygyň haýsydyr bir mazmunyna eýe bolýan Ilkinji barlyk baradaky düşünje anyk barlyk bilen bir hatarda barlygyň Onuň hakyky tebigatydygyny kesgitleýär. Eger ol haýsydyr bir aýratynlyga eýe bolsa, onda bu ýagdaýda aýratynlyk Onuň barlygydyr. Barlygy jedelsiz bilmek arkaly ýüze çykarylýan barlyk barlyk däldir. Jedelsiz bilmek bilen aňladylan zat ady ýok zatdyr. Bu düşünje Ol barlyk barada hökmany hakyky tebigatyň umumy manydaky hökmanylyk däl-de, eýsem haýsydyr bir düýpli zatdygyny hem kesgitleýär. Munuň özi onuň içki aýratynlyklarynyň üsti bilen güýçleriň ýüze çykarýan barlygydyr. Eger Ilkinji barlygyň hakyky tebigaty mälim bolsa, onda Onuň barlygynyň hökmanylygy bu tebigatyň adynyň düşündirişi bolar.

10. Eger netije sözüň doly manysynda soňky netije bolsa, ýagny hiç hili sebäp bolmasa, bu netijäniň sebäbiniň başga hökmany sebäbi bar bolsa, onda bu sebäp özüniň gutarnykly ýa-da gutarnyksyzdygyna garamazdan, aralyk sebäpdir. Sebäp netije bilen bilelikde bolmalydyr. Çünki netijeler bilen bilelikde däl sebäpler hakykatda sebäpler däldir. Olar, meselem hereket ýaly öňde ýerleşen başlangyçlardyr.

11. Bug özüniň suwa gatnaşygyna görä howa göterilýär. Munuň özi tozanyň topraga görä asmana göterilişiniň mysalyna meňzeşdir.

12. Mukdaryň bölekleri bar. Hiliň bolsa bölekleri ýokdur. Her bir görnüşiň hem bölekleri bardyr. Çylşyrymly mazmun we mukdar hem görnüşiň böleklerine degişlidir.

13. Şekil maddanyň hyýaly sebäbi däldir. Şekil hyýaly sebäp bolmak bilen çylşyrymly zadyň şekiliniň däl-de, eýsem özüniň döremeginiň sebäbidir.

14. Asmanyň reňkiniň göklüginiň sebäbi durulygyň we dury dälligiň gatyşmagydyr. Meselem, howa durudyr. Ýöne oňa tozan ýaýran bolsa, onda ol dury däldir. Howanyň göklügi hem durulygyň we dury dälligiň gatyşmagynyň netijesidir.

15. Bir zadyň beýleki zatdan garadygyny aýtsalar, onda bu düýbünden garalyk hökmünde düşünilmeýär. Çünki ol zat hem, bu zat hem garalygyň kesgitlemesi boýunça birdir. Munuň özi birinji zadyň özüniň garalyk aýratynlygyna görä ikinji zadyň garalyk aýratynlygyndan garadygyny aňladýar. Ýagdaý bir zadyň beýleki zatdan aklygy jähetden hem şeýledir.

16. Iki sany dürli zat[1] «gatnaşyk» düşünjesinde barlyk jähetden ylalaşmaýan iki sany mazmundyr. «Gatnaşyk» düşünjesinde zatlaryň meňzeş we gapma-garşy jübütleri biri-biriniň inkär etmek jähetinden biri-

---

[1] اَلمُخْتَلِفَان Al-muhtalifan – Iki sany biri-birinden tapawutlanýan zat, iki sany dürli zat.

biriniň üstüni ýetirýär. Olar biri-birine gatnaşyga görä biri-birini inkär etmek sebäpli aň ýetirilýän zada öwrülýär. Gapma-garşylyk jähetden olaryň biri-biriniň üstüni ýetirýändigini tassyklamak dürsdür. Ýöne biri-biriniň üstüni ýetirýändikleri jähetden olaryň biri-birine gapma-garşydyklaryny tassyklamak dürs däldir.

17. Biz zat barada: «Ol ýeňil hem däl, agyr hem däl» diýip aýdanymyzda, olaryň ýeňillik jynsyna hem, agyrlyk jynsyna hem girmeýändigini göz öňünde tutýarys. Çünki ol zat aralyk zatdyr.

18. Ýagtylyk – ýagtylygyň çeşmesiniň täsiri astynda üýtgeýän zadyň işjeň däl haly ýa-da ýagtylygyň çeşmesinden şekil berijiniň üsti bilen zadyň täsiri kabul etmegidir.

19. Reňkler ýagtylygyň üstlerde peýda bolmagyndan ýüze çykýar. Ýöne olar özlerinden barlyk bolmaýar. Olar ýagtylygyň çeşmesi arkaly ýüze çykýan tötänlikleriň mazmunydyr. Olaryň biriniň ak, beýlekisiniň gara we şulara meňzeş dürli bolmaklarynyň sebäbi jisimlerdäki ymtylyşyň dürli bolmagyndan ybaratdyr.

20. Hökmany barlyklardan gelip çykýan hemme zatlar onda bar akyl arkaly gelip çykýar. Aň ýetirilýän şekilleriň barlyk bolmagy – olaryň hökmany barlyga aň ýetirmekleridir. Çünki hökmany barlyk bilen şekilleriň arasynda hal we yzygiderlilik jähetden hiç hili tapawut ýokdur. Şekilleriň aň ýetirmegi özleriniň hökmany barlykdan döreýändikdiklerini bilmekleridir. Diýmek, şekiller barlyk bolsa, onda olara aň hem ýetirilýär.

Olara aň ýetirilýän bolsa, onda olar hem barlyk bolýar. Ýaradyjynyň barlygy hem şeýledir. Onuň barlygy öz mazmunyna özüniň aň ýetirmegidir. Hökmany barlykdan aň ýetirilýän şekilleriň gelip çykmaklary bu şekillere aň ýetirmekdir. Bu ýerden aň ýetirilýän zatlar barada oýlanylsa, onda olara aň ýetirmäniň gutarnyksyz dowam edýändigi aýandyr.

21. Ilkinji maddanyň bir zatdygy, haýsydyr bir zada ymtylýandygy we ymtylýan zadynyň özüniň şekilidigini aýdýarlar. Ýöne ýagdaý beýle däldir. Çünki ymtylmak ilkinji maddanyň özüdir, ýagny onuň özi haýsydyr bir zada ymtylýar. Ymtylmak maddalaryň köpüsine mahsusdyr. Meselem, ýönekeý mazmun öz içine jynsy we görnüşi alýan esasy alamatlara görä kesgitlenilýär. Ýöne jyns hem, görnüş hem kesgitli zatda däldir. Beýle ýagdaýda mazmun iki bölekden düzüler, iki bölek bolsa kesgitlemäniň böleginiň mazmunydyr. Biziň: «Haýsydyr bir zada ymtylýan haýsydyr bir zat» diýen netijämizde, onuň haýsydyr bir çylşyrymly zatdygy gelip çykmaýar. Şeýle hem biz: «Birlik bölünmeýän bölekdir» diýip aýdýarys. Bu ýerde hiç hili çylşyrymlylyk ýokdur. Ýogsa, ol birlik bolmazdy. Biz Ilkinji barlyk barada hem şeýle sözi aýdýarys, ýagny Onuň hökmany barlykdygyny aýdýarys. Bu ýerde hem bölekleriň goşulyşmagy ýokdur.

22. Adamyň tebigaty şeýledir. Onuň özi ýüze çykmaýar we ýok bolmaýar. Tersine, ol ýüze çykyjy we ýok bolujy görnüş hökmünde döredilip saklanylýar.

Adam şahsyýetleri barada aýdylanda, onda olar döreýär we ýok bolýarlar. Her bir başlangyjyň tebigaty hem şunuň ýaly döredilýär. Ýöne olaryň özi ýüze çykmaýarlar, eýsem özleriniň aýratynlyklaryna laýyklykda saklanýarlar. Ýeriň tebigaty barada aýdylanda, onda ol ýüze çykýar we ýok bolýar.

23. Zadyň aň ýetirilýän bölegi bu zadyň maddasyndan mahrum barlykdyr. Eger bu zadyň barlygy başga zat üçin bolsa, onda ol zat maddy zatdyr. Onuň barlygy başga bir zat üçin aň ýetirilýän barlykdyr. Eger zadyň barlygy özi üçin bolsa, onda ol zat özi üçin aň ýetirilýän barlykdyr. Beýle ýagdaý diňe barlygyň maddadan mahrum halynda ýüze çykýar. Aýratyn mazmunlardaky barlyk, Ÿýagny maddadan mahrum barlyk özi üçin aň ýetirilýän barlykdyr. Şeýlelikde, zada aýratyn mazmun hökmünde aň ýetirilmegi onuň maddadan mahrum we onuň bilen baglanyşyksyz halda bolmagydyr. Eger haýsydyr bir zat aýratyn mazmunlarda barlyk bolsa, onda ol özi üçin aň ýetirilýän zatdyr. Eger ol pikirlerde bar bolsa, emma aýratyn mazmunlara degişli bolmasa, onda ol özi üçin aň ýetirilýän zat däldir.

24. Hikmet – hakyky barlygy bilmekdir. Hakyky barlyk bolsa özünden bar bolan hökmany barlykdyr. Pelsepeçi – özünden bar bolan hökmany barlygy bilýän adamdyr. Özünden hökmany bar bolmadyk hemme zatlaryň Ilkinji barlygyň derejesi bilen deňeşdirilende özlerine laýyk kämilligi bardyr. Şonuň üçin pelsepeçiniň aň ýetirmesi kämil däldir. Bu ýerden

Ilkinji barlykdan başga kämil pelsepeçi ýokdugy gelip çykýar. Çünki Ol özüne aň ýetirmekde kämildir.

25. Özünden bar bolan hökmany barlyk – maksatdyr. Çünki islendik zat Onuň bilen tamamlanýar. Allatagala bu jähetden: «Aňyrbaş çäk seniň Taňryňda tamamlanýar» diýdi. Her bir maksat haýyrdyr. Ol sözüň doly manysynda haýyrdyr.

26. Ilkinji barlyk – kämil kuwwatlydyr, kämil paýhaslydyr, hemme zady kämil bilijidir we özüniň hemme işlerinde kämildir. Onuň hiç bir işinde hiç hili kemçilik ýokdur. Oňa tebigy zatlardaky ýaly ejizlik hem, dertler hem, apatlar hem mahsus däldir. Tebigy zatlardaky beýle kemçilikleriň hemmesi hökmanylyk we maddanyň kämil tertibi kabul etmäge ukypsyzlygyndan gelip çykýar.

27. Asman jisimleriniň akyllary işjeňlik bilen dälde, eýsem güýç bilen baglanyşyklykda aň ýetirýärler. Şonuň üçin olar bir gezek däl-de, eýsem birnäçe gezekde we ýuwaş-ýuwaşdan zat yzyna zada, bir hereketiň üsti bilen däl-de, eýsem hereketiň yzyndan hereket etmek bilen aň ýetirýärler. Ýogsa, hemme hereketler bir gezekde amala aşyrylardy. Beýle ýagdaý bolsa olar üçin mümkin däldir. Köplük bar ýerinde nogsanlyk hem bardyr. Bu sebäpden asman jisimleriniň mazmunlaryna köplük häsiýetlidir. Olar ruh ýaly maddadan we şekilden düzülýär. Ýönekeýlik Ilkinji barlygyň we işjeň akyllaryň mazmunydyr.

28. Ruhy zada aň ýetirmekde kämillik mahsusdyr. Ol kämillige zadyň özüne däl-de, eýsem onuň aýratynlygyna düşünmek üçin mätäçdir.

29. Birligiň esas edilip goýlan zada gatnaşygy reňkiň hiliniň aga bolan gatnaşygy bilen meňzeş däldir. Çünki birlik aýratynlyklaryň görnüşine degişlidir. Birlik barlyk ýaly tötänlikler bilen baglanyşykly däldir. Ol özüniň esas edilip goýlan zadyndan aýrylyşmaýar. Birligiň esas edilip goýlan zatlary birligi döretmeýär. Esas edilip goýlan zatlaryň birlige gatnaşygy görnüşiň jynsa bolan gatnaşygy ýaly däldir.

30. Tötänlikleriň we maddy şekilleriň öz-özlerinden bar bolmagy olaryň esas edilip goýlan zatdaky barlygydyr. Olar başga barlygyň esasda goýlan zady bolmak üçin özleriniň esas edilip goýlan zatlaryny terk etmeýär. Maddy ruhlar – maddy şekillerdir. Adamyň ruhy maddy şekilleriň jemi däldir. Çünki ol ruh maddada ýerleşmeýär. Ruhuň haýwanlar we ösümlikler bilen baglanyşykly güýçleri jähetden şeýle şübhe döreýär: olar güýç bolsa, onda olar maddanyň ýok bolmagy bilen nähili ýok bolýarlar?

31. Öz-özünden bar bolan ynsan ruhy bir göwreden başga bir göwrä geçmeýär. Çünki her ruha göwräniň üsti bilen şertlendirilýän özboluşly başlangyç mahsusdyr. Bir göwredäki şeýle başlangyç beýleki göwredäki başlangyçdan tapawutlydyr. Özboluşlylygyň bir göwrä häsiýetlidigi sebäpli başlangyç ruh bilen aýrylyşmaýar.

32. Ýüze çykýan we ýok bolýan ýeke-täk zatlarda ol ýa-da bu görnüşe girýän we aň ýetirilýän zatda bolşy ýaly tötänlik ýokdur. Ýöne aň ýetirilýän zat ýeke zadyň ýa-da oňa degişli zadyň aňda hyýala getirilmesidir. Çünki aňda hyýala getirmäniň aýratynlyklary bardyr. Şunuň bilen bir hatarda ol ýeke zada görä has beýik aň ýetirilýän zatdyr. Ýöne ol ýeke zada degişli däldir. Eger başga zada dahylly bolsa, onda hökmany ol barlygyň akyly bolardy. Ýöne ol bu barlygyň şerti ýa-da sebäbi bolmazdy. Ol bu barlygyň duýgy alamaty ýa-da başga bir zady asla bolup bilmezdi. Munuň üstesine ol beýle ýagdaýda bu barlygyň görnüşine degişli zatlaryň aňdaky umumy düşünjesi bolardy.

33. Barlygyň hökmany kesgitlemesi bolmalydyr. Görnüş tapawudy onuň barlygyny kesgitleýän başlangyç bolmak bilen onuň tapawudyny anyklaýar.

34. Iş bilen baglanyşykly her bir zat «şekil» diýlip atlandyrylýar. Şonuň üçin jisimiň şekillerine «şekiller» diýilýär. Olar iş bilen baglanyşyklykda jisimleri döredýär.

35. Bar bolmagy özüne bagly zatlar, meselem maddadan mahrum akyl we akyl bilen baglanyşykly ruh özlerine aň ýetirýärler. Bar bolmagy özüne bagly däl zatlar, meselem görüş güýji özüne aň ýetirmeýär.

36. Eger oduň şekili ýok bolsa we howanyň şekili peýda bolsa, onda ýok bolmaklyk bilen bilelikde bir jisim şekili ýok bolýar we döremek bilen bilelikde başga howa şekili döreýär. Çünki ölçeglerdäki seýreklik we dykyzlyk sebäpli, ölçegler üýtgemeýän

ululyklardyr ýa-da üýtgeýän hem ýok bolýan ululyklardyr.

37. Hakyky haýyr barlygyň kämilligidir. Beýle barlyk hökmany barlykdyr. Şer – beýle kämilligiň ýoklugydyr.

38. Nokat çyzygyň kwadrata göterilişinde bolşy ýaly, çyzygyň halynyň görkezgijidir. Çünki nokat çyzygyň gutarnyksyz halydyr.

Üsti «çäk» diýip, şeýle hem ony «mukdar» diýip hasaplaýarlar. Ýöne ol çäk manysy jähetden mukdar däldir. Çünki onda iki sany aralygy ýüze çykarmak mümkindir. Ol iki aralygyň mukdara gatnaşygy görnüşiň jynsa gatnaşygy ýalydyr. Emma olaryň mukdara gatnaşygy mukdaryň jisim şekiline gatnaşygy ýaly däldir. Çünki soňky gatnaşyk tötänlikleriň şekile gatnaşygy ýalydyr.

40. Birlik sany düzýär, çünki ol sanyň bölegidir. Nokat çyzygy düzmeýär, şonuň üçin ol çyzygyň bölegi däldir.

41. Eger bir jisim başga jisim bilen bir nokatda galtaşsa, soňra onuň bilen başga bir nokatda ýene galtaşsa, onda birinji nokat iki jisimiň hereketi sebäpli ýiter. Çünki nokat galtaşyk sebäpli nokatdyr. Eger hereket sebäpli ýüze çykýan galtaşma ýitse, onda nokat hem saklanmaz. Diýmek, başlangyjy nokat bolan çyzyk hem ýiter.

42. Haýyr – her bir zadyň aňyrbaş maksat hökmünde ymtylýan zadydyr. Haýyrda barlyk kämildir, ýagny onuň derejesi we hakyky barlygy

kämildir. Beýle ýagdaý, meselem adamda we asman çäginde ýüze çykýar. Çünki olaryň ikisi hem özleriniň hökmany we ahyrky maksatlaryny – haýyry isleýärler.

43. Ýaradyjynyň aň ýetirýän we aň ýetirilýän barlyk bolmagy Onuň mazmunynda hökmany ýagdaýda ikiligiň bardygyny aňlatmaýar.

44. Adamyň ruhy özüne diňe maddadan mahrum bolanda aň ýetirýär. Haýwanlaryň ruhlary maddadan mahrum däldir. Şonuň üçin olar özlerine aň ýetirmeýär. Çünki haýsydyr bir zadyň aň ýetirmesi maddada mahrum bolmakdyr. Ruh agzalar arkaly diňe hyýal edilýän we duýulýan zatlara aň ýetirýär. Umumy düşünjeler we aň ýetirilýän zatlar barada aýdylanda, onda ruh olara öz-özünden aň ýetirýär.

45 Ol Ilkinji we Ahyrkydyr. Çünki Ol hereket ediji we maksatdyr. Onuň maksady hem Onuň özüdir. Islendik zat Ondan gelip çykýar we Oňa dolanýar.

46. Jisim ruhuň barlyk bolmagynyň şertidir. Ruhuň geljekki barlygy barada aýdylanda, onda hem ol jisime mätäçdir. Eger ruh kämil däl bolsa, onda ol jisim arkaly kämilleşýär. Çünki jisim onuň kämilleşmeginiň, şeýle hem bar bolmagynyň şertidir.

47. Adam zatlaryň hakykatyny doly bilmeýär. Çünki onuň aň ýetirmesiniň başlangyjy duýgudyr. Soňra ol akyl arkaly meňzeş we meňzeş däl zatlary tapawutlandyrýar. Beýle ýagdaýda ol özüniň akyly bilen zadyň käbir aýratynlyklaryna, onuň mazmunynyň käbir hillerine, sypatlaryna ýuwaş-ýuwaşdan umumy aň ýetirmä geçmek bilen aň ýetirýär.

48. Hemme ruhlar öz-özlerinden işjeň kämillik bolmaga hemmişe taýýar bolmak bilen ymtylýar.

49. Ruh jisimde ýerleşmese hem, onuň barlyga ukyplylygyny üpjün edýän güýçleri jisimdedir. Ol güýçler ruh bilen mäkäm baglanyşykdadyr. Bu güýçler ruha we jisime umumydyr.

50. Adamyň ruhy hyýal ediji güýçlerden özüniň aň ýetirmesiniň başlangyçlaryny alýar. Ruh zada aň ýetirmäniň başlangyçlaryny almak üçin hyýal ediji güýçlere mätäç däl ýagdaýda kämildir. Şol wagt ol jisimi terk edýär we diňe işjeň akyla ymtylýar.

51. Bu kesgitlemeler ruhuň tebigaty boýunça başlangyçlary daşardan almaýandygynyň we içki başlangyçlary peýdalanýandygynyň delilidir.

52. Deliller öwrenilende geometrik şekilleriň tagtada şekillendirilmegi hökmanydyr. Ol bolsa, deliller ýatlananda aňda bulaşyklyk döremezligi üçin edilýär. Beýle ýagdaýda hyýal haýsydyr bir görnüşli delillere meşgul bolup, maddadan mahrum bolmaz. Aýdyňlyk ruha öz güýçlerini haýsydyr bir zada meşgullandyrmaga päsgelçilik bermez.

53. Gadymy akyldarlar: «Ruhlar adam ruhlaryndan we işjeň akyllardan döreýär. Işjeň akyllardan dörän ruhlar baky, adamyň ruhlaryndan dörän ruhlar panydyr» diýip çaklapdyrlar.

54. Asman çägi ilki bu zatlara aň ýetirýär, soňra ol olary hyýala getirýär. Biz bolsa zady ilki hyýala getirip, soňra oňa aň ýetirýäris.

55. Asman we asman jisimleri Ilkinji barlyga aň ýetirýär. Bu aň ýetirme olary lezzete ymtyldyrýar. Aň ýetirmäniň yzysüre hereket başlanýar. Biz hem zady şuňa meňzeş hyýala getirýäris. Munuň özi bizde lezzeti ýüze çykarýar. Netijede, tolgunma, şowhunlylyk ýaly hereketler döreýär. Ýöne asman çäginiň hereketleri hyýalydyr, biziň hereketlerimiz bolsa hyýaly däldir.

56. Ilkinji barlygyň aň ýetirmesi biziň bir zady hyýala getirenimizde başdan geçirýän tolgunmamyza meňzeşdir.

57. Aýlawly hereketiň üznüksizliginiň sebäbi – üznüksiz isleglerdir. Hereketlere yşk jähetden bir herekete getiriji hem ýeterlikdir. Bu herekete getiriji kämillige ymtylmakdyr. Eger asman ruhlarynda kämillik ýok bolsa, onda herekete getiriji her gezek belli bir çäge ýetende, onda saklanmaýar we beýleki çäge ymtylýar. Bu iş tükeniksiz dowam edýär. Netijede, hereketiň üznüksizligi amala aşyrylýar.

58. Ýöriteleşdiriji başlangyç – zadyň barlygyny özbaşdaklyga taýýarlaýan we özüne meňzeş barlykdan aýrybaşga ediji zatdyr. Ýöriteleşdiriji başlangyç zadyň barlygyna, onuň gurluşyna, düzümine işjeň görnüşde girýär.

59. Ýöriteleşmek – ýöriteleşiji zady başga zatlardan tapawutlandyrýan mahsuslygyň döremegidir.

Bu zatlar «nirede?» we «wagt» düşünjeleriniň mazmunydyr. Beýleki hallar we hiller barada aýdylanda, onda olar birnäçe zat üçin umumydyr. Meselem, ak we gara reňk şeýledir.

60. Asman özüniň «hal» we «nirede?» diýen düşünjelerinden başga hemme babatda kämildir. Onuň bu kämil dälligine hereketiň üsti bilen aň ýetirilýär. Asmanyň her böleginde hereketiň bölekleriniň jeminiň bar bolmagy mümkin däldir. Şeýle hem asmanyň her böleginiň mazmunyna yzygiderli gatnaşyk bolaýmasa, başga gatnaşygyň mahsus bolmagy mümkin däldir.

61. Asmanyň hereketi özüniň kämilligini talap edýän kämillik däldir. Eger asmanyň kämilligi hereketine deň bolmasa, onda ol kämillige ýetip saklanardy. Asman üçin hereket – dik hereket edýän jisimleriň tebigy mekanlarynda rahatlyk halyny gazanyşlary ýalydyr. Şonuň üçin asman hemişe hereketde bolýar.

62. Asmanyň we asman jisimleriniň erki kämilleşmäge we Ilkinji barlyga meňzemäge ymtylýar. Bu sebäpden hereket olaryň erkinden gelip çykýar. Olaryň hereketlerinden hökmanylyk bilen üýtgeýän zatlar döreýär. Ikinji kämilligiň mazmuny şeýledir.

63. Asmandaky hereketiň maksady hereketiň özi däldir, eýsem hereketiň tebigatyny saklamakdyr. Ýöne hereket diňe görnüş hökmünde bar bolmagyny dowam edip, hususy hereketleriň üsti bilen saklanýar. Munuň özi «adam» görnüşiniň barlyk bolup, dowam etmeginiň şahslara bagly bolşy ýalydyr. Çünki bu görnüşiň saklanmagy bir şahsyň üsti bilen mümkin däldir. Sebäbi döremeklik bardyr. Hemme döreýän zatlar bolsa hökmany ýok bolýar. Asmanyň hereketi bolsa täzelenmegine garamazdan, üznüksiz we hemişelikdir.

64. Hususy tebigatyň maksady – hususy şahsdyr. Onuň yzyndan gelýän şahsda bolsa, başga tebigat bolar. Tükeniksiz şahslar – asman mazmunlarynda hereket ediji tükeniksiz güýjüň ymtylýan maksadydyr. Ol güýçlerden tükeniksiz hallara degişli tükeniksiz hereketler gelip çykýar.

65. Hyýal ruhuň aň ýetirýän hemme zatlaryna dahyllydyr.

66. Asmanyň bir aýlawy[1] bir hereket bilen amala aşyrylmaýar. Beýle ýagdaý gündogardaky zadyň hereketi bilen günbatardaky zadyň hereketiniň deň bolmagy üçindir. Çünki birinji öňden barýar, ikinji bolsa onuň yzyna düşýär.

67. Asmanyň hiç bir böleginde düýbünden dynçlyk ýokdur. Hemme zat hereket edýändir. Şeýle hem olar öz-özlerinden hereket edýärler. Asman jisimleri özleriniň merkezleriniň töwereginden aýlanyp, hereket edýär.

68. Ýok zat – güýç bilen baglanyşyklykda başga zat bolup biler. Ol zatda şol wagt ýok bir zat döräp biler.

69. Ilkinji madda bilen ýoklugyň arasyndaky tapawut maddanyň tötänlik bilen baglanyşyklykda we özünden bar mazmun bilen baglanyşyklykda ýokdugyndan ybaratdyr. Ýokluk bolsa öz mazmunyna

---

[1] دَوْرَةٌ مِنْ دَوْرَانِ الفَلَكِ Dewretun min dewran al-felek – asmanyň bir aýlawy.

görä ýokdur. Ol tötänlik bilen baglanyşyklykda bardyr. Çünki ol akyl bilen baglanyşyklykda barlyga öwrülýär.

70. Kabul ediji zadyň iki görnüşi bar: 1. Daşardan bir zady kabul ediji zat. Beýle ýagdaýda daşky görnüşi kabul edýän madda özgermä sezewar bolýar. 2. Daşardan däl-de, eýsem öz-özünden bir zady kabul ediji zat. Beýle ýagdaýda daşky görnüşi kabul edýän madda özgermä sezewar bolmaýar. Emma ikinji görnüşi diňe Ýaradyja degişli etmek dürsdür.

71. Ilkinji barlygyň barlygynyň hemme zatlaryň barlygyndan tapawutly bolşy ýaly, Oňa aň ýetirmek hem hemme zatlara aň ýetirmekden tapawutlydyr. Onuň hallary barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Çünki Onuň hiç bir haly beýleki zatlaryň haly bilen deňeşdirer ýaly däldir. Bize Ýaradyjyny deňeşdirmek jähetden şeýle pikir ýöretmegimiz gerek: Ol deňeşdirerden has beýikdir.

72. Hemme barlyklar hökmanylyga görä Onuň mazmunyndan gelip çykýar. Ýogsa, olar barlyk bolmazdy. Şeýle hem olar akyllardaky şekilleriň keşpleridir. Çünki olar keşpler bilen şertli barlykdyr. Ýogsa, olar barlyk bolmazdy. Wagt jähetinden döreýän we başlangyçlary bar bolan, asman jisimleriniň we çäginiň ruhlarynda şekillendirilen zatlar barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Ýogsa, olar döreýän zatlar bolmazdy. Eger olar asman jisimleriniň we çäginiň hyýal güýji bilen şekillendirilen keşpler bolsady, onda olar wagt jähetinden döreýän we başlangyçly bolan hemme zatlar bilen deň bolardylar.

73. Ebedi we beýleki barlyklar biri-birine dürli gatnaşyklarda bolmaklaryna garamazdan, bir haldadyr. Çünki beýle gatnaşyklaryň hemmesi Ilkinji barlyk üçindir. Beýle gatnaşyklar Oňa mälimdir. Olaryň mysaly degişlilik, gapma-garşylyk, sebäplilik we netije gatnaşyklary bolup biler. Bu gatnaşyklaryň her biri tükeniksizdir. Olar tükeniksiz sanlar jähetinden garalyp bilner. Bu zatlaryň her biri özüniň gurluşy we şekili boýunça başga bir zadyň sebäbi, netijesi, bir zadyň gapma-garşylygy we başga zada degişli zat bolup biler. Onda başga gatnaşyk bilen baglanyşykly gatnaşyk we tükeniksiz köp hallar bardyr. Ýöne şekilleriň we keşpleriň tükeniklidigi sebäpli Ilkinji barlyk olara aň ýetirýär. Bu ýerden Onuň olaryň arasyndaky gatna-şyklara haýsydyr bir zat hökmünde aň ýetirmeginiň hökmanylygy gelip çykýar. Çünki bu tükeniksiz şekillere we keşplere olaryň sanlarynyň tükeniksizdigi jähetinden garamak mümkin.

74. Ilkinji barlyk ýok bolýan zatlara sebäplerine we şertlerine görä aň ýetirýär. Munuň özi seniň ýok bolýan zada sebäbi arkaly aň ýetirşiňe meňzeşdir. Meselem, eger sen madda bölünende damarda gyzdyrmanyň döreýändigini hyýalyňa getirseň, bu ýagdaý bilen bir hatarda munuň bir şahsda belli sebäbe görä bolup geçýändigini hem bilersiň. Netijede, sen onuň gyzdyrýandygy baradaky netijä gelersiň. Bu ýerde netije däl-de, eýsem onuň mowzugy üýtgeýär.

75. Asman jisimleriniň käbirleriniň hereketleri bir zady ýüze çykarýar, beýleki birleriniň hereketi bolsa

muňa päsgelçilik döredýär. Beýle ýagdaýda iki jisimiň hereketi çaknyşýar. Netijede, başga bir zat döreýär.

76. Tebigy zatlaryň maksady – maddadaky şekilleriň döremegidir. Çünki tebigat maddadaky şekiliň döremegine ymtylýandyr.

77. Asman jisimleri zatlary hyýala getirýär. Olaryň hyýala getirmesi zatlaryň ýüze çykmagynyň sebäbidir. Şeýle hem olaryň hereketi başga zatlaryň ýüze çykmagynyň sebäbidir. Olaryň hereketleriniň başga zatlaryň döremeklerine sebäp bolşy ýaly, olaryň hyýala getirmeleri hem biziň ruhlarymyzda ol ýa-da bu herekete meýillendirýän hyýallaryň oýanmagyna sebäpdir. Asman jisimleri zatlary hyýala getirip we tebigy zatlaryň sebäbi bolup bilýär. Meselem, olar howanyň gyzgynlygyny hyýala getirenlerinde, howanyň ýylylygy döreýär. Asman jisimleriniň hyýala getirýän zatlary hereket ýa-da hereketsizlik arkaly döreýär. Asman jisimleri hususy hereket edenlerinde diňe bu hereketden gelip çykýan zatlara aň ýetirýär. Olar başga hereketden gelip çykýan zatlara aň ýetirmeýär. Eger olar başga hili hereket etseler, onda şol bir wagtda iki hereket we olaryň ýüze çykaran iki hadysasy dörärdi. Beýle ýagdaý bolsa mümkin däldir. Ýöne asman jisimleri we ruhlary mümkin däl zatlary hyýala getirmeýär. Çünki olar ýasama zatlar däldir. Olaryň hyýallaryndaky dürli hallaryň käbiriniň keşplerindäki hakykylygyň, beýleki biriniň keşplerindäki hakyky dälligiň sebäbi kabul edýän esasda goýlan zatdan başga zat däldir. Kabul ediji esasda goýlan zat

özündäki garyndynyň we düzümiň bozulmagyna meýillidir. Olarda bir hyýala getirilýän şekiller başga şekillerden agdyklyk edýär. Bu şekiller pikir üçin päsgelçilik döredýär. Kabul ediji zat düýşde bolşy ýaly, akyl güýjünden mahrumdyr. Beýle ýagdaýda hyýalyň güýji agdyklyk edýär. Ýöne beýle ýagdaý asman jisimlerinde ýokdur. Çünki biz bu ýerde kabul ediji zadyň päkligi we päsgelçilikleriň azlygy bilen iş salyşýarys. Asman jisimleri mümkin däl zatlary däl-de, eýsem hökmany zatlary hyýala getirýärler. Hereket ediji akyl, ýagny işjeň akyl barada aýdylanda bolsa, onda ol aň ýetirmelidir, ýagny hyýala getirmelidir. Ol ýekedir. Şonuň üçin hyýala getirmeleriň dürli bolmagynyň sebäbi däldir.

78. Görnüşe, tapawuda we dürli manylara aň ýetirmeklik mahsusdyr. Olaryň arasynda umumy aýratynlyklar bardyr. Umumy aýratynlyklaryň biri umumy, beýleki biri bolsa hususydyr. Umumy aýratynlyklar «görnüş» diýlip, hususy aýratynlyklar «tapawut», «aýratynlyklar» ýa-da «tötänlikler» diýlip atlandyrylýar. Umumy aýratynlyklar manylardan düzülen aýratynlyklardyr we umumy manyny düzüji böleklerdir. Umumy manylar hususy zatlarda ýokdur. Meselem, «haýwan» sözüniň manysy diňe pikirde bar. Bu many başga manynyň düzüm bölegidir. Kitaplarda berilýän aýratynlyklar hakyky barlygyň däl-de, eýsem pikirdäki zadyň aýratynlygydyr. Duýgy, hereket we erk ruhuň aýratynlyklarydyr. Ýöne olar haýwanyň

başlangyçlaryny düzüji manydyr. Beýle many bolsa diňe pikirdäki barlykdyr.

79. Zat öz-özünden ýok bolmaýar. Tersine bolan ýagdaýda onuň barlygy hakyky barlyk däldir. «Hereket öz-özünden ýok bolýar» diýen düşünje asla bolmajak zatdyr. Çünki onuň ýok bolmagy üçin haýsydyr bir daşky sebäp bolmalydyr. Eger bir hereket kesilse, onda onuň yzy bilen başga hereket ýüze çykýar.

80. Gan basyşyndaky damar daralmasy we giňelmesi ruhdaky giňelmä we daralma baglydyr. Bu ýerde birinji hil ikinji hiliň netijesidir. Emma ruhuň agzasy has aýan we has kuwwatly hereket edýär. Gan basyşyndaky damar daralmasy we giňelmesi mundan has gowşakdyr. Ruh gyzgynyň we mekanyň giňliginiň güýji bilen hökmanylyga görä has kuwwatlydyr.

81. Daralmak hereketi duýulmaýar, ýöne oňa aň ýetirilýär. Bu hereket şübhesiz ýene öňki ýerine gaýdyp gelýär.

82. Ýönekeý mazmunlaryň görnüşleri ýokdur. Tapawutlar barlyklaryň reňkinde we hilinde bolmaýar. Tapawutlar diňe çylşyrymly mazmunlara mahsusdyr. Tapawut jynsyň madda gapma-garşy goýluşy ýaly, şekile gapma-garşy goýulýar. «Akylly» düşünjesi adamyň tapawutly tarapy däl-de, eýsem adamyň ruhunyň tapawutly aýratynlyklarynyň biridir.

83. Dörediji tapawutlara asla aň ýetirilmeýär ýa-da olar bilinmeýär. Diňe olaryň aýratynlyklaryna aň ýetirilýär. Meselem, ösümligiň ruhuny haýwanyň ruhundan we adamyň ruhundan tapawutlandyrýan

zatlary bilip bolmaýar. Tapawut hökmündäki zatlar aýratynlyklar bolmak bilen hakykat ýüzünde tapawuda delildir. Meselem, «akylly» düşünjesi barada aýdylanda ýagdaý şeýledir. Ol adamyň görnüş tapawudydyr, ýagny adamyň aňly jandardygyna delil bolýan düşünjedir. Muňa meňzeş zatlaryň kesgitlemesi hakykat ýüzünde kesgitlemäniň mazmuny däl-de, eýsem häsiýetnamasydyr.

84. Merhuma «adam» düşünjesi «ol adam» diýen jümledäki adyň umumylygy sebäpli ulanylýar. Merhuma bu sözüň ulanylmagy hökmany däldir. Çünki «adam» düşünjesi diri adamy aňladýar.

85. Ruhuň iýmiti – salkyn şemaldyr. Ruh ony özüniň mazmunyna girizýär, onuň bilen iýmitlenýär, öň ýanan zatlary kowup, olaryň öwezini doldurýan zatlary özünde galdyrýar. Çyg barada aýdylanda, onda bu iýmitiň mekany kalpdyr. Ruh çyga barmaga ýol tapylmasa, onda ol özüniň işini bes edýär. Bu jähetden ol çyra meňzeşdir. Eger howanyň ýoly ýapylsa, onda ýagyň barlygyna garamazdan, çyra öçer.

86. Her bir başlangyçly we ahyrly zadyň mukdar, san we many tapawudy bardyr. Meselem, mukdar jähetden – bir wagt bilen başga wagtyň arasynda, bir tarap bilen başga tarapyň arasynda, san jähetden – bir bilen onuň arasynda, many jähetden – jyns bilen görnüşiň arasynda tapawut bardyr.

87. Hereket asmanyň mazmunyna girmeýär. Ol diňe onuň mazmunyna dahylly zada goşmaça degişli edilýän zatdyr. Şonuň üçin: asman çägi hereket we

wagt aýratynlygynda bolmaýar. Ol hereket we wagt bilen bilelikde bolýar.

88. Zadyň anyk barlygy, barlygynyň mazmuny, birligi, özbaşdak barlygy, aýratyn barlygy we hususy barlygy – bularyň hemmesi ýekedir. Biz: «ol şeýle-şeýle zat» diýip aýdanymyzda onuň barlygynyň mazmunyny, hususy barlygyny we beýleki zatlar bilen aýrylmaýan özbaşdak barlygyny göz öňünde tutýarys.

89. «Bu zat bar zatdyr» diýen düşünje barlygy we birligi aňladýar. Eger biz «Zeýt ýazyjy» diýsek, onda bu söz Zeýdiň ýazyjydygyny aňladýar.

90. «Ol» sözi baglaýjydyr. Bu sözüň hakyky manysy – barlygyň «baglaýjy» diýlip atlandyrylmagyndadyr. Çünki ol iki manyny baglanyşdyrýar.

91. Eger netijedäki mowzuk umumy at bolsa, onda ol baglaýjy mowzugyň üýtgewine görä üýtgeýär.

92. Haldan we wagtdan başga hemme düşünjelere umumylyk mahsusydyr. Hususylaşmak ol zatda hem, bu zatda hem bolup geçýär. Hal üýtgeýär. Ýöne hususylaşmak halynyň hili saklanýar we ol ýok bolmaýar.

93. Hal öz-özünden we wagt bilen baglanyşyklykda hususylaşýar.

94. Wagt hala görä hususylaşýar. Her bir wagtyň mahsus haly bardyr. Çünki ol asman çägine mahsus haldan gelip çykýar. Mekan hem hala görä hususylaşýar. Çünki her bir mekan özüniň tutýan ýeri

jähetden beýleki mekanyň tutýan ýerine görä gatnaşykdadyr.

95. Tebigat ylmy[1] hemme tebigy zatlary öz içine alýar. Onuň özünden aşakda durýan ylymlara gatnaşygy umumy bilimleriň hususy bilimlere gatnaşygy ýalydyr. Onuň mowzugy hereket edýän we rahatlyk halyndaky jisimdir. Bu jisimde öwrenilýän zatlar başlangyçlardan düzülýän asman jisimlerine ýa-da jisime ymtylýan däl-de, eýsem haýsydyr bir zada ymtylýan we dynçlyk halyndaky jisime mahsus tötänliklerdir. Soňra asman jisimleriniň we başlangyçlardan düzülýän jisimleriň has hususy derňewi, ýagny ösümlikleriň we haýwanlaryň derňewi gelýär. Beýle ýagdaýda jisimiň derňelýän mowzugy umumy däl-de, eýsem hususy häsiýete eýedir. Soň mundan has hususy derňew, ýagny garyndylary bilen bilelikde alnan başlangyçlardan düzülen jisimleriň derňewi gelýär. Soň mundan has hususy derňew, ýagny haýwanlaryň we ösümlikleriň derňewi gelýär. Şunuň bilen fizikanyň mowzugynyň derňewi tamamlanýar. Asman jisimleri barada aýdylanda, onda olar ýönekeýdir. Garyndylary ýok jisimleriň şekilleri hemişe özleriniň maddalaryndadyr. Bu sebäpden olar has hususy derňewe, ýagny haýwanlaryň we ösümlikleriň derňewine dahylly däldir. Has umumy görnüşlere degişli zatlara mahsus bolan tötänlikleriň duýulýan

---

[1] عِلْـمُ الطَـبِـيعِـى Ilm at-tabi‘i – tebigat ylmy, ýagny fizika ylmy. «Fizika» sözi latynça «tebigat» diýmegi aňladýar. «Tebigat» sözi bolsa bu sözüň arap dilindäki aňlatmasydyr.

jisimleriň tötänliklerine degişli bolmagy şübhelidir. Bu ýerde derňewiň mowzugy tötänlikleriň birine aň ýetirmäge dahyllydyr, ýagny tötänlikleriň haýsydyr bir tötänligine, tötänlikleriň jynslaryna we görnüşlerine, görnüş tapawutlarynyň jynslaryna, görnüşleriň tapawutlarynyň görnüş tapawutlaryna degişlidir. Beýle ýagdaý «Birinji analitika» kitabynda düşündirilýär. «Fizika»[1] barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Bu kitapda jisimiň tötänlikleriniň her birine hereket edýän ýa-da rahatlyk halyndaky jisimiň tötänlikleriniň biri hökmünde garalýar. Soň onda ol tötänligiň tötänliginiň tötänliginiň biri bolýandygyna ýa-da bolmaýandygyna garalýar. Wagt jähetden wagtyň tükeniksizdigine ýa-da tükeniksiz däldigine, üzülýändigine ýa-da üzülmeýändigine, tötänligiň tötänliginiň başlangyjynyň, ýagny wagtyň başlangyjynyň nähilidigine garalýar. Hereketiň tötänliklerinine, onuň tapawutlaryna, ýagny birligine, gapma-garşylygyna, tapawutlaryň nähilidigine, şeýle hem mejburylyga, tebigylyga, ebedilige we ebedi dällige garalýar. Hereketiň görnüşlerine hem garalýar. Onuň bölünmeýän böleklerden düzülýän jisimdigi barada aýdylanda, onda onuň tükeniksizligine ýa-da tükeniksiz däldigine, her bölegiň özüniň bölekleriniň bolmalydygyna ýa-da bolmaly däldigine, gurluşyň şekiliniň bardygyna ýa-da ýokdugyna, onuň ylahyýet bilen baglanyşyklydygyna ýa-da baglanyşykly

[1] اَلسِمَاعُ الطَبِيعِى «As-sima‘ at-tabi‘i» – («Tebigaty diňlemek»), ýagny «Fizika» diýlip bu ýerde kitap göz öňünde tutulýar.

däldigine garalýar. Çünki munuň hemmesi jisimiň halyna galtaşýar. Sebäbi ol üýtgeşmä sezewar edilen zat däl-de, eýsem barlykdyr. Beýle derňew bolsa barlyga mahsus derňewdir, ýagny oňa mahsus barlygyň mazmun bolýandygynyň, eger mazmun bolsa, onda gutarnyksyzlyk we gutarnyksyz dällik jähetinden onuň täsiriniň we täsir edilşiniň gutarnyksyzlygynyň ýa-da gutarnyksyz dälliginiň derňewidir. Bu zatlaryň hemmesi fizika bilen baglanyşyklydyr. Ruh baradaky ylymda derňewiň mowzugy erkin hereketde bolup biler. Bir zadyň başga bir zada görä has hususy bolýandygy onuň häsiýetli tötänlikleriniň biridir.

96. Ylymlaryň bir umumy başlangyjy ýokdur. Meselem, fizika has umumy häsiýete eýe zadyň başlangyjyny umumy zatlaryň derňewinde kesgitleýär. «Fizika» kitabynda ilki asman jisiminiň tebigaty kesgitlenilýär, soňra bu jisimiň haly ýönekeý jisimleriň beýan edilýän ýerinde derňelýär. Asman jisiminiň tebigaty umumy derňew bilen kesgitlenýär. Onuň hereket edýändigi ýa-da rahatlyk halyndadygy anyklanýar. Soňra aýratyn jisim öwrenilýän ýerde onuň haly derňelýär.

97. Häsiýetlendirilmedäki tapawut şeýle usul bilen kesgitlenilýär. Meselem, jisime aklyk baradaky häsiýetlendirme daşdan girizilýär. Çünki aklyk jisimiň aýratynlyklarynyň biridir. Aklyk jisimde onuň tebigatynyň aklygy sebäpli bardyr. Eger Ilkinji barlygyň hakyky tebigatyny häsiýetlendirmek jähetden bu usul ulanylsa, onda Oňa bu düşünje dahylly bolar. Meselem, «onda köplük hereket ediji we hereketi kabul

ediji ýokdur» diýen düşünjäni hemme ýönekeý barlyklara ulanmak mümkin. Çünki bu barlyklaryň hakyky tebigatynda beýle alamatlar bardyr. Ýekelik Ilkinji barlyga hem, ýönekeý barlyklara hem dahyllydyr. Çünki olarda hiç hili köplük ýok. Ilkinji barlykda ýekelik Onuň özünden gelip çykýar. Çünki ýekelik Onuň şäriksizliginiň bir häsiýetlendirilmesidir. Beýleki zatlar ýekelige daşdan dahylly edilýär, ýagny olaryň ýekeligi şäriklidir.

98. Ilkinji barlygyň ylmy biziň ylmymyz ýaly däldir. Biziň ylmymyz iki görnüşlidir: 1. Köplük mahsus däl ylym. Bu ylym «ruh bilen baglanyşykly ylym» diýlip atlandyrylýar. 2. Köplük mahsus däl ylym. Bu ylym «akyl bilen baglanyşykly ylym» diýlip atlandyrylýar. Meselem, akyla eýe adam bilen onuň söhbetdeşiniň arasynda çekişme ýüze çykýar diýip, göz öňüne getireliň. Onuň söhbetdeşi giňişleýin pikir ýöredýär. Akyla eýe adam onuň giňişleýin pikirini aňyna alýar, ony aňynda ygtybarly görnüşde ýatda saklaýar, soňra ýatkeşligi arkaly jogap beren kişiniň jogaplarynyň hemmesini aňynda tutuşlygyna dikeltmezden oňa umumy aň ýetirýär. Soňra ol onuň jogaplaryny aňynda dikeltmek bilen sözme-söz, pikirme-pikir susup alýar we olary köp sözlemlerde ulanýar. Ylmyň iki görnüşi hem hakyky ylymdyr. Ýöne birinji görnüş ikinji görnüşiň başlangyjy bolup hyzmat edýär. Diýmek, ol ikinji görnüşden beýikdir. Ylmyň ikinji görnüşi bolsa gowşak häsiýete eýedir we oňa köplük mahsusdyr. Birinji görnüşe bolsa köplük mahsus däldir. Çünki birinji görnüş ylym anyk

ylymdyr. Anyklyga bolsa köplük mahsus däldir. Şonuň üçin hökmany barlygyň ylmy birinji görnüşli ylma meňzeşdir. Ýöne ondan ýönekeýdir.

99. Ýylylygyň sebäbi şekil berijidir. Ol şeýle hem ýanmagyň we oduň sebäbidir. Bularyň hemmesinde başga ýeke-täk zadyň sebäbi bolup hyzmat edip biljek hiç bir ýeke-täk zat ýokdur.

100. Sanyň iki görnüşi bolýar: 1. Sanaýjydaky san, ýagny ruhdaky san; 2. sanalýandaky san, ýagny hususy zatlardaky san. Bu görnüşleriň ikisiniň hem sanlaryny sanap bolmaýar. Sanamak mümkin zat – diňe umumy zatlardyr. Olaryň arasyndaky tapawut hususy zatlardaky sanyň çäklidiginden ybaratdyr. Ýöne beýle san ne ulalýar, ne-de kiçelýär. Onuň tötänlik bilen baglanyşygy ýokdur. Akyldaky san çäkli däldir we ol öz-özünden ulalýar hem kiçelýär.

101. Jisimiň şekili, ýagny tebigy jisimi döredýän ölçeg duýgy bilen kabul edilýän zatlara bagly däldir. Tersine bolan ýagdaýda, jisimiň şekili duýgy bilen kabul edilýän zat bolardy. Ol barlykda tötänlik bilen baglanyşykda bardyr. Köp ylymlara dahylly bolan birlige, köplüge we beýleki köp zatlara fizikada, matematikada we başga ylymlarda garalýar. Olar bu ylymlardan beýikde ýerleşen ylymlaryň tötänlikler bilen baglanyşykly mowzuklaryna, ýagny ylahyýete degişlidir. Barlygyň bar bolmagy barlygyň başlangyç bolmagyndan tapawutlydyr. Çünki barlyk bar bolmagyň tötänlikleriniň biridir. Biz tebigy zatlarda barlygyň başlangyjyny we hereketini fizikanyň tötänlikler bilen baglanyşykly derňewiniň mowzuklary

hökmünde kesgitleýäris. Soňra başlangyjy derňeýäris we onuň mazmundygyny ýa-da tötänlikdigini anyklaýarys. Mazmun we tötänlik fizikanyň tötänlik bilen baglanyşykly mowzugynyň derňewiniň mazmunydyr. Biz şeýle usul bilen ylahyýetde hem barlygyň başlangyjyny kesgitleýäris we onuň mazmundygyny ýa-da däldigini anyklaýarys. Fizikada barlygyň başlangyjyny onuň bir zat bilen şertlenen başlangyja eýe bolmalydygy üçin kesgitleýäris. Beýle ýagdaýda başlangyçlaryň kesgitlenmegi barlygyň hemmesine däl-de, eýsem onuň böleklerine degişlidir. Beýleki ylymlarda hem zadyň bölegine fizikanyň mowzugynda garalşy ýaly garalýar. Bu başlangyç beýleki başlangyç ylymlaryň her biriniň özüne mahsus kesgitlemesini emele getirýär. Olaryň barlygy pesde ýerleşen ylymda kesgitlense hem, başga beýikde ýerleşen ylymda amala aşyrylýar. Meselem, geometriýada ýagdaý şeýledir. Biz nokada garamak bilen onuň bölünmeýän zatdygyny aýdýarys.[1]

[1] Bu ýerde geometriýada alnan nokadyň kesgitlemesiniň ondan ýokarda ýerleşen ylym üçin, ýagny fizika üçin başlangyçdygy göz öňünde tutulýar.

# ON ÜÇÜNJI MAKALA

## BEÝIK ZENONYŇ RISALASYNYŇ DÜŞÜNDIRIŞI

### Rehimdar we Mähriban Taňrynyň ady bilen!

Ikinji mugallym Abu Nasr Faraby aýtdy: «Men ýunan alymy we Arastuwyň şägirdi beýik Zenonyň risalalaryny gördüm. Olaryň käbirlerine nasranylar[1] tarapyndan düşündirişler berlipdir, başga birleri taşlanypdyr, ýene birlerine bolsa goşmaçalar girizilipdir. Men ilki bilen Zenonyň risalasynyň esasy manysyny we mazmunyny seljerdim. Risala alty bölümden ybaratdy: Birinji bölüm. Ilkinji esaslaryň barlygynyň delilleri barada söz; Ikinji bölüm. Barlygyň hilleri (sypatlary) barada söz; Üçünji bölüm. Zatlaryň barlyga gatnaşygy barada söz; Dördünji bölüm. Pygamberlik barada söz; Bäşinji bölüm. Şerigat barada söz; Altynjy bölüm. Ahyret barada söz».

[1] Nasranylar – hristianlar.

## Birinji bölüm. Ilkinji esaslaryň barlygynyň delilleri barada söz

Älemdäki her bir zada barlyk we ýokluk häsiýetlidir. Barlykdan öň ýok zadyň barlygy mümkindir. Ol öň barlyk däldir. Eger ol hökmany barlyk bolsa, onda ol hemişe bar bolardy we dynuwsyz bar bolup, bar bolmagyny dowam ederdi. Çünki hökmany barlyk hakykatda bardyr.

Mümkin barlyk özüniň barlygynda özüni ýoklukdan barlyga getirjek sebäbe mätäç däldir. Ondaky barlyk barlykdan we mazmundan daşardaky barlygy mümkin zatdyr. Her bir mümkin zat öz barlygynda ýokarda agzalan başga mazmundan gelip çykýar. Eger barlygy mümkin zat barlygy hökmany zada degişli edilse, onda ol özüniň sebäbi bolup bilmez. Çünki sebäp öz mazmunynyň netijesinden öň gelýär. Eger biz ا «a» harpy bilen ب «b» barlygyň sebäbini bellesek, onda ب «b» barlyk ا «a» barlygyň hakykatdaky barlygy bolar. Beýle ýagdaý netijeden öň gelýän sebäbiň barlygynyň hökmanylygyny döredýär. Zadyň iki barlygy ýokdur. Beýle ýagdaýda olaryň biri öňden gelip sebäp, beýlekisi bolsa yzdan gelip netije bolardy. Ýöne zat özüniň sebäbi bolup bilmeýär.

Şeýlelikde, zadyň mazmuny özüniň tötänden bar bolmagynyň sebäbi bolup bilmeýär. Çünki sebäbiň barlygy – netijäniň barlygydyr. Mazmunyň iki barlygy

ýokdur. Beýle ýagdaýda olaryň biri hakyky barlyk, beýlekisi bolsa ýalan barlyk bolardy. Şeýle hem barlyk iki zatdan ybarat däldir. Bir zat beýleki zadyň sebäbidir. Meselem, ا «a» ب «b»-niň barlygynyň sebäbi, ب «b» bolsa ا «a»-nyň barlygynyň sebäbidir. Eger ب «b»-niň barlygy «a»-dan gelip çyksa, onda «a»-nyň barlygy ب «b»-den öň gelmeli bolardy. ا «a» bolsa, ب «b»-niň netijesi bolmazdy. Çünki ا «a» bu ýerde ب «b»-niň sebäbidir. Onda nähili ýagdaýda ا «a» ب «b»-niň netijesi bolup biler? Munuň üçin ا «a» özüniň barlygy bilen ب «b»-niň barlygyndan soň gelmeli. Şeýlelikde, ا «a» şol bir wagtda bardyr we ýokdur. ب «b» bolsa öz-özüniň sebäbidir. Netijede, eger ب «b» ا «a»-nyň sebäbi bolsa, onda ا «a» ب «b»-niň, ب «b» öz-özüniň sebäbidir. Beýle ýagdaýda onuň barlygy özüniň barlygyndan öňde gelýär. Bu bolsa mümkin däldir.

Iki sany sebäbiň özara gatnaşygynyň ýagdaýy munuň ýaly däldir. Olaryň arasynda baglanyşyk döredýän üçünji sebäbiň bar bolmagy gerek. Ýöne mümkin sebäpleriň tükeniksiz bolmagy ýolbermesiz zatdyr. Çünki olaryň her birine ortaky sanyň aýratynlygy häsiýetlidir. Bu ýerde sebäp we netije hasaba alynýar. Ortaky san bolmak mahsus zadyň hökmany çägi – soňy bolýar. Beýle ýagdaýda mümkinçilikler madda, şekile, maksada we hereket edýän sebäplere garamazdan, hökmany barlygyň barlygyna daýanýar.

## Ikinji bölüm. Barlygyň hilleri (sypatlary) barada söz

Özünden dörän barlyk birdir. Eger ol iki barlyk bolsa, onda barlyklaryň biri öňden, beýlekisi bolsa soňdan gelmeli bolar. Bu bolsa iki barlygyň biriniň tebigy ösüşidir. Eger ol ikisi jem bolsa, onda olara ikilik aýratynlygy mahsus bolmazdy. Eger ol ikisi biri-birinden tapawutlansalar, onda olaryň biriniň sebäp boljakdygyna, beýlekisiniň bolsa bu sebäbi döredýän boljakdygyna şübhe bolup bilmez. Sebäbi olaryň biri hökmany barlykdyr. Eger olaryň beýlekisi hem hökmany barlyk bolsa, onda olaryň birinjisi hökmany barlyk däldir. Hökmany barlyk ondan başga bir zada mahsusdyr. Onuň barlygy mazmunynyň hökmany barlykdygy sebäpli düşünjede ýeke barlykdyr.

Barlygyň jisim, giňişlik, çyzyk, nokat bolmagy ýolberilmesizdir. Çünki onuň jisimi maddadan we şekilden ybaratdyr. Madda we şekil bolsa – jisimiň, giňişligiň, çyzygyň we nokadyň jisim arkaly bar bolmagynyň iki sany sebäbidir, jisimiň mazmuny bolsa – olaryň madda we şekil arkaly bar bolmagynyň sebäbidir. Bu zatlaryň hemmesi barlygyň öz mazmunyndaky hökmanylygyna gapma-garşydyr. Çünki barlyk hemme jähetden birdir. Eger ol öz mazmunyna aň ýetirýän bolsa, onda ol öz mazmunyna aň ýetirýän adam ýaly öz mazmunyndan başga zada eýe däldir. Bu bolsa onuň öz mazmunyna aň ýetirmeginiň sebäbidir. Ol öz mazmunyna aň ýetirse, oňa aň ýetirmek aýratynlygynyň mahsusdygy sebäpli ol akyllydyr. Ol aň ýetirilýän zatdygy sebäpli akyldyr.

Onuň öň mazmunynda daşardaky mazmuna däl-de, eýsem öz mazmunynda özüne aň ýetirýändigi sebäpli ol akyldan tapawutlanmalydyr.

Ýaradan barada: «Ol akylly, akyl we aň ýetirilýän» diýip aýdylanda adam geň galýar. Çünki ol öz mazmunynda köplük düşünjesine mätäç däldir. Biz: «Ol öz mazmunynda özüne aň ýetirýär» diýip aýdýarys.

Biziň birimiz: «Ol diri. Oňa akyl degişli. Ol akyldyr. Älem hemme zatlary bilen hökmany diri zatdyr» diýip kesgitleýän bolsa, onda diri zat «akyl we akylly» düşünjesinde bolşy ýaly hakykatdan hem barlykdyr».

Barlygyň bilijidigi bellidir. Onuň ylmy üýtgemeýär. Çünki ol zatlary duýgy bilen däl-de, eýsem akyl bilen baglanyşykly sebäplere we bar bolan tertibe görä bilýär. Akyl bilen baglanyşykly ylymlar üýtgemeýärler, duýgy baglanyşykly bolan ylymlar bolsa üýtgeýärler.

Ol akyldardyr. Onuň akyly özüniň mazmunyndan gelip çykýar.

Ol islenilýän zatdyr. Çünki onda zatlara garşylyk görkezmek ýokdur.

## Üçünji bölüm. Zatlaryň barlyga gatnaşygy barada söz

Ondan özüne meňzeş bir zat ýüze çykmady. Eger Ol ýok bolsa, onda hiç bir barlyk bolmazdy. Ýöne

onuň özüne mynasyp we laýyk hereket bilen haýsydyr bir zady kämil etmäge ymtylýandygyny aýtsa bolar. «Onuň hereketine kämil däl» diýip aýdyp bolmaz. Kämil dällik Beýik ýaradyjy üçin mahsus däldir. Ilkinji akyl özüne aň ýetirýär. Ondan akyl gelip çykýar. Akylda öz mazmunyndan bar bolmak mümkinçiligi we başga mazmundan bar bolmak hökmanylygy bar. Oňa bu jähetden ikilik mahsusdyr. Beýle ýagdaýda ikinji barlyk birinji akyldyr we öz mazmunynyň akylydyr. Onuň birinji akylyndan şöhle çykýar, öz mazmunynyň akylyndan bolsa şekil çykýar. Şekil asmanyň maddasy we ruhy bilen baglanyşyklydyr.

Biziň ajaýyp hyýalymyz bilen duýgymyzda bir zady döredýändigimiz geň däldir. Biziň turşulyk (kislota) baradaky hyýalymyz özümizde howsala we titreme döredýär. Maddadan mahrum akyl zada aň ýetirse, onda barlykda onuň aň ýetirmeginiň yzyny goýýandygy geňdir. Ilkinji esasda ikilik aýratynlygy bardyr. Onda üçlük aýratynlygynyň hem bar bolmagy mümkindir. Hereket ediji sebäpler arkaly ilkinji esasdan akyl, asmanyň ruhy we maddanyň şekili gelip çykýar. Olaryň her biri beýlekisi bilen, asman jisimi bolsa öz maddasy we şekili bilen saklanýar. Bir sebäpden diňe bir sebäp gelip çykýar. Eger bir sebäpden hakykaty boýunça dürli sebäpler gelip çyksa, onda hakyky sebäp iň az pikirlenişe eýe bolan bir sebäp bolmazdy.

Meniň bilşime görä, Arastu şeýle aýdypdyr: «Eger bir hakyky sebäpden iki sebäp ýüze çyksa, onda olar

hakykylyk jähetden dürlüdir ýa-da hemme zatda meňzeşdir. Eger ol ikisi hem meňzeş bolsa, onda olar iki däldir. Eger ol ikisi dürli bolsa, onda sebäp birdir». Biz ilkinji esasy ب «b» harpy bilen aňladalyň. Ol öňde aýdyşymyz ýaly özüni Ýaradyjynyň mazmunyna aň ýetirýär. Ýaradyjynyň mazmunyndan ilkinji esasa aň ýetirmek bilen akyl özüniň mazmunyna aň ýetirmek bilen bolsa, asmanyň ruhy ýüze çykýar. Onuň mazmuny bir däldir. Onuň tötänlik sebäpli ýüze çykýan mazmuny bardyr.

Indi, biz üçünji akyly ج «j» harpy bilen aňladalyň. Ol birinji ýaradyja we onuň mazmunyna aň ýetirýär. Ondan akyl we asmanyň ruhy ýüze çykýar. Asmanyň ruhunda hereketsiz ýyldyzlar we asman jisimleri bar. Ikinji akylyň özüniň ýaradyjysynyň aýratynlygyna aň ýetirýändigi geň däldir. Ondan üç sany zat we zatlara aň ýetirýän hemme akyllar gelip çykýar. Ýöne bu zatlaryň nähili aň ýetirilýändigini, olaryň nähili zatlaryň sebäpleridigini we olaryň nähili sebäpleri ýüze çykarýandygyny bilmeýän kişä bu zatlar geňdir. Bu ýerde hakyky sebäp özüniň mazmuny ýaly mazmuna gapma-garşy däldir.

Biz dördünji akyly د «dal» harpy bilen aňladalyň. Ol birinji, ikinji we üçünji akyla aň ýetirýär. Ondan biziň ه «h» harpy bilen aňladýan akylymyz we ح «h̲» harpy bilen aňladýan ruhumyz gelip çykýar.

Bu «şekilleri beriji akyl» diýlip atlandyrylýan işjeň akylda tamam bolýar. Ol hemişe özünden pesde duran birinji akyla aň ýetirýär. Ol Ilkinji barlyga we Ondan

pesde ýerleşen barlyklara hem aň ýetirýär. Ondan asman şekilleri we ruh gelip çykýar. Olar akyldan sebäpleriň ýüze çykmagy üçin bilelikde hereket edýär. Munuň özi tebibiň saglygy bermeýändiginiň, eýsem saglygy gazanmak üçin gerekli sebäpleri taýýarlaýandygynyň mysalyna meňzeşdir.

## Dördünji bölüm. Pygamberlik barada söz

Pygamberlik ruhy we mukaddes ruh özleriniň döremeginiň başynda bir gezekde ylham alýar. Olar deňeşdirme tertibine mätäç däldir. Mukaddes däl ruh hakyky ylymlary bir zadyň üsti bilen, beýleki ylymlary bolsa deňeşdirme usulynyň üsti bilen alýar. Pygamber kanunlary kesgitleýär. Şerigat halky arzuwda we gorkuda saklaýar, olara Taňrynyň bardygyny, Taňrynyň olaryň işleri üçin sogap we azap berjekdigini öwredýär. Şerigat olary bilmeýän zatlaryny bilmäge borçly etmeýär. Çünki bu dereje ylmyň has beýik derejesidir. Meniň ussadym Arastu Eflatunyň sözüne salgylanyp şeýle aýdypdyr: «Ylym guşuň uçýan beýikliginden hem beýikdir. Ýolagçy üçin iň ýönekeýje çadyryň hem onuň ýoklugyndan ýagşy bolşy ýaly iň azajyk ylym hem adam üçin ýagşydyr».

## Bäşiji bölüm. Şerigat barada söz

Pygamberimiz namaz, täret ýaly zatlary ündäp, halklara ruhlandyryjy hereketleri görkezdi. Namazda

Haka ýalbarylýar, ruh päklenilýär, Taňrynyň rehmetine duçar bolunýar, Taňrynyň zikri edilýär we Onuň resulyna alkyş aýdylýar. Zekatda adalat, ynsap we garyplara ýardam bermek bar. Dürli ybadatlardan düzülýän şerigatyň ähli nyzamy şeýledir. Ybadatlarda ruhy päklemek, gerekmejek zatlardan daşlaşmak we peýda ýakynlaşmak bilen ahlak terbiýelenilýär. Ine, şerigatyň mazmuny şundan ybaratdyr. Biz muňa şerigatyň we pygamberimiziň buýruşy ýaly düşündirýäris. Şerigat Eflatunyň aýdyşy ýaly, akyl we duýgy lezzetini berýär: «Meniň her bir işim ertir we şu gün gereklidir».

Meniň ussadym Arastu Eflatundan, ol bolsa Sokratdan şeýle sözi eşidipdir: «Ylmyň adyndan hikmet barada sözleýän adamyň erkin ahlagy, dünýäniň aladasyny etmezligi, dürs ahlagynyň bolmagy we ylmy söýmegi gerek. Ol dünýä işlerini ylymdan öňe tutmaly däldir, adyl hem edepli bolmalydyr, gara işe meşgullanmalydyr we şerigatyň aýdanlaryny berjaý etmelidir».

## Altynjy bölüm. Ahyret barada söz

Adam özüniň pygamberiniň dinde gadagan eden zadyny özüne gadagan etdi. Halk pygamberiniň döwürdeşleriniň ulanan däplerini we düzgünlerini kabul edýär. Adam nadanlyga we ýaramaz ahlaga meýilli bolýar. Parasat ýaramaz ahlak bilen bir ýere sygyşmaýar. Ol Taňrynyň rehmetine umyt edip, namaz

okaýar. Ondan pes adamlar ony hormatlaýarlar. Ondan ýokary ýa-da oňa deň derejedäki adamlar açgöz, bozuk bolmaýarlar, ölümden gorkmaýarlar we mätäç bolýanyndan artyk pul ýygnamaýarlar.

Ylmy, ýagny ylym mirasyny galdyrýan adam öz güzeranyna başagaý bolup ýören adamdan has taryplydyr. Çünki köp baýlyk toplamaga meşgul bolmak ylma päsgelçilik döredýär. Ylmy miras galdyrmak baýlyk toplamakdan has tarypa mynasyp işdir. Çünki ylmy miras goýmak ylma päsgelçilik döretmeýär, tersine ahyretde dereje gazanmaga ýardam berýär. Bu ylym mirasyndan beýleki ylym adamlarynyň we onuň öz ýaranlarynyň peýdalanmagy mümkindir. Munuň özi oňa onuň özi heniz dirikä eşretdir, ol ölenden soň bolsa beýlekilere eşretdir.

Adam okatmaga biperwaý bolmaly däldir. Sokratyň hem, Eflatunyň hem, Arastuwyň hem şägirtleri bolupdyr. Çünki ylym ýapyk çeşme ýalydyr. Ol çäşmäniň ýoluny diňe ylmyň üsti bilen tapmak bolar. Sen ýaşlary, özüňden pesleri, özüňden beýikleri ýa-da özüň ýalylary okatmak bilen dünýewi islegleriňi kanagatlandyrmak üçin ylma biperwaý bolmaly dälsiň.

Adamyň dili diňe ýagşy we dogry sözleri gaýtalamalydyr. Adatça, muňa mynasyp bolan adamy taryplaýarlar. Kim muny berjaý etse, onda ol hakyky akyldardyr. Ol özüniň paýhasyndan we paýhasyň syrlaryndan lezzet tapýar. Muňa gapma-garşy adamyň mysaly altyn çaýylan misiň mysaly ýalydyr. Onuň gözi nadanlykdan ýaňa ylmyň şöhlesine düşüp gamaşýar.

Eger sen bu zatlaryň hemmesinden mahrum bolsaň, onda betbagtsyň. Eý, Taňrymyz! Kyýamat güni azaba sezewar bolmakdan Özüň bizi penaňda saklaweri! Beýik ylym baradaky bu makala Taňrynyň ýardamy bilen tamam boldy.

## ON DÖRDÜNJI MAKALA

## AKYLDAR EFLATUNYŇ PARASATLY SÖZLERINIŇ ÝYGYNDYSY

### Rehimdar we Mähriban Taňrynyň ady bilen!

Akyldar Eflatun şeýle aýdypdyr:

1. Hikmeti diňe hikmetiň ýolundan ýörän kişi tapar. Ýöne köpler ony tapmaýarlar. Çünki olar hikmeti öz ýolundan gözlemeýärler. Hikmeti öz ýolundan gözlemedik kişi oňa eýe bolup bilmez. Çünki ol hikmetiň şekilini bilmeýär. Ol bu sebäpden nadandyr. Hikmetiň şekilini bilmeýän kişi onuň özüni hem bilmez. Hikmetiň özüni bilmeýän kişi bolsa nadandyr.

2. Nadanlygyň şekilini bilen kişi akyllydyr. Nadan – nadanlygyň şekilini bilmeýän kişidir.

3. Her bir zada ortalyk mahsusdyr. Zadyň bölekleri ortadan daşlaşsa, onda bölekler biri-birinden daşlaşýarlar. Netijede gapma-garşylyk ýüze çykýar. Eger sen daşlaşan bölegi ortalyga gaýtarsaň, onda ony beýleki bölekler bilen birleşdirersiň we bir zady

alarsyň. Eger zadyň bölekleri ortalykdan daşlaşsa, onda olaryň biri köp mukdarda, beýlekisi bolsa az mukdarda bolar. Köplük azlyga, azlyk bolsa köplüge deň gelmez. Ösmek – azlygyň we köplügiň özleriniň ýagdaýlaryny gowulandyrmaga ymtylmagydyr, olaryň ortalyga dolanmagydyr. Netijede, bakylyk ýüze çykýar. Bakylykda biri-birine gapma-garşy zatlar ýokdur. Jisimiň ortalykda bolmagy ýönekeý jisimiň aýratynlygyna meňzeşdir. Ýönekeý jisim hemişe rahatlyk halyndadyr. Onda gapma-garşylyk we tötänlik ýokdur. Ýöne onda pikir güýji bar.

4. Kim üç sany zada, ýagny mantyga, gazaba we islege eýe bolsa, onda ol syýasatda güýçlüdir. Mantyga eýe kişi – akyldardyr. Gazabyna eýe kişi – batyrdyr. Islegine eýe kişi – ýagşy ahlakly adamdyr. Çünki mantykda hem, gazapda hem, islegde hem adalat bardyr. Sebäbi tebigat hereketden boş zat ýaratmaýar, ýagny ol hereketli zat ýaradýar. Ruhuň dürli hereketleri bardyr. Ol hereketlerini özüniň bähbitleri üçin amala aşyrýar.

5. Ruhuň şekilleriniň işlerine nazar aýlamak isleseň, onda mantygyň pikiri we pikiriň kabul edilşi baradaky mowzugyna gara. Pikir jisime hem ruha eýedir.

6. Ruh damarlaryň hereketi arkaly hereketlenýär. Damaryň tebigaty aňly jandaryň we haýwanyň ruhlaryny herekete getirýär. Jisimiň bölekleri käte birleşýär, käte bolsa aýrylyşýar. Bölekler birleşende jisim kuwwatlanýar, olar aýrylyşanlarynda bolsa ol

ejizleýär. Ruh barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir. Ruhuň hereketleri birleşende ol kuwwatlanýar, hereketler aýrylyşanda bolsa ol ejizleýär.

7. Damaryň hereketi akylyň hereketini, ruhuň hereketini we tebigatyň hereketini birleşdirýär.

Göz zadyň şekilini görýär, ýöne ony duýmaýar. Zadyň şekili aýnada, zadyň özüniň şekillenişi ýaly howada şekillenýär.

8. Ýagtylygyň şöhleleri ýagtylygyň çyzygyndan daş çykyp burçlarda döwülýär we yza gaýdýarlar.

9. Özünden bar barlyk bolan çäkleri gurşap alýar. Özünden döremeýän barlygy çäk gurşap almaýar.

10. Bir sebäp bolmasa, onda ikinji sebäp döremezdi. Bir zadyň iki sebäbi bir tarapda sazlaşmaýar.

11. Zatlara sebäbe görä aň ýetirilýär. Zatlaryň sebäbi bolmasa, onda olara aň ýetirilmezdi.

12. Eger ruh jisim bolsady, onda ol başga jisime bir gezek hem duşmazdy.

13. Sen ahyrlaryň başlangyçlara nähili dolanýandygyny bilmek isleýärsiňmi? Onda sen bozulmagyň soňuna we döremegiň başyna pikir nazaryňy aýla! Görseň, soňy kiçidir, başy bolsa uludyr. Kiçi däl-de, tersine uly bozulsa, şonda ahyrlar başlara dolanýarlar. Diýmek, döremek bozulmagyň soňudyr.

14. Ruh diriligiň mazmunyna deň mazmundyr. Dirilik herekete deň däl mazmundyr. Ruh – hereket we dirilikdir. Ruhuň hereketi özünden dörän baky

dirilikdir. Çünki öz-özünden hereketleniji zat baky hereketdedir.

15. Ilkinji hakykat birden başga zada öwrülip bilmeýär. Çünki ýeke zat özünden daşardaky başga zada tarap hereketlenmeýär. Tersine, ol hemme zady hereketlendirijidir. Birligiň her biri ikilige degişlidir. Iki zadyň biri beýlekisine tarap hereketlenýär. Beýleki zada tarap hereket edýän iki zadyň biri ikiden köp bolup bilmeýär. Olaryň biri hemme zatlary hereketlendirýär. Zady herekete getirmeýän hemme zat kämil däldir.

16. Aýlawly hereket edýän zat togalakdyr. Beýle jisimiň hemme ýeri soňdur. Çünki onuň hereketi hemme wagtda merkeze ymtylýar. Şonuň üçin ol mekanyny çalyşmaga mätäç däldir. Sebäbi onuň her bir nokady soňdur. Göni hereket wagtlaýyndyr, aýlawly hereket bolsa bakydyr. Göni hereketiň soňy aýlawly hereketdir, aýlawly hereket bolsa göni hereketiň soňudyr. Bu ýerden göni hereket aýlawly hereket bilen çäklenýär. Merkeze hereketleniji zat ebedi hereketdedir. Merkez ebedi rahatlyk halyndadyr. Asman bitewi zatdyr. Oňa hiç bir jisim girmeýär we ondan hiç bir jisim çykmaýar. Çünki ol özünden başga jisimler üçin niýetlenen däldir.

17. Eger suw rahatlyk halyny kabul etse, onda ol toprak bolardy. Eger toprak hereketi kabul etse, onda ol howa bolardy. Eger howa burç bilen çäklendirilen bolsa, onda ol ot bolardy. Eger ot burçlara dargasa, onda howa köpelerdi we howaly suwlar herekete ge-

lerdi. Ýer dynçlyk halyna ýykgyndyr. Çünki ol howanyň merkezidir. Howa burçlara dargaýjydyr, ot bolsa burçlara ýygnanyjydyr.

18. Eflatundan: «Asmanyň mekany barmy?» diýlip soralypdyr. Ol muňa şeýle jogap beripdir: «Böleklik jähetden onuň mekany bardyr, bitewilik jähetden bolsa onuň mekany ýokdur. Ol bakylygy we özgermezligi jähetden beýik äleme ýakyndyr. Älemiň ortasy beýik älem bilen pes älemiň arasyndadyr. Iki älemiň hem sebäbi birdir. Ýöne älemleriň biri özünden bardyr, beýlekisi bolsa özünden bar älem arkaly bardyr. Özünden bar älem bakydyr, özünden bar älem arkaly bar bolýan älem bolsa wagtlaýyndyr. Özünden bar älemiň zatlary hem bakydyr we olar ýok bolmaýarlar. Emma ýok bolýan zatlar Beýik ýaradyjynyň ýaradan zatlarydyr».

19. Birlik köplügiň sebäbidir. Şonuň üçin biz köplüge birligiň üsti bilen aň ýetirýäris.

20. Eger duýýan zat we duýulýan zat bir bolsa, onda aň ýetirýän zat we aň ýetirilýän zat bolmazdy. Çünki aň ýetirilýän zat manysyz, aň ýetirýän zat bolsa akylsyz bolmaýar. Diýmek, aň ýetirilýän zat we akyl many arkaly bir zatdyr. Düşündirmegiň maksady – aň ýetirilýän zatlary many jähtden düşündirmekden ybaratdyr. Duýujy we duýulýan zat barada aýdylanda bolsa, onda ol ikisi umumy zat däldir. Duýulýan zat howa, şöhle ýaly zatlaryň orta gelmegi bilen köpelýär. Diýmek, howa hem, ýagtylyk hem duýulýan zatlardyr.

21. Umumy akyl aň ýetirilýän zatdan başga zat däldir. Aň ýetirilýän zatlaryň manysy many jähetden

akyldan başga zat däldir. Eflatundan: «Akyl aň ýetirilýän zatdan aýry zatmy ýa-da ol aň ýetirilýän zat bilen bir bitewi zatmy?» diýip soralypdyr. Ol muňa şeýle jogap beripdir: «Akyl mazmunyň şekili bilen dälde, eýsem manynyň şekili bilen bir bitewi zatdyr».

22. Akyl zatlaryň özüne däl-de, eýsem olaryň halynyň mazmunyna aň ýetirýändigi bilen akyldyr. Munuň özi gara jisimiň öz-özünden däl-de, eýsem ak jisimiň täsiri arkaly gara bolýandygynyň mysalyna meňzeşdir.

23. Aýdylşyna görä, käbir zat duýgusyz, başga bir zat duýgy bilen, beýleki bir zat bolsa kynlyk bilen bilinýär. Duýgusyz bilinýän zat akylyň şekiliniň daşynda ýerleşen zatdyr. Ony tiz bilip bolýar. Duýgy bilen bilinýän zat akylyň şekiliniň içinde ýerleşen zatdyr. Ony tiz bilip bolmaýar. Kynlyk bilen bilinýän zatlar akylyň güýji bilen bilinýär. Mundan başga akylyň şekiliniň içinde çuň gizlenen zat hem bolýar. Ony diňe akyldarlar bilýärler. Gadymy akyldarlar bu jähetden şeýle aýdypdyrlar: «Eger akylyňy çuňlaşdyrmasaň, köp meseleleri bilmek bilen ony giňeltmeseň, onda sen akylyň şekiliniň içinde çuň ýerleşen zady bilmersiň».

24. Ylym – ruhuň akyl gözüniň umumy zatlara düşmegidir.

25. Ýatkeşlik – hyýallaryň toplumydyr.

26. Yşk – kalpda güýçli hyjuwyň oýanmagydyr. Soňra onda ymtyldyryjy maddalar jemlenýär. Olar köpelýär we güýçlenýärler. Maddalaryň güýji erjellik

we mejbur etmek bilen kalbyň eýesini pikir deňzine iterýär. Pikir deňzi bolsa ony hasrata we gowga düşürýär. Hyjuwyň erjelligi gany gyzdyrýar. Soňra gyzgynlyk öde geçýär. Ödüň gyzgynlygynyň güýçlenmegi bilen pikir has güýçlenýär. Pikir ony sebäpler deňzine çümdürýär we arzuw kölüne batyrýar. Ödüň ýalyny ödi garaldýar. Netijede, ödüň maddasy güýçlenýär we onuň işiniň bozulmagyna getirýär. Ödüň işiniň bozulmagy pikiriň bozulmagyna getirýär. Pikiriň bozulmagy bolsa himiki özgermeleriň gatyşmagyna alyp barýar we akyly küteldýär. Beýle ýagdaýa düşen aşygyň özüni öldürmegi hem mümkin. Onuň özüni öldürmegi gamdan we hasratdan bolup biler. Onuň magşugyny gören wagty şatlykdan ölmegi hem mümkin. Ol diňe magşugyny görmek bilen köşeşip biler. Ol magşugyny her sapar ýatlanda, uludan dem alýar. Sen magşugynyň ady ýatlananda aşygyň ýüzüniň reňkiniň üýtgäp gidýändigini we ganynyň gaçýandygyny görýänsiň.

27. Ruhuň üç görnüşi bolýar. Birinji görnüş. Ylahy ruh. Onda pikir we düýş bolýar. Ikiji görnüş. Gazap bilen baglanyşykly ruh. Ol kalpda bolýar. Üçünji görnüş. Arzuw bilen baglanyşykly ruh. Onuň bolýan ýeri bagyrdyr.

28. Ruhuň dört sany artykmaçlygy we göwräniň dört sany artykmaçlygy bar. Ruhuň artykmaçlyklary – mähribanlyk, adyllyk, batyrlyk we geçirimlikdir. Göwräniň artykmaçlygy – güýç, saglyk, görk we kämillikdir.

29. Adam pikire we hyýala mätäçdir. Çünki ol pikir bilen bilýär, hyýal bilen bolsa duýýar.

30. Eflatun ölüm halyna düşende, şägirtlerine şeýle söz aýdypdyr: «Men bu dünýä ylma mätäç bolup geldim. Indi bolsa ylymdan hiç zat bilmeýän halymda, ondan gidip barýaryn».

31. Kim nebsini aramlyga salsa, onda ol köp peýdalar tapar. Çünki aramlyk birdir, aram dällik bolsa köpdür.

32. Kämil hakykat çäklendirilmedik zatdyr. Çäklendirilmedik zat Onuň özüdir. Onuň özi bolsa özi üçin ýok sebäpdir. Kämil hakykat diňe Onuň özüdir. Kämil hakykat bolmasa, Onuň özi hem bar bolmaz, ýagny ol çäklendirilen zat bolar. Ol Ilkinji ýeke-täk barlyk jähetden çäklendirilendir, ýagny Ondan gaýry Ilkinji ýeke-täk barlyk jähetden çäklendirilen başga zat ýokdur. Ol hemme zady gurşap alýan kämil hakykatdyr. Bu jähetden Ol diňe özi üçin bar bolmaýar, Ol özünden başga zatlar üçin hem bar bolýar.

33. Biri Eflatundan: «Akyl özüne aň ýetirýärmi?» diýip sorapdyr. Ol muňa şeýle jogap beripdir: «Eger akyl özüne aň ýetirse, onda ol akyldyr. Eger akyl özüne aň ýetirmese, onda ol nadanlykdyr. Akyl aň ýetirilýän zatlar bilen gurşalanda, başga zatlara aň ýetirýär. Bu ýerden akyl bilen aň ýetirilýän zat bir zatdyr. Akyl özüne aň ýetirende dörediji zatdyr. Akyl zadyň şekiline aň ýetirende akyl we zadyň özi bir zatdyr. Akyl hyýaly zady gözlände, duýga ymtylýar. «Timawus» atly kitapda bu jähetden şeýle aýdylýar: «Akyl hyýaly zada

duýgy bilen aň ýetirýär. Ol şekillere aň ýetirende, olary özünde görýär».

34. Işjeňlik bilen baglanyşykly zat güýç bilen baglanyşykly zat arkaly ýok bolýar. Diýmek, zat zat sebäpli ýok bolýar. Döreýän zatda ýok bolýan zat ýokdur.

35. Bölekler bitin bilen işlemeýär. Tersine, bitin bölekler bilen işleýär. Meselem, aýaklar at bilen ýöremeýärler. Tersine at aýaklar bilen ýöreýär.

36. Eflatundan: «Ylymlary gözleýän kişi nähili ýalňyşýar?» diýip soraldy. Ol muňa şeýle jogap berdi: «Hyýalyň gözýetimindäki pikiri şekil üçin we şekiliň gözýetimindäki pikiri hyýal üçin ulananda ol ýalňyşýar».

37. Eflatundan ýene: «Akyl özüne aň ýetirýärmi?» diýip soralypdyr. Ol muňa şeýle jogap beripdir: «Ol özüne aň ýetirmeýär, tersine aňa aň ýetirýär». Ondan ýene: «Akyl aň ýetirilýän zatdygy sebäpli aň ýetirýärmi?» diýip soralypdyr. Ol muňa şeýle jogap beripdir: «Beýle däl. Akyl özüne aň ýetirýär, ýagny ol özüne, özünden aşakda ýerleşen zada we baky zady görä aň ýetirýän akyldyr». Özüne aň ýetirse, onda akyl mazmundyr. Eger zady tapawutlandyrsa, onda akyl aň ýetirilýän zatdyr.

38. Ondan ýene: «Bizdäki akyl umumy akylmy ýa-da hususy akyl?» diýip soralypdyr. Ol muňa şeýle jogap beripdir: «Ol hususylyk jähetden umumy zadyň başlangyjydyr. Ol gündäki ýagtylyk ýalydyr».

39. Ruhuň çägi daşardaky hereketiň başydyr. Tebigat içki hereketiň başydyr.

40. Özünden bar bolan zat özüniň içindedir. Özünden döremeýän zat özüniň daşyndadyr.

41. Pelsepeçileriň sözündäki: «Bu zat ak» diýen sözde tassyklanylýan we inkär edilýän iki sany many bar. Aklyk zadyň aýratynlygydyr. Olar: «Bu zat ak ýa-da bu zat ak däl» diýen söz jähetden ylalaşmaýarlar. Olaryň bu mowzukda ylalaşmaýandyklaryna garamazdan, ýagdaý jedele sebäp däldir.

42. Iş güýç bilen baglanyşyklykda hereketiň çykmagynyň başy däl-de, eýsem onuň güýç bilen baglanyşyklykda herekete girmeginiň başydyr.

43. Deňeşdirme usulyýet bilen pudagyň talaplaryna ýetmekdir. Pudagyň üsti bilen bolsa usulyýet bilinýär.

44. Ruh şekildir. Eger ol şekil bolsa, onda ol birinjidir. Eger birinji bolsa, onuň şärigi ýokdur. Eger şärigi ýok bolsa, onda ol ýönekeý zatdyr. Eger ýönekeý zat bolsa, onda ol hemişe hereketdedir. Eger hemişe hereketde bolsa, onda ol ölmeýän zatdyr. Eger: «Ruh ölýär» diýseler, onda tötänligiň mazmunda gabat gelmegidir. Mazmun bolsa ölmeýär.

45. Taryplanylýan zat taryp bilen taryplanylýar. Eger taryp başga zady taryplaýan bolsa, onda taryp bilen taryplanylýan zat bir zat bolup bilmez.

46. Her bir ýönekeý jisim wagt bilen baglanyşyklydyr. Her bir zat wagt bilen bilelikde bardyr. Her ýönekeý zat we her bir zat wagt içindedir.

47. Çägiň bökleriniň netijede sebäbi bardyr. Ýeke köp zat soňsuz bolup bilmez. Her bir köp zadyň soňy bardyr. Köp zat köp zadyň soňudyr. Ol bir zadyň soňudyr. Bir zadyň hem soňy bardyr. Ol köp zadyň soňudyr.

48. Akylyň soňy ýokdur, mazmunyň bolsa soňy bardyr. Akylyň soňsuz mazmunyň güýjüdigi sebäpli soňy ýokdur. Mazmunyň güýji bolandygy sebäpli mazmun soňsuz däldir. Çünki güýç mazmundan gelip çykýar. Güýçsüz mazmun mazmun däldir.

49. «Fazan» atly kitapda şeýle aýdylýar: «Bölünýän bölek bölek däldir. Bitiniň bölegi onuň bölegidir. Ol bölek bölünmeýär. Her bölünýän zat bitin zatdyr. Bölegiň bölünmegi mümkin däldir».

50. Çyzyk iki nokatdan, üst iki çyzykdan, jisim bolsa iki üstden ybaratdyr. Çyzygyň sebäbi nokat, üstüň sebäbi çyzyk, jisimiň sebäbi bolsa üst däldir. Ilkinji sebäbe mazmun mahsusdyr. Beýleki sebäpler ilkinji sebäpden gelip çykýar.

51. Jisim köp yrgyldaýar. Munuň sebäbi dykyzlykdyr. Köp jisimler yrgyldamak sebäpli ýarpa bölünýär. Biri Eflatundan: «Siz: «Älem boşluk bilen doldurylmadykdyr. Bir şibr[1] mukdaryndaky zat hem titremek sebäpli iki şibre bölünýär» diýip tassyklaýarsyňyz. Birinji bölek ikinji bölekden köp bolýan bolsa, onda olaryň mekan jähetden ýagdaýy nähilidir?» diýip sorady. Ol muňa: «Bir şibr iki şibr

[1] Şibr – 22,5 santimetre barabar bolan uzynlyk ölçegi.

bolýan bolsa, onda bir mekan hem iki mekan bolar. Ikinji mekanyň tutýan orny birinji mekanyň tutýan ornundan köp bolar» diýip jogap berdi.

52. Gadymky pelsepeçiler muňa şeýle jogap aýdypdyrlar: «Zat älemdäki özi ýaly zada bölünýänçä zat däldir. Her bir bölünýän zat beýleki zadyň mekanyny alýar, ýagny olaryň biri beýlekisiniň mekanyna geçýär. Jisimiň bölekleri onuň hereketine eýe bolup, jisim bilen bilelikde ikinji hereketi ýüze çykarýar. Ikinji bölek bir gezek birinji bölegiň ýerini eýeleýär».

53. Tebigatyň akymyndaky zatlar aram ölçeglidir. Tebigatyň akymynda däl zatlar aram ölçegli däldir.

54. Pelsepeçileriň bir topary: «Bölek bölünmeýär» diýip, beýleki bir topary bolsa: «Bölek soňy ýok topara bölünýär» diýip aýdýar. Olaryň ikisi hem ýalňyşýar. «Bölek bölünmeýär» diýip aýdýan topar bölegiň soňy ýok jisime bölünýändigini göz öňünde tutýarlar. Jisim bölünmek jähetden soňy ýok jisim we soňy bar jisim bolup biler. Jisim akyl taýdan soňy ýok jisime, duýgy taýdan bolsa soňy bar jisime bölünýär. Çünki görüşiň soňy bardyr. Akyl bolsa jisimi ýönekeý jisime bölýär. Ýönekeý jisim bolsa bölünmeýär. Olar: «Zatlaryň hemmesi jisimdir» diýip aýdýarlar. Jisim soňsuz barlyk bolsa, onda oňa aň ýetirilmeýär. Eger ol soňly barlyk bolsa, onda oňa aň ýetirilýär. Älemdäki aň ýetirilmeýän jisimleriň hemmesi nämälim jisimlerdir.

55. Aň ýetirilýän zadyň başlangyjy hemişelik däldir. Eger ol başlangyç artykmaçlyk, kemlik, ösmek

we ösmezlik jähetden mahsus iş bilen gabat gelmese, onda zatlar kämil soňludyr. Eger ol başlangyç köpelmek jähetden güýç bilen gabat gelse, onda başlangyjyň daşy işe we güýje, içi bolsa güýje laýykdyr. Beýle başlangyç hyýaly soňdur. Onuň şekili iş edijiniň şekilidir, hyýaly şekil bolsa işi kabul edijiniň şekilidir.

56. Kim şekiliň işlerine pikir nazaryny aýlamakçy bolsa, onda ol pikir barada gepleýjiniň we pikiri kabul edijiniň işine garasyn! Goý, ol pikiriň nähili jisime we ruha aýlanýandygyna öwrülýändigine ünsüni gönükdirsin! Kim zadyň şekil we hyýal bolýandygyna pikir nazaryny aýlamak islese, onda ol sungatyň içine we daşyna garasyn! Onuň daşy şekildir, içi bolsa hyýaldyr.

57. Hyýaly zadyň üç görnüşi bolýar: Birinji görnüş. Şekili ýok hyýaly zat; Ikinji görnüş. Wagt bilen baglanyşykly däl hyýaly zat; Üçünji görnüş. Hyýaly esaslar. Olaryň ikisi gurşap alyjydyr, biri bolsa merkezdir. Gurşap alyjy zat bölünýär, merkez bolsa bölünmeýär.

58. Akyl älemi ylmymdyr, ruh älemi sözümdir, tebigat älemi bolsa neslimdir.

59. Iş – tebigat we onuň hereketi üçin jisim bilen baglanyşykly zatdyr. Güýç – tebigat we onuň hereketi üçin gerekli ruhy zatdyr.

60. Bir goşmak bir köplük jähetden duýulýar. Iki goşmak ikä köplük jähetden aň ýetirilýär.

61. Çäk ýönekeý hem däldir, jisim hem däldir. Ýönekeý zat jisim bilen baglanyşyklydyr. Çäk jisimden ýokardadyr we ýönekeý zatdan pesdedir.

62. Dogabitdi aram gyzgynlygyň sebäbi – boşluk, iýmit, ýumşaklyk, galtaşmak, hereketiň aramlygy we agzalaryň dynç halda bolmagydyr.

63. «Fazan» atly kitapda şeýle aýdylýar: «Mekan ruh älemi bilen jisim äleminiň arasyndadyr. Mekanyň üç görnüşi bolýar: Birinji görnüşli mekanda diňe ot bar. Ikinji görnüşli mekanda beýleki zatlar bar. Üçünji görnüşli mekanda hem zatlar bar. Bu sözi Fisugurs[1] «Harplar barada kitap» atly eserinde berýär. Ol: «Eger zatlar birinji mekanda bolsa, onda olar ot ýaly bolup bir mekandan başga mekana geçmeli bolar» diýýär.

64. Zatlar ikinji görnüşli mekanda ýeriň üstündedir. Üçünji görnüşli mekanda zat geçiriji bilen bilelikde bir ýerden başga ýere geçýär. Birinji mekan ýönekeý gözýetimdir. Ol käte jisim bilen baglanyşykly çyzyga, käte bolsa ruh bilen baglanyşykly çyzyga meňzeşdir. Gadymky pelsepeçileriň bu sözi dürsdür.

65. Zat gözýetimdäki birinji mekanda hem bolýar, ýagny ol üstdür. Bu ýerde iki mekan bardyr. Olar biri-birine geçýärler. Üçünji mekan geçiji bilen bile geçýän ýerdir. Birinji mekan tebigydyr, ikinji mekan bolsa tebigylyga meňzeşdir, emma tebigy däldir. Üçünji mekan ýerdir. Bu üç mekan bir çäge jemlenýär. Çäk gurşap alýany we gurşap alynýany öz içine alýar. Çäk

[1] Fisugurus – Pifagor.

asman jisimlerini öz içine alýan birinji mekandyr. Gözýetim we üst ikinji mekandyr. Onuň iki tarapynyň çägi ýokdur. Onuň şekili hem ýokdur. Bu jähetden ol hyýalydyr.

66. Eger kabul ediji herekete gelse, onda iş hem herekete gelýär. Çünki iş iş ediji bilen däl-de, eýsem kabul ediji bilen amala aşýar.

67. Eger: «Köplügiň sebäbi näme?» diýlip soralsa, onda biz: «Birlik» diýip jogap berýäris. Eger: «Ruhuň bu dünýä düşmeginiň sebäbi näme?» diýlip soralsa, onda biz: «Güýç» diýip jogap berýäris.

68. Birligiň aýratynlygy bardyr, ýagny ol başgalar üçin bardyr. Fisugurs şeýle aýdypdyr: «Birligiň sypaty we aýratynlygy başgalar üçin bar bolmakdyr. Ol birinji mazmun jähetden ilkinji sypatdyr. Başgalar üçin bar bolmak jisimler üçin gerekli aýratynlykdyr. Başgalar üçin bar bolmaklyk sebäbi ýüze çykarýar.

69. Pikir şekildir. Pikiriň içi mazmundyr, daşy bolsa tötänlige meýil etmekdir.

70. «Näçe?» düşünjesi ebedilik barada düşünjedir, «nähili?» düşünjesi bolsa şekilde bar bolan zat baradaky düşünjedir. Aramlyk pikirde hem, hyýalda hem bar. Zatlar meňzeşlik we meňzeş dällik jähetden biri-birine gapma-garşydyr. Bu jähetden zatlara biri-birine meňzeşlik ýa-da biri-birine meňzeş dällik mahsusdyr.

71. Ruhuň bäş sany başlangyjy bar: mazmun, özlük hem özlük dällik, hereket we rahatlyk haly. Özlük tükeniksizdir we ol bölünmeýär. Özlük dällik –

duýgulardyr. Ol bölünýär. Eger bu zatlar bir bütewi bolsalar, onda olar ruhy düzýärler. Ruh bolsa bölünýär ýa-da bölünmeýär.

72. Adamlaryň köpüsi biz: «Ruh hemişe hereketde bolýar» diýip aýdanymyzda: «Ruh rahatlyk halynda bolmaýar» diýip oýlaýarlar. Hemişe hereketde bolmak – rahatlyk halynda bolmakdyr. Çünki bu hal ýekedir.

73. Mekan älem ýalydyr we ol älemiň şekilidir. Şonuň üçin hem onda boşluk ýokdur.

74. Eflatundan: «Näme üçin akyl we aň ýetirilýän zat bir zat bolýar?» diýip sorapdyrlar. Ol muňa: «Çünki iş bilen baglanyşykly akyl manylardan başga hiç zat däldir. Manylar bolsa akylyň manysyndan we manylaryň gatnaşygyndan başga hiç zat däldir. Şonuň üçin hem olar bir zatdan başga zat bolup bilmeýär».

75. Hereket mazmundaky dört sany «näme?», «näçe?», «nähili?» we «nirede?» diýen düşünjelere sebäp bolýandygy üçin ebedidir. Çünki hereket mazmunda döremegi we ýok bolmagy, mukdarda artyklygy we kemligi, nähililikde bolsa özgerişi ýüze çykarýar.

76. Her düzümiň dört sany aýratynlygy bar. Ol aýratynlyklaryň ikisi güýç bilen baglanyşyklydyr, ikisi bolsa iş bilen baglanyşyklydyr. Iş bilen baglanyşykly düzüm göwresiz şekildir, güýç bilen baglanyşykly düzüm bolsa göwreli şekildir. Iş bilen baglanyşykly düzüm güýç bilen baglanyşykly düzüme ymtylýar, güýç bilen baglanyşykly düzüm bolsa iş bilen baglanyşykly düzüme ymtylýar. Bu ýerden göwräniň

döremeginiň we ýok bolmagynyň sebäbi ýüze çykýar. Iş bilen baglanyşykly bar zatlar güýç bilen baglanyşykly bar zatlara, güýç bilen baglanyşykly bar zatlar bolsa iş bilen baglanyşykly bar zatlara dolanýarlar.

77. Özüniň häsiýeti bilen häsiýetlendirilýän zadyň häsiýetlendirilýäni we häsiýetlendirijisi bir zatdyr. Özünden daşardaky zadyň häsiýeti bilen häsiýetlendirilýän zatda häsiýetlendiriji we häsiýetlendirilmeýän dürli iki sany zatdyr.

78. Döwür özüniň dowamlylygy bilen döwürdir.

79. Eger gözüň şöhlesi görülmeýän zada tarap baksa, onda ol kiçi zady uly görnüşde, uly zady kiç görnüşde ýa-da zatlary hakykatda boluşlary ýaly görýär.

80. Hereket – talap we gaçmakdyr. Gaçmak öten zamanda, talap bolsa geljek zamandadyr. Häzirki zaman – gaçmagyň gözýetiminde talabyň peýda bolmagydyr.

81. Eger biz zada akyl taýdan aň ýetirsek, onda wagta hem bilelikde aň ýetirýäris. Eger wagta şekili duýmak taýdan aň ýetirsek, onda biz wagta aň ýetirmeýäris.

82. Sungatlar üç hili bolýar: 1. Sözüň işden köp bolmagy. Bu dilewarlyk sungatydyr. 2. Işiň sözden köp bolmagy. Bu tebipçilik sungatydyr. 3. Işiň hem, sözüň hem deň bolmagy. Bu saz sungatydyr. Saz sungaty has hormatly sungatlaryň biridir.

83. Eger ruh şatlansa, onda tebigat tolgunýar we tebigatyň hereketi güýçlenýär. Eger tebigat tolgunsa, onda onuň hereketi güýçlenýär we onuň yzyndan başga tebigat gelýär. Soňra ol tebigat hem tolgunýar. Eger tebigat tolgunsa we onuň hereketi güýçlense, onda hemme beden herekete gelýär. Bu sebäpden ýüz gyzarýar we gülki köpelýär. Hereketiň güýçli bolmagy sebäpli bedeniň eti berkeýär. Eger ruh gaýgylansa, onda onuň hereketi gowşaýar, işi peselýär we ganyň akyş tizligi peselýär. Ganyň akyş tizligi peselmegi sebäpli ýüz gyzarýar.

84. Talybyň ylma bolan höwesi onuň zady bilşine görädir.

85. Döwür wagtyň merkezidir. Döwrüň adamlary: «Döwür soňsuz wagta uzaýar» diýip oýlaýarlar. Döwrüň dowamlylygy we deň hereketi bolýar. Döwrüň hereketi döwrüň merkezde aýlanmagy üçin dowam edýär. Eger merkez az bolsa, onda hereket deň hereket bilen aýlanmaýar.

86. Akyl bilen duýgynyň arasyndaky tapawut duýgynyň zatlary ýakyndan, pikiriň bolsa olary uzakdan alýanlygyndadyr. Bu sebäpden pikir netije berýär, duýgy bolsa netije bermeýär.

87. Ruh patyşa, tebigat bolsa hyzmatkär ýalydyr. Tebigat ýagşy howany ruha getirýär we ruhlandyrmak üçin ony ruha girizýär. Ruh howany tebigata gaýtaranda, muňa tebigat şatlanýar. Eger ruh şatlansa, onda ol özüne giren howany böleklere bölüp, tebigata

gaýtarýar. Bu ýerden tebigat hyzmatkärdir. Hereket bolsa işjeňlik we şatlykdyr.

88. Başlangyçlar dört sany wagtda bolýar: tebigat bilen baglanyşykly wagt; mekan bilen baglanyşykly wagt; ruh bilen baglanyşykly wagt; döwür bilen baglanyşykly wagt. Bu wagt akyl bilen hem, bakylyk bilen hem baglanyşyklydyr. Bakylyk bolsa ilkinji sebäpdir.

89. Eflatundan: «Lezzet näme?» diýlip soralypdyr. Ol muňa şeýle jogap gaýtarypdyr: «Lezzet – tebigatyň akymyndaky işiň maksadydyr».

90. Şer – keseliň, urulmagyň we şulara meňzeş zatlaryň däl-de, eýsem haýyryň ýoklugydyr. Haýyr bolsa şeriň ýoklugydyr. Diýmek, haýyrda zyýan ýokdur.

91. Asman jisimi bilen şärikli her bir iş çylşyrymlydyr. Çylşyrymlylykda bolsa gapma-garşylyk bardyr. Gapma-garşylygyň bar ýerinde şer bardyr. Çylşyrymlygyň ýok ýerinde gapma-garşylyk ýokdur, tersine haýyr bardyr.

92. Sütünler dört sanydyr: mantyk, dil, mekan, wagt.

93. Iş iki hilidir: umumy iş we hususy iş. Umumy işiň hemmesi haýyrlydyr. Hususy işde haýyr hem bardyr, şer hem bardyr. Çünki onda ygtyýaryň güýji bardyr.

94. Eşitmek görmek bilen, tagam bolsa syzmak bilen jynsdaşdyr. Ys almak – tagam bilmek bilen syzmagyň arasyndadyr.

95. Göni çyzygyň bir ortasy, aýlawly çyzygyň bolsa iki ortasy bardyr.

96. Gara we ak reňk bolmasa, onda göz görmezdi. Howa göz bilen görülýän zadyň arasyndadyr. Howa gözüň nurundan hem dykyzdyr. Iki göreçden çykýan şöhleler birleşýär. Ýogsa, göz uzakdaky zady görmezdi.

97. Ylym Ýaradyjynyň beren nygmatydyr. Ylym paýlamak bilen kemelmeýär, tersine, ol kämilleşýär.

98. Lezzet zady tebigy ýerinden tebigy däl ýere bir gezek hereketlendirýär. Agyry zady tebigy ýerinden tebigy däl ýere köp gezek hereketlendirýär.

99. Gahar, arzuw we beýleki ahlaklarda adamyň halyna laýyk mukdar bardyr. Eger ahlak bu mukdardan artyk bolsa, onda ol şeri ýüze çykarýar. Gazap duza meňzeýär. Duz laýyk bolsa, tagamy lezzetli, artyk bolsa ýaramsyz edýär. Beýleki güýçler barada aýdylanda hem ýagdaý şeýledir.

100. Tebigat ruh üçin aýalyň är üçin bolşy ýalydyr. Bedeni tertibe salmak aýalyň öýi tertibe salyşy ýalydyr. Ruh bedenden çykan zady adamyň öýden çykýan zady tertibe salşy dek tertibe salýar. Eger ruhdan üstün gelse, onda beýle ýagdaý aýalyň äriniň üstünden hojaýynlyk edişi ýalydyr. Tebigat beýle ýagdaýda ruhuň işini ele alýar we onuň tertibini bozýar. Eger ruh tebigatdan üstün gelse, onda beýle ýagdaý äriň aýalyna hojaýyn bolşuna meňzeýär. Beýle ýagdaýda äriň öz tertibini ýöredişi ýaly ruh hem öz tertibini ýöredýär.

101. Arzuw güýjüniň hereketi erk bilen, gahar güýjüniň hereketi howp bilen, pikir güýjüniň hereketi bolsa sebäp bilen duşuşýar. Şonuň üçin adam bu kesgitleme jähetden üç gatlakdyr: beýik tebigatly adamlar; orta tebigatly adamlar; pes tebigatly adamlar. Pikir güýjüne eýe adamlar beýik tebigatly adamlardyr, gahar güýjüne eýe adamlar orta tebigatly adamlardyr we bu iki güýje eýe däl adamlar pes adamlardyr.

102. Eger adamyň tebigatyny bilmekçi bolsaň, onda onuň haýyr-şerine bak.

103. Mahbup (gowy görülýän) bilen magşugyň tapawudy şeýledir: Mahbup – köpüň gowy görýänidir, magşuk – aşygyň gowy görýänidir.

104. Zadyň hakykaty özüniň kämilligi bilen ruhda şekillenýär.

105. Oraza nebis arzuwlaryny agyzdyryklaýar we nebsi terbiýeleýär.

106. Yşkyň barlygynyň sebäbi magşugyň barlygydyr. Yşkyň güýjüniň köpüsi magşukda däl-de, eýsem aşykdadyr. Çünki aşygyň ruhy bu güýji magşugyň ruhundan gözleýär. Ol güýç magşugyň ruhunda artyp, aşygyň ruhuna geçýär.

107. Sebäpleriň sebäbi hemme älemiň nyzamyny saklaýar. Älemleriň bar bolmagy sebäpleriň sebäbiniň barlygy bilen baglanyşyklydyr.

108. Mazmun – döremegiň, ýok bolmagyň we başga zatlar üçin bar bolmagyň sebäbidir.

109. Zat aram hala düşýänçä köpelmegini we azalmagyny dowam etdirýär. Çünki aram hal köpelmek we azalmak hereketini saklaýar.

110. Düşbülik – şahsyň zatlary aňyndan tiz geçirmegi we orta hala çalt barmagydyr.

111. Bir gatlagyň akyldarynyň paýhasyny ulananda başga gatlagyň akyldarynyň paýhasyna hem ähmiýet bermek gerek. Başga gatlagyň akyldarynyň paýhasyndan mätäç bolunýan zat alynsa ýagşy bolar.

112. Sebäpleriň sebäbi delil üçin ýaramsyzdyr. Ol hususy zatlaryň delili hökmünde ýaramlydyr. Çünki ol umumy zatlara gowuşdyryjydyr.

113. Gadymky pelsepeçileriň düşünjesine görä Taňry her bir zadyň başlangyjy, ortasy we soňudyr.

114. Duýgy şekili we haly bir deňeşdirme bilen duýýar.

115. Saňa beriljek wagtdan köp wagt berilmez. Sen mümkinçiligiňden köp iş edip bilmersiň. Şonuň üçin sen wajyp işleri berjaý et!

116. Batyrlyk – kalbyň durnuklylygydyr, gaýduwsyzlygyň ýüze çykmagydyr we niýetiň amala aşyrylmagydyr.

117. Jan ajygy gan akyşyny haýalladýar.

118. Eflatundan: «Älem ýaradylan zatmy ýa-da ýaradylmadyk zat?» diýlip soralypdyr. Ol muňa şeýle jogap beripdir: «Älemiň ady onuň sypatyna we halyna delildir». Älem ýunança «başarjaň», «ökde» diýmekligi aňladýar. Älem ýaly zady diňe başarjaň we ökde ýaradyp biler». Soňra ondan: «Älemiň iş edijisi

birmi ýa-da köp?» diýlip soralypdyr. Ol: «Hemme zatlarda iş ediji ýekedir» diýip jogap beripdir. Ol bu sözüň üsti bilen tebigaty göz öňünde tutýar. Tebigatyň iş edijisi ýekedir. Işleriň birini beýlekisi bilen birleşdiriji ýekedir. Ol ýeke iş edijidir.

119. «Timawus» atly kitapda şeýle aýdylýar: «Ruhuň keselleriniň biri waswasa düşmek we akylsyzlykdyr. Lezzet we gam ruhuň biri-birine goňşy iki sany aýratynlygydyr. Bu iki aýratynlyk bedeniň köp halyna sebäp bolýar. Ruhuň halynyň ýaramazlygy köplenç bedende nebis arzuwlarynyň köplüginden döreýär. Nebis bir agaçdyr. Onuň arzuwlary köp bolsa, onda onuň miweleri hem köp bolýar. Ruhuň keselleri turşulykdan, duzlulykdan we ajylykdan ýüze çykýar».

120. Akylyň wyjdany seniň sagyňdadyr, onuň hakykaty bolsa seniň çepiňdedir. Sen öz döwrüňde olardan azat bolup bilmersiň.

121. Ynsan şekil üçin beýleki jisimleriň ynsan üçin ilkinji maddalar boluşlary ýaly ilkinji maddadyr.

122. Duýgy zatdyr. Ol başga zatlar üçin bölünýän zatdyr. Diýmek, ol başga zatlar üçin mazmunsyz barlykdyr. Akyl hem zatdyr. Ol başga zatlar üçin bölünmeýän zatdyr. Akyl ýeke zatdyr.

123. Eger çäk jähetden akylyň bölegine düşünmek isleseň, onda sen akylyň bu çäkdäki bölegine pikir nazaryňy aýla!

124. Bir zady bilmäge ýakynlaşsaň, onda sen oňa gapma-garşy zady bilmekden daşlaşarsyň. Bir zadyň mazmunyny bilmäge ýakynlaşsaň, onda sen oňa

gapma-garşy bolan zadyň mazmunyny bilmekden daşlaşarsyň. Gapma-garşylygy bilmäge ýakynlaşsaň, onda sen gapma-garşylygyň iki sany görnüşiniň barlygyny bilersiň. Olar mazmun we iş bilen baglanyşykly gapma-garşylykdyr. Meselem, sowuk we yssy. Bu ikisiniň işi bir zatdyr. Şeýle hem bolsa olar iş jähetden iki sany gapma-garşy mazmundyr. Her bir aklyk we garalyk «nähili?» diýen düşünje jähetden iki sany gapma-garşy mazmundyr. Ýöne ol ikisi birinji görnüş jähetinden däl-de, eýsem ikinji görnüş jähetinden gapma-garşydyrlar.

125. Özünden dörän mazmuny çägi gurşap alýar. Özünden döremeýän zadyň çägi mazmunyny gurşap alýar. Şonuň üçin özünden döremek çäkden ýokardadyr, ol çäk bilen kesgitlenen däldir we çäksizdir. Çäksizlik zada delil däldir. Töweregi gurşap alýan çyzyk çäklidir we çäklenendir.

126. Älemdäki her bir zat ölçeglidir. Ölçegli zat duýulýandyr. Diýmek, ol zat gowy ýa-da erbet bolup biler.

127. Dana tebigaty boýunça dana we ýalan dana kişi bolup biler. Ýasama dana jedelçidir. Jedelçiden bolsa hiç hili peýda ýokdur. Çünki ondan bozuk garaýyşlar ýüze çykýar.

128. Mazmun bölünip hem, bölünmän hem biler. Mantyk jähetden bölek mukdar we şahs bilen baglanyşyklydyr. Her bölünmeýän bölek bölünmezinden öňki bitin zat ýalydyr. Ýöne bölünmeýän bölegiň şekil mukdary başgadyr.

Bölünýän bitine we bölünmeýän bölege şekil we mukdar mahsusdyr.

Eý, Taňrymyz! Biz diňe Saňa ýalbarýarys. Çünki biziň bähbitlerimiziň amala aşmagy diňe Seniň ýardamyň bilendir. Seniň güýç-kuwwatyň çäksizdir. Biz Saňa ymtylýarys we Senden dileg edýäris. Biz Seniň özümize beren ygtyýaryňdan razydyrys. Seniň rehmetiň çäksizdir. Saňa çäksiz taryplar bolsun! Biz Seniň nazy-nygmatlaryňa tükeniksiz şükür edýäris.

# ON BÄŞINJI MAKALA

## «ADAM ÝoK BOLÝaR» DIÝÝÄN ADAMLARYŇ SÖZÜNI EFLATUNYŇ INKÄR EDIŞI

**Rehimdar we Mähriban Taňrynyň ady bilen!**

Eflatun şeýle aýdypdyr:

1. «Ynsan bu dünýä bilen aýrylyşanda hemme beýleki zatlar ýaly ýok bolýar» diýen söz umumylyk babatda garalanda dürsdür. Ýöne hususylyk babatda garanyňda bu söz dürs häsiýete eýe däldir. Çünki her bir zat bu dünýä bilen aýrylyşmakdan soňra özüniň mazmunyna dolanýar. Meselem, nem ýere, tüýkülik suwa, gan howa we sary suwuklyk oda dolanýar. Şonuň üçin öňki düzüm ýitýär we ýok bolýar. Emma ynsanda tebigatyň bäşinji güýji bolýar.[1] Ol güýç akyl güýjüdir. Bu güýje zatlary kesgitlemek, anyklamak we ahyretini gözlemek mahsusdyr. Biz onuň hem

[1] Bäşinji güýç – bu ýerde dört başlangyç güýç bolan suw, howa, ot we toprakdan başga güýç, ýagny akyl güýji göz öňünde tutulýar.

mazmunynyň bardygyny bilýäris. Bu mazmun beýleki güýçleriň öz mazmunyna dolanyşlary ýaly ynsana dolanýar. Ynsanyň bu dünýäde peýda bolmagynyň hem güýji bardyr. Zatlaryň şekilleri özlerinde döreýär. Zat özüni saklamakda şekilden başga zada mätäç däldir. Men bu ýerde jisimiň hal babatda azalmagyny ýa-da köpelmegini göz öňünde tutmaýaryn. Eýsem zadyň aslyna dolananda şekili bilen aýrylyşmaýandygyny göz öňünde tutýaryn. Ynsan göwreden aýrylyşanda, päk ruh diri galýar. Şekiliň reňki göwräni kabul eden wagtyndakydan has ak bolýar. Ynsan üçin wada berlen gün bar, ol gün kyýamat günüdir. Şol gün adam direler. Allatagala adama ölümi ýazypdyr. Ölümden soň biziň bedenimiz çüýreýär. Bu çüýremek dykyz şekilimizden başga dykyz däl şekiliň döremegine sebäpdir.

2. Ilkinji sebäp zatlaryň hallaryna görä olara dahyllydyr. Ýöne zatlaryň hemmesiniň barlygy Ilkinji sebäbe görä deň däldir. Çünki zatlar sebäbi kabul etmek babatynda özünden ýokardaky zatdan kabul edýän zat, birligi kabul edýän zat, köplügi kabul edýän zat, döwrüň dowamynda kabul edýän zat, belli wagtyň dowamynda kabul edýän zat, ruhy zady kabul edýän zat ýa-da maddy zady kabul edýän zat bolýar. Diýmek, zatlar sebäbi kabul etmek babatda dürlüdir. Olar sebäbi kabul ediji hökmünde hem dürlüdir. Zatlaryň sebäbini beriji hökmünde Ilkinji sebäp birdir. Zatlar sebäp berilmek (almak) jähetden deňdir. Hemme zatlara deň haýyr berilýär. Şu sebäpli hem zatlar berilmäniň sebäbi

arkaly biri-birinden tapawutlanýar. Şeýle hem zatlar özlerinden ýokardaky zada görä, ondan zady kabul edişlerine görä we ondan lezzet alyşlaryna görä biri-birinden tapawutlanýar.

3. Ilkinji sebäp sypatdan ýokardadyr. Diller Onuň sypatynyň birligi babatda sözlemäge ejiz gelýär. Çünki Ol her bir birlikden ýokardadyr. Ikinji barlyklaryň sypatynyň sebäbi başga nurdan gelip çykýar. Ilkinji sebäbiň nury bolsa hususy nur bolup, ol bu nurdan ýokarda durýar. Şu nur üçin Ilkinji sebäbiň barlygy we Onuň sypatynyň tarypy bolýar. Ilkinji sebäpden ýokarda başga sebäp ýokdur. Her bir zat Ilkinji sebäp arkaly bilinýär we sypatlandyrylýar.

4. Ilkinji sebäp sypatlandyrylmaýar. Çünki ol sypatdan ýokarydyr. Ol diňe mantykda sypatlandyrylýar. Çünki mantyk akyl bilen, akyl pikir bilen, pikir hyýal bilen, hyýal bolsa duýgy bilen baglanyşyklydyr. Ilkinji sebäp hemme zatdan ýokarydyr. Çünki Ol hemme zadyň sebäbidir. Şonuň üçin Ol duýgudan, hyýaldan, pikirden, akyldan, mantykdan aşakda däldir. Diýmek, ol netije hem sypatlandyrylýan zat däldir.

Allatagalanyň kömegi we ýardamy bilen bu risala tamam boldy.

## MAZMUNY


Birinji makala ........................................................... 3

Ikinji makala ........................................................... 69

Üçünji makala........................................................ 182

Dördünji makala ..................................................... 221

Bäşinji makala ........................................................ 287

Altynjy makala ....................................................... 308
Ýedinji makala........................................................ 332

Sekizinji makala ..................................................... 375

Dokuzynjy makala................................................... 384

Onunjy makala........................................................ 403

On birinji makala.................................................... 412

On ikinji makala ..................................................... 428

On üçünji makala.................................................... 468

On dördünji makala ................................................. 481

On bäşinji makala ................................................... 511